Türkmenistanyň Bilim Ministrligi
Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty

# “Makroykdysadyýet” dersi boýunça okuw gollanmasy

Taýýarlanlar: y.y.k Hemraýew M.H.
uly mugallym Babaýyew B.N.
uly mugallym Geldiýew S.G.
uly mugallym Saryýewa M.B.

Aşgabat – 2010

## Giriş

Ýurduň täze galkynyşlar eýýamy syýasy, ykdysady, sosial we medeni ýaýrawlardaky ägirt uly özgertmeler bilen häsiýetlendirilýär. Milli Liderimiziň durmuşa ornaşdyrýan döwrebap özgertmeleri netijesinde diwersifikasiýa esaslanýan ykdysadyýetimizde guwandyryjy netijeler gazanylýar. Jemi içerki önümiň 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 2009-njy ýylda 106,1 göterime deň bolmagy, şol sanda senagatyň ösüş depgini 123,7göterime, gurluşykdaky ösüş 131,3 göterime barabar bolmagy milli ykdysadyýetimiziň durnukly ösüşiniň aýdyň subutnamasydyr.

Ýurdumyzyň maýa goýumlarynyň esasy bölegi önümçilik pudaklaryny ösdürmeklige gönükdirilýär. Soňky 3 ýylyň dowamynda maýa goýumlaryň 72-74 göterimi önümçilik pudaklaryna sarp edilýär. Ykdysadyýetiň pudaklary boýunça düýpli maýa goýumlaryň esasy bölekleri – senagat, ulag we aragatnaşyga, ýaşaýyş jaý gurluşygyna we jemagat hojalygyna gönükdirilýär.

2009-njy ýylda ýurdumyzyň dürli pudaklaryna gönükdirilen maýa goýumlaryň möçberi 22 milliard manatdan gowrak boldy. Daşary söwda dolanyşygy 16,8 milliard amerikan dollaryna golaý artdy. Iş haklarynyň möcberi 11 göterim ýokarlandy.

Türkmenistanyň çuňňur hormatlanýan Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygy astynda amala aşyrylýan içerki we daşarky syýasatlaryň ileri

tutulýan ugurlary ilatyň ýokary ýaşaýyş derejesiniň üpjün edilmegidir we onuň sosial taýdan goraglylygydyr.

Ýurtda bolup geçýän üstünlikli özgertmeler diňe ilatyň kepillikli goraglylygy onuň ýaşaýyş derejesiniň üzül-kesil pese gaçmagyna ýol berilmezligi mahalynda mümkindir. Şu maksat bilen Türkmenistanyň Prezidentiniň "Obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin" Milli Maksatnamasy ilatyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini gowulandyrmagyň kepilnamasydyr.

Hormatly Prezidentimiziň Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň pudaklarynda, şol sanda bilim ulgamynda geçirýän özgertmeleri dünýä ülňülerine laýyk gelýän ykdysadçy hünärmenleri taýýarlamagyň aýdyň şaýadydyr.

Ýokary bilimli ykdysatçy hünärmenleri taýýarlaýan Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş institutynda "Makroykdysadyýet" özbaşdak okuw dersi hökmünde okadylýar. "Makroykdysadyýet" ýörite ykdysady ulgama degişli bolan döwlet býüjeti, milli hasapçylyk ulgamy, puluň hümmetsizlenmegi, töleg balansy ýaly görkezijileri öwrenmäge kömek edýär we esas bolup durýar. Talyplaryň geljekde öz işine ökde ykdysatçy-hünärmen bolup ýetişmekleri köp ýagdaýlarda olaryň „Makroykdysadyýet" dersiniň giňişleýin öwrenilmegine baglydyr.

"Makroykdysadyýet" dersiniň baş maksady Beýik Galkynyşlar eýýamynyň ykdysady taglymatyna, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygynda ykdysadyýete degişli kabul eden

kanunlara esaslanyp we olardan ugur alyp, makroykdysadyýetiň esaslaryny öwrenmekden, durmuş-ykdysady ösüşiň kanunalaýyklyklaryny düşündirmekden, milli aýratynlyklary ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Makroydysadyýeti öwrenmekde bolup geçýän hadysalar öz akymlaýyn geçmeýär we olaryň her biriniň özüne mahsus kada-kanunlary bar. Şol kanunlary, kanunalaýyklyklary „Makroykdysadyýet“ dersinde giňişleýin öwrenmek esasy meseleleriň biridir.

Beýik Galkynyşlar, täze özgertmeler eýýamynda hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýola goýan täze önümçilik gatnaşyklarynda döwlet derejesindäki görkezijileri öwrenmek makroykdysadyýetiň esasy ugurlary bolup durýar. Ykdysady kanunlar öwrenilende Türkmenistanyň milli ykdysadyýetiniň aýratynlaryndan ugur almalydyr.

## “Makroykdysadyýet” dersi barada düşünje.

### 1.1. Ykdysadyýetiň düýp mazmuny.

2007-nji ýylyň fewral aýynyň 11-i türkmen halkynyň durmuşynda ýatdan çykmajak taryhy waka bolup geçdi. Gurbanguly Berdimuhamedowyň ählihalk ynamy esasynda Türkmenistanyň Prezidentligine saýlanmagy bilen Garaşsyzlyk binýadyny has berkitmegiň, ýurdy ählitaraplaýyn ösdürmegiň täze konsepsiýasy- Beýik Galkynyşlar we Täze özgertmeler eýýamy taglymaty öňe sürüldi. Muny ýurduň milli Lideri gysgaça şeýle häsiýetlendirdi: “Beýik Galkynyş eýýamy

ýurdumyzyň täze taryhynyň döwründe başlanyp, dünýä ylmynyň, tehnikasynyň we öňdebaryjy tejribesiniň soňky gazananlaryna esaslanyp, milletimiziň ösüşiň has ýokary sepgitlerine okgunly barýandygyny aňladýar”

Bu günki gün “Beýik Galkynyş”, “Täze türkmen ideologiýasy”, “Döwlet adam üçindir” diýen düşünjeler barha rowaçlyk tapýar.

“Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin baş ugry” Milli maksatnamasy, “Türkmenistanyň nebit-gaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy”, “Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini ösdürmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin” Milli maksatnamasy bu gün dolulygyna durmuşa geçirilýär.

Jemgyýetde duş gelýän esasy ykdysady meseleleriň biri bolup ilatyň harytlara we hyzmatlara bolan çäklenmedik hyrydarlygy bilen çäklenen resurslaryň arasyndyky gorçylykdyr ya-da düşünişmezlik Şu nukdaý-nazarda ykdysadyýet – bu jemgyýetde çäklenen we ýetmezçilik edýän resurslary peýdalanyp name, nähili we näçe mukdarda önüm öndürmeli diýen meseläni çözmegi öwredýän ylymdyr.

Dünýä tejribesinden dürli ykdysady pikirler gabat gelýär. Ykdysadyýetçileriň arasyndaky pikirler şu aşakdaky görnüşlerde bolup biler:

1) Pozitiw – bu ykdysadyýetiň hereket etmeginiň obýektiw we ylmy düşünjelerini gözleýär we

ykdysadyýetde bar bolan, boljak görkezijiler bilen işleýär.

2) Normatiw ykdysadyýet – hususy gözýetimleriň esasy subýektiw ugurlaryny önümçilige hödürlemek bilen ol diňe geljekde ýüze çykmaly maglumatlar bilen işleýär.
3) Buýruk ykdysadyýet – bu ykdysadyýetde önüm öndürmek we ony ýerlemek baradaky meseleler diňe döwlet tarapyndan çözülýär.
4) Erkin bazar ykdysadyýetinde – önümçilige degişli meseleler diňe öndürijiler tarapyndan çözülýär.
5) Garyşyk ykdysadyýet – döwlet we hususy sektorlar jemgyýete gerek bolan önümleri öndürmegiň meselelerini bilelikde çözýär.

Ykdysadyýetçiler käbir görkezijileri seljerme etmek bilen döwlet syýasatynda bolup geçjek üýtgemeleri, geljekde ykdysady görkezijilere göz ýetirýär. Seljermeleri geçirmek käbir nusgalry we nazaryýetleri peýdalanmak bilen amala aşyrylýar.

Nusga (model) ýa-da nazaryýet (teoriýä) – bu real düşünjäni ýönekeý düşündirmek ýa-da ýönekeý ykdysadyýeti hakyky göz öňüne getirmek diýmekdir.

Ykdysady üýtgemeler – bu ykdysady netijeleri, çözülýän meseleleri häsiýetlendirmek diýmekdir.

Ykdysady seljermeleri geçirmek üçin, barlaglary geçirmek üçin biz ykdysady maglumatlary ulanýarys.

Ykdysady maglumatlar diýmek - ykdysady üýtgemeler baradaky maglumatlaryň san görnüşinde aňladylmagy diýmekdir.

Ykdysadyýetde önümçiligi herekete getirmek birnäçe özara baglanyşykly faktorlaryň kömegi bilen amala aşyrylýar.

Önümçilik faktorlary – zähmet resurslaryny, ýer resurslaryny, maýa goýumlary we telekeçileriň ukyplyklaryny öz içine alýar

Ykdysadyyeti öwrenmekde dürli metodlar ulanylýar. Meselem: ykdysady matematika, statistika, seljermeler geçirmek usullar.

Ykdysadyýetçiler dürli ykdysady ýörelgelerden ugur alýarlar

Induksiýa – ýygnalan maglumatlaryň üstünde işlemek bilen täze prinsipleri ýüze çykarmak.

Deduksiýa – yuze çykarylan ýa-da öňe sürlen maglumatlaryň kömegi bilen barlamak.

Ykdysadyýetçileriň ulanýan usullary şu aşakdaky şekilde görkezilendir.



Ykdysadýyetde dürli görkezijileri kesgitlemek üçin ýönekeý we çylşyrymly modeller peýdalanylýar.




Şekilden görnüşi ýaly ykdysady meseläniň üstünde işlemek maglumatlary öwrenmekden başlanýar. Ykdysady ylymda giňden ulanylýan görkezijiler – bahalar, önümiň mukdary, gymmaty, düşewüntlilik mysal bolup biler. Bu görkezijileriň kömegi bilen bazar ulgamynda bolup geçýan dürli operasiýalara häsiýetnama berip bileris. Ykdysadyýetde orta bahalar, bahalaryň indeksi ýaly görkezijiler hem ulanylýar.

Orta bahalar – ykdysadyýetde öndürilýän dürli harytlaryň we edilýän hyzmatlaryň orta ölçegdäki bahalarydyr.

Bahalaryň indeksi – bu hasabat ýylyndaky harytlaryň we hyzmatlaryň bahasynyň şol harytlaryň we hyzmatlaryň geçen döwürdäki bahasynyň derejesine paýlanyp 100 % köpeltmek bilen kesgitlenýär.

Mundan başgada :

Otnositel baha – belli bir harydyň we hyzmatyň bahasynyň başga bir harydyň we hyzmatyň bahasy bilen deňeşdirilmegi.

Real baha – her bir harydyň we hyzmatyň bahasynyň belli bir wagt döwründe umumy bahanyň derejesinde aňladylmagy.

## 1.2. Makroykdysadyýetiň esasy maksatlary.

Makroykdysadyýet – bu ykdysadyýetiň hereket etmegine umumy düşünje berýän ylymdyr.

Mikroykdysadyýet – bu ykdysadyýetiň aýratyn subýektlerine seljerme berýän ylymdyr (öý hojalyklar, firmalar).

Makroykdysadyýet umumy ykdysady üýtgemelere jogap berýär (hümmetsizlenmegiň derejesi, iş bilen üpjünçilik, önümçilik amallary).

Makroykdysadyýetiň esasy maksatlary şu aşakdakylardan ybarat:

1. Ykdysady ösüş.
2. Ykdysady netijelilik.
3. Ykdysady erkinlik.

4. Doly iş bilen üpjünçilik.
5. Bahalaryň durnukly derejesi.
6. Girdejileriň deň derejede paýlanmagy.
7. Ykdysady üpjünçilik.
8. Söwda balansy.

Makroykdysady aýlanyşykda kärhanalaryň önümçilik faktorlarynyň harytlary hyzmatlary emele getirmegi hem-de öý hojalyklara geçirilmegi mikroykdysadyýetde çözülýän meseleler makroykdysadyýetde hem ýüze çykýar.

Ýagny:

1. Näme öndürmeli ?
2. Nähili öndürmeli ?
3. Önümçiligiň netijeleri nähili paýlanmaly ?

Ykdysadyýetiň sazlanmagyna baglylykda bu soraglar dürli görnüşde çözülip bilner. Ykdysadyýetiň sazlanmagy üç usulda bolup biler:

1. Merkezleşdirilen meýilnamalaşdyrmak.
2. Bazar tarapyndan ykdysadyýeti sazlamak – haçan-da hojalyk işleriniň dolandyrylmagy bazar şertlerinde sazlanýar.
3. Ykdysadyýetiň bazar we döwlet tarapyndan sazlanmagy.

Merkezleşdirilen ýokarda görkezilen soraglar diňe döwlet tarapyndan çözülýär. Bu soraglaryň ikinji usulda çözülmegi sap bazar ulgamyny talap edýär, ýa-da haryt öndürijileriň bazar gatnaşyklary (erkin haryt öndürijileriň bolmagy). Sap bazar diýmek – bu her bir öndürijiniň bazar ulgamy bilen ýekelikdäki aragatnaşygyny aňladýar.

Häzirki zaman makroykdysadyýet nazaryýeti makroykdysady syýasatyň gurallaryny gözleýändir. Makroykdysady syýasat – bu döwlet bilen ykdysadyýetiň bilelikde hereket etmegi. Şonuň üçin makroykdysady syýasatyň maksatlary durnukly häsiýete eýedir. Bu maksatlar şu aşakdakylardan ybarat:

1. Ykdysady ösüşiň durnukly depginini saklamak.
2. Iş bilen meşgullanmanyň ýokary derejesini saklamak.
3. Bahalaryň durnuklylygyny we hümmetsizlenmegiň ösüşiniň iň pes derejesini gazanmak.
4. Bazar şertlerinde öndürijilere ykdysady erkinligi bilen üpjün etmek.

Makroykdysadyýetiň maksatlarynyň netijesinde makroykdysady syýasatyň ugurlary ýüze çykýar:

1. Salgyt we býujet syýasaty – döwletiň salgyt ulgamynyň we döwlet harajatlarynyň netijesinde ýöredilýän syýasat, ýagny döwletiň syýasaty: umumy hyrydarlygyň, umumy hödürlemäniň we iş meşgullanmanyň derejesine täsir etmegi.
2. Pul-karz syýasat – merkezi bank ulgamynyň pul serişdeleriň hödürleme edilmegi,karz pul serişdeleriň we göterim boýunça alyp barýan syýasaty. Pul, karz syýasaty umumy hyrydarlygyň we umumy hödürlemäniň mukdaryna täsir edip biler.
3. döwletiň girdejiler baradaky syýasaty – ýagny zähmet haka, bahalara gözegçilik etmek.

4. Döwletiň walýuta hümmetleri we daşary söwda baradaky syýasaty ýagny ykdysady resurslaryň döwletiň çäginden çykarylmagy we getirilmegi, şol sanda maýa goýumlar, gümrükhana salgytlarynyň tariflarynyň bellenmegi.

## Makroykdysady modeller.

Makroykdysady nazaryýet ykdysady modelleriň deňlemeler, grafikler görnüşinde peýdalanyp, makroykdysady hadysalary, ýagdaýlary öwredýär. Makroykdysady modelirlemekde iki üýtgeýän ekzogen, endogen ululyk peýdalanylýar.

Endogen – bu üýtgemeler ykdysady modelleriň içinde bolup olary çözmäge gatnaşýar.

Ekzogen - bu üýtgemeler ykdysady modele maglumatlar görnüşinde berlip modeliň çözgüdine we netijesine bagly bolmaýar.




Makroykdysady modellerde bir ýa-da birnäçe ekzogen üýtgemeler endogen üýtgemeleriň emele getirmegine alyp barýar. Mysal: salgyt ulgamynyň, döwlet harajatlaryň üýtgemegi, göterim stawkalaryň, jemi milli önümiň mukdarynyň üýtgemegine getirýär. Ykdysady ösüşiň modelinde jemi milli önüm funksiýanyň proizwodnysy görnüşinde birnäçe faktorlary özara baglanyşdyrýar: ylmy-tehniki progress, zähmet

öndürijilik, maýa goýumlar we ş.m. Makroykdysadyýetiň birnäçe ululyklary hakyky we nominal görnüşde bolup biler.

Nominal ululyklar – bu hasabat ýylyň bahalarynda hasaplanýan görkezijiler.

Hakyky ululyklar – bu nominal ululyklaryň hümmetsizlenmegiň üýtgemegini göz öňünde tutup kesgitlenýän görkezijiler.

Girdejiniň we harajatlaryň aýlanyşygynyň makroykdysady şekili – özüniň ýönekeý görnüşinde bu model özüne ykdysady hereketiň iki subýektini birikdirýär: öý hojalyklar we firmalar.



Ýokarda görkezilen şekilde ähli resurslar öý hojalyklaryna degişlidir. Olar firmalara işçi güýçleri, tebigy resurslary maýa goýumlary hödürleýär. Bu şekilde esasy baglanyşyklar görkezilendir. Ýagny öý hojalyklary durmuşda ulanylýan harytlara hyrydarlyk bildirýär we satyn alýarlar (çörek, geýimler, sowadyjylar). Harytlar üçin bu tölegleri özleriniň pul girdejilerini töleýärler. Pul girdejiler nireden döreýär? Öý hojalyklarynyň firmalara hödürlän işçi güýçleriniň, resurslaryň netijesinde döreýär.

Kärhanalar resurslary maýa goýumlary (önümçilik faktorlaryny), önümçilik prosesinde ulanmak bilen taýýar önümleri we hyzmatlary öý hojalyklara hödürleme edýär. Şeýlelikde şekilniň aýlanyşygy gutarýar.

Indi çylşyrymlyrak şekil seredip geçeliň, ýagny harytlaryň we hyzmatlaryň aýlanyşygyna öý hojalyklarynyň, kärhanalaryň we döwlet edaralarynyň gatnaşmagy. Sebäbi döwlet salgytlaryň dürli görnüşlerini ýygnaýar, harytlary we hyzmatlary ilatdan satyn almak üçin harajatlar edýär. Byujetiň pul resurslaryny paýlaýar.

Täze, görnüşi üýtgýän ykdysady aýlanyşygyň şekiline aşakda seredip geçýäris.



Şekilden görnüşi ýaly araçyl edaralar (banklar), karz edaralary döreýär. Bu ýerde iki dälde dört sany ykdysady amallara gatnaşýanlar ýüze çykýar. Öý hojalyklary, kärhanalar, döwlet, banklar. Bu şekilde öndürilen önümler üç bölege paýlanýar.

G – peýdalanmak üçin

$C_1$ – döwlet harajatlary

I - maýa goýumlar

M - milli önüm

Şeýlelikde milli önüm:

$$M = G + C_1 + I$$

Häzirki zaman ykdysadyýetinde mikroykdysady aýlanyşygyň modelinde: döwlet sektory, banklar hem hereket edip biler. Şekilden görnüşi ýaly ykdysadyýet ýapyk egri çyzyk görnüşdedir. Sebäbi aýratyn ykdysady agentleriň girdejileri beýlekileriň harajatlary bolýar. Firmalar öý hajalyklardan önümçilik faktorlary satyn alyp, harytlary we hyzmatlary olara satýar. Firmalaryň resurslar üçin töleýän tölegleri (harajatlary) oý hojalyklaryň girdejileriniň akymydyr: zähmet hak, renta tölegler, prosent stawkalar. Ykdysady peýda.




Girdejiniň, harajadyň, resursyň, önümiň akymy ters ugra hem hereket edip biler.

Ýapyk ykdysadyýet – bu halkara söwdasyna gatnaşmaýan ykdysadyýetdir.

Açyk ykdysadyýet - bu halkara söwdasyna gatnaşýan ykdysadyýet.

Daşary ýurtlara satylýan umumy harytlara we hyzmatlara eksport diýilýär.

Daşary döwletlerden harytlary, hyzmatlary satyn almak üçin hususy adamlaryň, firmalaryň we döwletiň eden harajatlaryna import diýilýär.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Makroykdysadyýet barada düşünje.
2. Ykdysadyýetiň düýp mazmuny.
3. Ykdysadyýeti öwrenmegiň basgançaklary.
4. Ýönekeý makroykdysady aýlanyşyk.
5. Çylşyrymly makroykdysady aýlanyşyk.
6. Ykdysady maglumatglar barada düşünje.
7. Ykdysady üýtgemeler barada düşünje.
8. Ykdysady ulgamyň görnüşleri we nusgalary.
9. Häzirki zaman bazar ykdysadyýeti.
10. Bazar ykdysadyýetine geçmekde Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň aýratynlyklary.

## Milli hasaplar ulgamy.

2.1Jemi içerki önümiň ölçeniş usullary

Döwlet baştutanynyň ýolbaşçylygynda ýurtda hemmetaraplaýyn döredijilik işleri alnyp barylýar. Bu işler möçberi, çuňlugy we sosial ähmiýeti boýunça

jemgyýetimiziň ösmegine bahasyna ýetip bolmajak goşant goşýar. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdymyzda amala aşyrylýan ykdysady reformalar Türkmenistanda mizemez döwlet gurluşynyň esaslaryny berkitmäge, hem-de türkmen halkynyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilendir. „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ Milli Maksatnamada Türkmenistanyň Prezidentiniň „Obalary, şäherçeleri, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini düýpli özgertmek boýunça 2020-nji çenli döwür üçin Milli maksatnamasynda“, Türkmenistanyň nebit-gaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin maksatnmasynda öz beýanyny tapdy.

Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynda kabul edilen, ýurdumyzyň oba hojalygyny ösdürmegiň maksatnamasy ýurduň ykdysadyýetini mundan beýläk hem ösdürmekde hormatly Prezidentimiziň türkmen halkyna görkezen esasy ýollarynyň biridir.

Türkmenistanyň makroykdysady görkezijileriniň durnukly ösmegi baradaky meseleleriň hormatly Prezidentimiziň üns merkezinde bolmagy Milli hasapçylyk ulgamynyň esasy görkezijilerine gönüden-göni gözegçilik edilýändiginiň subutnamasydyr. Sebäbi ýurduň makroykdysady görkezijileriniň esasy bölegi milli hasapçylyk ulgamynda jemlenýär. Milli hasapçylyk ulgamy makroykdysady görkezijileriň statistiki toplumy bolmak bilen jemi önümiň ululygyny häsiýetlendirýär,

hem-de jemi girdejiniň kömegi bilen milli ykdysadyýete baha bermek mümkinçiligini döredýär.

Milli hasapçylyk ulgamy öz düzümine önümçiligiň möçberiniň üç sany görkezijisini jemleýär. jemi milli önüm (JMÖ), jemi üçerki önümi (JIÖ), sap milli önüm (SMÖ). Ondan başga-da jemi girdejiniň üç sany görkezijisini özünde jemleýär: Milli girdeji (MG), şahsy girdeji (ŞG), ygtyýarlykdaky şahdy girdeji (YŞG).

1991-nji ýyla çenli jemi önümi häsiýetlendirýän görkeziji görnüşde JMÖ ulanyldy. Ykdysady we hojalyk gatnaşyklaryň kämilleşmegi jemi milli önümi kesgitlemekde käbir kemçilikleri döredýär. Sebäbi bir döwletiň milli önümçilik faktorlary başgada birnäçe ýutlarda ulanylýar. Şol sebäpli häzirki döwürde jemi önümi kesgilemekde jemi içerki önüm (JIÖ) görkezijisi giňden ulanylýar.

**Jemi içerki önüm** – bu ýylyň dowamynda ykdysadyýetde (ýurduň çäklerinde), öndürilen ahyrky önümleriň we hyzmatlaryň bazar bahalarynyň jemidir.

Harajatlaryň bir görnüşini iki gezek hasaba almazlyk üçin Jemi içerki önüme diňe ahyrky önümiň bahasy goşulýar. Bu ýagdaýa şu aşakdaky mysalda seredip geçeliň. Mysal üçin fermer dänäni ösdürip ýetişdirip onuň 1 kg-ny un öndürijä 5 manatdan satypdyr. Un ödüriji dänäni una üwäp çörek bişirýäne 1 kg-ny, 8 manatdan satypdyr. Çörek bişirýänçi 1 sany çöregi, çörek satýança 17 manatdan beripdir. Çörek satýançy çöregiň her birini 25 manatdan alyja satypdyr. Däne un çykarýança, un çörek bişirijä, bişirilen çörek satýança aralyk önüm bolýar. Satyn alnan çörek alyjy üçin ahyrky önüm.

Şekil-1

Goşulan gymmat

| | | | |
|---|---|---|---|
| Däne | 5 manat | 0 | 5 manat |
| Un | 8 manat | 5 manat | 3 manat |
| Hamyr | 17 manat | 8 manat | 9 manat |
| Çörek | 25 manat | 17 manat | 8 manat |
| Jemi | 55 manat | 30 manat | 25 manat |

Şekiliň birinji sütüninde ähli satuwlaryň bahasy görkezilen, 55 manat. Ikinji sütünde aralyk önümiň bahasyny görkezilen 30 manat, üçünji sütünde goşulan gymmatyň jemi 25 manat. Şeýlelikde goşulan gymmat her bir öndürijiniň önümçilige sap goşandy bolup çykyş edýär. Goşulan gymmadyň jemi ahyrky önümiň bahasyna deň bolýar.

**Goşulan gymmat** – bu haryt satylanda umumy girdeji bilen aralyk önümiň bahasynyň tapawudydyr, (ýagny öndürijileriň başga firmalardan satyn alan çig mallarynyň, materiallaryň bahasy). Biz mysalymyzda: 55-30=25 manat.

2.2 Jemi içerki önümiň hasaplamagyň usullary.

Jemi içerki önüm kesgitlenende şu aşakdaky üç sany usul ulanylyp bilner.

1. Harajatlar (soňky peýdalanmak usuly).
2. Girdejiler (paýlamak usuly).
3. Goşulan gymmat (önümçilik usuly).

Ykdysady tejribede jemi içerki önümi kesgitlemekde bu usullaryň haýsysyny birinji hem ulansak bir meňzeş netijäni berýär. Sebäbi ykdysadyýetde jemi girdejiniň ululygy bilen jemi harajatlaryň ululygy deňdir, goşulan gymmatyň ululygy ahyrky önümiň bahasyna deňdir.

Harajatlar usulyna kesgitlenen J.I.Ö. ähli makroykdysady agentleriň harajatlarynyň jemidir. Bu ýagdaýda ahyrky önümleri satyn alýan sarp edijiler göz öňünde tutulýar, sebäbi olar harytlary we hyzmatlary satyn almak üçin harajatlary edýärler. Jemi içerki önüm harajatlar usulynda kesgitlenende şu aşakdaky görkezijiler bir ýere jemlenýär.

Öý hojalyklaryň harajatlary (Sarp edijileriň harajatlary-C), + firmalaryň harajatlary (inwestisiýa harajatlar – I),+ döwletiň harajatlary (döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy - G), + daşary ýurt sektoryň harajatlary (sap eksport üçin harajatlar –Xn).

Sarp edijileriň harajatlary ( C ) – bu öý hojalyklaryň harajatlary we hyzmatlary satyn almak üçin edýän harajatlarydyr. Olar jemi harajatlaryň 2/3-den 3/4 – bölegini öz içine alýar. Olar şu aşakdaky görnüşlerde bolup biler:

- Gysga wagtlaýyn döwürde ulanylýan harytlary satyn almak üçin harajatlardyr (bu harytlar alyjylara 1-ýyldan ýokary bolmadyk möhletde hyzmat edýändir ).
- Uzak wagtlaýyn döwürde ulanylýan harytlary satyn almak üçin ulanylýan harajatlar. ( mebel, awto ulag, kir ýuwujy maşynlar, sowadyjy enjamlar. Ýöne satyn alnan

ýaşaýyş jaýlar bu harajatlara degişli däldir, sebäbi olar maýa goýum harajatlara degişlidir) .
- Hyzmatlar üçin harajatlar .

Şeýlelikde sarp edijileriň harajatlary – öý hojalyklary gysga wagtlaýyn döwürde ulanýan harytlary satyn almak üçin edýän harajatlary + öý hojalyklaryň uzak wagtlaýyn döwürde ulanýan harytlary satyn almak üçin edýän harajatlary + hyzmatlary üçin harajatlar.

Maýa goýum harajatlary ( I ) – bu firmalaryň maýa goýumy harytlary satyn almak üçin edýän harajatlarydyr.Maýa goýum harytlary bu maýa goýum ätiýaçlyklaryny artydyrýan harytlardyr. Maýa goýum harajatlary öz düzümine şu aşakdaky harajatlary alýar.
- Esasy maýa goýumlar üçin goýumlar .
a) Enjamlary satyn almak üçin .
b) Senagat gurluşyklary üçin .
- Ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin goýumlar (öý hojalyklar jaýlary satyn almak üçin inwestisiýalar ).
- Ätiýaçlyklar üçin inwestisiýalar.
a) Çig mal we material ätiýaçlyklary .
b)Önümçilik amallary bilen baglanyşykly tamamlanmadyk baglanyşykly tamamlanmadyk önümçilik.
ç) Firmalar tarapyndan öndürilip satylmadyk önümler.

Esasy kapital üçin maýa goýumlar we ýaşaýyş jaýlar gurluşygy üçin maýa goýumlar üýtgemeýän (fiksirowannyý) maýa goýumlardyr. Ätiýaçlyk üçin maýa goýumlar, maýa goýumlaryň üýtgeýän bölegidir .
Jemi içerki önüm (JIÖ) harytlar usulynda kesgitlenende haryt – material ätiýaçlyklaryň ululygy goşulman, ýylyň

dowamyndaky ätiýaçlyklaryň üýtgeýän ululygy goşulýar. Ätiýäçlyklar nähili ululyga, artsa jemi içerki önüm hem şol mukdarda artar.

Jemi içerki önüm harajatlar usulynda kesgitlenende sap maýa goýumlar diýen düşünje ýüze çykýar. Sap maýa goýumlar – bu firmalaryň kapitalyny artdyrýan goşmaça maýa goýumlardyr. Sap maýa goýumlaryň önümçiligi giňeltmekde, öndürilýän önümiň mukdaryny artdyrmakda uly ähmiýeti bardyr.

Sap maýa goýumlar = esasy kapital üçin sap maýa goýumlar + ýaşaýyş jaý gurluşygy üçin maýa goýumalar + ätiýaçlyk üçin maýa goýumlar.

Umumy maýa goýum = sap maýa goýum + amortizasiýa. Milli hasapçylyk ulgamyna diňe hususy maýa goýumlar goşulýar, ýagny hususy firmalaryň maýa goýumlary, döwletiň maýa goýumlary goşulmaýar. Sebäbi olar döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almak üçin ulanylýan harajatlarynyň bir bölegidir.

Jemi harajatlarynyň üçünji bir bölegi – döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagydyr.(G), bu şu aşakdaky görkezijilerden ybarat.

- döwletiň sarp etmegi (döwlet edaralaryny, guramalaryny saklamak, ykdysadyýeti düzgünleşdirmegi üpjün etmek, syýasy dolandyryş, durmuş we önümçilik infrastrukturasy we ş.m.
harajatlarydyr).
- döwletiň maýa goýumlary.

Bu ýerde döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy bilen döwlet harajatlary diýen düşünjesi tapawutlandyrmak gerek. Döwlet harajatlarynyň düzümine

transfert tölegleri, döwlet obligasiýalary üçin göterim tölegler jemi içerki önüm (JIÖ), kesgitlenende hasaba alynmaýar. Sebäbi olar haryt ýa-da hyzmatlar hasaplanmaýar. Olary harytlara, hyzmatlara çalyşyp bolmaýar, hem-de jemi girdejiniň paýlamak netijesi däldir.

Sap eksport – bu jemi harajatlaryň iň soňky bölegidir (Xn). Ol eksportdan gelýän girdeji bilen import üçin çykarylan harajatlaryň arasyndaky tapawutdyr. Ol döwletiň söwdä balansyna deňdir: Xn=Ex-Im.

J.I.Ö harajatlar usulynda = sarp edijileriň harajatlary (C) + umumy maýa goýum harajatlary (I), + döwletiň satyn alyşy (G) + sap eksport (Xn).

**Jemi içerki önümiň girdejiler usulynda kesgitlenilişi.**

Jemi içerki önümi kesgitlemegiň ýene-de bir usuly paýlamak ýa-da girdejiler usulynda kesgitlemekdir. Bu ýagdaýda jemi içerki önüm (JIÖ) ykdysady resurslaryň eýeleriniň girdejileriniň jemi görnüşinde seredilip geçilýär, ýagny faktor girdejileri bolýar.

Zähmet haky we gullykçylara döwlet býujetinden tölenýän iş haky – hususy firmalaryň faktor girdejileri görnüşinde seredilýär. Ýagny bu ýerde zähmet we hyzmatlar üçin tölegleriň ähli görnüşleri bir ýere jemlenýär şol sanda esasy zähmet haky, sylag zähmet haky (premiýa), maddy höweslendirmeleriň ähli görnüşleri, artykmaç işlenen wagt üçin tölenýän haklar we ş.m. (döwlet gullukçylaryň iş haky faktor girdejä goşulmaýar sebäbi ol döwlet býujetiniň serişdelerinden tölenýär (döwlet býujetlerinden)).

- Kärende tölegi ýa-da renta – bu ýer faktoryndan alynýan girdeji. Has takygy gozgalmaýan emlägiň eýeleriniň (ýer resurslaryny, ýaşaýyş we ýaşaýyş däl jaýlary) üçin tölegler.
- Göterim tölegleri ýa-da göterim – bu kapitaldan alynýan girdejidir, önümçilik amallarynda ulanylýan kapitaly ulanany üçin girdeji (göterim tölegleriпe hususy firmalaryň obligasiýalary üçin tölenýän göterimler) göterimler, ýöne döwlet obligasiýalary uçin tölenýän göterimler hasaba alynmaýar. Sebäbi döwlet obligasiýalary önümçilik maksatlary üçin goýberilmän, döwlet býujetiniň ýetmezçiligini maliýeleşdirmek üçin goýberilýär.
- Peýda – ýagny bu telekeçileriň ukuplylygynyň faktor girdejisidir. Milli hasapçylyk ulgamynda kärhananyň guramaçylyk we hukuk görnüşine baglylykda iki bölege bölünýär.
- Ykdysadyýetiň korparatiw däl sektoryň peýdasy – ýekelikdäki firmalar we hyzmatdaşlyklar. Peýdanyň bu görnüşi hususyýetçileriň girdejileri diýip atlandyrylýar.
- Ykdysadyýetiň paýdarlar jemgyýetine esaslandyrylan korparatiw peýdasy. Peýdanyň bu görnüşi korparasiýalaryň peýdasy diýip atlandyrylýar we üç bölege bölünýär.

a) korparasiýanyň peýdasyndan alynýan salgyt.

b) diwidentler – (Peýdanyň paýlanan bölegi), korparasiýalaryň peýdalara töleýän tölegi.

ç) korparasiýalaryň paýlanmadyk peýdalary.

J.I.Ö. girdejiler usulynda kesgitlenende ykdysady resurslarynyň eýeleriniň girdejileri hasaplanmaýan ýene-de iki element goşulýar.

- Işewürlik üçin gyýtaklaýyn salgytlar. Salgyt – bu öý hojalyklaryň, firmalaryň döwlete mejbury töleýän tölegleridir.

Salgytlar göni we gyýtaklaýyn görnüşde bolup biler. Göni salgytlara girdejiden alynýan, miras, emläk salgytlary degişli.

Gyýtaklaýyn salgyt bolanda – bu harydyň we hyzmatyň bahasynyň bir bölegi. Gyýtaklaýyn salgytlaryň bir aýratynlygy bu salgydy harytlary, hyzmatlary satyn alýanlar tölemän, harytlary öndürýän, hyzmatlary edýän öndürijiler ( firmalar, döwlet) töleýär. Bu ýagdaýda salgyt töleýän we salgyt salyjy dürli ykdysady agentler bolýar. Jemi içerki önümiň (JIÖ), ýene-de bir elementi amortizasiýa tölegidir, sebäbi amortizasiýa tölegleri öndürilen önümleriň bahasyna goşulýandyr.

JIÖ gir. usul = zähmet hak + kärende tölegi + göterim tölegleri + eýeçilikden alynýan girdeji + korporasiýalaryň peýdasy + gyýtaklaýyn salgytlar + amortizasiýa.

**Jemi içerki önüm goşulan gymmat usulynda kesgitlenilişi.**

Jemi içerki önümi kesgitlemegiň ýene-de bir usuly goşulan gymmat usulydyr. Bu usulda ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda we önümçiligiň görnüşleri boýunça ähli goşulan gymmat bir ýere jemlenýär. Mysal üçin Türkmenistanyň ykdysadyýetinde senagat, oba hojalyk, gurluşyk, hyzmatlar sferasy we ş.m. sektorlar bar. Bu

sektorlar boýunça aýratynlykda goşulan gymmat hasaplanýar, ondan soň bir ýere jemlenýär.

Jemi içerki önüm dürli usullarda kesgitlense hem onuň ululygy birmeňzeşdir. Nazaryýet nukdaýnazarynda şeýle netijä gelinýär: her bir firmanyň önümçiliginiň dürli tapgyrlaryna goşulan gymmaty, ahyrky önümiň bahasyna deňdir. Başga bir tarapdan goşulan gymmat firmalaryň girdejileri bilen başga firmalardan satyn alan önümleriniň tapawudydyr, şeýlelikde ol firmanyň sap girdejisine deň bolýar. Bu ýagdaý aşakdaky diagrammada gowy görkezilendir.




Bir sany çörek alyja 25 manada satylypdyr, ahyrky önümiň bahasy 25 manada deň, agentleriň girdejileri: fermer 5 manat +harazçy 3 manat (8-5 man) + çörek bişiriji 9 manat (17-8 man) çörek satýançy 8 manat (25-17 man) = 25 manat: goşulan gymmat 5 manat fermeriňki + 3 manat hazarçynyňky + 9 manat çörek bişirijiniňki + 8 manat çörek satýanyňky = 25 manat. Şeýlelikde hasaplamagyň ähli usullary bir meňzeş netije 25 manat berdi.

## 2.2.Milli hasapçylyk ulgamynyň görkezijileriniň özara gatnaşyklary.

Ýokarada belläp geçişimiz ýaly milli hasapçylyk ulgamynyň jemi önüminiň üç görkezijisi JIÖ – jemi içerki önüm, JMÖ – jemi milli önüm, SMÖ – sap milli önüm we jemi girdejiniň üç görkezijisi. MG – milli girdeji, HG – hususy girdeji, YG – ygtyýarlykdaky girdeji esasy görkezijilerdir. JIÖ – jemi içerki önümiň, JMÖ – jemi milli önümden mazmun taraplaýyn tapawudyna öň seredip geçdik.

JMÖ – jemi milli önüm ululygy, JIÖ – jemi içerki önümden sap faktor girdejileriň ululygy bilen tapawutlanýar. (SFG)

JMÖ = JIÖ + SFG

degişlilikde

JIÖ = JMÖ - SFG

Sap faktor girdejileriň ululygy bir ýurduň raýatlarynyň (rezidentler), gazanan girdejileri bilen şol ýurda önümçilige gatnaşyp girdeji gazanýan başga ýurtlaryň raýatlarynyň (rezident dälleriň) gazanan girdejileriniň tapawudydyr. Bu tapawut položitel ululyk bolup biler. Eger-de ýurduň raýatlarynyň daşary ýurtlarda girdejileri, şol ýurtda işleýän daşary ýurt raýatlarynyň girdejilerinden artykmaç bolan ýagdaýynda. Bu ýagdaýda JMÖ – jemi milli önüm, JIÖ – jemi içerki önümden köpdür.

SMÖ – sap milli önüm barada aýdanymyzda ol JMÖ – jemi milli önümde tapawutlylykda ykdysadyýetiň önümçilik potensiýalyny häsiýetlendirýär, sebäbi SMÖ –

sap milli önüm diňe öz düzümine sap maýa goýumlary alýandyr. Şol sebäpli SMÖ – kesgilemek üçin JMÖ-den amortizasiýa tölegleri aýyrmak ýeterlikdir.

SMÖ = JMÖ – Atöl

Sap milli önüm harajatlar we girdejiler usulynda kesgitlenýär.

Sap milli önüm SMAhar.usul = sarp ediljileriň harajatlary (C) + sap maýa goýum üçin harajatlar (I) + döwletiň harajatlary we hyzmatlary satyn almagy (G) + sap eksport (Xn).

SMÖ.gir.usul. = zähmet hak + kärende tölegi + göterim tölegleri + hususyýetçileriň girdejiler + korporasiýalryň peýdasy + gyýtaklaýyn salgytlar.

Milli girdeji (MG) – bu ykdysady resurslaryň eýeleriniň gazanan girdejileriniň jemidir, ýagny faktor girdejileriniň jemidir. Ony şu aşakdaky şertlerde alyp bolar:

a) sap milli önümden gyýtaklaýyn salgytlary aýyrmagyň netijesinde: MG = SMA-GS.

b) faktor girdejileriniň ählisini jemlemegiň netijesinde MG = zähmet hak + kärende tölegi + göterim tölegleri + hususyýetçileriň girdejileri + korporasiýalaryň peýdasy.

Hususy girdeji (HG) – bu milli girdejiden tapawutlylykda ykdysady resurslaryň eýeleriniň girdejileriniň jemidir.HG hasaplamak üçin milli girdejiden öý hojalyklaryň ygtyýarlygyna gelmeýän girdejileri aýyrmak ýeterlikdir.

HG = MG-durmuş ätiýaçlandyryş üçin tölegler-korporasiýalaryň peýdasyna salynýan salgyt-

korporasiýalaryň paýlanmadyk peýdasy + transfertler + döwlet obligasiýalarynyň göterimleri ýa-da
HG = MG-durmuş üpjünçilikleri üçin tölegler-korporasiýalaryň peýdasy + diwidentler + transfertler + döwlet obligasiýalarynyň göterimleri.

Jemi girdejiniň ýene-de bir görnüşi öý hojalyklaryň ygtyýarlygyndaky girdeji - bu öý hojalyklaryň ulanyp biljek ýagny olaryň ygtyýarlygyndaky girdejidir. Ol hususy girdejiden mukdary boýunça azdyr, sebäbi hususy girdejiden hususy salgytlaryň ululygy aýrylýar (girdejiden alynýan salgytlar).

Öý hojalyklaryň ygtyýarlygyndaky girdeji = hususy girdeji-indiwidual salgytlar.

Öý hojalyklar özüniň ygtyýarlygyndaky girdejisini sarp etmek we süýşürintgi pullary ýygnamak maksatlar üçin ulanýarlar. Ö.H.Y.G. = sarp edilýän pul serişdeler + süýşürintgiler. Süýşürintgiler şu aşakdaky görnüşde bolup biler.

1. Hususy süýşürintgiler, ýagny öý hojalyklarynyň süýşürintgileri ýagny öý hojalyklaryň ygtyýarlygyndaky girdeji bilen sarp edilýän pul serişdeleriň tapawudy.
2. Işewürligiň süýşürintgileri, ýagny amortizasiýa tölegleri, korparasiýalaryň paýlanmadyk peýdalary.
3. Hususy süýşürintgiler, hususy sektoryň süýşürintgileri: öý hojalyklaryň süýşürintgileriniň jemi we işewürligiň süýşürntgileri.
4. Döwlet süýşürintgileri: döwlet býujetiniň girdejileriniň harajatlaryndan artykmaç bölegi.

Döwlet býujetiniň girdejileri ähli salgyt ýygymlaryndan, döwlet kärhanalarynyň peýdasyndan, hususylaşdyrmakdan alynýan girdejiden ybaratdyr. Döwlet býujetiniň girdejileri = indiwidual salgytlar + korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgyt + işewürlik üçin salgytlar + durmuş ätiýaçlyklary üçin tölegler + döwlet kärhanalaryň peýdasy + hususylaşdyrmakdan alnan girdeji.

Döwlet býujetiniň harajatlary = döwletiň harytlary we hyzmatlary satyn almagy + transfertler + döwlet obligasiýalarynyň göterimleri.

Döwlet býujetiniň salgydy = býujetiň girdejileri – býujetiň harajatlary.

5. Milli süýşürintgiler – hususy we döwlet süýşürintgileriniň jemi.
6. Daşary ýurt sektoryň süýşürintgileri – söwda balansynyň otrisatel saldosyna deňdir, ýagny import sap eksportdan artykmaç bolan ýagdaýy.

Ykdysady tejribede milli hasapçylyk ulgamynyň esasy görkezijileri J.M.Ö, J.I.Ö, S.M.Ö, M.Ç, H.Ç. jemi girdejä we jemi önüme mukdar taraplaýyn baha berýär, ýöne bu görkezijiler ilatyň durmuş ýagdaýynyň derejesini hil taraplaýyn häsiýetlendirip bilmeýär. Sebäbi ilatyň durmuş ýagdaýynyň derejesi ylmy tehniki rewolýusiýasynyň ykdysady ösüşiniň negatiw täsirlerini hasaba almaýar. Şu nukdaý nazardan ilatyň durmuş ýagdaýyny häsiýetlendirmek üçin düzgün boýunça şu aşakdaky görkezijiler ulanylýar:

a) Ilatyň jan sanyna düşýän jemi içerki önümiň mukdary. J.I.Ö / ýurduň ilatynyň sany.

b) Ilatyň jan sanyna düşýän milli girdejiniň mukdary. M.Ç / ýurduň ilatynyň sany.

Ýöne bu görkezijiler, doly kämilleşmedik, olar ilatyň durmuş ýagdaýynyň hil derejesini doly täsirini ýetirip bilmeýär.

**Testler:**

**1.** Hususy girdeji-bu;
   a) Ýylyň dowamynda öndürilen harytlaryň we edilen hyzmatlaryň bahasy
   b) J.M.Ö. aýrylan amortizasiýa
   c) Öý hojalyklaryň ýylyň dowamynda gazanan girdejileri
   d) Salgytlar tölenenden soň alyjylaryň sarp etmek üçin niýetlenen ähli girdejileri

**2.** Şu aşakdaky görkezijileriň haýsy biri J.M.Ö.düzümine girýär?
   a) öý hojalyklaryň hyzmatlary
   b) brokerden täze aksiýany satyn almak
   c) ýerli dükandan täze edebiýaty satyn almak
   d) korporasiýadan obligasiýa satyn almak

**3.** Milli girdeji-bu;
   a) Ç+T+G-transfer tölegleri+gytaklaýyn salgyt
   b) Inwestisiýa aýrylan süýşürintgiler
   c) Uzak wagtlaýyn döwürde ullanylýan harytlaryň bahasy
   d) Renta, zähmet hak, maýa goýum üçin göterim, eýeçilikden alynýan girdeji, korporasiýalaryň peýdasy.

**4.** Zähmet hak haçan artýar?

a) JMÖ girdejiler usulynda kesgitlenende
b) JMÖ harajatlar usulynda kesgitlenende
c) sap eksport
d) ähli jogaplar nädogry

**5.** Eger-de JMÖ nominal mukdary hem-de bahalaryň derejesi artsa onda;
a) real JMÖ üýtgemeýär
b) real JMÖ kemelýär
c) real JMÖ artýar, ýöne bahalaryň artýan derejesinden az
d) bu maglumatlar real JMÖ dinamikasyny kesgitlemek mümkinçiligi döretmeýär
e) ähli jogaplar nädogry

Mysal:

2008-nji ýylda Türkmenistanyň ykdysadyýetinde şu aşakdaky maglumatlar bar. ( mlrd.man)
Transfert tölegleri-4,0
Jemi içerki maýa goýum-16,2-a
Işewürlik üçin gytaklaýyn salgyt-7,0-a
Hususy girdejiden salgyt-2,6-a
Sap eksport-1,1-a
Korpor.paý.peýdasy-2,8-a
Amortizasiýa-7,9-a
Alyjylaryň harajatlary-77,2-a
Kor.peýdasyna salynýan salgyt-1,4-a
Durmuş atiýaçlygy üçin töleg-0,2

Harytlary, hyzmatlary satyn almak üçin döwlet harajatlar-8,5-a
Kesgitlemeli:
a) J.M.Ö we ilatyň ygtyýarlygyndaky girdejini
b) Hususy süýşürintgileriň ululygyny
ç) Ykdysadyýetde maýa goýumlaryň ätiýaçlyk ululygyny
J.M.Ö Y= G+Y+G+Nn= 77,2+16,2+8,5+1,1=103
Ilatyň ygtyýarlygyndaky girdejini tapmak üçin ilkibada biz sap milli önümi (SMÖ). Milli girdejini (MG), hususy girdeji (HG).
SMÖ=JMÖ-amortizasiýa
SMÖ=103-7,9=95,1
MG=SMÖ- işewürlik üçin.gyýtak.salgyt
MG=95,1-7,0=88,1
HG=MG-durmuş ätiýaçlygy üçin töleg
-korporasiýalaryň paýlanmadyk peýdasy
-korporasiýalaryň peýdasyndan alynýan salgyt
+transfert tölegleri
HG=88,1-0,2-2,8-1,4+4,0=87,7
Ilatyň ygtyýarlygyndaky girdeji=HG-girdejiden alynýan salgytlar
IYG=87,7-2,6=85,1
b) sap süýşürüntgileri kesgitlemek üçin ilatyň ygtyýarlygyndaky girdejisinden ilatyň hususy harajatlaryny aýyrmaly=
Sap süýşürintgiler=85,1-77,2=7,9
ç) 2008-nji ýylda maýa goýum ätiýaçlygy ykdysadyýete gelýän sap maýa goýumlaryň bahasyna artypdyr (jemi maýa goýum-ammortizasiýa) 16,2-7,9=8,3

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Milli hasapçylyk ulgamynyň düzümi.
2. Jemi içerki önüm.
3. Jemi milli önüm.
4. Milli önüm.
5. Hususy girdeji we onuň düzümi.
6. Aralyk önüm.
7. Ahyrky önüm.
8. Jemi içerki önümiň pudaklaýyn usulda kesgitlenişi.
9. Jemi içerki önümiň harajatlar usulynda kesgitlenişi.
10. Jemi içerki önümiň gerdejiler usulynda kesgitlenişi.
11. Sap milli önüm näme ?
12. Goşmaça gymmat näme ?
13. Önümçilik hasabaty.
14. Maliýe hasabaty.

## Umumy hyrydarlyk we umumy hödürleme.

### 3.1. Umumy hyrydarlyk we hödürleme barada düşünje

Makroykdysadyýetiň wezipeleriniň biri ol hem ykdysady ulgamyň nähili şertlerde hereketde bolyandynyny öwrenmekden ybarat bolup duryar.Makroykdysady seljermede umumy ykdysady wakalaryň we proseslerиň özara arabaglanyşygyny öwrenmekden we bazaradaky biri-birine baglanyşygyny ýüze çykarmak zerurdyr.Şonun üçin umumy hyrydarlygyň we hödürlemäniň emele gelişini öwrenmek birnäçe

ykdysady prosesleri ýüze çykarmaga we düşünmäge mümkinçilik berýär.

Ykdysady ulgamyň çäginde umumy arabaglanşykly we özara gatnaşykly ýüze çykýan prosesleri öwrenmek zerurlygy ýüze çykýar. Bazarda iki sany tarapyň gatnaşmagynda ykdysady gatnaşyk döreýär.Satyjy we alyjy we birnäçe şolary satyjylar we alyjylar bazarda özara aragatnaşykda bolyar.Satyjylar öz harytlaryny satyn almak isleýänlere hödürleýärler.Özara ylalaşyklaryň esasynda bir topar harytlaryň bahasy emele gelýär.Hödürlemäniň we hyrydarlygyň moçberi bazardaky harytlara we hyzmatlara kadalaýan bazar baha esasynda kesgitlenýär.Öz gezeginde baha hem hyrydarlygyň we hödürlemäniň möçberine bagly bolýar.Hyrydarlyki we hödürlemäniň özara gatnaşygy bazarda hakyky şertlerde ýüze çykýar.Milli bazardaky umumy hyrydarlyk we hödürleme diňe bir haryda bolan hyrydarlyk we hödürleme babatynda kesgitlenmäni, olaryň yagny ähli harytlaryň we hyzmatlaryň gymmatynyň ýüze çykyşyny aňladýar.Ähli harytlaryň we hyzmatlaryň gymmatynyň kesgitlenişi umumy hyrydarlyk hökmünde tölege ukyply birtopar sarp edijileriň we alyjylaryň jemi görnüşinde kesgitlenýär.Sarp edijileriň umumy lslegi ýagny,adamlaryň, kärhanalaryň we döwletiň sarp etmek üçin zerur zatlarynyň ýurt möçberinde kesgitlenýär. Milli ykdysadyýetde ol bir ýyl dowamynda öndürilen milli önüme deň bolýar.Harytlaryň we hyzmatlaryň jemi möçberine bolan hyrydarlyke umumy hyrydarlyk diýilýär.Öndürilen we hödürleme edilýän harytlaryň we hyzmatlaryň jemi mukdaryna umumy hödürleme

diýilýär.Umumy hyrydarlyk bu sarp ediş we inwestision harytlara we hyzmatlara bolan hyrydarlykdir.Umumy hödürleme milli önüme deňdir.Umumy hyrydarlyk we umumy hödürleme gündelik we üýtgemeýän bahalarda kesgitlenýär.Bazar ykdysadyýetinde bahalaryň elmydama özgerip durmagy umumy hyrydarlyki we umumy teklibi kesgitlemekde käbir kynçylyklary döredýär.Bu düşunjeleri öwrenmekde şeýle ýagdaýyň bolmagy köplenç halatlarda hasaplamalarda indeksleri ulanmaklygy talap edýär.

Umumy hyrydarlyk bilen bahanyň derejesiniň arasyndaky arabaglanşyk belli bir harytlaryň hyrydarlyki we bahasynyň arabaglanşygy ýaly ýüze çykýar.Umumy hödürleme bilen bahanyň derejesi iň arabaglanşygy göni baglanşygy emele getirýär, bahanyň ýokarlanmagy hödürlemäniň artmagyna getirýär.Şeýle arabaglanyşyk her bir haryt we hyzmat babatynda döreýär.

Umumy hyrydarlyk we umumy hödürleme milli ykdysadyýetiň ösüşi bilen baglanşykda ýüze çykýar.Olaryň emele gelişi her bir harydyň we hyzmatlaryň öndürilişini we sarp edilişini görkezýär.

Makroykdysadyýet möçberinde umumy hyrydarlygy we umumy teklibi öwrenmekde biz hasaba almaly, ol hem olaryň emele gelmeginde häsiýetlendirýän görkezijiler tapawutlanýarlar. Umumy hyrydarlyga we umumy teklibe indiwidual hyrydarlyklaryň we hödürlemäniň mehaniki jemi görnüşinde seretmek bolmaýar, olara hil taýdan täze düşünje hökmünde öwrenmeli. Sebäbi olaryň kesgitlenmegi milli ykdysadyýetiň gurluşyny, ösüş depginini häsiýetlendirýär. Şeýle hem olaryň kömegi bilen

milli ykdysadyýetiň ösüş kanunalaýyklaryna düşünmek bolýar.

Umumy hyrydarlygyň ýokarlanmagy ilki bilen ilatyň pul girdejileriniň ýokarlanmagy bilen baglydyr. Ilatyň sarp edişiniň artmagy bilen birlikde pul serişdelerini hazyna hökmünde toplanmagy hem mümkin. Milli önümiň öndürilişiniň depgininiň artmagy bilen umumy hödürlemäniň bazarda ýokarlanmagyna getirýär. Öndürijileriň öndürýän harytlaryny ýerleşdirmäge doly ykdysady şertler döreýär. Bazar ykdysadyýetinde şeýle ýagdaýyň bolmagy hödürlemäniň has ýokarlanmagyna getirip, ol hyrydarlygyň talabyndan üzňeleşýär. Netijede öndürilen harytlar bazarlarda wagty bilen ýerleşmeýär we telekeçiler, öndürijiler ýitgi çekýärler. Şonuň üçin olar ýa bahany peseltmeli bolýarlar ýa-da öndürilişi azaltmaly bolýarlar. Köplenç ýagdaýda artykmaç öndürmek netijesinde bahanyň peseldilmegi önümçilik çykdajylarynyň emele gelişine oňaýsyz täsir edýär.

Käbir ýagdaýlarda umumy teklibi umumy hyrydarlygyň ozup geçmegi mümkin. Şeýle ýagdaýlarda hyrydarlyk bilen hödürlemäniň arabaglanşygyny jemgiýetiň möçberinde kadalaşdyrmak zerurlygy döreýär.

Bahalaryň orny şol ýagdayda peseldilýär. Önümçiligiň möçberini üýtgeýän umumy hyrydarlygyň möçberi boyunça üýtgetmek meselesinde kadalaşdyryjy ykdysady mehanizmiň bolmazlygy bazar ykdysadyýetinde deňagramlylygy bozýar. Bazarda käbir harytlaryň ýetmezçiligi, önümçilik üçin maýa goýumlaryny kemelmegi bazary kadalaşdyrmagyň zerurlygyny döredýär. Umumy hyrydarlygy bilen umumy

hödürlemäniň arasyndaky laýyk gelmeginiň bozulmagynyň ykdysadyýetde birnäçe sebäpleri bar, ýekemenler, dellallar, diňe öz bähbidiň bilýän dolandyryjylaryň bolmagy köplenç ýagdayda umumy hyrydarlyk bilen umumy hödürlemäniň biri-birine laýyk gelmegine şertleriň döremegine päsgelçilik berýär. Netijede önümçilik we hödürleme hyrydarlyki hasaba almagy belli bir derejede bes edýär. Harytlaryň we hyzmatlaryň mukdary umumy hyrydarlyga garanyňda elmydama ýeterlik öndürilmeýär. Ykdysady aragatnaşygy çylşyrymlaşmagy, zähmetiň jemgyýetçilik bölünişiginiň derejesiniň ýokarlanmagy girdejiniň ösmegi bilen önumçiligiň özara arabaglanşygynyň artmagyna getirýar.

Ylmy nukdaýnazardan umumy hyrydarlyk bilen umumy hödürlemäniň arabaglanşygyny seretmek ýeňil bolyar,emma durmuşda ol ýagday örän çylşyrymly, köpgörnüşli we gapma- garşylykly ýagdaýda ýüze çykýar. Bazar ykdysadyýetiniň ösen şertlerinde şeýle ýagdaýyň bolmagy mümkin, ýagny hyrydarlyk teklibi ozup geçýär. Hyrydarlyk teklibe garanyňda ýokary bolýar we ol ýagdaýda baha mehanizmi herekete gelýär. Baha kanunyna laýyklykda onuň talabyna görä hödürleme ösýär. Bu umumy ýagdaýda umumy hödürleme özgerýän talaba laýyk ýokarlanýär. Şeýlelikde umumy hyrydarlyk bilen umumy hödürlemäniň özara arabaglanşygyny üpjün etmeklige ykdysady şertler emele gelýär.Bu ýagdaý hyrydarlyk we hödürleme kanunynyň talabyna görä bolýar. Islendik bazaryň ýagdaýynyň üýtgemesi şol ykdysady kanunyň hereketi bilen baglanyşykda ýüze çykýar.

Ylmy-tehniki ösüşleri birnäçe döwürlere bölmek mümkin. Birinji basgançagynda manufakaturadan maşyn önümçiligine geçirildi. Ol ikinji Jahan urşuna çenli dowam etdi.

Ikinji basgançagy urşdan soňky döwürde ylmy-tehnikany hil taýdan has ýokary sepgitleri eýelemegi bolup geçdi.

Üçünji basgançagynda industrial ösüş emele geldi. Onuň netijesinde:

- dünýä ýüžünde ozara arabaglanşygynyň emele gelmegi we has güýçlenmegi, döwletleriň ykdysady taýdan biri-birine ýakynlaşmagy;
- bilimiň ähmiýeti önümçilikde we durmuşyň beýleki künjeklerinde ýokarlanmagy;
- tebigatyň resurslarynyň has çalt ýagdaýda peýdalanmaklygy geçilmegi bolup geçdi.

Bütindünýä bazarynyň emele gelmegi we onuň ösüşi özara ykdysady aragatnaşyklarynyň ösmegine getirdi. Sosial –ykdysady ulgamyň ähli elementleriň ösüşi şu seredilip geçilen şertler bilen baglanşyklydyr. Ykdysady ulgamyň şu görnüşlerini bazar ykdysadysadyýeti ulgamy, buýryk-administratiw ulgamy soňky döwürde emele geldi.

Bazar ykdysady ulgamy iki görnüşde seredilýär: erkin bäsdeşliginiň bazar ykdysadyýeti: we häzirki zaman bazar ykdysady ulgamy. Bu ykdysady sistemanyň ösüş taryhynyň birnäçe möhüm sepgitleri bar. Bazar ykdysadyýetiniň ösüşi pul- haryt gatnaşyklaryň ösüşi bolup geşýär.Şol ýa-da başga ykdysady sistemanyň çäginde bazar ykdysadyýetiniň dürli modelleri emele geldi we ösüşe eýe boldy. Ykdysady sistemalar aýratyn

döwletler we  regionlar boýunça tapawutlanýar. Bazar ykdysadyýetiniň ösüşi ABŞ-da, Aziýa we Arap ýurtlarynda düýplii  tapawutlanýar. Biziň ýurdumyzda hem bazar ykdysadyýetine geçmeklik 20-nji asyryň 90-njy ýyllarynda başlandy. Häzirki döwürde  Orsýetde, GDA ýurtlarynda, Hytaýda bazar ykdysadyýetine geçişi dowam edýär. Ykdysady ulgamda şol ýurtlarda geçiş tipli ykdysady sistemadyr.

Bazar ykdysadyýeti 18 asyrda emele gelendigine garamazdan onuň erkin bäsdeşlik şertlerinde ösýän görnüşi özüniň ösüşini 19 asyryň başlarynda tamamlady. Erkin bäsdeşlik bazar ykdysadyýeti dürli regionlarda, ýurtlarda aýratyn ýagdaýlarda boldy. Onüň ykdysady elementleriniň köpüsi häzipki zaman bazar ykdysadyýetiniň ulgamyna goşuldy. Bu ykdysadyň sistamanyň aýratyn alamatlarynyň biri ol hem inwestision resurslara hususy eýeçiligiň bolmagy; makroykdysady işlerini bazar ykdysady mehanizminiň üsti bilen sazlaşdyrylmagy; her bir haryda we önüme bir topar öndürjileriň we sarp edijileriň bolmagy Bilen häsiýetlendirilýär. Sarp edijileriň we öndürjileriň ykdysady taýdan özbaşdaklygy bolýar. Ykdysady işleri ýerine ýetirýanleriň we ol prosese  gatnaşýanlaryň şahsy erkinliginiň  bolmagy esasy alamatlarynyň biridir. Ykdysady progresiň şertlerini bir ol hem telekeçilik işlerinde erkinligini bolmagydyr, kimde kapital bolsa şol hem ykdysady işleri ýerine ýetirmeklige mümkinçilik bolýar.Ösüşiň täze bir basgançagyna geçildi-adam faktory esasy jemgyýetiň önduriji güýjüdigi ykrara edildi.Hakyna tutulýan işçi we telekeçi-hojaýyn hukuk tarapyndan

deňhukukly bazar gatnaşyklarynyň agentleri hökümide çykyş edýär. “Erkin hakyna tutulýan işçi” diýlen düşünje olaryň iş ýerine şertini bazaryň çäginde saýlamaga hukugy bolýar. Şeýle şertleriň ykdysady sistemanyň şu tipinde döremegi önümçiligiň eýelerini işçilere iş şertlerini kada laýyk döretmeklerini olaryň sosial talaplaryny kanagatlandyrmaklaryny getirdi. Bu sistemada ykdysady ösüşiň fundemental meseleleri diňe bazaryň we bahanyň üsti bilen çöžüldi. Bazar gatnaşyklary jemgyýetçilik hyrydarlykini kanagatlandyrýan indikator hökmünde boldy. Haryt öndürijiler bazaryň düzümine, bahalaryň düzümine,bahalaryň derejesine we öşüşine salgylanyp resurslary paýlamaklygyň problemalaryny çozmeklige çemeleşdiler. Öndürijiler has ýokary peýdany az harajatlary sarp etmek bilen gazanmak üçin esasy üns guramaçylyk meselelerine we mümkinlerine gonükdirýän. Önümçiligi ösdürmek we kämilleşdirmek üçin akyl zähmetini mümkinçiliklerini gönükdirmekde hususy eýeçiligiň has ähmiýeti ýokarydyr. Hususy eýeçilik dörediji mümkinçilikleri açýar. Şonuň üçin erkin bäsdeşligiň bazarynda şeýle ykdysady mümkinçilikler ykdysady sistemanyň ösmegine getirdi.

Häzirki zaman ykdysady ulgama ýa-da bazar ykdysadyýeti öňki erkin bäsdeşligiň bazary bilen deňeşdirlende has çeýe, üýtgeýän şertlere uýgunlaşma ukybynyň bolmagy bilen häsiýetlendirýär.

Bu ulgamyň esasy alamatlarynyň biri ol hem önümçiligiň möçberi has jemgyýetleşýär. Ykdysadyýet kadalaşdyrylýar we sosial kepillendirmeler döredilýär. Ösen bazar gatnaşyklarynda hojalyk mehanizmi düýpli

özgerýär, planlaşdyrmaklygyň ýörelgeleri önümçilige ornaşdyrylýar. Ykdysady ösüşiň möhüm meselelerini çözmek täze çözgütlere eýe bolýar.Önümçiligiň öçberi, ugurlary ýörite öwrenilýär. Döwlet pudaklaýyn umumy milli maksatnamalary işläp düzýär. Tebigy resurslary peýdalanmagyň meseleleri umumy bähbitleriň nukdaý nazaryndan ugur alýar.

Ykdysady taýdan pes derejede ösýän ýurtlarda adaty ykdysady ulgam bolýar.Ol ykdysady ulgamda yza galan tehnologiýa el zähmet has köp ulanylýar we ykdysadyýetinde köp ukladlylyk saklanýar. Ykdysadyýetde hojalyga alyp barmagyň dürli formalarynyň bolmagy köp ukladlygy aňladýar. Şu şertde ownuk haryt önümçiligiň möhüm rol oýnaýar. Her bir ykdysady sistema özüne mahsus hojalygy alyp barmagyň modeli emele gelýär. Her bir ykdysady modeli öwrenmek belli bir derejede ykdysady sistemanyň ösüşine oňaýly täsir edýär.

Has belli bolan milli nusgalar şu nusgalar degişlidir.

I. Amerikan nusga ähli tarapdan telekeçiligi höweslendirmek ösdürmeklige gönükdirlen ulgamydyr. Ilatyň köp böleginiň mümkin bolsa telekeçilik işlerine gatnaşmagyna şertler döredilýär. Az üpjünçilikli ilatyň bölegine sosial taýdan kömekler berilýär. Ýöne ähli adamlara sosial deňlilik barada mesele goýulmaýar. Bu nusgada iň ýokary zähmet öndürijilik göz öňünde tutulýar.

Umumy hyrydarlyk bilen umumy hödürlemäniň özara arabaglanşygyny şu grafik görnüşinde görkezmek bolar.




Grafikde gorkezilen ýagdaýda hyrydarlyk we hödürleme iki ýagdaýda özara laýyk gelmesi bolýar.Gapdallaýyn ýagdaýda öndürmekligň möçberi ýokarlygyna bahanyň derejesi görkezilendir.Grafikde hödürleme aşakdan ýokarlygyna ösýän ýagdaýda görkezilýär.Hyrydarlygyň egri çyzygy ýokardan aşaklygyna görkezilendir. Bahanyň ösmegi bilen hödürleme ýokarlanýar,emma hyrydarlyk pese düşýär. Tersine bahanyň pese düşmegi teklibi azaldýar we hyrydarlygyň ýokarlanmagyna şertleri döredýär. Kesgitli döwür aralygynda hyrydarlyk we hödürleme özara deň bolýar we Ro nokatda deň ýagdaýy eýeleýärler we deňagramly baha deňagramly önümçilik möçberine laýyk gelýär.

Deňagramly bahany dürli ýol bilen bazarda döretmek ykdysadyýetde känbir oňaýly bolmaýar. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde döwlet kanunlaryň üsti bilen bazar täsir edýär, ýagny çäklendirilen bahalary belleýär.

Bazarda deňagramly bahany düzýän iň ýokary bahanyň ýerine, pes bahalaryň bellenmegi mümkin. Şeýle çemeleşme durmuş meseleleri çözmek üçin zerurlygy bilen düşündirilýär. Sarp ediş resurslaryň we nygmatlaryň çäkli elýeterli bahalarynyň bolmagydyr. Şonuň üçin bazar ykdysady ösen ýurtlarda, we beýleki ýurtlarda döwlet bahalaryň emele gelmegine belli bir derejede gözegçilik alyp barýar. Döwlet salgytlaryň we maliýeleşdirmegiň kömegi bilen bazaryň baha emele gelşi mehanizminiň hereketini bozmaýar.Bazarda döreýän oňaýsyz ýagdaýlar kadalaşdyrylmagyň üsti bilen aradan aýrylýar.

Biziň Garaşsyz Hemişlik Bitarap Türkmenistan ýurdumyzda, bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe, bazary kadalaşdyrmagyň zerurlygy ýüze çykýar. Döwlet sarp ediş harytlarynyň çäkli bahalaryny belläp, olary ilata elýeterli bahadan satmaga şert döredildi. Türkmen bazar nusgasynda ilata birnäçe zerur harytlar mugt berilýär.

### 3.2. Umumy hyrydarlyga we hödürlemä täsir edýän faktorlar

Umumy hyrydarlyga we teklibe täsir edýän faktorlar

Ŷurduň içinde bahalaryň üýtgemegi, alyjylaryň çykdajylarynyň derejesiniň özgermegine getirýär. Milli önümçilikde, hökimet kärhanalar, daşäry ýurt alyjylary

üýtgemäniň hakyky derejesini öwrenmeklige çalyşýarlar. Bahalaryň derejesiniň ýokarlanmagy deň şertlerde, önümçiligiň hakyky möçberine hyrydarlyki peseldýär. Tersine bahalaryň derejesiniň peselmegi onümçiligiň möçberiniň artmagyna getirýär. Umumy hyrydarlygyň bir ýagdaýdan beyleki ýagdaýa geçmegi, onuň durnukly ýagdaýynyň nähili şertlerde bolýandygyny anyklamaga mümkinçilik berýär. Bahalaryň derejesiniň üýtgemegi we beýleki gaýry şertler umumy hyrydarlyga täsir edýär.

Umumy hyrydarlyga baha bilen bagly bolmadyk faktorlar täsir edýär. Milli önümçilikde umumy hyrydarlygyň özgermesi birnäçe faktorlaryň täsiri bilen bolup geçýär.

Umumy hyrydarlygyň üýtgemesiniň grafigi



$AD_1$= umumy hyrydarlygyň deň şertlerdäki ýagdaýy

$AD_2$ = umumy hyrydarlygyň üýtgemesi – ýokarlanmagy

$AD_3$ = umumy hyrydarlygyň üýtgemesiň peselmegi

Grafikde görnüşi ýaly, eger hyrydarlyk ýokarlansa ($AD_2$) onda önümçiligiň möçberi artýar we onyň tersine umumy hyrydarlyk pese düşse ($AD_3$) önümçiligiň möçberi azalýar. Başgaça aýdanyňda adamlar öňkä garanyňda az satyn alýarlar.

Umumy hyrydarlygyň özgermeginde bir we birnäçe harytlaryň, bahalarynyň we faktorlarynyň üýtgemesi sebäp bolýar. Şol baha bilen bagly bolmadyk faktorlara ya-da umumy hyrydarlyky özgerdýän serişde şu aşakdakylary görkezmek bolar.

Umumy hyrydarlygyň baha bilen bagly däl faktorlary.

1. Sarp ediş çykdajylaryň üýtgemegi.
   a) Alyjylaryň hal – ýagdaýy.
   b) Alyjylaryň garaşmagy.
   c) Alyjylaryň bergileri.
   d) Salgytlar.
2. Maýa goýumlaryň çykdajylarynyň üýtgemegi
   a) Göterim derejesi
   b) Maýa goýumdan garaşylýan peýda
   c) Kärhanadan alynýan salgytlar
   d) Tehnologiýa
   e) Kuwwatlylygyň artykmaclygy
3. Döwletiň çykdajylaryndaky üýtgetmeler

4. Daşary yurda önüm çykarmagyň möçberiniň üýtgemegi
    a) Daşary ýürtlarda milli girdeji
    b) Walýüta hümmeti.

Alyjylar satylýan harytlary baha üýtgese, şoňa laýyklykda özgerdýärler. Bu bolsa sarp ediş çykdajylarynyň özgermegine getirýär we oňa birnäçe faktorlar täsir edýär. Ol faktorlara şekilden görnüşi ýaly alyjylaryň hal-ýagdaýy, garaşmagy, bergileri we salgytlary täsir edýär. Alyjylaryň hal-ýagdaýy, ýagny olaryň ýeri we maliýe serişdeleri bilen üpjünçiligi bilen häsiýetlendirilýär. Sarp edişiň çykdajylarynyň üýtgemegi umumy hyrydarlygyň peselmegine getirýär. Ýerleriň, öýleriň hakyky balansynyň pese düşmegi alyjylaryň hal-ýagdaýynyň peselmegine, baha bagly bolmazdan getirýär.

Sarp ediş çykdajylarynyň häsiýetiniň üýtgemegi çaklamalara bagly bolýar. Alyjylar çaklamalar esasynda öz mümkinçiliklerini kesgitleýärler. Mysal üçin, bir adam girdejileriň artmagyna ynamy bolýar we köp haryt alaryn diýip çaklaýar, başga biri tersine, girdeýjisiniň üýtgemegine garaşýar we sarp edişi çäklendirýär. Netijede, umumy hyrydarlyk üýtgeýär. Köpçülikleýin garaşmagy puluň hümmetiniň gaçmagy gündelik umumy hyrydarlygy ýokarlandyrýar. Näme üçin? Alyjy şol haryda baha ýokarlanmanka satyn almaga çalyşýar.Onyň tersine, bahanyň peselmegine garaşmak bilen gündelik sarp ediş zerur zatlaryň bir bölegini satyn almakdan saklanýar.

Karz hasabyna satyn alnan zatlar üçin bergi hem puluň hyrydarlygyna täsir edýär. Eger alyjylaryň bergileri köpelse, umumy hyrydarlyk peselýär. Şonuň üçin sarp

edişde alyjylaryň bergileri az bolsa umumy hyrydarlyk ýokarlanýar.

**Testler:**

**1.** Eger-de JMÖ deň agramly mukdary onuň potensial derejesinden ýokary bolsa onda:
   a) bahalaryň derejesi artýar
   b) işsizligiň derejesi artýar
   c) umumy hyrydarlyk artýar
   d) umumy hödürleme artýar
   e) ähli jogaplar dogry

**2.** Doly iş üpjünçiligi şertlerinde umumy hyrydarlygyň mukdary JMÖ-niň derejesinden artykmaç bolsa, onda bu ykdysadyýetde nämäni aňladýar:
   a) maliýe çäklenmeler bar
   b) hümmetsizlenmede üznüklik bar
   c) defelýasion üznüklik bar (razryw)
   d) býüjet ýetmezçiligi bar
   e) umumy hyrydarlyk bilen umumy hödürlemäniň arasynda deňagramlylyk bar

**3.** Eger-de telekeçilerden alynýan salgyt artýan bolsa onda;
   a) umumy hyrydarlyk kemelýär, umumy hödürlemäniň mukdary üýtgemeýär
   b) umumy hödürleme kemelýär, umumy hyrydarlygyň mukdary üýtgemeýär

c) umumy hödürleme, umumy hyrydarlyk kemelýär
d) umumy hödürleme, umumy hyrydarlyk artýar
e) ähli jogaplar dogry

**4.** Doly iş üpjünçiligi şertlerinde işsizligiň friksion görnüşi näme deň bolup biler?
a) 0 (nol) deň
b) 1-den az bolup biler
c) 1-den uly bolup biler
d) işsizligiň döwürleýin görnüşiniň derejesinden az bolup biler
e) ähli jogaplar nädogry

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Umumy hyrydarlyk näme ?
2. Umumy hödürleme näme ?
3. Umumy hyrydarlyga we hödürleme täsir edýän faktorlar.
4. Nähili ýagdaýda umumy harydarlyk umumy hödürlemeden artykmaç bolup biler.
5. Umumy hyrydarlyk düzümi nämeden ybarat.
6. Umumy hyrydarlygyň artmagy näme getirýär.
7. Umumy hödürlemäniň artmagy näme getirýär.
8. Nähili ýagdaýlarda makroykdysady deňagramlylyk döreýär.
9. Umumy hyrydarlyga täsir edýän faktorlar.
10. Umumy hödürleme täsir edýän faktorlar.
11. Makroykdysady deň agramlyk nämäni aňladýar

12. Umumy hyrydarlyga täsir edýän bahalara degişli däl faktorlar.
13. Umumy hödürleme täsir edýän bahalara degişli däl faktorlar.
14. Umumy hyrydarlyk we hödürlemeniň arasyndaky baglanyşyk näme bilen düşündirilýär.

## Makroykdysady durnuksyzlyk we işsizlik.

4.1. Işsizligiň görnüşleri barada düşünje.

Umuman ykdysady tejribede işsizligiň şu aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar.

Friksion işsizlik – bu işçi güýçleriniň iş gözlemegi we käbir ýagdaýlarda başga bir işe girmek, ýerleşmek üçin garaşýan ýagdaýlary.

Düzümleýin işsizlik - friksion işsizligiň başga bir görnüşine geçmegi. Bu tehnologiýanyň ösmegi bilen işçi güýçlerine bolan hyrydarlyki üýtgedýär.

Döwürleýin işsizlik – ykdysady sikliň fazalarynyň kemelmeginde ýüze çykýan işsizlikdir. Işsizligiň bu görnüşi önümçilik harajatlary bilen baglanyşyklydyr.

Işsizligiň derejesi şu aşakdaky formulada kesgitlenýär:

Işsizligiň derejesi = Işsizleriň sany / Umumy işçi güýçleriň sany * 100.

Her bir döwletiň ilaty şol sanda Türkmenistanyň ilaty hem 3 sany uly topara bölünýär:

1. 16 – ýaşyna ýetmedik ýaşlar we ýörite edaralarda saklanýan adamlar (dälihanalar we ş.m.);

2. Iş güýçleriň hataryndan çykanlar (pensionerler);

3. Işçi güýçler.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň ýyllary içinde zähmet bazarynda ýagdaýy sagdynlaşdyrmak boýunça düýpli çäreler görüldi, dolandyryş edaralarynyň ulgamy döredildi.

Zähmet bazarynyň kemala gelmeginiň ösüşine degişli meseleler hökümetiň, raýatlary işe ýerleşdirmek baradaky Döwlet Komissiýanyň, ýerli dolandyryş edaralarynyň hemişe üns merkezi boldy. 1997-nji ýylda Türkmenistanyň çäklerinde hojalyk hasaplaşygyndaky zähmet biržalary döredildi. Erkin iş orunlaryň barlygyndaky maglumatlar bankyny emele getirmek, işe ýerleşmäge mätäçlik çekýän ilaty bellige almak we olary işe ýerleşdirmek, raýatlary hünär babatda kämilleşdirmäge we gaýtadan taýýarlamaga göýbermek olaryň wezipelerine girýär.

Garaşsyz döwletiň emele gelen döwründen bäri ykdysadyýetde iş bilen meşgullanýanlaryň sany 1,2 esse artdy.

Döwletimizde geçirilýän bazar özgertmelerine laýyklykda, ykdysadyýetiň sektorlary boýunça işçi güýçlerini sazlaşykly gaýtadan paýlamak işi amala aşyrylýar.

1991-nji ýylda Türkmenistanda ilatyň iş üpjünçiliginiň gurluşy şu aşakdaky maglumatlar bilen esaslandyrylýar.

Döwlet kärhanalary we guramalary -55 %.

Daýhan birleşikleri we şol sanda
şahsy kömekçi hojalyklary -36 %.
Kooperatiwler, hususy, bilelikdäki we
daşary ýurt kärhanalary - 2 %.
Edara görnüşindäki taraplary
döretmeýän kärhanalar -3 %.
Beýlekiler -4 %.

Türkmenistanda bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe onuň esasy ugurlarynyň biri bolup döwlet kärhanalaryny hususylaşdyrmak çykyş edýändir, sebäbi ykdysady taraplaýyn ösen döwletlerde döwletiň jemi içerki önüminde hususy eýeçiligiň tutýan orny uludyr. Beýik Galkynyşlar eýýamynda hormatly Prezidentimiziň döwlet kärhanalaryny hususylaşdyrmak meýilnamasynyň durmuşa geçirilmegi döwlet kärhanalarynda we edaralarynda işçileriň sanynyň kemelmegine getirdi. Ýöne bu ýagdaý diňe döwlete dahylly bolan kärhanalarda ýüze çykýar. 2006-njy ýylda döwlet kärhanalarynda we edaralarynda ilatyň işe ýaraýanlarynyň 28,5 % işläpdir, ýa-da 2005-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 1 % azaldy.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda 2008-nji ýylyň mart aýynyň 17-däki gol çeken kararyna laýyklykda ýurdumyzda öndürilýän jemi içerki önümde hususy eýeçiligiň öndürýän önüminiň 70 %-ni tutmalydygy bellenip geçildi. Has takygy 2020-nji ýyla çenli hususy telekeçilik jemi içerki önümde 70 % udel agramy eýelemelidir. Bu meseläni çözmekde milli ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek göz öňünde tutulýar.

## 4.2. Türkmenistanda zähmet bazaryny sazlamak.

Türkmenistanda Garaşsyzlyk ýyllaryndan Beýik Galkynyşlar eýýamyna gadam basylmagy ykdysadyýetiň zähmet bazarynda ýagdaýy sagdynlaşdyrmak boýunça düýpli çäreler görüldi, dolandyryş edaralarynyň ulgamy döredildi. Zähmet bazarynyň kemala gelmeginiň ösüşine degişli meseleler Hökümetiň raýatlary işe ýerleşdirmek baradaky Döwlet komissiýasynyň, ýerli dolandyryş edaralarynyň hemişe üns merkezinde boldy. Türkmenistanyň çäklerinde hojalyk hasaplaşygyndaky zähmet biržalarynyň hereket etmegi erkin iş orunlarynyň barlygyndaky maglumatlar bankyny emele getirmek boş iş orunlaryň bardygyny ýüze çykarýar. Bu bolsa ilaty bilimine, iş ukyplygyna baglylykda iş ýerleri bilen üpjün etmek mümkinçiligini döredýär.

Zähmet bazarynyň institusional gurluşlaryny döretmek, bazar ykdysadyýetini emele getirmek baradaky umumy ykdysady strategiýany durmuşa geçirmek, ilatyň durmuş derejesini ýokarlandyrmak hakynda alada etmek döwlet derejesinde ileri tutulýar.

Iş bilen meşgullanmagyň döwlet syýasatyny amala aşyrmak, bazar infrastrukturasyny emele getirmek, oba hojalygynda özgertmeleri, maliýe we ykdysady işjeňligi güýçlendirmek boýunça görlen çäreler işiň dürli ugurlarynda iş orunlarynyň döredilmegini hem-de ilatyň iş bilen meşgullanmagyny ýokarlandyrmaga üpjün etdi. Galkynyşlar eýýamynyň emele gelen döwründen başlap ykdysadyýetde iş bilen meşgullanýanlaryň sany 1,1 esse artdy. Munuň özi döwletimiziň aýratynlyklaryny hasaba

almak bilen milli ykdysadyýeti ewolýusion taýdan özgertmek barada Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň parasatly syýasatynyň netijesidir.

Döwletimizde geçirilýän bazar özgertmelerine laýyklykda ykdysadyýetiň sektorlary boýunça işçi güýçlerini sazlaşykly gaýtadan paýlamak işi amala aşyrylýar. Ilatyň uly bölegi hojalygy ýöretmegiň bazar görnüşleriniň ösdürilmeginiň hasabyna iş orunlaryny tapdylar. Döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmagyň maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegi döwlet kärhanalarynda we guramalarynda işleýänleriň sanynyň azalmagyna getirdi.

Şol bir wagtyň özünde ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz sektorynda iş orunlarynyň döredilmegi üpjün edildi, olaryň sany bolsa 2006-njy ýylda 2005-nji ýyldaka garanyňda 12,4 % artdy.

Türkmenistanda ilatyň iş üpjünçiliginiň gurluşy.

2006-njy ýyl.

Döwlet kärhanalary we guramalary – 28,1 %.
Daýhan birlişikleri we şol sanda
şahsy kömekçi hojalyklary – 26,7 %.
Kooperatiwler, hususy, bilelikdäki we
daşary ýurt kärhanalary – 3,6 %.
Edara görnüşindäki taraplary
döretmeýän kärhanalar - 19 %.
Beýlekiler – 22,6 %.

2005-nji ýyl.

Döwlet kärhanalary we guramalary - 29,5 %.
Daýhan birlişikleri we şol sanda
şahsy kömekçi hojalyklary – 26,7 %.

Kooperatiwler, hususy, bilelikdäki we
daşary ýurt kärhanalary – 3,6 %.
Edara görnüşindäki taraplary
döretmeýän kärhanalar – 18,1 %.
Beýlekiler – 22,1 %.

Bazar özgertmelerini durmuşa geçirmäge tarap alnan ugruň amala aşyrylmagy döwlete dahylsyz kärhanalaryň sanynyň ep-esli artmagyna getirdi. Olarda döredilýän iş orunlary ilatyň iş bilen meşgullanýanlarynyň köpelmegini hem-de işçi güýçleriniň döwlete dahylsyz sektorynyň peýdasyna gaýtadan paýlanmagynyň üpjün etdi. 2006-njy ýylda ykdysadyýetde iş bilen meşgullanýanlaryň umumy sanynyň 28,1 % döwlet kärhanalarynda we 71,9 % döwlete dahylsyz kärhanalarda işlediler.

Ykdysadyýetiň döwlete dahylsyz sektorynda iş bilen meşgullanmagy daýhan birleşikleri üpjün edýärler, hususy fermerçilik hojalyklary we eýeçiligiň hususy hem-de garyşyk görnüşleriniň kärhanalarynyň beýleki guramaçylyk-hukuk görnüşleri netijeli ösdürilýär.

Telekeçilik ugurlarynda ilatyň zähmet işjeňliginiň barşynyň depginleri ynamly artýar. Hususy bilelikdäki kärhanalarda iş bilen meşgullanmagyň, edara görnüşini döretmezden, telekeçilik bilen meşgullanmagyň sany artdy. Işiň bu ugry işjeň emele gelmegini dowam etdirýän hem bolsa heniz öz mümkinçiliklerini doly peýdalananok.

Türkmenistanda oba hojalyk ugry zähmeti sarp etmegiň esasy pudagy bolup durýar, şol pudakda bolsa iş bilen meşgullanýan ilatyň ýarpysyna golaýy işleýär. Ýerli çig maly ahyrky netijede gaýtadan işläp geçmäge içerki

bazaryň talaplaryny üpjün etmäge we dünýä bazaryna çykmaga ugur alan dokma, himiýa toplumynyň önümlerini gaýtadan işleýji pudaklaryň kärhanalarynda täze iş orunlarynyň döredilmegini üpjün edýän industrial pudaklarda iş bilen meşgullanmagy artdyrmak işi ilerleýär. Maliýeleşdirmek, karz bermek, ätiýaçlandyrmak we bazar hyzmatlarynyň beýleki görnüşleri bilen baglanyşykly infrastrukturanyň pudaklar ösdürilýär.

Zähmet bazarynda häzirki wagtda dörän ýagdaý bazar özgertmeleriniň kabul edilen milli modeliniň we ony durmuşa geçirmegiň syýasatynyň aýratynlyklary beýan edýär. Maksat işlemäge we zähmet hakyny almaga hyrydarlyk bildirýän islendik adama iş bermäge ugur alan rejeli mehanizmi kemala getirmäge gönükdiriler.

**Testler:**

**1.** Ýakyn wagtda işe durmaga ynanýan (nadejda) adam;
   a) iş bilen üpjün edilenlere
   b) işsizlere
   c) işçi güýçleriň düzüminde hasaba alynmadyk
   d) doly iş bilen üpjün edilmedik
   e) ähli jogaplar nädogry

**2.** Ykdysadyýetiň peselmegi netijesinde iş ýerlerini ýitirenler nähili kategoriýa degişli?
   a) işsizligiň friksion görnüşine
   b) işsizligiň düzümleýin görnüşine
   c) işsizligiň döwürleýin görnüşine
   d) ähli jogaplar nädogry

**3.** Umumy hyrydarlygyň ýetmezçiligi nämä getirýär?
   a) işsizligiň friksion görnüşiniň artmagyna
   b) işsizligiň döwürleýin görnüşiniň artmagyna
   c) işsizligiň düzümleýin görnüşiniň artmagyna
   d) işsizligiň ýapyk görnüşiniň artmagyna
   e) ähli jogaplar nädogry

**4.** Garaşylmadyk hümmetsizlenme näme netije berer?
   a) ykdysadyýete zyýan ýetirmez
   b) ykdysadyýetiň netijeliligi kemeler
   c) baýlyklary we girdejileri täzeden paýlamaly
   d) diňe Ç jogap dogry
   e) ähli jogaplar dogry

**Mysal:**

Ilatyň umumy sany 100.mln adam deň, olardan 16 ýaşa ýetmedik çagalar -24.mln, işçiler hataryndan çykan adamlar -30.mln, işsizler-4,6.mln, doly iş güni bilen üpjün edilmedik adamlar we iş gözleýänler -1.mln.

Maglumatlardan peýdalanyp kesgitlemeli:

c) işçi güýçleriň sanyny
d) işsizligiň derejesini

Çözgüt

a) Iş güýç sany= ilatyň umumy sany- ilatyň işe ýaramaýan sany( çagalar 16 ýaşa çenli, ýörite edaralarda saklanýan adamlar)- işçi güýçleriň hataryndan çykanlar=100.mln-24.mln-30.mln = 46.mln adam
b) Işsizligiň derejesi
   Yd= işsizligiň sany/ işçi güýç sany x 100%= 4,6.mln/46.mln x 100% =10%

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Ykdysady sikl näme ?
2. Makroykdysadyýetiň görkezijileriniň dinamikasy.
3. Işsizligiň görnüşleri.
4. Friksion işsizlik.
5. Düzümleýin işsizlik.
6. Döwürleýin işsizlik.
7. Işçi güýji diýip näme düşünýärsiňiz ?
8. Işçi güýçlere bolan hyrydarlyk.
9. Işçi güýçleriň hödürleme edilmegi.
10. Telekeçileriň ukuplygy näme ?
11. Telekeçileriň girdejileri näme ?
12. Türkmenistanyň işçi güýçleriniň düzümi.
13. Türkmenistanyň zähmet bazarlaryny düzgünleşdirmek.
14. Işsizligiň derejesini kesgitleýän görkezijiler.

## Makroykdysady durnuksyzlyk we hümmetsizlenmek.

### 5.1.Puluň hümmetsizlenmäginiň manysy, ýüze çykmagynyň sebäpleri we görnüşleri.Puluň hümmetsizlenmäginiň durmuş-ykdysady netijeleri

Puluň hümmetsizlenmegi nyrhlaryň ýokarlanmagy, haryt gytçylygy we harytlaryň, hyzmatlaryň hiliniň peselmegi bilen ýüze çykýan, pullaryň satyn alyjylyk ukybynyň peselmegidir. Ol milli girdejiniň ykdysadyýetiň bölümçeleriniň, täjirçilik gurluşlaryň, ilatyň toparlarynyň, döwletiň, ilatyň we hojalyk

subýektleriniň arasynda gaýtadan paýlanylmagyna getirýär.

Döwlet girdejileriniň we çykdajylarynyň sazlaşdyrylmaýan, Merkezi bankyň özbaşdak pul-karz syýasatyny geçirmekliginiň mümkinçilikleriniň çäklendirilýän ýerinde puluň hümmetsizlenmägi ykdysady ösüşiň islendik nusgasyna mahsusdyr.

Kähalatlarda, jemgyýetçilik önümini we milli girdejini gaýtadan paýlamaklygyň ähli usullary ulanylandan soň,puluň hümmetsizlenmägi ýüze çykýar ýa-da döwlet tarapyndan ýörite höweslendirilýär.

Puluň hümmetsizlenmäginiň düýpli sebäpleri dolanyşykda, şeýle hem önümçilikde we köplenç ýurtdaky ykdysady hem-de syýasy gatnaşyklar bilen şertlendirilýär.

***Häzirki zamanda puluň hümmetsizlenmägine birnäçe aýratynlyklar mahsusdyr:***

- eger-de ozal puluň hümmetsizlenmägine çäkli häsiýete eýe bolan bolsa, onda häzir köp ugurlydyr;
- eger ol ozal köp ýa-da az döwri öz içine alan bolsa, ýagny döwürleýin häsiýetde bolan bolsa, onda häzir hemişelik häsiýetlidir;
- häzirki zaman puluň hümmetsizlenmesi diňe bir pul faktorynyň täsiri arkaly bolman, eýsem pul däl faktorlar hem oňa täsir edýärler.

**Pul dolanyşygynyň faktorlaryna aşakdakylar degişlidir:**

- ♦ puluň çakdanaşa emissiýasynyň hasabyna dolanyşygyň artykmaç pul serişdeleriniň toplumy bilen doldurylmagy;
- ♦ halk hojalygynyň çendenaşa karzlaşdyrylmagy;
- ♦ milli walýutanyň hümmetini goldamaklygyň hökümet usullary;
- ♦ onuň hereketiniň çäklendirilmegi we beýlekiler.

<u>Puluň hümmetsizlenmägi pul däl **faktorlaryna** aşakdakylar degişlidir:</u>

- ∗ jemgyýetiň üznüksiz önümçiliginiň düzümleýin çaprazlygy bilen bagly;
- ∗ hojalygy alyp barmaklygyň harajatly guraly;
- ∗ döwletiň ykdysady syýasaty;
- ∗ salgyt syýasaty;
- ∗ nyrh syýasaty;
- ∗ daşary ykdysady işi we ş.m.

Bular puluň hümmetsizlenmägi üznüksiz önümçiligiň barşynyň bozulmagy, halk hojalygynyň sazlaşyksyz ösüşi, döwlet syýasaty, emission we täjirçilik banklarynyň syýasaty bilen şertlenilen, çylşyrymly köp faktorly hadysadygyna şaýatlyk edýär.

Faktorlaryň ol ýa-da beýleki toparynyň artykmaçlyk etmegine baglylykda puluň hümmetsizlenmegi **hyrydarlyk** we **harajatlar hümmetsizlenme** diýen iki görnüşe bölünýär.

**Hyrydarlyk hümmetsizlenmäsi** aşakdaky pul faktorlaryna baglydyr.

Ykdysadyýetiň harbylaşdyrylmagy we harby çykdajylaryň artmagy. Harby tehnika gitdigiçe raýatlyk pudaklarynda peýdalanmaga ukypsyz bolýar, netijede harby tehnika garşy durýan pul barabarlygy dolanyşyk üçin artykmaç faktora öwrülýär.

Döwlet býujetiniň ýetmezçiligi we içerki bergileriň artmagy.

Banklaryň karz ekspansiýasy.

Daşyndan gelýän hümmetsizlenme. Bu aktiw töleg balansly ýurtlar tarapyndan daşary ýurt walýutasy satyn alnanda haryt dolanyşygynyň hyrydarlyklerinden artykmaç milli walýutanyň emissiýasydyr.

*Çendenaşa maýalaşdyrmak.* Bu ýagdaýda öndürijilikli maýanyň düzüm bölekleri bazardan hemişe çykarylyp durýar, olaryň ýerine bolsa goşmaça pul barabarlygy gelip durýar.

**Harajatlar hümmetsizlenmesi** aşakdaky pul däl faktorlaryň nyrh emele getirmekligiň barşyna edýän täsiri bilen häsiýetlendirilýär.

*Bahalardaky öňdebaryjylyk.* Pudaklaryň iri kompaniýalarynyň nyrh emele getirmesinde we nyrhlar üýtgedilende öňdebaryjy kompaniýalaryň bellän nyrhlaryndan ugur almasynda ýüze çykýar. Bu kompaniýalar pudaklarda ýa-da sebitleýin bazarda has iri öndürijiler bolup durýarlar.

*Zähmet öndürijiliginiň peselmegi we önümçiligiň aşaklamagy.* Bu ýagdaý senagat taýdan ösen ýurtlarda giňeldilen üznüksiz önümçiligiň umumy şertleriniň ýaramazlaşmagy, ýagny önümçiligiň döwürleýin we

düzümleýin howply ýagdaýlara duçar bolmagy sebäpli ýüze çykýar.

*Hyzmatlar sferasynyň has ösen ähmiýete eýe bolmagy.* Hyzmat ediş sferasynyň ähmiýetiniň artmagy, bir tarapdan, bu sferada zähmet öndürijiliginiň maddy önümçilik bilen deňeşdirilende, has haýal ösmegi, beýleki tarapdan bolsa, umumy harajatlaryň düzmünde zähmet hakynyň udel agramynyň köpdügi bilen düşündirilýär. Hyzmat gurşawynyň önümlerine bolan hyrydarlygyň artmagy bolsa, onuň üzül-kesil gymmatlamagyna getirýär.

*Önüm birligine, aýratynda zähmet hakyna bolan harajatlaryň ösüş depginleriniň çaltlaşmagy.* Häzirki zaman şertlerinde iri kärhanalar zähmet hakynyň ösüşini, zähmet öndürijiliginiň ösüşiniň haýallaýan derejesine çenli peseldip bilmeýärler. Şol bir wagtyň özünde bolsa, nyrh emele gelmegiň ýekemenlik tejribesi iri kompaniýalara nyrhlaryň ösüşiniň çaltlaşdyrylmagy esasynda ýitgileriň öwezini dolmaga mümkinçilik berýär.

*Energetiki gytçylyk* nebitiň we beýleki energiýaserişdeleriň has-da gymmatlamagyna getirýär.

Puluň hümmetsizlenmeginiň ýüze çykmagynyň köpdürli görnüşleriniň barlygyna garamazdan onuň esasy sebäplerinň biri, haryt-pul deňagramlylygyň bozulmagydyr. Bu bolsa, ol ýa-da başga görnüşde pul dolanyşygynyň sferasynda pul toplumy bilen bagly bolýar. Umumy görnüşde anyk nusgalaryň üsti bilen bu ýagdaýa seredip geçeliň. Ýurtda bir ýylyň dowamynda harytlaryň we hyzmatlaryň kesgitli mukdary öndürilýär diýeliň, olaryň umumy göwrümine jemi içerki önüm diýilýär (JIÖ).

**Jemi içerki önüm** belli bir döwürde, adatça bir ýylda, ýurtda öndürilen harytlaryň we hyzmatlaryň umumy mukdarydyr. JIÖ-niň ölçeg birligi ***manatdyr***.

Bu harytlaryň ählisi hyrydarlyk we hödürleme esasynda emele gelýän bahalar boýunça sarp ediş bazarynda ýerlenilýär.

Mysal üçin, bir ýylda 9 görnüşli haryt öndürilýär diýeliň we olaryň mukdaryny hem-de bahasyny aşakdaky 1-nji tablisada görkezeliň.

**1-nji tablisa**

| **№** | **Harydyň ady** | **Ähli harytlaryň mukdar birligi** | **Bir harydyň bahasy, *man.*** | **Ähli harytlaryň umumy gymmaty, *man.*** |
|---|---|---|---|---|
| 1 | A. haryt | 50 | 55 | 2750 |
| 2 | B. haryt | 60 | 70 | 4200 |
| 3 | Ç. haryt | 70 | 60 | 4200 |
| 4 | D. haryt | 80 | 90 | 7200 |
| 5 | E. haryt | 90 | 30 | 2700 |
| 6 | Ä. haryt | 100 | 20 | 2000 |
| 7 | F. haryt | 120 | 15 | 1800 |
| 8 | G. haryt | 140 | 10 | 1400 |
| 9 | H. haryt | 150 | 5 | 750 |
| | **JIÖ-niň umumy gymmaty** | | | **27000** |

Ähli harytlaryň we hyzmatlaryň umumy gymmatyny bilsek, pul toplumynyň zerur mukdaryny hasaplamak kyn däldir.

**$M=V \cdot P \cdot Q$,** **(Alyş-çalyş deňlemesi)**

Bu ýerde,

**M**-dolanyşykdaky puluň mukdary.
**V**-puluň aýlaw tizligi.
**P**- baha.
**Q**- harytlaryň we hyzmatlaryň satuw göwrümi.

Alyş-çalyş deňlemesi, makroykdysady gatnaşyk bolup, oňa Fişeriň deňlemesi diýilýär. Bu deňlemä laýyklykda dolanyşykdaky puluň mukdary bahalaryň derejesine we harytlaryň satuw göwrümine göni baglydyr, puluň aýlaw tizligine bolsa, ters baglydyr. Pul birligi bir ýylda birnäçe (ortaça 10) aýlaw edýär. Onda puluň zerur mukdaryny kesgitlemek üçin 27000 manady 10 aýlawa bölmeli (27000/10). Diýmek sazlaşykly haryt pul dolanyşygy üçin 2700 manat zerurdyr.

Şu nukdaý nazardan puluň hümmetsizlenmäginiň **esasy görnüşlerini** seljerip geçeliň.

Halkara tejribesinde bahalaryň ösüş ululygyna baglylykda puluň hümmetsizlenmägi ***üç görnüşe*** bölünýär:

**Pes hümmetsizlenmek**-bahalaryň ýyllyk ösüş depgini-5-10%-den ýokary däl;

**Çalt ösýän**-bahalaryň ortaça ýyllyk ösüş depgini-10-50 %-e çenli (kähalatlarda 100 %-e çenli);

**Çendenaşa ösýän** - bahalaryň ortaça ýyllyk ösüş depgini-100%-den ýokary bolanda (häzirki wagtda bahalaryň aýlyk ösüş derejesi 50 % bolanda, ony Halkara pul gaznasy çakdanaşa ösýän hümmetsizlenme diýip hasaplaýar).

Puluň hümmetsizlenmäginiň süýşenekleýän görnüşi, ýagny ýylba-ýyl uly bolmadyk, aram hümmetsizlenmek senagat taýdan ösen döwletler üçin häsiýetlidir.

Ösüp barýan ýurtlarda we çakdanaşa ösýän hümmetsizlenme agdyklyk edýär. Puluň hümmetsizlenmäginiň faktorlary, görnüşleri we onuň durmuş ykdysady netijeleri, şeýle hem hümmetsizlenme garşy göreş çäreleri dürli ýurtlarda olaryň ykdysadyýetiniň ösüş aýratynlyklary bilen şertlendirilýär.

Ykdysady şertleri we hümmetsizlenmäniň faktorlary boýunça ösüp barýan ýurtlary şeýle toparlara bölmek bolar.

***Birinji topara*** Latyn Amerikasynyň-Argentina, Braziliýa ýaly döwletlerini degişli edip bolar. Bu ýurtlarda ykdysady deňagramlylyk ýokdur. Döwlet býujetiniň hemişelik ýetmezçiligi höküm sürýär. Içerki syýasatda pul ýasaýan guralyň ulanylmagy we ähli gaznalaryň hemişe ýokarlanmagy mahsusdyr. Daşary ykdysady sferada bolsa milli walýutalaryň hümmetiniň yzygiderli peselmegi duýulýar. Bu ýurtlar üçin býujet ýetmezçiligini maliýeleşdirmek bilen ýüze çykýan we şunuň bilen baglylykda puluň artykmaç emissiýasy netijesinde ýüze

çykýan çakdanaşa ösýän hümmetsizlenme häsiýetlidir. Onuň netijesinde her ýylda pullaryň hümmetsizlenmegi birnäçe müň göterime ýetýär.

***Ikinji topara*** Kolumbiýa, Ekwador, Wenesuela, Birma, Eýran, Müsür, Siriýa, Çili ýurtlary degişlidir. Bu ýurtlarda hem ykdysady deňagramlylygyň ýoklugy, maliýe syýasatynda býujet ýetmezçiligini maliýeleşdirmeklige we karz ekspansiýasyna daýanylýandygy äşgär görünýär.
Puluň hümmetsizlenmägi bu ýurtlarda aýaga galýan çäklerde saklanylýar (bahalaryň ýyllyk ortaça ösüş depginleri 20-40 % aralygynda). Indeksirlemek geçirilýär, işsizlik ýokary derejededir.

***Üçünji topara girýän*** ýurtlaryna Hindistan, Indoneziýa, Päkistan, Nigeriýa, Filippinler, Tailand degişli bolup, ol ykdysady deňagramlylygyň çäkliligi we eksportdan gelýän daşary ýurt walýutasynyň agdyklyk etmekligi bilen häsiýetlendirilýärler. hümmetsilenme 5-20 % aralykda saklanýar, girdejileriň bölekleýin indeksasiýasy geçirilýär, işsizlik, şol sanda onuň ýapyk görnüşiniň derejesi ýokarydyr.

***Dördünji topara girýän*** ýurtlara-Singapur, Malaýziýa, Günorta Koreýa, Birleşen Arap Emirlikleri, Katar, Saud Arabystan, Bahreýn degişli bolup, olarda ykdysady deňagramlylyk ýeterlik derejä eýedir. Hümmetsilenme süýşenekleýän görnüşde saklanýar (1-5 %-e çenli). Bahalaryň ösüşine berk gözegçilik girizilendir. Ykdysadyýet ösen bazar şertlerinde hereket edýär. Hümmetsizlenme garşy çäre hökmünde, esasan, daşary

ýurt walýutasynyň akymy we eksport möhüm orna eýedir. Işsizlik aram derejede saklanylýar.

Ýurtlaryň ***bäşinji toparyna*** ösüp barýan döwletlere deňleşdirilen ozalky sosialistik ýurtlar Hytaý, Polşa, Wýetnam we beýlekiler degişlidir. Bu ýurtlardaky ýagdaý, hümmetsilenmäni hem goşmak bilen olaryň administratiw buýruk beriş ulgamyndan bazar ykdysadyýetine geçmekleri bilen berk baglydyr.

Bu ýurtlarda, birinji topara degişli ýurtlardaky ýaly çakdanaşa ösýän hümmetsizlenmäniň faktorlarynyň arasynda, *birinjiden*, döwlet býujetiniň hemişelik ýetmezçiligini maliýeleşdirmek meselesi, onuň üsti bilen bolsa hümmetsizlenmäniň pul we pul däl faktorlarynyň esasy bölegi; *ikinjiden,* düzümleýin faktorlar (mysal üçin, Braziliýada we Argentinada çakdanaşa ösýän inflýasiýanyň esasy sebäbi çalt peýda getirmeýän agyr senagata maýa goýumlaryň adatdan daşary ösdürilmegi boldy); *üçünjiden,* oba-hojalyk önümleriniň bahalary bilen deňeşdirilende senagat önümleriniň bahalarynyň has çalt ýokarlanmagyny öňe çykardylar.

Hümmetsizlenmäniň düzümleýin faktorlary diňe bir bahalaryň ýokarlanmagyny şertlendirmän, ýagny ”Harajatlaryň hümmetsizlenmesi ” ýagdaýyny döretmän, eýsem ”Hyrydarlyk hümmetsizlenmäniň” ösmegine hem uly täsir edýärler. Bu ýurtlarda önümçiligiň ösüşi bilen içerki bazaryň çäkliliginiň arasyndaky garşylygy, birtarapdan, ýetmezçiligi maliýeleşdirmek (pul ýasaýan gurallaryň könelmegi bilen), beýleki tarapdan bolsa, daşary ýurt karzlaryny artýan möçberlerde çekmeklik arkaly aradan aýyrmaga çalyşýarlar. Netijede, Braziliýa,

Argentina ýaly iri Latyn Amerikasy ýurtlarynda örän uly içerki we daşarky bergiler emele gelýär.

Şol bir wagtyň özünde daşarky berginiň artmagy hümmetsizlenmäniň güýçlenmek meýliniň ýüze çykmagyna getirýär. Ol dollarlaşdyrmak diýlip atlandyrylýar. Bu ýagdaý milli walýuta garanyňda, dollara ýa-da başga bir güýçli walýuta artykmaçlyk berilýändigini aňladýar. Bu bolsa daşary ýurt maýalarynyň akymyny höweslendirmän, gaýtam ýurtdan maýanyň daşary ýurtlara äkidilmegine getirýär.

## 5.2. Puluň hümmetsizlenmägine garşy syýasatyň görnüşleri we usullary

Puluň hümmetsizlenmäginiň ýagdaýyna baglylykda pul dolanyşygyny durnuklaşdyrmagyň esasy görnüşleri bolup, pul reformalary we hümmetsizlenme garşy syýasat çykyş edýär.

**Pul reformalary** metal pul dolanyşygy şertlerinde kümüş ýa-da altyn ülňüde, şeýle hem ikinji jahan urşundan soň, altyn dewiz ýa-da altyn dollar ülňüde geçirilýärdi.

Uruşlardan we rewolýusiýadan soň, ykdysadyýeti dikeltmegiň möhüm ***nullifikasiýa, dikeltmek (restawrasiýa), rewolwasiýa, dewolwasiýa we denominasiýa*** usullarynyň kömegi bilen amala aşyrylýar.

**Nulifikasiýa** has güýçli hümmetsizlenen pul birliginiň aradan aýrylmagynyň we täze walýutanyň girizilmeginiň yglan edilmegini aňladýar.

**Dikeltmek (restawrasiýa)** pul birliginiň öňki altyn mazmunynyň dikeldilmegidir. Mysal üçin, birinji

jahan urşundan soň, 1925-1928-nji ýyllarda Angliýada geçirilen pul reformasy döwürde iňlis funt-sterlinginiň urşdan öňki altyn mazmuny dikeldildi.

Ikinji jahan urşundan soň dikeltmek ýa-da **rewolwasiýa,** dollara bolan resmi walýuta hümmetini ýokarlandyrmak ýoly bilen geçirildi. Halkara walýuta gaznasy bolsa pul birliginiň altyn mazmunynyň ýokarlanandygyny bellige aldy.

**Dewolwasiýa** pul birliginiň altyn mazmunynyň peselmegi, ikinji jahan urşundan soň bolsa ABŞ-nyň dollaryna bolan resmi walýuta hümmetiniň peselmegidir.

**Denominasiýa** ”Nullary aýyrmaklyk” usuly, ýagny bahalaryň ölçeginiň üýtgedilmelidir.

**Hümmetsizlenme garşy syýasat.** Bu hümmetsizlenme garşy gönükdirilen, ykdysadyýeti kadalaşdyrmak boýunça döwlet çäreleriniň toplumydyr. Hümmetsizlenmäniň hyrydarlyk we harajatlar faktorlarynyň özara täsirine jogap hökmünde, hümmetsizlenme garşy syýasatyň ***deflýasion syýasat*** (ýa-da hyrydarlygy sazlaşdyrmaklyk) we ***girdejiler syýasaty*** diýen iki sany esasy ugry emele geldi.

***Deflýasion syýasat*** pul-karz we salgyt guralynyň üsti bilen döwlet çykdajylaryny azaltmak, karza tölenilýän göterim haklaryny ýokarlandyrmak, salgyt basyşyny güýçlendirmek, pul toplumyny çäklendirmek we ş.m. arkaly pula bolan hyrydarlygy çäklendirmekligiň usuludyr. Defolýasion syýasatyň hereket etmek aýratynlygy, onuň düzgün bolşy ýaly, ykdysady ösüşi haýalladýanlygyndadyr. Netijede kynçylykly ýagdaýlaryň ýüze çykmagy hem mümkin. Şonuň üçin 60-70-nji

ýyllarda bu syýasat geçirilende köp döwletler ondan saklandylar ýa-da ýüz öwürdiler.

***Girdejiler syýasaty*** bahalaryň we zähmet hakynyň doly gözegçiligi, olaryň doňdurylmagy ýa-da olaryň ösüşine çäkleriň bellenilmegi bilen ýola goýmaklygy göz öňünde tutýar. Durmuş esaslar boýunça hümmetsilenme garşy syýasatyň bu görnüşi seýrek ulanylýar.

Hümmetsizlenme garşy syýasatyň görnüşleri ileri tutulýan ugurlara baglylykda saýlanylýar. Eger ykdysady ösüşi haýallatmak maksady göz öňünde tutulsa, onda deflýasion syýasat geçirilýär. Eger ykdysady ösüşi höweslendirmek ugry saýlanylsa, onda girdejiler syýasatyna artykmaçlyk berilýär. Haçan-da, nähili hem bolsa, hümmetsizlenmäniň öňüni almak maksady göz öňünde tutulan ýagdaýynda, hümmetsizlenme garşy syýasatyň iki usuly hem utgaşdyrylyp ulanylýar.

***Indeksirlemek*** (doly ýa-da bölekleýin) pullaryň hümmetsizlenmeginiň netijesinde emele gelen ýitgileriň öwezini dolmaklygy aňladýar.

***Gözegçilik edilýän bahalaryň ösüşini saklamaklygyň görnüşleri, birinjiden,***_aýratyn harytlaryň bahalarynyň ”doňdurylmagynda”, ***ikinjiden***, olaryň derejesiniň kesgitlenen çäklerde saklanylmagynda ýüze çykýar. Şuňa meňzeş gözegçilik öňdebaryjy ösen ýurtlaryň ählisinde saklanyp galdy.

Bu gözegçilik ösüp barýan ýurtlar üçin has-da ähmiýetlidir. Ol ýurtlarda hyrydarlyk ödeýiş harytlarynyň durnukly bahasy döwlet subsidiýalary esasynda goldanylýar. Şonuň üçin pes hem bolsa, ilatyň durnukly durmuş derejesi üpjün edilýär. Bu harytlary erkin bazar

esaslaryna geçirmeklik, düzgün bolşy ýaly güýçli sosial kynçylyklar bilen utgaşýarlar.

**Önümçiligi bäsleşikli höweslendirmek** - telekeçiligi göni höweslendirmeklik kärhanalaryň salgytlaryny ep-esli peseltmegi, şeýle hem ilatyň süýşürintgilerini gytaklaýyn höweslendirmek (ilata salynýan salgytlary peseltmek bilen) çärelerini öz içine alýar.

### 5.3. Türkmenistanda puluň hümmetsizlenmegini ýeňip geçmekligiň ýollary

Türkmen döwletine öňki soýuzdan yzagalak tehnika we tehnologiýa, ykdysady ösüşiň pes derejesi, pudaklaryň düzüminiň bölekleriniň çaprazlygy, pes derejeli maliýe-karz ulgamy, býujet ýetmezçiligi, nyrhlaryň yzygiderli ýokarlanmagy ýaly ýaramaz ýagdaýlar miras galypdy. Türkmen döwleti daşary ýurtlara hiç-hili önümi özbaşdak çykaryp bilmeýärdi, ýurduň walýuta gaznasyna gelýän pullaryň möçberi örän ujypsyzdy, kärhanalaryň maliýe ýagdaýy ýaramazdy, olaryň ösýän harajatlary bank karzynyň hasabyna ýapylýardy, karzyň esasy ýörelgeleri (maksadalaýyk ulanylmagy, öz wagtynda yzyna gaýtarylmagy, karzyň üpjünçiligi we töhegliligi) berjaý edilmeýärdi. Bu ýaramaz ýagdaýlaryň netijesinde ýurduň ykdysadyýeti has-da pese düşüpdi, ilatyň ýaşaýyş derejesi örän pesdi. Ýurdumyzda gurulýan durmuş-medeni desgalar galyndy usuly esasynda maliýeleşdirilýärdi, ol öz gezeginde ilatyň ol obýektlere bolan hyrydarlyklaryny kanagatlandyrmakdan örän pesdi.

Şu ýagdaýlary ýeňip geçmeklik türkmen döwletine 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda özbaşdaklygyny gazanmaklygy bilen mümkin boldy. Ýöne Türkmenistanyň öňki SSSR-iň pul giňişliginde galmagy emele gelen çylşyrymly ykdysady meseleleri doly çözmeklige mümkinçilik döretmedi. Sebäbi sözüň doly manysynda Garaşsyzlygy gazanmaklyk üçin milli pulumyzyň dolanyşyga girizilmegi zerurdy. Şonuň üçin ýurdumyzda 1993-nji ýylyň 1-nji noýabryndan milli pulumyzyň dolanyşyga girizilmegi ykdysady ösüşi täze basgançaklara çykarmaklyga mümkinçilik berdi.

Manadyň dolanyşyga girizilmegi, iki derejeli bank ulgamynyň emele gelmegi ýurduň ykdysadýyetini bazar gatnaşyklaryna geçirmeklige giň ýol açdy. Milli puluň dolanyşyga girizilmegi onuň durnuklylygyny üpjün etmäge, hümmetini ýokarlandyrmaga, ykdysady ösüşe täsirini güýçlendirmäge gönükdirilen çäreleri işläp düzmekligi we durmuşa geçirmekligi talap etdi. Bu çylşyrymly ykdysady meseleleri çözmeklik Türkmenistanyň Merkezi bankyna ynanylandyr.

Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň pul dolanyşygynyň kadaly hereket etmegi üçin onuň hümmetini saklamak maksady bilen şu aşakdaky çäreleri geçirmekligi özüniň üns merkezinde saklaýar:

1. Jemi öndürilen önümiň we pul toplumynyň möçberiniň ösüş depginleriniň arasyndaky arabaglanşyk. Türkmenistanyň Merkezi banky pul toplumyny artdyrmak üçin ykdysadyýetiň hakyky böleginiň ösüşi bilen utgaşykly arabaglanşykda alyp barýar. Eger-de, bu arabaglanşyk üpjün

edilmedik ýagdaýynda, puluň hümmetsizlenmegine ýol berilmegi ähtimal.

2. Daşary ýurtlara çykarylýan we olardan getirilýän harytlaryň, has takygy ýurduň daşyna gidýän we daşyndan gelýän haryt we pul akymlarynyň arasyndaky arabaglanşyk. Bu arabaglanşygyň oňaýly bolmagy pul toplumyny artdyrmaklyga esas döredýär. Häzir Türkmenistanyň eksporty importdan iki esse ýokarydyr, geljekde ýurduň daşyna çykarylýan harytlaryň möçberiniň artmagyna garaşylýar.
3. Ilatyň gündelik sarp edýän harytlarynyň öndürilişiniň we ýurduň içerki bazaryny ýerli harytlar bilen üpjün edilişiniň arabaglanşygy. Türkmenistanyň içerki sarp ediş bazarynyň belli bir bölegi häzirki döwürde ýurduň daşyndan getirilýän harytlaryň hasabyna üpjün edilýär. Bu ýagdaýda pul toplumynyň möçberi içerki bazaryň hyrydarlykini kanagatlandyrmaga niýetlenen harytlaryň öndürilişiniň we daşary ýurtlardan getirilişiniň ösüşi bilen arabaglanşykda alnyp barylýar.
4. Döwlet býujetiniň girdeji we çykdajy bölekleriniň arasyndaky arabaglanşyk. Munuň üçin Türkmenistanyň döwlet býujetiniň birinji derejeli girdejileriniň we çykdajylarynyň deň möçberde goýulmagyna, ýagny býujet gyradeňligine puluň hümmetiniň durnukly bolmagyny üpjün edýän wajyp görkeziji hökmünde garalýar.

5. Zähmet öndürijiligi bilen zähmet haklarynyň ösüş depginleriniň arasyndaky arabaglanşyk. Zähmet haklarynyň, pensiýalaryň we döwlet hemaýat tölegleriniň ýokarlanmagy, edara-kärhanalarda giň möçberli işleriň geçirilmegini talap edýär. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak, onuň pudaklaýyn düzüminden gelip çykýan ençeme sebäplere bagly bolup durýan meseledir. Zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak üçin ilkinji nobatda bar bolan önümçilik kuwwatlyklaryny doly güýjünde ulanmak zerurlygy ýüze çykýar.
6. Ministrlikleriň we kärhanalaryň algylarynyň-bergileriniň we maliýe netijeleriniň arasyndaky arabaglanşyk. Häzirki wagtda umumy pul toplumyny ($M_2$) artdyrmaklyga goýberilen pul serişdeleriniň algy-bergileriniň ýapylmagyna ulanylýan wagty az bolmaýar. Şonuň üçin bu mesele Türkmenistanyň Merkezi bankynyň üns merkezinde durýar.
7. Puluň hümmetine, nyrhlaryň durnuklylygyna, esasan hem dolanyşykdaky nagt pullaryň möçberi has-da öz täsirini ýetirýär. Nagt puluň ösüş depgini banklaryň kassa dolanyşygy bilen göniden-göni arabaglanşykdadyr, sebäbi onuň depgini goşmaça puluň (milli manady) dolanyşyga goýberilişine bagly bolýar. Şu nukdaý nazardan, nagt pullaryň dolanyşyga goýberilişine, olary bank kassalaryna çekmeklige Türkmenistanyň Merkezi banky uly üns berýär.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň Merkezi banky we bank ulgamy ýurduň pul birliginiň hümmetini ýokarlandyrmak we onuň ykdysadyýete edýän täsirini güýçlendirmek üçin ähli çäreleri görýärler, ol öz gezeginde özüniň oňaýly netijesini berýär.

Beýik Galkynyşlar we täze özgertmeler eýýamynda manadyň haryt üpjünçiligini ýokarlandyrmak maksady bilen ýurduň ykdysadyýetine goýulýan maýa goýumlaryň möçberi ýylsaýyn köpelýär, telekeçiligi ösdürmeklik üçin ähli zerur şertler döredilýär, halkara söwda-ykdysady gatnaşyklary täze many-mazmuna eýe bolýar. Bularyň hemmesi öz gezeginde ýurdumyzda manadyň denominasiýasyny üstünlikli geçirmeklige we pul aýlanyşygynyň kadaly hereketini ýola goýmaga mümkinçilik berýär.

**Testler:**

**1.** Eger-de nominal girdeji 8% bahalaryň derejesi 10% artýan bolsa, onda real girdeji nähili üýtgär?
   a) 2% artar
   b) 18% artar
   c) 2% kemeler
   d) 18% kemeler
   e) Öňki derejesinde galar

**2.** Puluň hümmetsizlenmägi näme bilen baglanşykly bolup biler?
   a) diňe JMÖ ösmegi bilen
   b) diňe JMÖ kemelmegi bilen
   c) ösüş çeşmelerine baglylykda

d) JMÖ artmagyna ýa-da kemelmegine
e) ähli jogaplar nädogry

**3.** Puluň hümmetsizlenmäginiň çalt ösýän döwründe göterim stawkalar?
a) aşak gaçar, sebäbi pul bahasy kemelýär
b) aşak gaçar, sebäbi iş üpjünçiligiň derejesi kemeler
c) artar, sebäbi puluň bahasy kemelýär
d) artar, sebäbi iş üpjünçiligi kemelýär
e) üýtgemeýär

**4.** Umumy hyrydarlygyň egri çyzygynyň aşak düşmegi nämäniň netijesi?
a) kassa galyndylaryň real netijesi
b) göterim stawkalaryň netijesi
c) daşary ýurtlardan satyn alynýan harytlaryň netijesi
d) ähli jogaplar dogry
e) ähli jogaplar nädogry

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Puluň hümmetsizlenmegi näme ?
2. Harajatlaryň puluň hümmetsizlenmegine edýän täsiri.
3. Hyrydarlygyň puluň hümmetsizlenmegine edýän täsiri.
4. Puluň hümmetzsizlenmeginiň sebäpleri.
5. Puluň hümmetsizlenmeginiň daşarky sebäpleri.
6. Puluň hümmetsizlenmeginiň içerki sebäpleri.
7. Puluň hümmetsizlenmeginiň süýşenekleýän görnüşi.
8. Puluň hümmetsizlenmeginiň aýaga galýan görnüşi.
9. Puluň hümmetsizlenmeginiň dolandyryp bolmaýan görnüşi. (Giperinflýasisiýa).

10. Puluň hümmetsizlenmegine garaşylmadyk ýagdaý.
11. Puluň hümmetsizlenmeginiň garaşylýan ýagdaý.
12. Puluň hümmetsizlenmeginiň açyk görnüşiniň häsiýetleri.
13. Puluň hümmetsizlenmegini düzgünleşdirmek.
14. Puluň hümmetsizlenmegine garşy syýasat.

## Ilatyň pul girdejileri we durmuş syýasaty.

6.1. Ilatyň pul girdejileri we onuň ölçegleri.

Bazar ykdysadyýetine gatnaşýanlaryň girdejileri önümçilik faktorlara baglylykda paýlanýar. (ýer, zähmet, resurslary, telekeçileriň ukyplylygy, ylym.)
Bazar ulgamy ilatyň dürli gatlaklarynyň arasynda pul girdejilerini paýlamakda ep-esli deňsizlikleri döredýär. Şu deňsizlikleri ýeňilleşdirmek üçin Türkmenistan döwletiniň we onuň Prezidentiniň durmuş syýasaty ýoredilýär. Onuň esasy mazmuny ilatyň dürli kategoriýalarynyň arasynda pul girdejileri täzeden paýlamakdan ybaratdyr.

Ilatyň pul girdejisi- diýlip ol hojalyklarynyň belli bir wagt aralygynda (hem-de, aýda) gazalan pul serişdelerine we öndürilen material bähbitleriniň jemine aýdylýar.

Ilatyň pul girdejileri- bu ilatyň pul görnüşinde gazanýan girdejileridir. Işleýän adamlaryň zähmet haky, telekeçileriň girdejileri, pensiýalar, stipendiýalar, dürli kömekler, eýeçilikden göterimler görnüşinde alynýan

girdejiler, rente, edilýän hyzmatlar üçin tölenýän girdejiler, oba hojalyk önümleriniň girdejileri we ş.m.

Natural girdeji- bu öý hojalyklarynyň peýdalanmak üçin öndüren önümleriniň jemi. Ilatyň pul girdejileri nominal we ilatyň ygtyýarlygyndaky girdejiler görnüşinde bolup biler. Nominal girdeji- pul girdejileriniň bahalaryň we salgytlaryň üýtgemeginiň bagly däl derejesini häsiýetlendirýär. Ilatyň ygtyýarlygyndaky girdeji- bu nominal girdejiden salgytlaryň we beýleki borçly tölegleriň aýrylmagynyň jemidir. Ýagny ilatyň ulanýan we aýap saklaýan (gazanç ýygymy) pul serişdeleridir. Ilatyň ygtyýarlygyndaky girdejileriň dinamikasyny ölçemek üçin “real ygtyýarlykdaky girdeji” diýen görkeziji ulanylýar. Bu görkeziji bahalaryň indeksiniň üýtgeýän derejesini hasabata almak bilen kesgitlenýär. Real girdeji – nominal girdejiniň bahalaryň we tarifleriň üýtgemegine hasabata almagyny häsiýetlendirýär.

Zähmet hak – bu dürli kärler-de işleýän işçileriň zähmet hyzmatlarynyň bahasydyr. Bazar ykdysadyýýeti nukdaý nazarynda zähmet hak nominal we real görnüşlerde bolup biler.

Nominal zähmet hak- bu işçileriň belli bir wagt aralygynda ýerine ýetiren işleri üçin alan pul serişdeleriniň jemidir (hepdede, aýda).

Real zähmet hak- harytlaryň bahalaryň tarifleriň hereketini göz öňünde tutmak (hasabata almakda kesgitlenen nominal zähmet hakdyr). Egerde nominal zähmet hak 15% artsa, bahalar 10% artsa onda real zähmet hakyň ösüşi 5% deňdir. Egerde bahalaryň ösüş derejesi nominal zähmet hakyň ösüş derejesinden ýokary bolsa

onda real zähmet hak kemelýär. Ilatyň pul girdejileriniň esasy elementleri bolup (zähmet hak, telekeçileriň ukyplylygyndan alynýan girdejiler, sosial transfertler (pensiýa, stipendiýa) hyzmat edýär.

Operatiw maglumatlaryň görkezmeginde 2006-njy ýylda bir öý hojalygyna düşýän harytlaryň balansy şu aşakdakylardan ybarat.

2006-njy ýylda ilatyň umumy girdejileri 48130,8 mlrd.manada deň boldy, ýagny 2005-nji ýyldakydan 1,3 gezek artykmaç. 2006-njy ýylda ilayň harajatlary 43176,5 mlrd.manada deň boldy, ýagny 2005-nji ýyldakydan 1,2 gezek artykmaç boldy. Şu jemden 27264,0 mlrd.man., ýagny 63,1% harytlary satyn almak we hyzmatlar üçin töleglere ulanyldy. 2006-njy ýylda ilatyň pul girdejileri harajatlardan 4954,3 mlrd. manat ýa-da 11,5 % artykmaç boldy.

Her bir işçiniň orta aýlygy 2504700 manada deň boldy şol sanda dotasiýany hasabata almak bilen.

## 6.2. Döwletiň girdejiler baradaky syýasaty.

Döwletiň girdejiler baradaky syýasaty girdejiler we durmuş tölegleri alýan dürli toparlaryň arasynda salgyt almagy differensirlemek we girdejileri býujetiň üsti bilen täzeden paýlamak bilen meşgullanýandyr. Bu ýagdaýda milli girdejiniň bir bölegi ilatyň ýokary girdejili gatlagyndan pes girdejili gatlagyna geçýär. Dünýäniň ykdysady taýdan ösýän döwletlerinde ilatyň pes girdejili gatlagyny goldaýan durmuş ulgamy döredilýär.

Durmuş transfertler – bu hojalyk işleri bilen häzirki we geçen döwürde baglanyşykly bolmadyk gurupsyz adamlara berilýän pul we natural kömekleriň ulgamydyr.Durmuş transfertleriň mehanizmi - bu ilatyň orta we ýokary gatlakly böleginiň girdejileriň bir bölegini salgytlar görnüşinde almak we işsizlere, maýyplara kömek pullar (dürli kömekler) görnüşinde tölemegi.

Her bir döwlet pul girdejileri paýlamakda nominal zähmet hakyň iň ýokary mukdaryny belleýär.Döwletiň zähmet haky sazlamagynyň ykdysady ähmiýeti zähmet hakyň üýtgemeginiň umumy hyrydarlygyň we önümçilik harajatlaryň üýtgemegine edýän täsiri bilen kesgitlenýär. Bazar ykdysadyýetinde hereket edýän döwletlerde zähmet hakyň iň pes derejesini kesgitlemek döwletiň zähmet haky sazlamagynyň netijeli serişdeleriniň biridir. Beýik Galkynyşlar eýýamynda 2007-nji ýylyň aprel aýyndan bilim edaralaryň işgärleriniň zähmet haklarynyň artdyrylmagy, 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan býujet edaralarynyň işgärleriniň, transfert tölegleriniň 10 % artdyrylmagy hormatly Prezidentimiz ilatyň pul girdejileri baradaky syýasatynyň esasy ugurlarynyň biri boldy.

Bize mälim bolşy ýaly real girdejiniň derejesine puluň hümmetsizlenmeginiň edýän täsirini kesgitlemek üçin harytlaryň we hyzmatlaryň bölekleýin satuw bahalaryň, we alyjylaryň bahalarynyň indeksi ulanylýar.

Pul girdejileri hümmetsizlenmekden goramak esasy meseleleriň biridir. Şu maksat üçin indeksasiýa ulanylýar, ýagny harytlaryň we hyzmatlaryň bahalarynyň ösmegine baglylykda nominal girdejini artdyrmak.

Ykdysadyýetiň durmuş ugurlaryny emele getirmek şu aşakdaky faktorlardan ybaratdyr:

a) Jemgiýetçilik gatnaşyklarynda garyplygyň we jenaýatçylygyň öňüni almak.
b) Ylmy-tehniki rewolýusiýa - esasy hereketlendiriji güýji döredijilik zähmet,(işçileriň hyrydarlyklerini kanagatlandyrylmaýan ýagdaýlarynda manysyz).
c) Ilatyň durmuşynda amatly şertleri döretmek. Döwletiň ykdysady ösüşiniň derejesine baglylykda olaryň hyrydarlyklaryny kanagatlandyrmak.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe durmuş ugurlary döretmek şu aşakdakylardan ybarat:

a) Ykdysadyýetiň düzümini üýtgedýän ýokary kwalifikasiýaly döredijilik zähmetine şertler döretmek (ýagny agyr zähmeti we ekologik taýdan zyýanly önümçiligi azaltmak).
b) Harytlaryň we hyzmatlaryň ýetmezçilik etmeginden olaryň bazarlarda giňden hödürleme edilmegine geçmek.
c) Durmuş goranyşyň netijeli ulgamyny emele getirmek:

1) Işsizligiň derejesini kemeltmek.

2) Döwletiň ätýaclandyryş ulgamyny durmuş goranyş bilen baglanyşdyrmak.

Durmuş syýasaty - bu döwletiň girdejileri paýlamakda deňsizligi ýeňilleşdirmäge gönükdirilen syýasatdyr, bu bazar ykdysadyýetine we beýleki ykdysady ulgamlara mahsusdyr. Döwletiň durmuş ulgamynda esasy roly girdejileriň deň derejede paýlamagy oýnaýandyr.

Biziň belläp geçişimiz ýaly ilatyň girdejilerini täzeden paýlamagyň esasy serişdeleri bolup döwletiň salgyt

ulgamy we transfert tölegler hyzmat edýändir. Ýöne bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe bu görkezijiler çäklenýändir. Birinjiden - döwlet kärhanalaryny hususylaşdyrmak döwletiň girdejileriniň kemelmegine getirýär. Ikinjiden salgyt stawkalarynyň artdyrylmagy ýokary girdejä bolan höwesi kemeldýär. Sebäbi öndürijiler öndürilýän önümleriň we ulanýan maýa goýumlarynyň mukdaryny kemeldýärler. Üçünjiden -durmuş transfertleriň çalt ösmegi zähmete bolan höwesi gowşadýar. Şonuň üçin bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe durmuş syýasatyň esasy maksady ilatyň dürli kategoriýalarynyň arasynda girdejileriň tapawudyny azaltmakdyr.

Döwletiň durmuş syýasaty bazar ykdysadyýetine gatnaşyjylaryň arasyndaky gatnaşyklary durmuş hyzmatdaşlyk formalarynda sazlamakdan ybaratdyr. Ýagny döwletiň, telekeçiler bilen aragatnaşyklary.

Netijeler:

1) Döwletiň girdejiler baradaky syýasaty- girdejileri döwlet býujetiniň kömegi bilen täzeden paýlamakdyr.
2) Ykdysadyýetiň durmuş ugurlary şahsyýeti ösdürmegiň meselelerine boýun bolmak. Ykdysady sferada durmuş adalatlygy saklamak.
3) Durmuş hyzmatdaşlygy - bu ykdysady we durmuş syýasaty gabat getirmekdir. Ylaýtada girdejiler we salgytlar.

### 6.3. Ykdysadyýetiň durmuş ugurlarynyň meselesi.

Dünýä praktikasynda bazar ykdysadyýetinde girdejileriň paýlanşynyň meselelerini öwrenmegiň 2 sany usuly bardyr:

1) girdejiniň funksional paýlanşy;

2) girdejiniň hususy paýlanşy.

Girdejiniň funksional paýlanşy - bu jemgyýetiň umumy girdejileriniň öý hojalyklarynyň ýerine ýetirýän funksiýalaryna laýyklykda paýlanmagydyr.

Jemgyýetiň umumy girdejisi esasan hem zähmet hakdan, renta töleglerden, ssuda göterimlerinden hem-de kärhanalaryň peýdalaryndan ybaratdyr.

Öý hojalyklarynyň girdejileriniň esasy çeşmeleri zähmet hakdyr. Zähmet hak-bu her bir işçiniň işleýän ýerinde onuň ýerine ýetiren işine baglylykda töleýän tölegdir.

Renta tölegleri - bu öý hojalyklarynyň başga bir adamyň ýa-da döwletiň eýeçiliginde bolan resurslary peýdalanany üçin töleýän tölegler (ýer, jaýlar, esasy serişdeler we ş.m.).

Ssuda göterimleri - bu öý hojalyklarynyň gymmat kagyzlardan, depozit hasabatlaryna goýulan goýumlardan alynan girdejiler.

Peýda - bu kärhananyň öndüren önümini satmakdan alan umumy girdejiden önümçilik harajatlarynyň tapawudydyr. Türkmenistanyň öý hojalyklarynyň girdejileriniň çesmesi şu aşakdaky şekilde görkezilendir.

| Görkezijiler | 2000 | 2005 | 2006 |
|---|---|---|---|
| 1.Maşgala agzalarynyň aýlyk haky | 80,1 | 65,8 | 75,3 |
| 2. Pensiýalar, stipendiýalar | 7,6 | 22,1 | 12,7 |
| 3. Hususy hojalyklaryň girdejileri | 4,0 | 4,4 | 5,2<br>6,8 |
| 4. Beýleki çeşmelerden alnan girdejiler | 8,3 | 7,2 | |
| 5. Umumy girdeji | 100 | 100 | 100 |

Girdejiniň hususy paýlanşy bu jemgyýetiň hususy girdejileriniň öý hojalyklarynyň arasynda paýlanmagydyr.

Ilatyň hal-ýagdaýynyň gowulanmagyna seretmezden Galkynyşlar eýýamynda durmuş syýasaty birnäçe ugurlar bilen alnyp barylýar:

1. Ilaty hukuk taýdan goramak we ýaşaýyş jaý bilen üpjün etmek syýasaty.
2. Ilatyň käbir bölegine medisina hyzmatlaryň mugt edilmegi, bilimiň döwlet tarapyndan maliýeleşdirmegi.
3. Ilata gazyň, suwuň, elektrik togunyň hem-de duzuň mugt berilmegi.
4. Türkmenistanyň Prezidentiniň esasy syýasatlarynyň biri bazar şertlerinde ilatyň durmuş ýagdaýyny gowulandyrmak üçin

yzygiderli şertlerde zähmet haky hem-de transfert tölegleri artdyrmagydyr.

Öý hojalyklarynyň gazanan hususy girdejileri şu aşakdaky ugurlar boýunça sarp edilýär:

1. Hususy salgytlar.
2. Harytlary satyn almak üçin edilýän harajatlar.
3. Hususy süýşürintgiler.

Öý hojalyklarynyň bir bölegini döwlete girdejä salynýan salgyt görnüşinde töleýärler. Bu salgytlar öý hojalyklarynyň zähmet hakynyň derejesine baglylykda belli bir % möçberinde tutulýar.

Salgytlary töländen soň öý hojalyklary hususy girdejisini 2 ugra peýdalanýar.

Hususy süýşürintgiler - bu hususy girdejileriň salgytlar töländen soň hem-de harytlar satyn alnandan soň artykmaç galan bölegi diýmekdir.

Süýşürintgi - bu bank hasabatyna, obligasiýalara we aksiýalara goýulýan goýumlar bolup, ondan goşmaça girdeji alynýar.

Öý hojalyklaryň süýşürintgi edilmeginiň esasy sebäpleri “gara günde” özlerini üpjün etmek üçin, ýagny käbir ýüze çykan kyn ýagdaýlarda - kesellände, pensiýa çykanda, çagalaryny okatmak üçin ýa-da öz maşgalasyny doly üpjün etmeklikden ybaratdyr.

Ýöne süýşürintgi edinmek hyrydarlyki hemmelerde ýeterlikli däldir, sebäbi ol pul goýup bilijilik ukybyna baglydyr. Eger-de girdeji örän pes bolsa, onda öý hojalyklary süýşürintgi ediljek pullaryny hem sarp edýärler.

Şunuň bilen süýşürintgeler hem-de sarp ediş harajatlary girdejiniň ölçegine göni baglylykda hereket edýär, ýagny olar näçe girdeji alsalar-da olary süýşürintgi we sarp ediş üçin paýlaýarlar.

Hususy girdejiniň köp bölegi öý hojalyklardan hususy sarp ediş harajatlara görnüşinde yzyna, ykdysadyýetiň önümçilik sektoryna gelýär. Gornüşi ýaly, ýurduň önümçiligiň umumy göwrüminiň masştaby we düzümi esasan sarp edijileriň ölçegine we düzümine baglydyr.

Hususy girdejiniň düzüminde alyjylaryň harytlar üçin peýdalanýan harajatlary daşary ýurtlarda 75-82% deň bolsa, biziň ýurdumyzda ol görkeziji 100%-e deňdir.

Dünýä ykdysadyýetinde öý hojalyklarynyň hususy girdejileri harajatlardan görnüşinde 3 topara bölünýär.

1) Gysga möhletli harytlar üçin edilýän harajatlar.

2) Uzak möhletli harytlar üçin edilýän harajatlar.

3) Hyzmatlar üçin edilýän harajatlar.

Eger harydyň ulanyş möhleti bir ýyla çenli bolsa, onda olar gysga möhletli harytlar hasaplanýar. Bulara iýmit önümleri, egin-eşikler, aýakgaplar we ş.m. degişlidir.

Ulanyş möhleti bir ýyldan ýokary bolan harytlara uzak möhletli harytlar diýilýär. Bulara awtoulaglar, telewizorlar, wideo apparaturalar, sowadyjy enjamlar, kir ýuwujy maşynlar, hususy kompýuterler, mebeller we ş.m. degişlidir.

Hyzmatlar - bu sarp edijilere lukmanlaryň, adwokatlaryň we ş.m. hyzmatydyr.

ABŞ-da ilatyň hususy girdejileriniň ýarysyndan gowragy hyzmatlar üçin sarp edilýär, emma Türkmenistanda bu görkeziji häzirki wagtda örän pesdir.

Öý hojalyklarynyň iýmit önümlerine, geýimlere bolan hyrydarlygy uzak möhletli harytlara bolan harajatlary gös-göni kemeldip biler.

Mysal üçin, öý hojalyklarynyň gysga wagtlaýyn harytlara bolan hyrydarlygy uzak möhletleýin harytlar bolan awtoulaglaryň we beýleki tehniki enjamlaryň könelişmegi bilen kanagat etmeli bolýandygyna alyp barýar. Şeýle hem olar käbir hyzmatlary ulanmakdan hem çekilmeli bolýarlar. Öý hojalyklarynyň hususy girdejilerini harajatlar görnüşinde peýdalanşy hemme ýurtlarda deň däldir. Ol ösen ýurtlar bilen ösüp barýan ýurtlaryň arasynda tapawutlanýandyr. Mysal üçin, Türkmenistanda öý hojalyklarynyň hususy girdejiler paýlanşy we peýdalanşy şu aşakdaky şekildäki düzümden ybaratdyr. Bu ýerde görkezijiler umumy girdejä baglylykda % hasabynda aňladylandyr.

| Görkezijiler | 2000 | 2005 | 2006 |
|---|---|---|---|
| 1. Gysga möhletli harytlar | 63 | 68,2 | 65,3 |
| üçin edilýän harajatlar. | | | |
| Olardan: | 37,2 | 41,3 | 36,7 |
| - iýmit önümleri | 17,7 | 21,7 | 22,8 |
| - aýakgap we geýimler | 8,1 | 5,2 | 5,8 |
| - gaýry harajatlar | | | |
| 2. Uzak möhletli harytlar üçin | 10,2 | 8,3 | 8,9 |
| edilýän harajatlar. Olardan: | 2,1 | 1,5 | 1,0 |
| - awtomobiller | 5,6 | 4,6 | 5,6 |
| - öý hojalyk mebelleri | 2,5 | 2,2 | 2,4 |
| - beýleki harajatlar | 14,4 | 11,1 | 6,7 |
| 3. Hyzmatlar üçin edilýan | | | |
| harajatlar. Olardan: | 9,2 | 6,5 | 3,5 |
| - medisina we indiwidual | 5,2 | 4,6 | 3,2 |
| hyzmatlar | 9,0 | 5,9 | 6,1 |
| - beýleki harajatlar | 5,9 | 6,5 | 13,0 |
| 4. Salgytlar | 100 | 100 | 100 |
| 5. Maýa goýumlary | | | |
| Jemi hususy girdeji | | | |

Şu şekilden görnüşi ýaly Türkmenistanda bazar gatnaşyklaryna geçiş döwründe ilatyň uzak möhletleýin harytlara bolan hyrydarlygy giňelýär. Onuň esasy sebäpleri öý hojalyklarynyň girdejileriniň pes bolmagy, puluň hummetsizlemeginiň derejesiniň ýokarlanmagy we şonuň netijesinde azyk harytlarynyň bahasynyň ýokarlanmagyndan ybaratdyr. Şol bir wagtda hyzmatlar üçin harajatlar hem pese düşýär. Şu görkezijilere

laýyklykda soňky döwürde Türkmenistanda Galkynyşlar zamanasynda hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda, ilatyň durmuş ýaşaýşynyň gowulanýandygyna we olaryň öňüni almak problemasynyň örän uludygyna göz ýetirýäris.

**Testler:**

**1.** Ilatyň pul girdejileri bu.
   a) zähmet hakyň umumy möçberi
   b) maddy baýlyklaryň jemi
   c) öý hojalyklarynyň nominal girdejileriň jemi
   d) öý hojalyklarynyň belli bir wagt aralygynda gazanan pul we maddy baýlyklarynyň jemi

**2.** Ilatyň ygtyýarlygyndaky girdeji bu
   a) nominal girdejiniň jemi
   b) real girdejiniň jemi
   c) natural girdejiniň jemi
   d) ilatyň sarp edýän we süýşürintgi pul serişdeleri

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Ilatyň pul girdejileri barada düşünje.
2. Ilatyň pul girdejileriniň ölçegleri.
3. Ilatyň pul girdejileriniň çeşmeleri.
4. Ilatyň natural girdejileri.
5. Nominal girdeýji.
6. Ilatyň ygtyýarlygyndaky girdeýji.
7. Zähmet haky barada düşünje.
8. Transfert harajatlar  barada düşünje.

9. Nominal zähmet haky.
10. Real zähmet haky.
11. Girdejileriň indeksasiýasy.
12. Nähili esasy faktorlar girdejileriň differensirlenmegini kesgitleýär.
13. Hormatly Prezidentimiziň ilatyň girdejileri baradaky syýasaty.
14. Ykdysadyýetiň durmuş ugurlarynyň meseleleri.

## Türkmenistanyň döwlet býujeti we salgyt ulgamy.

### 7.1. Döwlet býujeti we salgyt ulgamy barada düşünje.

Türkmenistanyň Prezidenti hormatly Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen häzirki döwürde býujet-maliýe syýasaty üýtgedilip gurulýar we barha kämilleşdirilýär. Ykdysadyýetimizi ýokary depginler bilen ösdürmek hem-de ilatyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin öňde goýlan wezipäni çözmekde býujet-maliýe-salgyt-bank ulgamlary düýpgöter täzeden gurnaldy. Ol döwletiň öňünde durýan wezipeleri amala aşyrmak, halkyň durmuş hal-ýagdaýyny gowulandyrmak üçin ykdysadyýeti bazar gatnaşyklary şertlerinde ýokary depginler bilen ösdürmek hem-de beýleki çäreler üçin zerur bolan maliýe resurslary doly we öz wagtynda üpjün etmäge gönükdirildi. Salgyt ulgamlary döwrebaplaşdyryldy.

Türkmenistanyň maliýe ulgamyna: döwlet býujeti, döwlet tarapyndan döredilýän her hili maksatly pul

gaznalary, ýerli maliýe ulgamlary, döwlet kärhanalarynyň, hususy kärhanalaryň maliýesi, maliýe institutlary, ätiýaçlandyryş guramalary, döwlet we bank karzlary we şoňa meňzeşler girýär. Türkmenistanyň býujet ulagamy baradaky kanun býüjet ulgamlaryny dolandyrmagy we onuň hereket etmegini gurmagyň hukuk esaslaryny kesgitleýär. Ähli derejedäki býujetleriň arasyndaky özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär.

Býüjet – munuň özi döwlet häkimiýeti we dolandyryş gurmalary tarapyndan Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly bellenilen tetipde belli bir döwür üçin döredilýän hem-de peýdalanylýan maliýe serişdeleriniň jemidir. Ony berjaý etmek üçin ýörite kanunçylyk iş düzülip we onuň berjaý edilmegini üpjün etmeklige gönükdirilen syýasat alnyp barylmalydyr. Býujet ulgamlary hakyndaky kanunçylyk bellenilen tertipde Türkmenistanyň Döwlet býujetini düzmegiň we ýerine ýetirmegiň düzgünlerinden ybaratdyr.

Büujet ýyly – bu býujet taýýarlanylan maliýe ýylydyr. Maliýe ýyly ýanwar aýynyň 1-nden başlanýar we 31-nji dekabrda tamamlanýar, ýagny býujet ýyly ýylyň başyndan ahyryna çenli aralykda kesgitlenilýär we kalendar ýylyna gabat gelýär.

Býujet-maliýe syýasaty – munuň özi Türkmenistanyň Ýokary Döwlet häkimiýeti we dolandyryş guramalary tarapyndan kesgitlenen Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň sazlaşykly bolmagyny üpjün edýän salgyt, nyrh, pul, karz we walýuta syýasatynyň jemidir.

Döwletiň esasy merkezleşdirilen pul toplumy bolan Döwlet býujetiniň girdejileri, döwletiň maliýe resurslary biziň ýurdumyzda şu çeşmelerden, ýagny:

dürli eýeçilik görnüşdäki kärhanalardan, banklardan hem-de girdejisi bolan raýatlardan alynýan dürli görnüşdäki salgytlardan we ýygymlardan; döwlet býujetiniň düzümindäki maksatly pul toplumlary we döwlet gaznalary üçin geçirilýän serişdelerden hem-de beýlekilerden emele gelýär.

Türkmenistanyň býujetinde beýleki döwletleriň býujetlerine meňzemeýän maksatly pul toplumlary bar. Olar býujetiň 100-den gowrak 80 bölegine golaýyny tutýar. Bu pul toplumlaryny bir ýere jemlemek bilen, olar maksatly ugurlara gönükdirilýär. Ykdysadyýetiň infrastrukturasyny düzýän aýgytlaýjy pudaklaryň ösüşini gönükdirmek maliýe syýasatynyň has esasy ugurlarynyň biridir diýip aýtmak bolar. Döwletiň esasy maliýe meýilnamasy we merkezleşdirilen tertipde emele getirilýän döwlet gaznasy bolan býujetiň möçberi ýurduň ykdysady kuwwatlylygyna baglydyr. Býüjetiň möçber boýunça artmagy ýurduň ykdysadyýetiniň ykdysady kuwwatyna baglydyr. Biziň ýurumyzda jemi içerki önüm örän ýokary depginler bilen ösýär. Bu öz wagtynda kärhanalaryň girdejileriniň artmagyna, şonuň ýaly-da býujete geçirilýän salgytlaryň we ýygymlaryň möçberiniň artmagyna getirýär.

Ýurdumyzyň 2009-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakyndaky (denominirlenen pul birliginde) kanunda 2009-nji ýyl üçin Döwlet býujetiniň girdejileri we çykdajylary boýunça möçberi 58892,2 million manatdyr (öňki pul

birliginde). Býujet II derejeden durýar, şol sanda onuň I derejeli girdejileri we çykdajylary boýunça 11503,0 million manat (öňki pul birliginde) möçberinde kesgitlenildi. Býujetiň galan bölegi maksatly gaznalaryň serişdelerinden ybaratdyr.

Birinji derejeli býujet 2009-njy ýylda, 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 33 göterim ýokarlanandyr. Býujetiň II derejesiniň möçberi bolsa 41 göterim ýokarlanandyr.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallasy bilen, biziň býujetimiz ýurtda amala aşyrylýan reformalaryň we giň möçberli özgertmeler maksatnamalarynyň üstünikli durmuşa geçirilmegine kepil bolar. Her bir welaýatyň, şäherleriň şäherçeleriň, etraplaryň bähbitlerinden ugur alnyp, ýerli býujetler hem hereket edýär. Meselem, olaryň möçberi 4125,2 million manat (öňki pul birliginde) möçberinde tassyklanyldy. Kanunyň taslamasyna laýyklykda, şu ýyl üçin ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmäge göz öňünde tutulan serişdeler 48,8 göterim ýokarlanar. Milli ykdysadyýetimiziň esasy pudaklary bolan energetika, gaýtadan işleýän dokma pudaklary, agrosenagat toplumy, ulag-aragatnaşyk, gurluşyk we beýleki pudaklar örän ýokary depginler bilen öser. Şonuň ýaly-da, syýahatçylygy we sporty ösdürmäge, obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmäge niýetlenen serişdeler ep-esli ýokarlanar.

Şu ýylyň býujetinde ilkinji nobatda raýatlaryň durmuş derejesini ýokarlandyrmaga gönükdirilen möhüm meseleleri çözmäge goýberiljek serişdeler öňki ýyl bilen

deňeşdirilende ep-esli ýokarlanar, ýagny 13 göterim artar. 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, zämet haklar, pensiýalar, talyp haklary we kömek pullary 10 göterim artar.

Her bir döwletiň býujet ulgamy gutaryp gelýän hojalyk ýylynyň ahyrynda döwletiň ykdysady ministrligi hem-de beýleki ýokary guramalary tarapyndan işlenilip düzülip ýokary mejlislerde geljekgi ýyl üçin tassyklanylýar. Döwlet býujeti esasanam döwletiň önümçilik däl sferasynyň dolandyrmak üçin hem-de ilaty transfert harajatlary bilen üpjün etmek üçin gönükdirilendir. Şol sebäpli döwlet býujeti esasanam 2 bölümden ybaratdyr ýa-da Türkmenistanyň býujet ulgamynyň girdejiler we çykdajylar bölümleri.

Döwlet býujetiniň çykdajylar bölümi şu aşakdakylary öz içine alýar:

1. Jemgyýetçilik we hyzmat bölümleri.
    a) bilim jemgyýeti
    b) saglygy saklaýyş
    c) medeniýet
2. Umumy häsiýetli döwlet harajatlary.
    a) döwlet häkimeti
    b) häkimlikler
    c) dolandyryş ugurlary
    d) goranmak – goşun gullugy
    e) jemgyýetçiligi tertip – düzgünden goramak
3. Halk hojalygyna edilýän çykdajylar.
    a) agrosenagat toplumy
    b) gaýry pudaklary pugtalandyrmak
    c) aragatnaşyk

d) merkezleşdirilen
e) adatdan daşary ýagdaýlar üçin goýumlar

4. Daşary ýurt bergileri üzmek üçin çykdajylar.
5. Döwletiň gysga möhletli gaznaçylyk bergileri boýunça tölegler.

Döwlet býujetiň girdejiler bölümi esasanam döwletde hereket edýän salgyt ulgamynyň kömegi bilen döredilýär.

Salgyt ulgamy – bu döwlet býujetiniň harajatlar bölümi bilen baglanyşykda hereket edýär. Döwlet býujetiniň girdejiler bölüminde ýygnalan pul serişdelere hasabat ýylynda doly derejede niýetlenen ugurlary boýunça peýdalanylypdyr. Döwlet býujetiniň girdejiler hem-de harajatlar bölüminiň tapawudy döwlet býujetiniň ýetmezçiligini ýa-da artykmaçlygyny kesgitlemek mümkinçiligini döredýär. Türkmenistanyň 2009-njy ýyl üçin döwlet býujetiniň girdejiler bölümi esasanam döwletde hereket edýän salgyt ulgamynyň kömegi bilen emele gelýär. Döwlet býujetiniň girdejiler bölümine şu aşakdaky salgytlaryň kömegi bilen pul serişdeleri jemlenýär:

1. Salgytlardan we töleglerden býujete gelýän girdejiler
   - ilatdan alynýan salgytlar
   - peýdadan alynýan salgytlar
   - emläk üçin alynýan salgytlar
   - goşmaça baha salynýan salgytlar
   - ýerasty baýlyklary peýdalanýanlygy üçin alynýan salgytlar

- goşmaça tölegler (aksizler)
- döwlet durmuş ätiýaçlyk üçin geçirýän serişdeler
- möhleti uzaldylan bergiler boýunça girdejiler
- pensiýa ätiýaçlandyryş toplumlaryndan çekilýän serişdeler
- gaýry salgytlar we tölegler

2. Toplumlaryň we döwlet gaznalarynyň serişdeleri
   - nebit-gaz toplumy
   - energetika we senagat toplumy
   - agrosenagat toplumy
   - himiýa toplumy
   - ulag we aragatnaşyk, gurluşyk toplumy
   - sarp ediş toplumy
   - banklar we ätiýaçlandyryş kompaniýalary.
3. Durmuş tölegleri – kärhanalaryň durmuş üpjünçiligi zähmet hak üçin tölegleri.
4. Emläk boşandan alynýan salgytlar (miras galdyrylýan sowgatlar).
5. Harytlar we hyzmatlar üçin salgytlar (goşmaça gymmat üçin salgytlar).

Döwlet tarapyndan alynýan salgytlar merkezi we ýerli býujete barýar. Döwletiň salgytlarynyň düzümi şu aşakdakylardan ybarat:

- hususy girdeýji üçin salgyt
- korporasiýalar, firmalaryň peýdalary üçin
- durmuş wznoslary
- goşmaça gymmata salynýan salgyt
- gümrük paçlary
- gaýry salgytlar

Dünýä tejribesinde salgytlary tölemegiň ýörelgeleri şu aşakdakylardan ybarat:

1. Salgyt stawkalarynyň derejesi salgyt töleýänleriň mümkinçiligine (girdejiniň derejesine baglylykda) bellenilmeli.
2. Girdejiler üçin alynýan salgytlar birmeňzeş häsiýetde bolmalydyr.
3. Salgyt tölemek hökmany borçlar bolmalydyr.
4. Salgyt almagyň usuly ýönekeý, düşünikli bolmaly.
5. Salgyt ulgamy döwletiň jemgyýetçilik syýasy üýtgemelerine baglylykda üýtgäp durmaly.
6. Salgyt ulgamy UMÖ paýlamakda uly rol oýnamaly.

Salgyt bazalary we ýeňellikleri dünýäniň köp döwletlerinde alynýan salgytlaryň jemine salgyt bazalary diýilýär. Käbir ýagdaýlarda girdejilerden alynýan salgytlara salgyt alynýan peýda diýilýär. Bu görkeziji salgyt alynýan umumy girdeýjiniň we salgyt ýeňillikleriniň tapawudydyr.

Salgyt ýeňillikleri kesgitlenen kanun aktlarynyň netijesinde belgilenýär, olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

a) Salgyt alynmaýan obýektleriň iň az mukdary
b) Käbir adamlary (iş weteranlaryny, uruş weteranlaryny) salgytlardan boşatmak
c) Salgyt stawkalarynyň azaldylmagy
d) Salgyt karzlary bermek (belli bir wagt aralygynda salgydyň mukdaryny kemeltmek we tölemezlik).

Ýurdumyzyň 2009-njy ýyl üçin döwlet býüjeti hakyndaky kanunda, 2009-njy ýylda Döwlet býüjetiniň

girdejiler we çykdajylar boýunça möçberi 58892,2 mln. Manatdyr (Denominirlenen pul birliginde).

Döwlet býujetiniň harajatlar bölüminden 2009-nji ýylda jemgyýetçilik we durmuş hyzmatlary üçin göýberilen pul serişdeleriň mukdary 18124340 manada deň bolupdyr. Şol sanda bilim ulgamy üçin 80770171 manat, saglygy saklaýyş üçin 2586306 manat, umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary üçin harajatlar 6290956 manat pul serişdeleri ulanylypdyr.

Başgaça aýdanymyzda 2009-njy ýylyň dowamynda Türkmenistanyň döwlet býujetiniň girdejiler bölümine şu aşakdaky salgyt çeşmeleri boýunça pul serişdeleri ýygnalypdyr:

- goşulan gymmatdan alynýan salgyt – 15273250 manat
- döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirimler – 4490500 manat
- aksizlerden alnan girdeji – 5095300 manat
- peýdadan alnan salgyt – 11863650 manat
- ilatdan alynýan salgytlar – 2338350 manat

## 7.2. Türkmenistanyň 2009-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda.

Beýik Galkynyşlar we özgertmeler zamanasynda, milli ykdysadyýetimizde gazanylan ýokary netijeler bilen birlikde, hormatly Prezidentimiziň iň gymmatly zadyň adamdygyny ykrar etmegi ýagny, “Döwlet adam üçin” diýen şygary biziň gadymy topragymyzyň däplerine laýyklykda, ynsanperwer döwletimiziň baş maksady bolan

halkymyzyň durmuş – ýaşaýyş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmak hem-de ykdysadyýeti kämilleşdirmek wezipeleri öňümizde goýýar. Bu meseleleri öňaýly çözmekde, şeýle hem ykdysadyýetiň ösüşini çaltlandyrmakda we döwletiň maliýe serişdelerini has netijeli dolandyrmakda, esasy orun Döwlet býujetine degişlidir. Şol sebäpli hem, döwlet býujetiniň gerimini öňküden-de giňeltmek, göz öňünde tutulan serişdeleriň býujete öz wagtynda gelip gowuşmagyny gazanmak hem-de olaryň maksada laýyk we netijeli ulanylmagyny üpjün etmek esasy wezipe bolup durýar.

Şu sebäplerden ugur alyp, 2009-njy ýylyň Döwlet býujetiniň taslamasyny düzülende, oňa jogapkärli çemeleşilip, netijeli usullaryny peýdalanmaga çalşyldy.

Türkmenistanyň “Býujet ulgamy hakyndaky” kanunyna, şeýle hem Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň görkezmelerine laýyklykda, 2009-njy ýylyň Döwlet býujetiniň taslamasyny öňkülerden tapawutlylykda birinji , ikinji derejeli aýratynlykda işlenip düzüldi.

Şeýle hem, Döwlet býujetiniň netijeliligini ýokarlandyrmagy gazanmak üçin, pudaklaryň serişdelerini ykdysadyýeti sazlaşykly ösdürmeklige doly peýdalanmak maksady bilen, seljermeler geçirilip, bar bolan mümkinçilikleri doly ulanmak göz öňunde tutuldy.

Türkmenistanyň 2009-njy ýyl üçin Döwlet býujetiniň taslamasy “Türkmenistany durmuş - ykdysady taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamasynyň we beýleki Döwlet bähbitli maksatnamalaryň esasynda işlenip taýýarlandy. Bu

taslamada Türkmenistanyň Prezidentiniň alyp barýan öňden görüjilikli parasatly syýasaty, ýurdy ykdysady taýdan özgertmek we halkyň hal ýagdaýyny gowulandyrmak baradaky hem-de häzirki günde ilatyň ösýän maddy we ruhy hyrydarlyklerini kanagatlandyrmaga mümkinçilik berýän anyk görkezmeleri öz beýanyny tapdy.

Döwlet býujetiniň işlenip düzülen bu taslamasy, ýokarda agzalan wezipeleri çözmeklikden ugur alnyp, jemleşdirilen (konsolidirlenen) görnüşde hasaplandy we ol iki sany esasy bölekden, ýagny:

- Salgytlaryň, tölegleriň we gaýry girdejileriň gelmekligini hem-de olary býujete saklanýan ulgamlaryň çykdajylaryny maliýeleşdirmäge gönükdirmekden;
- Döwlet býujetine geçirilýän salgytlary we tölegleri nazara almazdan, öz girdejileriniň hasabyna döreýän hem-de pudaklaryň önümçilik dolanşygyny, ykdysady özgerşlikleri goldamaklygy, maýa goýum taslamalaryny maliýeşdirmekligi üpjün edýän Döwlet gaznalarynyň we toplumlarynyň serişdelerinden ybarat bolup durýar.

Döwlet býujetiniň taslamasy ministrlikleriň, pudagara dolandyryş edaralarynyň hem-de häkimlikleriň gatnaşmagy esasynda we olaryň delillendirilen hödürlemelerini hem-de 2009-njy ýylyň Döwlet býujetiniň garaşylýan netijelerini nazara almak bilen taýýarlanyldy. Şeýle-de bu taslama pudaklary dolandyrmaklygy kämilleşdirmekligiň, önümçiligi ösdürmekligiň hem-de bar bolan serişdeleri tygşytlamaklygyň netijesinde, iş

haklarynyň, talyp haklarynyň we tölegleriň 2009-njy ýylyň 1-nji martyndan başlap, göz öňünde tutulýan iki esse ýokarlandyrmasy hasaba alnyp düzüldi.

# TÜRKMENISTANYŇ 2009-NJY ÝYL ÜÇIN DÖWLET BÝUJETI

(mln. manat)

| | 2008 ýyl takyklanan | 2009 ýyl | Ara tapawudy | |
|---|---|---|---|---|
| | | | jemi | %-de |
| **GIRDEJILER** | | | | |
| ***SALGYTLARDAN GELÝÄN GIRDEJILER (BÝUJETIŇ I DEREJESINIŇ GIRDEJILERI)*** | ***43 011 599*** | ***57 515 100*** | ***14 503 501*** | ***133,7*** |
| Ilatdan alynýan salgytlar | 2 027 580 | 2 338 350 | 310 770 | 115,3 |
| Peýdadan alynýan salgyt | 12 230 498 | 11 863 650 | -366 848 | 97,0 |
| Emläk üçin salgyt | 648 688 | 746 600 | 97 912 | 115,1 |
| Goşulan baha üçin salgyt | 9 788 247 | 15 273 250 | 5 485 003 | 156,0 |
| Ýerasty baýlyklardan peýdalanmak üçin salgyt | 7 916 701 | 14 598 400 | 6 681 699 | 184,4 |
| Goşmaça tölegler (aksizler) | 2 314 012 | 5 095 300 | 2 781 288 | 2 es. |
| Döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasyna geçirmeler | 3 877 440 | 4 490 500 | 613 060 | 115,8 |
| Beýleki girdejiler | 4 208 433 | 3 109 050 | -1 099 383 | 73,9 |
| ***GAZNALARYNYŇ SERIŞDELERI (BÝUJETIŇ II DEREJESINIŇ GIRDEJILERI)*** | ***168 067 542*** | ***236 945 745*** | ***68 878 203*** | ***141,0*** |
| Nebit-gaz we himiýa toplumy | 104 967 580 | 161 174 900 | 56 207 320 | 153,5 |
| Energosenagat toplumy | 1 709 286 | 1 900 125 | 190 839 | 111,2 |
| Gurluşyk toplumy | 1 530 388 | 2 155 990 | 625 602 | 140,9 |
| Agrosenagat toplumy | 21 163 442 | 22 345 070 | 1 181 628 | 105,6 |
| ş. s. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 2 099 523 | 2 667 610 | 568 087 | 127,1 |
| Ulaglar we aragatnaşyk toplumy | 8 985 793 | 9 124 510 | 138 717 | 101,5 |
| Ilatyň ulanýan harytlaryny öndürýän we söwda toplumy | 6 593 916 | 8 276 085 | 1 682 169 | 125,5 |
| Banklar we ätiýaçlandyryş guramalary | 5 795 391 | 3 272 665 | -2 522 726 | 56,5 |
| Durmuş meseleleri toplumy we toplumlara girmedikler | 3 178 788 | 3 070 465 | -108 323 | 96,6 |
| şol sanda: | | | | |
| Aşgabat şäher Häkimliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 25 000 | 27 500 | 2 500 | 110,0 |
| Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 282 682 | 220 000 | -62 682 | 77,8 |
| Altyn asyry ösdürmegiň döwlet gaznasy | 576 358 | 738 140 | 161 782 | 128,1 |
| Türkmenistanyň ätiýaçlyk daşary ýurt puly gorunyň serişdeleriniň hasabyna maýa goýumlary | 13 566 600 | 24 887 795 | 11 321 195 | 183,4 |
| **GIRDEJILERIŇ JEMI** | **211 079 141** | **294 460 845** | **83 381 704** | **139,5** |

| | 2008 ýyl takyklanan | 2009 ýyl | Ara tapawudy | |
|---|---|---|---|---|
| | | | jemi | %-de |
| **ÇYKDAJYLAR** | | | | |
| ***BÝUJET ULGAMYNYŇ ÇYKDAJYLARY (BÝUJETIŇ I DEREJESINIŇ ÇYKDAJYLARY)*** | ***43 011 599*** | ***57 515 100*** | ***14 503 502*** | ***133,7*** |
| ***DURMUŞ WE JEMGYÝETÇILIK HYZMATLARY*** | ***16 043 398*** | ***18 124 340*** | ***2 080 942*** | ***113,0*** |
| Bilim | 7 373 186 | 8 070 171 | 696 984 | 109,5 |
| Saglygy goraýyş | 2 237 235 | 2 586 306 | 349 072 | 115,6 |
| Medeniýet | 619 213 | 717 245 | 98 032 | 115,8 |
| Döwlet durmuş üpjünçiligi | 4 329 005 | 4 835 217 | 506 212 | 111,7 |
| Ýaşaýyş jaý jemagat hojalygy | 1 484 760 | 1 915 402 | 430 642 | 129,0 |
| ***UMUMY HÄSIÝETLI DÖWLET HYZMATLARY*** | ***5 918 370*** | ***6 290 956*** | ***372 586*** | ***106,3*** |
| Döwlet häkimiýet we dolandyryş guramalary | 957 368 | 1 137 885 | 180 517 | 118,9 |
| Goranmak we serhetleri goramak | 2 995 666 | 3 101 258 | 105 591 | 103,5 |
| Jemgyýetçilik tertibi we howpsuzlyk | 1 965 336 | 2 051 813 | 86 477 | 104,4 |
| ***HALK HOJALYGYNA ÇYKDAJYLAR*** | ***13 324 831*** | ***19 029 805*** | ***5 704 974*** | ***142,8*** |
| Agrosenagat toplumy | 895 776 | 2 032 842 | 1 137 066 | 2,3 es. |
| Beýleki pudaklar | 296 254 | 360 301 | 64 047 | 121,6 |
| Merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlary | 12 132 800 | 16 636 662 | 4 503 862 | 137,1 |
| *Möhleti soňa süýşürilen daşary ýurt bergileriniň hasabyna ýerine ýetirilýän işler* | *600 000* | *570 000* | *-30 000* | *95,0* |
| ***Döwlet býujetiniň ätiýaçlyk serişdeleri*** | ***7 125 000*** | ***1 500 000*** | ***-5 625 000*** | ***21,1*** |
| ***Durnuklaşdyryş goruna geçirmeler*** | ***0*** | ***12 000 000*** | ***12 000 000*** | |
| ***GAZNALARYNYŇ ÇYKDAJYLARY (BÝUJETIŇ II DEREJESINIŇ ÇYKDAJYLARY)*** | ***168 067 542*** | ***236 945 745*** | ***68 878 203*** | ***141,0*** |
| Nebit-gaz we himiýa toplumy | 104 967 580 | 161 174 900 | 56 207 320 | 153,5 |
| Energosenagat toplumy | 1 709 286 | 1 900 125 | 190 839 | 111,2 |
| Gurluşyk toplumy | 1 530 388 | 2 155 990 | 625 602 | 140,9 |
| Agrosenagat toplumy | 21 163 442 | 22 345 070 | 1 181 628 | 105,6 |
| ş. s. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 2 099 523 | 2 667 610 | 568 087 | 127,1 |
| Ulaglar we aragatnaşyk toplumy | 8 985 793 | 9 124 510 | 138 717 | 101,5 |
| Ilatyň ulanýan harytlaryny öndürýän we söwda toplumy | 6 593 916 | 8 276 085 | 1 682 169 | 125,5 |
| Banklar we ätiýaçlandyryş guramalary | 5 795 391 | 3 272 665 | -2 522 726 | 56,5 |
| Durmuş meseleleri toplumy we toplumlara girmedikler | 3 178 788 | 3 070 465 | -108 323 | 96,6 |
| şol sanda: | | | | |
| Aşgabat şäher Häkimliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 25 000 | 27 500 | 2 500 | 110,0 |
| Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň maksatlaýyn ýörite serişdeleri | 282 682 | 220 000 | -62 682 | 77,8 |
| Altyn asyry ösdürmegiň döwlet gaznasy | 576 358 | 738 140 | 161 782 | 128,1 |
| Türkmenistanyň ätiýaçlyk daşary ýurt puly gorunyň serişdeleriniň hasabyna maýa goýumlary | 13 566 600 | 24 887 795 | 11 321 195 | 183,4 |
| **ÇYKDAJYLARYŇ JEMI** | **211 079 141** | **294 460 845** | **83 381 705** | **139,5** |

Girdejiler.

Ýokarda görkezilen maglumatlara baglylykda 2009-njy ýylda Türkmenistanyň 1-nji derejeli Döwlet býujetiniň umumy girdejileri 294460845 manada möçberde göz öňünde tutulyp, ol 2008-nji ýyldaky bilen deňeşdirilende 83381704 manat ýa-da 39.5 % artýar.

Ýokarda görkezilen Döwlet býujetiniň umumy girdejilerinden, salgytlardan, býujete geçirilýän beýleki girdejilerden geljek serişdeleriň möçberi 57515100 manada barabar bolupdyr.

Döwlet býujetiniň esasy girdejileriniň köpelmegi, ozaly bilen önümleri (işleri, hyzmatlary) öndürmegiň, olary daşary ýurtlara çykarmagyň, hususan-da tebigy gazy satmaklygyň artmagy bilen düşündirilýär. Girdejiler ýeňillikler baradaky kabul edilen çözgütleri göz öňünde tutmak bilen kesgitlenildi.

2009-njy ýylyň Döwlet býujetiniň taslamasynda nebit-gaz toplumyna degişli kärhanalaryň esasy salgytlaryndan we töleglerinden geljek girdejileriniň möçberi 161174900 manada barabar bolup, ol 2008-nji ýyldaky bilen deňeşdirilende 56207320 manat ýa-da 53.5 % köpdür. Bu esasan hem, 2009-njy ýylda çykaryljak tebigy gazyň şol sanda onuň eksport edilmeginiň hem-de nebit bilen gaz kondensatynyň satylýan mukdarynyň artdyrylmagy göz öňünde tutulanlygy sebäplidir.

Bu toplum boýunça girdejileriň iň köp möçberi "Türkmengaz" Döwlet konserniniň paýyna düşýär. Onuň esasy bölegi bolsa ýerasty baýlyklardan peýdalanandygy üçin (14598400 manat), goşulan baha salynýan (15273250 manat), peýdadan alynýan (11863650 manat) salgytlardan

durýar. Emläge salynýan salgytdan bolsa 746600 manat girer. 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende umumy konsern boýunça býujeti tölegler 1.2 esseden hem gowrak artar.

Energetika we senagat ministrligi boýunça öndürilýän önümiň we işleriň hyzmatlaryň möçberinden ugur alnyp düzüldi. Bu ýagdaýda Döwlet býujetine gelýän girdejiler 1900125 manat möçberinde göz öňünde tutulýar.

Agrosenagat toplumynyň kärhanalary boýunça salgytlaryň hem-de tölegleriň 2234507 manadyň býujete girmekligi göz öňünde tutulýar.

Sarp ediş toplumyna degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary boýunça, 2009-njy ýylda salgytlaryň geçirilýän tölegleriň möçberi 8276085 manada barabar bolup, 2008-nji ýyla garanyňda, býujete 1682169 manat ýa-da 25 % serişdäniň artyk gelmegine garaşylýar.

Ulag toplumy boýunça býujete salgytlar we tölegler boýunça gelmeli girdejiler 9124510 manat bolup, ol 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 138717 manat ýa-da 1.5 % köpeler. Bu esasan hem edilýän işleriň we hyzmatlaryň möçberiniň “Tükmenminerallary” dolandyryş edarasy boýunça aragatnaşyk ministrligi boýunça köpelmeginiň hasabyna bolar.

Gurluşyk toplumyna degişli ministrlikler we dolandyryş pudaklaýyn edaralary boýunça 2009-njy ýylda salgytlaryň we tölegleriň 2155990 manat möçberi býujete gelmegi göz öňünde tutulýär. Umuman, toplum boýunça esasy salgytlar we tölegler 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 625602 manat ýa-da 40.9 % köpeler.

Ýokarda agzalan serişdelerden başga-da, Döwlet býujetiniň jemleşdirilen görnüşde düzülenligi sebäpli, onuň girdejiler böleginde Döwlet gaznalarynyň hem-de toplumlarynyň serişdeleri hasaba alyndy.

2009-njy ýylyň Döwlet býujetinde Döwlet gaznalarynyň hem-de toplumlarynyň serişdeleri 236945745 manat möçberde göz öňünde tutulyp, olaryň 68 % ýagny 161174900 manady nebit-gaz toplumy, 9,43 %-ini (22345070 manat) agrosenagat toplumy, 3,85 % (9124510 manat) ulag we aragatnaşyk toplumy, gurluşyk toplumy, 0,9 % (2155990 manat) energosenagat toplumy; 0,8 % (1900125 manat) we beýleki ulgamlardyr gaznalar tutýar.

Çykdajylar.

Türkmenistanyň 2009-njy ýylda Döwlet býujetiniň umumy çykdajylary 294460845 manat göz öňünde tutulyp, ol 2008-nji ýyldaky bilen deňeşdirilende 83381705 manat ýa-da 39,5 % artar.

Ýokarda görkezilen Döwlet býujetiniň umumy çykdajylaryndan býujetden maliýeleşdirilen ulgama 57515100 manat barabar serişde göýberilip, ol 2008-nji ýylyň Döwlet býujeti bilen deňeşdirilende 14503502 manat artykdyr ýa-da 33,7 % köpelýär.

Býujet ulgamynyň umumy çykdajylarynda durmuş maksatly ulgama gönükdirilýän serişdeleriň tutýan orny 31,51 %-e barabardyr. Bu bolsa býujetiň halkymyzyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmaga gönükdirilýändiginiň şaýatnamasydyr.

Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň Türkmenistanyň halkynyň hal ýagdaýyny gowulandyrmak

barada alyp barýan ynsanperwerlikli syýasaty netijesinde hem-de onuň bu babatda beren görkezmelerine laýyklykda, býujetden maliýeleşdirilýän ulgamdaky serişdelerden peýdalanýan raýatlara, 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, zähmet haklaryny we beýleki tölegleri 10 göterim ýokarlandyrmak göz öňünde tutuldy.

2009-njy ýylda býujetden bilim edaralaryna 8070171 manat serişde göýbermek göz öňüne tutulýar, bu bolsa 2008-nji ýylyň derejesinde 696984 manat ýa-da 9,5 % köpdür. Çykdajylaryň artmagy esasan hem, 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan göz öňünde tutulýan zähmet haklaryň 10 göterim ýokarlanmagy bilen baglydyr.

Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň Galkynyşlar eýýamynda we özgertmeler zamanasynda amala aşyrýan ykdysady reformalaryna laýyklykda bilimiň milli ulgamyna hil taýdan täze derejä, has takygy dünýä ülüňlerine laýyk gelýän hünärmenleri taýýarlamak üçin öňde goýýan wezipeleri durmuşa geçirmek ilatyň ruhy, ylmy-medeni we hünär mümkinçiliklerini ýokarlandyrmak, ösüp gelýän ýaş nesil türkmeniň beýik geçmişine guwanmak, öz halkyna wepaly, Watana çäksiz söýgi ruhunda terbiýelemek we bilim edaralarynyň maddy tehniki taýdan gowulandyrmagyny üpjün etmek üçin ýokarda göz öňünde tutulýan serişdeler gönükdiriler.

2009-njy ýylda býujetden saglygy goraýyşa 2586306 manat möçberde serişde göýbermek göz öňünde tutulýar, bu bolsa 2008-nji ýylyň derejesinden 349072 manat ýa-da 15,6 % artykdyr.

Çykdajylaryň köpelmegi, keselleriň öz wagtynda öňüni almak we olary kesgitlemek, maşgala hyzmat

ýörelgesi boýunça ilkinji saglygy goraýyş kömegini giňeltmek çärelerini güýçlendirmek esasda ilata edilýän hyzmaty hil taýdan ýokary derejede guramak barada öňde goýlan wezipeleri durmuşa geçirmek maksady hem-de medisina işgärleriniň zähmet haklaryny ýokarlandyrmak bilen baglanşyklydyr.

Saglygy goraýyş pudagynyň gurluşyny kämilleşdirmek bilen birlikde, hyzmatlaryň çägini giňeltmek we beýleki çäreleri geçirmek göz öňünde tutulýar.

Geljek ýylda döwlet durmuş üpjünçiligi ulgamyna 4835217 manat göýbermek göz öňünde tutulýar, ýagny ol 2008-nji ýyldaky derejeden 506212 manat ýa-da 11,7 % artykdyr.

2009-njy ýylyň býujetiniň çykdajylaryndan gönükdirilýän serişdelerden umumy häsiýetli döwlet hyzmatlary üçin 6290956 manat göýbermek, ol 2008-nji ýyl bilen deňeşdireniňde 375586 manat ýa-da 6,3 % artar.

Býujet ulgamy boýunça döwlet häkimiýeti we dolandyryş edaralaryny saklamak üçin gönükdirilýän serişdeleri 1137885 manada barabardyr.

Döwlet býujetinden goranyş we serhetleri goramak üçin 3101258 manada, jemgyýetçilik tertibini, howpsuzlygy üpjün etmek üçin bolsa 2051813 manada barabar serişde gönükdiriler. Göz öňünde tutulýan serişdeler goşunyň we hukuk goraýjy edaralaryň gündelik işlerini, olaryň maddy-tehniki şertlerini berkitmegi üpjün eder.

Halk hojalygyny maliýeleşdirmeklige 2009-njy ýylyň býujetinde 19029805 manat göýbermek göz öňünde tutulýar.

Agrosenagat toplumyny ösdürmäge 2032842 manat serişde göýbermek göz öňünde tutulýar. Görkezilen serişdeler esasan hem hormatly Prezidentimiziň agrosenagat toplumynda geçirilmeli reformalary we beýleki maksatlar üçin niýetlenendir.

2009-njy ýylyň Döwlet býujetinde merkezleşdirilen düýpli maýa goýumlar üçin 16636662 manat ýa-da 2008-nji ýylyň derejesinden 4503862 manat artyk serişde gönükdirmek göz öňünde tutulýar. Bu serişdeleriň hasabyna ilatyň hal-ýagdaýyny gowylandyrmak bilen baglanşykly maksatnamalar gurluşyklar we desgalar amala aşyrylar.

Türkmenistanyň hormatly Prezidentiň ykdysadyýetiň ösdürilmegini güýçli depginlerde üpjün etmek üçin maýa goýum serişdeleriniň yzygiderli ösdürilmegi we onuň netijeliligini gazanmak barada alyp barýan syýasatyna laýyklykda, 2009-njy ýylda ähli çeşmeleriň hasabyna Awaza milli syýahatçylyk zolagy, sport olimpiýa şäherçesi birnäçe durmuş we önümçilik zerurlykly desgalaryň gurluşygyny maliýeleşdirmek göz öňünde tutulýar.

Mysal:

Eger-de döwletiň harajatlary-500 deň bolsa salgyt funksiýasy T=0,4 Ygörnüşde, transfertleriň funksiýasy F=0,2 görnüşde, bahalaryň derejesi P=0,1. Önümçiligiň real mukdary 2000, potensial mukdary 2500 deň bolsa:

a) D.B saldosy polojitel bolup bilermi.
b) D.B ýetmezçiligi nähili ululyga deň bolar.
ç) D.B sikilleýin ýetmezçiligi näme deň bolar.

Çözgüt

a) D.B saldosy D.B harajatlar we girdejiler bölüminiň deňeşdirilmegi bilen kesgitleýär.

D.B Har= döwlet harajatlar we hyz.satyn almagy(G) + transfertler(F) + döwletiň bergileri üçin harajatlar. ( DxR)= 500+0,2x2000+0,1x1000=500+400+100=1000

D.B girdejiler= salgytdan gelýän serişdeler(T) = 0,4 x 2000=800

D.B hakyky ýetmezçiligi= 1000-800=200

b) DB düzümleýin ýetmezçiligi önümçiligiň potensial derejelerini hakyky derejesiniň ýerine goýmak bilen hasaplaýar.

Düz.ýetmezçiligi=500+0,2x2500+0,1x1000-0,4x2500=100

ç) D.B sikilleýin ýetmezçilgi DB hakyky ýetmezçiliginden düzümleýin ýetmezçiligini aýyrmagyň netijesinde kesgitlenýär=200-100=100

Mysal

Ykdysadyýet şu aşakdaky görkezijiler bilen çäklenýär: Göterimleriň real stawkasy 3% deň, real JMÖ ösüş depgini 7% deň bergi gatnaşyklary/ JMÖ-50%, döwlet býüjetiniň başlangyç ýetmezçiligi JMÖ-den 5%. Döwletiň bergileriniň we JMÖ gatnaşygynyň artýandygyny ýa-da kemelýändigini kesgitlemeli.

Çözgüt

Hasaplamak üçin şu aşakdaky baglanşygy peýdalanmaly.

Δ Bergi/JMÖ= Bergi/JMÖ x (% real stawkasy- real JMÖ ösüş depgini)- (döwletiň bergileriniň başlangyç mukdarynyň JMÖ artykmaçlygy)

Bu ýagadaýda Δ Bergi/ JMÖ = 0,5(0,03-0,07)-(-0,05)=0,03 ýa-da 3%

Ýagny D bergileri bilen /JMÖ gatnaşygy 3% artýar.

**Testler:**

1. Döwlet býüjetiniň girdejileri emele gelýär:
   a) Döwletiň bergileri üçin tölenýän göterimleriň hasabyna
   b) Salgytlaryň hasabyna
   c) Zaýomlaryň hasabyna
   d) Transfert tölegleriň hasabyna
2. Býüjet harajatlaryna näme degişli?
   a) Döwlet zaýomlary
   b) Pul emissiýasy
   c) Transfert tölegleri
   d) Salgyt tölegleri
3. Döwletiň bergileri bu
   a) Döwletiň harajatlarynyň jemi
   b) Býüjet ýetmezçiligi
   c) Goranmak üçin harajatlar
   d) Býüjet ýetmezçiliginden býüjet artykmaçlygyny aýyrmak

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Türkmenistanyň döwlet býujetiniň düzümi.
2. Türkmenistanyň döwlet býujeti barada düşünje.

3. Döwlet býujetiniň girdejiler bölümi.
4. Döwlet býujetiniň çykdajylar bölümi.
5. Býujet ulgamy barada düşünje.
6. Ýerli häkimleriň býujeti.
7. Döwlet býujetiniň funksiýalary.
8. Býujet ýetmezçiligi.
9. Býujet ýetmezçiliginiň döremegi.
10. Döwlet býujetini maliýeleşdirmegiň usullary.
11. Döwletiň bergileri.
12. Döwletiň içerki bergileri.
13. Döwletiň daşarky bergileri.
14. Döwletiň bergileriniň öwezini dolmagyň usullary.

## Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň derejesi.

### 8.1.Türkmenistanyň ykdysady ösüşi barada düşünje.

Her bir döwletiň ykdysady potensialy bardyr. Ykdysady kuwatlylyk diýmek-döwlet önümçiliginiň tehniki derejesi, öndürýän önümleriň mukdary, hil düzümi, hem-de döwlet derejesinde ýygnalan maýa goýumlardyr.

Döwlet ykdysady kuwatlylygyny häsiýetlendirmek üçin birnäçe görkezijiler ulanylýar:
a) Umumy tehniki önüm.
b) Umumy milli önüm.
ç) Milli baýlyk.

Döwletiň ykdysady kuwwatlylygyna baha bermek üçin ony daşary ýurtlaryň ykdysady kuwatlylygy bilen düşündirmek gerek.

Döwletiň ykdysady kuwwatlylygyny deňeşdirmekde ýalňyşlar göýbermezlik üçin şu aşakdaky düzgünlere seredip geçmelidiris:

a) Deňeşdirilýän görkezijiler bir ýylyň ýa-da döwrüň maglumatlary bilen çäklenmegidir.

b) Deňeşdirilýän görkezijiler milli walýutanyň satyn alyp bilijilik ukybyny göz öňünde tutmak bir walýutada kesgitlenmelidir.

Döwletiň milli baýlygy-bu döwletiň çäginde jemgyýetçilik zähmetiniň netijesinde öndürilen we ýygnalan material gymmatlyklarynyň jemidir.

Döwletiň milli baýlygynyň ösüşi şu aşakdakylardan ybaratdyr:

a) esasy önümçilik fondlary (jaýlar, desgalar, maşynlar, enjamlar, transport serişdeleri);

b) esasy önümçilik däl fondlar(ýaşaýyş jaýlar,okuw jaýlary, sosial üpjünçilik, senagaty saklaýyş, medeniýet, sungat, sport we ş.m);

ç) önümçilik sferasyndaky maddy we aýlanyşyk serişdeler;

d) önümçilik, ätiýaçlyk we hyzmat sferasyndaky ätiýaçlyklar we ätiýaçlyklar;

e) döwlet ätiýaçlyklaryndaky önümçilik serişdeleri we ulanylýan zatlar;

f) ilatyň uzak wagtlaýyn ulanýan zatlary(möhleti 1 ýyldan artyk).

Milli baýlygyň görkezijileriniň üýtgeýän topary:bahalar hem-de döwletiň daşary ýurtlarda ýaşaýan raýatlaryň baýlygy. Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň derejesini görkezýän görkezijiler şu aşakdakylardan ybarat:

1) Ilatyň baş sanyna düşýän umumy içerki
önüm ,U.M.O we milli girdeji.

2) Milli ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümi.

3) Ilatyň baş sanyna öndürilyan esasy önümler (ayratyn pudaklaryň ösüş derejesi).

4) Ilatyň durmuşynyň hil derejesi.

5) Ykdysady netijeliligiň görkezijileri.

Ilatyň durmuşynyň hil derejesi şu görkezijiler bilen häsyetlendirilyär.

a) zähmet resurslarynyň derejesi (halkyň bilim derejesi, her adam başyna niyetlenen esasy imitler, her 10 müň adama düşyän talyplaryň sany ).

b) hyzmat ediş sferanyň ösüşi (10 müň ? düşýän yarawsyzlaryň krowatlary , ilatyň yaşäýyş jaylary üpjün edilişi).

Ykdysady netijeliligiň görkezijileri .

Ykdysady netijeliligiň görkezijileriň döwletiň aylanyşyk we esasy fondlaryň peydalanylşyny, zähmet resurslaryň derejesini kesgitlemek.

Ykdysady netijeligiň görkezijileri şu aşakdakylardan ybarat.

a) Umumy halk hojalygy we onuň pudaklary boýunça zähmet öndürijilik .

b) Y.U.Ö. ýa-da önümiň aýratyn görnüşleriniň birligine ulanylan maýa goyumlar.

w) Esasy fondlaryň birligine fond gaýtaryp berijilik .

g) Y.U.Ö. ya-da önüminiň görnüşiniň maddy işeňňirligi.

Ykdysady netijeliligiň görkezijileri bir –biri bilen baglanşykly bolup,olara dürli faktorlar täsir edýär.
Mysal: Zähmet öndürijilik :
a) tehnika we tehnologiýa
b) işçi güýçli güýçleriň hili (hünäri,saglyk ýagdaý we ş.m.)
ç) hyrydarlygyň mukdary .
d) aýlanşyk fondlaryň hili
c) döwletiň sazlamagy
d) döwlet derejesinde maýa goýumlary we resurslary paylamak .

Ýörite barlaglarda yzygiderli maglumatlarda bäsdeşlik ukybýný görkezýan görkezijiler giňden görkezilýär:
1)önüm birliginiň harajatlarýň düzüminde zähmet hakýň udel agramy .
2)işçi güyçler üçin normalaşdyrylan harajatlaryň udel agramy (adam –sagat);
3) umumy harajatlaryň derejesi goşmaça gymmatyň elementleri bilen
4) senagat harytlaryň manat bahasynyň deňeşdirilmegi.
5) daşary ýurtlara goýberilýän harytlarynyň bahalarynyň deňeşdirilmegi.

Türkmenistanyň dünýä bazarlaryna gatnaşmagynda derejesi şu görkezijileriň kömegi bilen düşündirilýär:

a) daşary ýurtlara göýberilýän harytlaryň kwotasy we olaryň J.I.Ö., J.M.Ö. düzümi;
b) eksport edilýän harytlaryň düzümi;
c) import harytlaryň düzümi;
d) dünýä söwdasynda Y.U.O., Y.M.Ö. udel agramy.

Döwletiñ ykdysady ösüşine daşary ýurtlara göýberilýän maýa goýumlaryñ uly täsiri bardyr.

a) daşary ýurt inwestisiýalarda maýa goýumlaryñ udel agramy we olaryñ milli baýlyga bolan gatnaşygy.
b) döwletiñ daşary ýurtlardaky maýa goýumlarynyñ döwletiñ çäginden daşary ýurt maýa goýumlary bilen gatnaşygy.
w). Y.U.Ö. we Y.M.O. düzüminde döwletiñ daşarky bergileri.

8.2. Türkmenistanyñ ykdysady ösüşiniñ düzüminiñ üýtgemegi.

Ykdysady ösüşiñ häsiýetnamasy we dinamikasy ykdysadyýetçileriñ we syýasatçylaryñ üns berýän esasy soraglarynyñ biridir. Jemgiýetiñ ykdysady ösüşi – bu öndürji güýçleriñ önümçilik gatnaşyklaryñ önümçiligi giñeltmek, ewalýusiýasydyr: Ykdysady ösüşiñ dinamikasynyñ görkezijileri köp dürlidir we şu aşakdaky toparlardan ybarat.

a) ykdysady ösüşiñ Y.U.Ö. Y.M.Ö. kömekçi bilen kesgitlemek (aýratyn gurallar, harytlar, hyzmatlar).
b) milli ykdysadyýetiñ pudaklaýyn düzümi.
w) ilatyñ her bir jan sanyna öndürlen esasy önümleriñ mukdary.

g) halkyñ durmuşynyñ derejesi we hili.
c) ykdysady netijeligiñ görkezijileri.

Makroykdysady derejede ykdysady ösüşiñ dinamikasyny şu görkezijiler kesgitleýär.

1) J.I.O. J.M.Ö. we M. G. Ösüşi.
2) J.I.Ö. J.M.Ö. we M.G. ilatyñ jan başyna, öndurilişiniñ ösüş depgini.
3) Ilatyñ jan sanyna öndürlen senagat önümleriñ ösüş depgini.

Ykdysady ösüşiñ faktorlary: ykdysady ösüş birnäçe faktorlaryñ kömegi bilen üýtgeýär we kesgitlenýär. Ylymda giñden üç faktor ýaýrandyr. Ýagny önümiñ bahasyny emele getirmäge gatnaşýan faktorlar zähmet, ýer, maýa goýumlar.

- zähmet (zähmet resurslaryñ mukdary we hili)
- ýer (tebigy resurslaryñ mukdary we hili) we olardan alynýan aýlanşyk fondlaryñ netijeliligi.
- maýa goýumlar (tehnalogik derejede hasabata alnan esasy serişdeler).

Goşmaça görkeziji - telekeçiligiñ ukyplygy.

Ynha şu bize öñden belli faktorlar, ösüş faktorlar diýip, atlandyrylýar. Ýone olar ykdysady ösüşe seljerme berende başga manyny berýär.

Ykdysady ösüşiñ faktortlary ozara baglanşyklydyr, şol sebapli her faktoryñ udel agramyny ykdysady ösüşiñ düzümini kesgitlemek kyndyr. Mysal: Her bir faktor birnäçe elementden ybaratdyr. Bu faktoryñ kömegi bilen dürli toparlar emele gelýär.

Içerki we daşarky faktorlar.(mysal: döwletiñ häzir ykdysadyýetinde ulanylýan maýa goýumlar döwlet

çäginde öndürilýän we daşardan getirilýän topara bölünýär. Faktortlaryñ toparlara bölünmegi ösüşiñ häsiýetine bagly bolup biler we hil, mukdar, görnüşinde bolup biler. Ykdysady ösüşiñ ekstensiw faktorlaryna şu aşakdakylar degişlidir:
a) ulanylýan tehnologiki derejesini üýtgetmän maýa goýumlaryñ mukdaryny artdyrmak.
b) önümçilige gatnaşýan işçileriñ sanyny artdyrmak.
c) önümçikikde ulanylýan resurslaryñ mukdaryny artdyrmak (çig mal, ýangyç,energiýa).
Intensiw faktorlar:
a) ylmy-tehniki progressiñ ösüşini çaltlandyrmak(täze tehnikany-tehnologiýany önümçilige ornaşdyrmak,esasy fondlary täzelemek);
b) işçileriñ kwalifikasiýasyny artdyrmak;
c) esasy we aýlanşyk fondlaryñ peýdalanyşyny gowulandyrmak;
d) önümçiligiñ guramaçylygyny gowylandyrmak bilen onuñ netijeligini artdyrmak.

Ykdysady ösüşi gazanmak üçin ykdysadyýetçiler ykdysady ulgamda önümçiligiñ kuwatlylygyny, faktorlaryny esasy diýip hasaplaýarlar.

Ykdysady ösüş döwri tarapyndan şu aşakdaky faktorlaryñ kömegi bilen sazlanyp biler:
-ylmy-tehniki progressiñ we ylmy barlaglaryñ ösüşini höweslendirmek.
-döwlet býüjetinde esasy işgärler tarapyndan taýýarlamak we täzeden taýýarlamak üçin,harajatlary artdyrmak.
-salgyt ulgamyny täzeden guramak.

Halk hojalygy çylşyrymly ulgam bolup, onda köp sanly makroykdysady elementler özara baglanşyklydyr.Şol elementleriñ gatnaşygy ykdysady ösüşiñ, düzümini emele getirýär. Ykdysady nazarýet ykdysady ösüşiñ düzüminiñ netijelerini,kriteriýalaryny işläp düzdi we ony düzüm netijeligi diýip, atlandyryldy. Ykdysadyýetiñ düzümi köp görnüşlidir we oña dürli nukdaý nazardan seljerme berip biler. Ykdysadyýetiñ durmuş pudaklaýyn daşary söwda,üznüksiz önümçilik düzümleri özara tapawutlandyrylýar.

Durmuş düzüm – bu telekeçiligiñ dürli görnüşdäki hukuk we guramaçylyk formalarynyñ özara gatnaşygydyr.

Pudaklaýyn düzüm - bu halk hojalygynyñ arasyndaky özara gatnaşykdyr.

Soñky ýyllaryñ içinde pudaklaýyn düzümiñ üýtgemegi Türkmenistanda aktual ähmiýete eýe boldy.

Üznüksiz önumçiligiñ düzümi - bu hojalyklaryñ, kärhanalaryñ ykdysady ösüşiniñ netijeligiñ arasyndaky baglanşyk.

Olar şu aşakdakylardan ybarat:

a) jemgyýetçiligiñ üznüksiz önümçüliginiñ bölümleriñ arasyndaky gatnaşyk;

b) sarp etmek we ýygnamagyñ arasyndaky gatnaşyk;

c) ykdysady fondlaryñ esasy ähmiýetleriñ arasyndaky gatnaşyk.

Üznüksiz önümçiligiñ düzüminde çig mal önümlerini öndürýän we olaryñ hereket etmegine mümkinçilik döredýän ykdysady ulgamyň arasyndaky deñ ölçeglilik esasy roly oýnaýar-ýagny infrastruktura diýip atlandyrylýar, ol üç topara bölünýär:

1) maddy önümçiligine hyzmat edýän pudaklar.(demir we gara ýollary,energiýa,gaz,suw üpjünçiligine tebigaty goramak desgalar);
2) önümçilik amallrda bir amaly bilen baglanşykly pudaklar;
3) umumy profesional bilim jemgyýetleri,saglygy saklaýyş we ş.m.

Sebitleýin düzüm-döwletiň çäginde işçi güýçleriň ýerleşdirilşini kesgitleýär.

Ol elektrik togy bilen üpjün etmegi rasional ýerleşdirmegi, zähmet resurslaryň sany ýaly görkezijilere seredip geçeliň. Daşary söwdanyň düzümi- bu her bir pudagyň daşary ýurtlara satmak üçin öndürilýän önümiň mukdary bilen baglanşygy.

Ykdysady düzüme täsir edýän faktorlar:

1) eksport kuwwatlylyk- pudaklaryň daşary ýurtlar üçin öndürilýän önümleriň ösüşini çaltlandyrmak we olaryň daşary bazarlarda bäsdeşlik ukyplygyny artdyrmak;
2) içerki bazarlarda pudagyň öndürlen önümine bolan hyrydarlygyň artmagy;
3) daşary ýurtlardan alynýan resurslaryň (çig mal,energiýa) gymmatyny iň pes dereje ýetirmek;
4) söwda balansynda ýetmezçilik edýän harytlaryň ýerini doldyrmak.Netijede Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň düzümi täzeden döretmek esasy meseleleriň biridir.
   1. Döwlet kärhanalaryny hususylaşdyrmak uly we kiçi kärhanalary, fermer hojalyklary almak (sosial düzümi üýtgetmek).

2. Ilatyň talap edýän,peýdalanýan harytlaryny öndürýän pudaklara üns bermek, harby goranyşy berkitmek (pudaklaýyn düzümi üýtgetmek).
3. Döwletiň ykdysadyýetini ösdürmek üçin, dürli maksatnamalary kabul etmek, ykdysady reformalary geçirmek pudagyň arasynda resurslary deňagramlykda paýlamak, ýetmezçilik edýän maýa goýumlary daşary ýurtlardan alnan (düzümgeýin ösüşiň üýtgemegi).

**TESTLER:**

1. Ösen döwletlerde ykdysady ösüşiň sebäbi bu.
   a) iş wagtyň artmagy.
   b) Önümçilik tehnologiýalrynyň üýtgemegi.
   c) Ulanylýan kapitalyň artmagy
   d) Işçi güýçleriň kwalifikasiýasynyň artmagy.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Türkmenistanyň ykdysady ösüşi barada düşünje.
2. Ykdysady ösüşe täsir edýän faktorlar.
3. Ykdysady ösüşi kesgitleýän görkezijiler.
4. Jemi içerki önüm.
5. Jemi milli önüm.
6. Milli girdeji.
7. Intensiw ösüş.
8. Ekstensiw ösüş.
9. Milli ykdysadyýetiň pudaklaýyn düzümi.
10. Ilatyň baş sanyna öndürilýän esasy önümler.
11. Ilatyň ýaşaýyşynyň hil derejesi.

12. Ykdysady ösüşiň düzümleýin üýtgemegi.
13. Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň pudaklaýyn düzümi.
14. Ilatyň durmuş ýagadaýy bilen ykdysady ösüşiniň arasyndaky baglanyşyk.

## Ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan sazlanmagy

### 9.1. Ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan sazlanmagynyň aýratynlyklary.

Ähli döwletlerde ykdysadyýet döwlet tarapyndan sazlanlýandygy bize mälim, ýöne bazar ykdysadyýeti şertlerinde administratiw-buýruklaýyn ykdysadyýet döwlet tarapyndan köp sazlanýar. Döwletiň ykdysadyýeti sazlanmagy – bu ykdysadyýetiň döwletiň doly ygtyýarly we jemgyýetçilik guramalary tarapyndan sazlanmagydyr.

Bazar ykdysadyýetiň ösmegi bilen ykdysady we durmuş meseleleri, diňe bir hususy eýeçiligiň kömegi bilen çözmek kynlaşdy. Mundan başgada düşöwüntli we düşöwüntsiz maýa goýumlaryň ulanmagy, umumy hojalyk bidüzgünçilikler işsizligiň derejesiniň artmagy, pul aýlaşygyň kynlaşmagy, dünýä bazarlarynda bäsdeşligiň ýitileşmegi döwletiň ykdysady syýasatyny ýüze çykarýar.

Ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan sazlanmagynyň obýektleri we onuň maksady – bu halk hojalygynyň pudaklary, sebitler durmuş-ykdysady ösüşiň şertleri, ýüze çykan ykdysady meseleler, olaryň şu günki günde we geljekde çözülmegi, ykdysadyýetiň normal şertlerde

hereket etmegine we durmuş durnuklylygy saklamaga kömek edýär.

Ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan sazlanmagynyň (YDS) esasy obýektleri:

- ykdysady sikl;
- hojalyklaryň sektorlaýyn, pudaklaýyn, sebit düzümi;
- maýa goýumlary ýygnamagyň şertleri;
- iş meşgullanma;
- pul serişdeleriň aýlanyşygy;
- töleg balansy;
- bahalaryň derejesi;
- bäsdeşligiň şertleri;
- işleýänler we iş berýänleriň arasyndaky gatnaşyklar (durmuş gatnaşyklar) hem-de durmuş üpjünçilik;
- kadrlaryň taýýarlygy we täzeden taýýarlanmagy;
- tebigaty gorap alan gurşaw;
- daşary ykdysady gatnaşyklar.

Ýokarda sanalyp geçilen obýektler dürli häsiýetlerde bolup biler we makroykdysady amallary öz içine alýar (maýa goýumlaryň ýygnalmagy, döwlet derejesinde, pudaklarda, çäkleýin toplumlarda olaryň arasyndaky gatnaşyklar, telekeçiler birleşigi we arkadaşlar guramalarynyň arasyndaky gatnaşyklar).

Döwletiň hojalyk konýukturasyny (bahalaryň, önümçiligiň derejesi we ş.m.) sazlamak – ykdysady krizisler şertlerinde, ykdysadyýetiň pese düşýän ýagdaýlarynda harytlara, hyzmatlara bolan hyrydarlyki,

maýa goýumlary, iş meşgullanmany höweslendirmek, hususy we döwlet eýeçiligine goşmaça maliýe ýeňillikleri bermek, inwestisiýalar üçin döwlet harajatlary artdyrmak.

Ykdysadyyeti pudaklaryň, sebitleriň düzüminde sazlamak – her bir önümçiligiň pudagyny maliýe taraplaýyn höweslendirmek ylmy-tehniki taraplaýyn üpjün etmek, pudaklaryň bäsdeşlik ukybynyň netijeligini ýokarlandyrmak.

Maýa goýumlaryň ýygnalmagyny sazlamak – bazar ykdysadyýetinde maýa goýumlaryň önümçiligi, peýdalylygyny eýelemek hojalyk işleriniň esasy maksatlarynyň biridir. Maýa goýumlary goşmaça höweslendirmek (inwestirleri) bilen pudaklaryň, sebitleriň guramalary ykdysady sikle we ykdysady düzüme täsir edip biler.

Iş meşgullanmany sazlamak – bazar ykdysadyýeti nukdaý nazarynda işçi güýçleriň hödürleme edilmegini we olara bolan hyrydarlygyň mukdaryny goldamak (zähmet öndürjilik bilen zähmet hakyň ösüş depgininiň arasyndaky baglanyşyk.

Pul serişdeleriniň aýlanyşygyny sazlamak – ýagny puluň hümmetsizlenmägine garşy göreş. Töleg balansyny sazlamak – bazar ykdysadyýetinde hereket edýän döwletlerde töleg balansy operatiw we strategik tarapdan sazlanýar ýagny eksport we importa, maýa goýumlaryň hereketine, milli walýutanyň hümmetiniň ýokarlanmagyna we peselmegine, söwda şertnamalar sýýasaty, halkara ykdysady integrasiýa gatnaşmak. Esasy obýektleriň biri bahalary sazlamak. Bahalaryň düzmi we dinamikasy ykdysadyýetiň ýagdaýyny kesgitleýär, şol wagtda bahalar

hojalyklaryň düzümine, maýa goýumlara milli walýutanyň durnuklylygyna, durmuş ýagdaýa täsir edýär.

YDS obýektleri çözülýän meseleleriň derejesine baglylykda tapawutlanýar: bu köp basgançakly (iýerarhiýa) firmalaryň, pudaklaryň, sebitleriň, ykdysady sektorlaryň (senagat, oba hojalyk) derejesi.

YDS maksatlary – bu döwlet derejesinde ykdysady we durmuş durnuklylygy saklamak döwletiň gurluşyny berkitmek ykdysady üýtgeýän şertlere öwrenişmek. YDS esasy maksady şu aşakdaky toparlara bölünýär:

a) ykdysady sikli deňagramly saklamak;
b) pudaklaryň we sebitleriň hojalyk düzümlerini kämilleşdirmek;
c) gurşap alan gurşawy gowulandyrmak we ş.m.

YDS gurallary – administratiw we ykdysady görnüşde bolup biler.

Administratiw gural – bu goşmaça maddy höweslenmeler, maliýe zyýançylyklary bilen baglaşykly däldir. Ol ykdysady kanunlaryň ýerine ýetirilişine, gözegçilik edýär. Bazar ykdysadyýeti gowy ösen döwletlerde bu gural giňden ulanylmaýar.

Ykdysady gural – bu pul karz we býujet syýasatyna bölünýär. Onuň esasy subýekti bolup döwlet sektory hyzmat edýär. Esasy ykdysady gurallar:

a) hasabat stawkalaryny sazlamak (merkez banklaryň işi);
b) merkezi banklarda saklanýan minimal ätiýaçlyklarynyň mukdaryny belgilemek we üýtgetmek;

c) döwlet edaralarynyň gymmat kagyzlary satylýan bazarlarda geçirýän amallary.

Bu gurallaryň kömegi bilen döwlet maliýe bazarlarynda hyrydarlygyň we hödürlemäniň gatnaşygyny üýtgedýär. Döwletiň hojalyklaryň ykdysadyýetini sazlamagy býujet syýasatynyň kömegi bilen amala aşyrylýar. Döwlet býujeti bu merkezi hökümetiň we ýerli häkimleriň girdejileri we harajatlarydyr. Döwletiň býujetiniň harajatlar bölümini emele getirýän görkezijiler salgytlardyr.

YDS-da esasy maýa goýumlary amortizasiýasyny hasapdan aýyrmak uly rol oýnaýar. bazar ykdysadyýeti şertlerinde maýa goýumlaryň hasapdan çykarylmagy şu aşakdaky görnüşlerde bolup biler:

- goşmaça (haçanda amortizasiýa töplegleriň jemi maýa goýumlaryň esasy bahasyndan artykmaç bolmagy;
- ýörite (önümçiligi işlerini gowylandyrmak üçin wagtlaýyn amortizasiýa tölegleri artdyrmak);
- öňünden (maşynlar, desgalar işe başlamanka amortizasiýa hasapdan çykarmak).

Ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan sazlanmagyň iň ýokary görnüşleriniň biri ykdysady maksatnamalaşdyrmak.Maksatnamalaryň obýektleri bolup pudaklar, sebitler, durmuş sfera, ylmy barlaglaryň dürli ugurlary hyzmat edip biler.

Maksatnamalaşdyrmak adaty we adatdan daşary görnüşde bolup biler.

Adaty – bu umumy ykdysady meýilnama bolup 5 ýyllyk düzülýär. Ýöne her ýyl düzediş berilýär .

adatdan daşary maksatnamalar kritiki ýagdaýlarda taýýarlanylýar (puluň hümmetsizlenmäginde, işsizligiň artmagynda).

Ykdysady meýilnamalaşdyrmagyň subýektleri bolup meýilnamalary düzýän we olary ýerine ýetirlişine hyzmat edýän döwlet edaralary degişlidir. meýilnamalar ýörite döwlet guramalary tarapyndan taýýarlanylýar.

Ykdysadyýetiň bahalar mehaniziminiň kömegi bilen sazlanmagy: bahalar durmuş we syýasy durmuşyň esasy görkezijileriniň biridir. Sebäbi ol alyjylar bilen satyjylaryň arasyndaky esasy ykdysady mehanizmdir. Sebäbi bahalar puluň hümmetsizlenmägine garşy göreşmek, dünýä bazarlarynda milli bäsdeşlik ukyplylygyny ösdürmek durmuş garşylyklary ýeňilleşdirmek ýaly meseleri çözýär.

YDS – şu aşakdaky tapgyrlardan ybaratdyr:

1) hususy maýa goýumlary öndürmek, salgytlar söwda, zähmet, durmuş ösüş barada umumy halk üçin ýakymly kanunlary çykarmak, pul serişdeleriniň durnuklylygyny saklamak üçin gümrükhana syýasatyny ýöretmek;
2) hojalyklarda pul-karz, býujet serişdelerini peýdalanmak üçin barlaglary geçirmek;
3) pudaklarda, sebitlerde maksatnamalary düzmekligiň orta çaltlykdaky görnüşlerini ulanmak;
4) umumy döwlet we döwletara maksatnamalary özara maslahatlaşmak.

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek barada düşünje.
2. Ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň usullary.
3. Ykdysadýeti düzgünleşdirmegi mehanizmi.
4. Ykdysadyýeti düzgünleşdirýän subýektleri.
5. Hojalyk gyzyklandyrmalary ýöredijiler.
6. Ykdysadyýetiň düzgünleşdirilýän obýektleri.
7. Ykdysady gyzyklandyrmalary ýerine ýetirijiler.
8. Ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň maksatlary.
9. Ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň instrumentleri.
10. Döwletiň ykdysady maksatnamalary.
11. Döwletiň ykdysadyýeti bahalar mysalynda düzgünleşdirmegi.
12. Ykdysadyýetiň döwlet tarapynda düzgünleşdirmeginiň tapgyrlary.

## Bazar ykdysadyýetine geçmegiň konsepsiýalary.

Buýruk beriji ulgamyň dargamagy bilen ykdysadyýetiň administratiw-buýruklaýyn ulgamy häzirki zaman bazar ykdysadyýetine geçip ugrady. Ykdysadyýetçiler ykdysadyýetde geçiş döwür birnäçe ýyllar dowam edýär diýip çaklaýarlar. Sebäbi GDA döwletleriniň köp böleginde ykdysadyýetiň iki elementi hereket edýär: administratiw we bazar ulgam. Nazarýet we tejribelik ykdysadyýete geçiş döwrüniň birnäçe meselelerini çözmeginiň ugurlaryny kesgitledi. Bu sosialistik ykdysadyýetden bazar ykdysadyýetine ýuwaş-

ýuwaşdan geçmek. Administratiw-buýruklaýyn ykdysadyýetiň bazar ykdysadyýetine geçmeginiň zerurlygy, haryt üpjünçiligi, ykdysady ösüşiň yza galmagy bilen baglanyşyklydyr.

Administratiw-buýruklaýyn ykdysadyýetiň iki sany ýetmezçiligi bar:

1. onuň çalt üýtgemegi we üýtgemelere kyn öwrenişmegi;

2. zähmet öndürijiligiň pes derejede bolmagy.

Bazar ykdysadyýetine geçiş döwri iki tapgyrdan ybarat.

<u>1950-nji ýyllar.</u> Maddy resurslaryň önümçiligini ýokarlandyrmak üçin paýlanmagy, ýöne ykdysady mehanizmiň üýtgemän galmagy (kolhoz, sowhoz, döwlet kärhanalaryň saklanmagy).

<u>1980-nji ýyllar.</u> Içerki ykdysady gapma garşylyklaryň bazary üýtgedip döretmegiň häsiýetlendirilişi (SSSR perestroýka).

Bu tapgyr "şokowaýa terapiýa" diýip atlandyryldy. Ýagny esasy buýruklaýyn ulgamynyň giňeltmesi bilen bazar gatnaşyklary guramak.

GDA döwletlerinde bazar diýmek – bu ykdysady ulgamyň öz-özünden sazlanmagynyň artykmaçlyk etmegi azat telekeçiligiň, satyn almak we satmagyň önümçilik faktorlaryň ýüze çykmagydyr. Bazar şertlerinde döwletiň roly prinsipial üýtgeýär. Ýagny döwlet ykdysady subýektlere göniden-göni täsir edip bilmän, diňe bazar ulgamynyň üsti bilen täsir edýär. GDA döwletleriniň ykdysadyýetini doly derejede bazar ykdysadyýeti diýmek bolmaz. Ýöne ol meýilnamalaşdyrylan ykdysadyýet hem

däldir. Bazar ykdysadyýeti bilen meýilnamalaşdyrylan ykdysadyýetiň tapawudyny kesgitlemek kyndyr. GDA döwletlerinde bazar ykdysadyýetine geçmekde geçirilýän ähli çäreleri administratiw-usulýet usulyň üsti bilen amala aşyrylýar. Bu amal iki ugur bilen alynyp barylýar:

1. Eýeçiligiň üýtgemegi;

2. pul-karz, bahalar syýasatynyň sazlanmagy.

Bazar ykdysadyýetine geçmegiň esasy wezipeleri şu aşakdakylardan ybarat:

1. Döwlet kärhanalaryny dargatmak we hususy eýeçilige bermek, telekeçiligi ösdürmek.

Hususylaşdyrmak döwlet eýeçiliginiň ykdysady subýektlerini satmak ýa-da şeýle bermek usuly bilen hususy adamlara bermek. Ýöne olaryň geljekde doly derejede maddy we hojalyk jogapkärçiligini öz üstüne almak şerti bilen.

2. Bazaryň täze infrastrukturasyny döretmek hojalyk gatnaşyklaryň täze mehanizmlerini kesgitlemek (haryt we fond biržalary).

3. Bäsdeşligi ösdürmek, bazar şertleriniň deňagramlylygyny saklamak üçin ykdysadyýetde ýekemenligi ýok etmek.

4. Harytlara bolan hyrydarlygy we olaryň hödürlenmegine baglylykda bahalary bellemek, bahalar bellilenende döwletiň gözegçiligini aýyrmak.

5. Berk pul-karz syýasatyň netijesinde maliýe amallary we ykdysadyýeti sazlamak. Aýlanyşykdaky pul serişdeleriň massasyny deňagramlylykda saklamak.

6. Ilatyň bazar ykdysadyýetine öwrenişmegi üçin sosial goldawlary artdyrmak.

Bazar ykdysadyýetine geçmek üçin dürli wariantlar ulanylýar:

1. Ewolýusion usul – ýuwaş-ýuwaşdan bazar ykdysadyýetine geçmek (Hytaý, Wengriýa).

2. Şokowaýa terapiýa.

Ýokarda bellenen wariantlar diňe möhleti boýunça tapawutlanýar. Her bir wariantyň saýlanyp alynmagy syýasy ýolbaşçylyga bagly bolman ykdysady, durmuş we taryhy faktorlara baglydyr.

Ewolýusion usulda bazar ykdysadyýetine geçmek umumy häsiýetleri şu aşakdakylardan ybarat:

1) Reformanyň başlangyjy alyjylar bazarlarynyň deňagramlylygy bilen baglanyşdyrmak. Olar diňe bahalara bagly bolman hususy sektoryň ösüşi bilen baglanşykda bolmaly.

2) Bazar gatnaşyklar iş başda önümçilik sferany, gündelik talap edilýän harytlaryň öndürilişine üns berilmelidir, soň maýa goýumlaryň ulanylyşyna üns bermeli.

3) Bahalary erkin şertlerde bellilemek.

4) Puluň hümmetsizlenmeginiň ösüş depginini saklamak üçin berk maliýe syýasaty ýöretmek.

5) Bazar infrastrukturasyny aktiw emele getirmek we hususy eýeçiligi höweslendirmek.

“Şokowaýa terapiýanyň” bazar ykdysadyýetine geçmekde esasy häsiýetleri:

1) Puluň hümmetsizlenmegine garşy maksatnamalary işläp düzmek.

2) Eýeçiligiň düzminde düýpli üýtgemeler geçirmek.

“Şokowaýa terapiýanyň” tarapdarlary ony iki tapgyra bölýär:

Birinji tapgyrda puluň hümmetsizlenmegine garşy çäreleri geçirmek 1-2 ýyl.

Ikinji tapgyr ykdysadyýetde düýpli üýtgeşikler etmek we ony ösdürmek 10-15 ýyl.

Birden,duýdansyz geçmek “Şokowaýa terapiýanyň” şertlerinde esasy üns maliýe-ykdysady mehanizme, döwlet býujetiniň jemlerine, alyjylar bazarlarynyň deňagrymlylygyna berilýändir. “Şokowaýa terapiýanyň” kömegi bilen ykdysady ulgamda şu aşakdaky üýtgemeleri geçirip bolar:

- harytlaryň bahalarynyň 90 % bazar esaslarynda kesgitlemek, 5 % döwlet tarapyndan sazlamak, 5 % döwlet tarapyndan bellilemek;
- dürli pudaklarda bir ýörelgedäki salgytlary ýöretmek, salgyt stawkalary bir nusga getirmek;
- ýekemenlige garşy syýasaty ýöretmek, döwlet kärhanalaryny ownuklaşdyrmak;
- döwlet kärhanalaryny doly täjir hasaplaşygyna geçirmek döwletiň we kärhananyň maliýe amallaryny bölmek;
- merkezleşdirilen meýilnamalaşdyrmagy ýok etmek;
- lomaý söwdada we jemgyýetçilik iýmit üpjünçiliginde hususylaşdyrmagyň kiçi görnüşlerini amala aşyrmak;
- hususylaşdyrmagyň uly görnüşlerini amala aşyrmak üçin hukuk we guramaçylyk çäreleri görmek (senagat, gurluşyk);

- halk hojalygynyň ähli pudaklarynda hususy eýeçiligi ösdürmek;
- milli walýutanyň durnuklylygyny saklamak we olary azat, durnukly hümmetlerde konwertirlemek;
- ilaty durmuş taraplaýyn goramak, işsiz adamlara kömek pullary tölemek.

**Testler:**

**1.** Hususylaşdyrmak diýip näme düşünilýär?

a) Eýeçiliginiň görnüşleriniň häsiýetiniň üýtgemegi
b) Bahalaryň derejesiniň artmagy
c) Hojalyk işeňňirliginden döwlet gözegçiliginiň aýrylmagy
d) Bazar gatnaşyklarynyň täze mehaniziminiň döremegi

**2.** Bazar infrastrukturasy diýmek näme?

a) Administratiw buýruklaýyn dolandyryş
b) Bazarda bäsdeşligi höweslendirmek
c) Döwlet kärhanalaryny hususylaşdyrmak
d) Bazar gatnaşyklarynyň täze mehaniziminiň döremegi

**3.** Bazar ykdysadyýetine geçmegiň wariantlary.

a) Bazar gatnaşyklaryna ýuwaş-ýuwaşdan geçmek
b) Bazardaky deňagramlylygy saklamak
c) Önümçilik tilsimatlaryny ösdürmek
d) Bazar gatnaşyklarynyň täze usullaryny tapmak

**Gaýtalamak üçin soraglar :**

1. Bazar ykdysadyýetine geçmegiň tapgyrlary barada düşünje.
2. Buýruklaýyn ykdysadyýetden bazar ykdysadyýetine geçmegiň usullary.
3. Bazar ykdysadyýetine geçmegiň kanunalaýyklyklary.
4. Bazar ykdysadyýetine geçmegiň esasy maksatlary.
5. Bazar ykdysadyýetine geçmegiň ewolýusion usuly.
6. Bazar ykdysadyýetine geçilýän döwründäki reformalar.
7. Bahalary liberalizasiýa etmek.
8. Eýeçilik gatnaşyklary täzeden döretmek.
9. Bazar ykdysadyýetine geçmekde şokowoý teropeýany ulanmak.

## Döwletiň pul karz syýasaty.

11.1. Pul we pul sıstemalar barada düşünje.
Karz ulgamy barada düşünje.

Telekeçiler özleriniň hojalyk işlerinde öz döwletiniň we daşary ýurtlarynyň birliklerini ulanýarlar. Pul taryhy kategoriýa bolup, haryt önümçiligine mahsusdyr. Puluň gadymy görnüşlerine gündelik ulanylýan harytlar mysal bolup biler (duz, çaý, däne, tüwi, zähmet gurallary).Ýuwaş-ýuwaşdan puluň roly metallara geçip ugrandyr. Kapitalizm jemgyýetine çenli mis, kümüş, bürünç ýaly metallar puluň rolyny oýnapdyr. Haryt

önümçiliginiň ösmegi gyzyl pullary ýüze çykarypdyr. Ilkinji gezek kagyz pullar 812-nji ýylda Hytaýda döräpdir. 1661-nji ýylda Şwesiýada ilkinji banknotlar goýberilipdir. 1769-njy ýylda Russiýa döwletinde. Şeýlelikde pul - bu aýratyn haryt bolup ähli umumy ekwiwalent görnüşinde hyzmat edýär. Pulyň mazmuny onuň funksiýalary bilen ýüze çykarylýar.

1. Pul - bu bahalaryň ölçegidir. Ýagny her bir harydy puluň kesgitlenen jemi bilen deňeşdirmek diýmekdir, bu harydyň bahasyny we mukdaryny deňeşdirmek mümkinçiligini ýüze çykarýar. Puluň bahalaryň ölçegi funksiýasynyň kömegi bilen her bir döwletiň milli walýutasynda harytlaryň bahalary kesgitlenýär.

2. Pul aýlanşyk serişdesidir. Ýagny resurs eýelerine, öndürjilere harytlary we hyzmatlary satyn almak üçin tölenýän töleglerdir. Çalyşma serişdesi hökmünde pul barter çalyşyklary ýeňilleşdirýär.

3. Pul - bu toplama, aýamak, hazyna döretmek serişdesidir. Haryt öndürijiler öz harytlaryny satmak bilen pul serişdelerini ýygnaýar. Belli bir wagt içinde aýlanyşyga goýberilmedik pul serişdeleri hazyna funksiýany ýerine ýetirýär. Bazar ulgamy hazynany peýda getirýän maýa goýumlara öwürmek mümkinçiligini we höweslendirmeleri. Ýagny karz ulgama, fond biržalarynyň kömegi bilen döredýär.

4. Pul - bu töleg serişdesidir. Käbir şertlere baglylykda harytlar hemme wagt nagt pullara satylmaýan ýagdaýlary döreýär. Şonuň üçin harytlary karz görünişinde satmak we satyn almak zerurlyklary ýüze çykýar.

Şeýlelikde, pul ulgamy – bu döwletde aýlanyşygyny guramagyň formasydyr, ýagny pul serişdeleri nagt we nagt däl hereketiniň görnüşidir. Bu şu aşakdaky elementleri öz içine alýar: pul birlikleri, bahalaryň masştaby, döwletde puluň görnüşleri, pul emissiýalaryň düzgüni, pul aýlanyşygy, hem-de döwlet apparatynyň pul aýlanyşygyny sazlamagy. Jemgyýetiň asudalygy, hojalyk aktiwligi, ykdysady ösüş pul aýlanyşygyna baglydyr. Eger-de pul serişdeleri aýlanyşyk funksiýany ýerine ýetirýän bolsa, onda onuň belli bir mukdary aýlanyşyga zerurdyr, harytlaryň satylýan bahalary bilen puluň aýlanyşykdaky massasy kesgitlenýär. Puluň aýlanyşygy näçe çalt bolsa, aýlanyşykdaky puluň massasy az bolýar. Eger-de aýlanyşyk üçin gerek bolan puluň mukdaryny M harpy bilen belgilesek , onda

$$M= P/A$$

Pul aýlanyşygynyň çaltlygy umumy milli önümiň bahasy bilen puluň mukdarynyň arasyndaky baglanyşygyň netijesidir.

$$A= U.M.Ö./ M$$

Eger-de umumy milli önümi öndürilen önümleriň bahasy görnüşinde aňlatsak, satylan harytlaryň mukdaryny Q bilen belgilesek, onda

$$A= PQ / M, \text{ bu ýerde } M*A = PQ$$

Bu gatnaşyk puluň mukdar we bahalar nazarýetiniň esasydyr we makroseljerme üçin giňden ulanylýar.

Bazar ykdysadyýetinde hereket edýän döwletlerde pul aýlanyşygy nagt we nagt däl görnüşlerde bolup biler.

Nagt pullar – monetlar, banknotlar, kaznaçeý biletleri (banknot – dolandyryş puluň ýerini tutýan prosentsiz bank biletleri).

Monetler kiçi mukdardaky arzan harytlary satyn almak üçin peydalanylýar.

Bank biletleri wekseller görnüşinde ähli banklar tarapyndan göýberilýär.

Kaznaçeý biletleri kagyz pullar bolup döwletiň ykdysady we maliýe ministrligi döwlet maliýe guramalary tarapyndan göýberilýär. Kagyz pullar göýberilende olary goramak barada dürli meseleler ýüze çykýar.

Nagt däl pullar – bankyň hasabatynda serişdeler, dürli depozitler (goýumlar), depozit sertifikatlary we döwletiň gymmat kagyzlary. Bu goýumlara bank pullar diýip atlandyrylýar.

Sosialistik ulgamyň dargamagy öňki SSSR döwletiniň çäginde birňäçe Garaşsyz döwletleriň döremegine getirdi.

1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda täze Garaşsyz Türkmenistan döwleti döredi. Türkmenistanyň Garaşsyz bolmagy täze ykdysady reformalaryň geçirilmegini talap etdi. Bazar ykdysadyýetine geçmekligiň ykdysady nusgasy ýurdyň ykdysady syýasatynyň esasy maksatnamalarynyň biri boldy. Şol maksatnamada 1993-nji ýylyň 1-nji noýabryndan başlap Türkmenistanyň milli pul birligine (walýutasyna) geçmeklik berk bellendi.

Türkmenistanyň milli pul birligi walýutasy – Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bank biletleri we şaýlary görnüşinde dolanyşykda ýöreýän manatlar, şeýle hem dolanyşykdan aýrylan ýa-da aýrylýan, ýöne welin

dolanyşykda ýöreýän pul belgileri bilen çalyşmaga degişli bolan manatlar, Türkmenistanyň banklarynda we gaýry karz edaralarynda hasabatlarda manat görnüşinde duran serişdeler.

Daşary yurt walýutasy dolanyşykda ýöreýän we degişli daşary yurt döwletleriniň çäginde kanuny töleg serişdesi bolup durýan banknotlar. Daşary ýurt döwletleriniň hasabatlarda durýan pul birlikleri görnüşindäki we halkara pul ýa-da hasaplaşyk birlikleri görnüşindäki serişdeleri.

"Rezidentler". Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan ýeri bolan, şol sanda daşary ýurtda wagtlaýyn ýören fiziki taraplar.

- Ýerleşýän ýeri Türkmenistanda bolan, Türkmenistanda bellige alynan ýuridiki taraplar, şeýle hem ýuridiki tarap statusy bolmadyk subýektler, şol sanda daşary ýurt maýa goýumlary (maýa goýumlary) çekilen kärhanalar.

- Türkmenistanda ýerleşýän halkara guramalarynyň halkara gullukçylary hökmünde işleýän işgärleri.

"Rezident däller". Türkmenistanyň çäginde bolýan, şeýle hem onuň çäginden daşarda bolýan hem-de Türkmenistanyň rezidentleri hasaplanmaýan fiziki we ýuridiki tarap statusy bolmadyk subýektler.

- Walýuta amallary;

- eýeçilik hukugynyň walýuta gymmatlyklaryna geçmegi bilen;

- töleg serişdesi hökmünde daşary yurt walýutasyny hem-de daşary yurt walýutasyndaky töleg resminamalaryny ulanmak bilen;

-daşary ýurtlardan Türkmenistana walýuta gymmatlyklaryny getirmek we ibermek hem-de Türkmenistandan daşary ýurtlara walýuta gymmatlyklaryny äkitmek we ibermek, şeýle hem halkara pul geçirimleri amala aşyrmak bilen baglanyşykly geçirilýän amallar.

Walýutanyň alyş-çalyş hümmeti kesgitlenmeginiň tertibini Türkmenistanyň Merkezi banky belleýär. Bellenen tertibe laýyklykda kesgitlenen alyş-çalyş hümmeti Türkmenistanda geçirilýän ähli walýuta amallarda ulanylýar.

Türkmenistanyň çäginde ýeke-täk kanuny töleg serişdesi manatdyr. Türkmenistanyň walýuta gymmatlyklaryny we milli walýutasyny getirmegiň hem-de äkitmegiň şertleri hem tertibi Türkmenistanyň Gümrük kodeksi esasynda we Türkmenistanyň merkezi bankynyň görkezmeleri esasynda kesgitlenýär.

Maýa goýumlaryň pul görnüşindäki formasy ssuda maýa goýumlary diýip atlandyrylýar (pul maýa goýumlary). Olar pul eýeleri tarapyndan peýdalanmaga berilip yzyna gaýtarylanda ýörite göterim tölegleri alynýar. Maýa goýumlaryň bu hereketine karz diýilýär. Ssuda maýa goýumlaryň esasy çeşmeleri bolup:

1. Esasy maýa goýumlary dikeltmek üçin niýetlenen pul serişdeleri, hem-de esasy maýa goýumlary harydyň gymmatyna bölekleýin geçilşi (amortizasiýa tölegleri).
2. Aýlanyşyk maýa goýumlaryň pul görnüşdäki boşan bölegi.

3. Harytlar satylandan alnan pul serişdeleriniň zähmet hak tölenýäni wagtlaýyn erkin maýa goýumlar.
4. Önümçiligiň masştabyna tehniki derejesine baglylykda ony işletmek we täzelemek üçin niýetlenen maýa goýumlar.
5. Husuly adamlaryň pul girdejileri we süýşürintgileri.

Şeýlelikde karz ulgamy bazar ulgamynyň funksional bölegi bolup ykdysady ulgamda maýa goýumlary emele getirip ony ykdysadyýetiň sektorlarynda, subýektlerinde hereket etmegine kömek edýär.

Karz pullar – bu karzyň esasynda kagyz pullaryň gyzyl pullara çalyşýan bölegi. Karz pullaryň üç görnüşi bar: weksel, banknotlar we çekler.

Depozit pullar – ýörite hasabatlar ulgamy bolup banklaryň arasyn-da bir hasabatdan beýleki hasabata geçirilýän pul serişdelerdir.

## 11.2.Karzyň formalary we olaryň aýratynlyklary

Karzlaşdyrmagyň barşynda dürli formalar ulanylýar. Häzirki zaman şertlerinde bazarda karzyň täjirçilik, bank, döwlet, hyrydarlyk ödeýiş, ipoteka, bankara, hojalykara, halkara, raýatlyk we ş.m. formalary hereket edýär.

**Täjirçilik karzy** haryt görnüşinde satyjylar tarapyndan haryt alyjylara harytlaryň ýa-da hyzmatlaryň tölegini gijikdirmek esasynda berilýär. Täjirçilik karzy harytlary ýerleşdirmekligi tizleşdirmek maksady bilen ulanylýar hem-de bergidarlyk borçnamasy görnüşinde resmileşdirilýär (weksel ýazylyp täjirçilik banklaryň üsti

bilen tölenilýär). Täjirçilik karzy bolup düzgün bolşy ýaly haryt kapitaly çykyş edýär. Ol senagat kapitalynyň aýlanyşygynda, harytlaryň önümçilikden sarp ediş gurşawyna geçmekligine hyzmat edýär. Täjirçilik karzynyň aýratynlygy karz kapitalynyň senagat kapitaly bilen goşulýar. Bu karzyň esasy maksady harytlary ýerleşdirmekligi tizleşdirmek we olarda jemlenen peýdalary almaklygy çaltlaşdyrmakdyr. Täjirçilik karzynyň göterimi harytlaryň bahasyna we wekseliň jemine goşulyp, adatça bank karzynyň göteriminden pes bolýar.

Ösen ýurtlarda täjirçilik karzy umumy karz geleşikleriniň 20-30 göterimini tutýar. Türkmenistanda täjirçilik karzy 1930-njy ýylyň karz reformasyna çenli hereket edipdir. Ýöne 1930-1932-nji ýyllarda geçirilen karz reformasynyň netijesinde täjirçilik karzy ýatyrylypdyr. Täjirçilik karzyny gaýtadan dikeltmeklik zerurlygy bazar ykdysadyýetine geçmeklik bilen ýüze çykýar. Onuň ulanyş çägi yzygiderli giňeýär. Täjirçilik karzynda karz alyjylar hökmünde kärhanalar çykyş edýärler. Diýmek, ýöriteleşen bank edaralary (banklar) bu ýagdaýda karz geleşigine göniden-göni gatnaşmaýarlar. Ýöne iş ýüzünde, köplenç ýagdaýlarda, täjirçilik karzy bank karzy bilen utgaşýar. Karz beriji karz alyjynyň borçnamasyna-wekseline eýe bolmak bilen, ony bankda hasaba alyp, onuň esasynda bank karzyny alyp bilýär. Emma bu ýagdaý täjirçilik karzynyň esasy alamatyny-bir täjirçilik guramasynyň beýleki täjirçilk gurama serişdeleri karz bermekligini aradan aýyrmaýar.

**Bank karzy** karzyň has giň ýaýran formasydyr. Bu köplenç ýagdaýlarda**,** banklaryň özleriniň wagtlaýyn maliýe kömegine mätäç bolan subýektlere karz berýänligini aňladýar. Möçberi boýunça bank karzy beýleki berilýän karzlaryň her birinden ep-esli köpdür. Bank karz işi bilen meşgullanýan aýratyn subýektdir, ol yzyna gaýtarylmak esasynda pul serişdeleriniň köp gezek aýlanyşygny ýerine ýetirýär.

Bank karzynyň **birinji aýratynlygy** onuň hususy serişdeleriniň hasabyna däl-de, eýsem esasan daşyndan çekilýän serişdeleriň hasabyna karzlaşdyrýandygydyr. Bir subýektden pul serişdelerini karzyna almak bilen bank olary gaýtadan paýlaýar, beýleki ýuridiki we şahsy taraplara wagtlaýyn ulanmaga karzyna berýär.

**Ikinji aýratynlygy** bank wagtlaýyn ulanylmaýan, hojalyk subýektleri tarapyndan banka tabşyrylan kapitaly karz berýänligidir.

**Üçünji aýratynlygy** bank ýöne bir pul serişdelerini däl-de, eýsem puly kapital (maýa) görnüşinde berýär. Bu öz gezeginde, karz alyjynyň bankdan alan karz serişdelerini peýdaly ulanmagyny, iň bolmanda karz göterimini tölemäge ýeterlik bolmagyny aňladýar. Töleglilik bank karzynyň aýrylmaz alamatyna öwrülýär.

**Döwlet karzy** karzyň aýratyn formasyna degişlidir. Bu ýerde karz alyjy (karz beriji) bolup döwlet ýa-da ýerli häkimýet guramalary çykyş edýärler. Bu görnüşdäki karz, maliýe-karz institutlarynyň, öňi bilen Merkezi bankyň üsti bilen ýerine ýetirilýän döwlet zaýomlary görnüşine eýe bolýar. Karzyň bu görnüşi **döwlet karzyna we döwlet bergi-borjuna** bölünýär. **Birinji ýagdaýda** döwletiň karz

institutlary (banklar we beýleki karz-maliýe institutlary) ykdysadyýetiň dürli bölümlerini karzlaşdyrýarlar. **Ikinji ýagdaýda**, döwlet býujetiniň gytçylygyny we döwlet bergilerini maliýeleşdirmek üçin döwlet banklardan we beýleki maliýe-karz institutlaryndan pul serişdelerini karz alýar. Şeýlelik bilen, döwlet obligasiýalaryny karz institutlaryndan başga-da, ilat, ýuridiki taraplardan hem satyn alýarlar.

**Hyrydarlygy ödeýiş.** Karzyň hyrydarlygy ödeýiş formasy karz gatnaşyklarynyň taryhy başlangyjynda ýagny, bir subýektde sarp ediş zatlarynyň artykmaçlyk eden, beýleki subýektde bolsa olary ulanmaklyga wagtlaýyn hyrydarlyk dörän ýagdaýynda ýüze çykýar. Wagtyň geçmegi bilen, häzirki zaman hojalygynda hem uzak möhletli ulanylýan harytlara ilatyň hyrydarlyklaryny kanagatlandyrmaga mümkinçilik bermek bilen giňden ýaýrandyr.

Hyrydarlygy ödeýiş karzynyň aýratynlygy onuň täze gymmat öndürmek üçin däl-de, karz alyjynyň hyrydarlyklaryny kanagatlandyrmak maksatlaryna niýetlenenligidir. Hyrydarlygy ödeýiş karzyndan diňe bir ilat däl-de, täze gymmat öndürmeýän kärhanalar hem peýdalanýarlar.

Hyrydarlygy ödeýiş karzy **pul** we **haryt** görnüşlerinde bolup, pul serişdeleri hyrydarlygy ödeýiş maksatlar üçin bankdan, haryt görnüşinde bolsa bölek söwda nokatlaryndan karzyna (awtoulaglar, öý goşlary, sowadyjylar, durmuş tehnikalary we ş.m.) alynýar. Karzyň göterimi-10-25 göterim aralygynda bolup, möhleti üç (3) ýyla çenli bolýar. Ösen ýurtlaryň ilaty ýyllyk girdejileriniň

10-dan 20 göterimine çenlisini hyrydarlyk ödeýiş karzyny üzmeklige sarp edýärler. Karzyň üzülmedik ýagdaýynda karz berijiler emlägi yzyna alýarlar.

**Ipoteka karzy.** “Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry” Milli maksatnamamyzda halkymyzyň hal-ýagdaýyny mundan beýläk-de ýokarlandyrmak üçin dürli çäreleriň amala aşyrylmagy göz öňüne tutulandyr. Olaryň esasylarynyň biri hem ýurduň ilatyny ýaşaýyş jaý bilen üpjin etmeklik bilen baglanyşyklydyr.

Türkmenistanda ýaşaýyş jaý gurluşygy Garaşsyzlyk ýyllarynda güýçli depginler bilen ösýär. Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzda ýaşamaga has amatly kaşaň jaýlary gurdurmak barada hem dürli çäreleri amala  aşyrýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda ýaşaýyş jaý gurluşygynyň dürli görnüşleri amala aşyrylýar. Olara döwlet, hususy, koorperatiw we senagat kärhanalarynyň jaý gurluşyklaryny degişli etmeklik bolar. Jaýlaryň gurluşygyny maliýeleşdirmekde, ulanylmaga berlen ýaşaýyş jaýlaryň bahasyny tölemekde, bank karzlaryny bermekde bank ulgamynyň  wajyp ähmiýeti bardyr. Şoňa görä-de, häzirki wagtda maýa goýumyň başky ýörelgelerini kämilleşdirmeklik uzak möhletli karzlaşdyrmaklygyň we maliýeleşdirmekligiň girew görnüşleriniň giňden ulanylmagyny esaslandyrýar. Olardan **gozgalmaýan emlägi girew** goýlan karzlary bermeklik möhüm  ähmiýete eýedir. Bu amallar ipoteka düşünjesi bilen berk baglanşyklydyr. **Ipoteka** grek sözi (hypotheka) bolup, girew diýmekligi aňladýar. Ýagny, ipoteka  gozgalmaýan emlägi girew goýmaklygy aňlatmak

bilen, karz berijiniň-girew saklaýjynyň pul talaplarynyň üpjün edilmegini aňladýär. Ýöne girewiň özi girew saklaýjyda, şeýle hem üçünji tarapda bolup biler. Banklar gozgalmaýan emlägi girew almak bilen özlerini belli bir derejede töwekgelçiliklerden ätiýaçlandyrýarlar. Sebäbi, müşderiň käbir sebäplere görä alan karzyny üzüp bilmedik ýagdaýynda, bank girew goýlan emlägi ýerlemek bilen, özüniň ýitgileriniň öwezini dolýar.

Banklaryň ipoteka karzlaşdyrmasy, karzlaşdyrmanyň beýleki görnüşleri ýaly belli bir derejede töwekgelçilik bilen baglanşyklydyr. Munuň aýdyň mysaly hökmünde ABŞ-da bolup geçen ipoteka çökgünligi ýatlamak maksadalaýyk bolsa gerek. Bu çökgüligiň esasy sebäbi, banklaryň karzlary gozgalmaýan emlägiň bazar bahasyndan ýokary möçberlerde bermegidir. Berilýän karzlaryň möçberi gozgalmaýan emlägiň bazar bahasyndan 120 – 130 göteriminden geçýän halatlary bolup, onuň emlägiň bazar bahasyndan geçýän bölegini ýaşaýjylar täze alan jaýlaryny abadanlaşdyrmaga harçlarlar diýip hasaplapdyrlar. Şeýle karzlaşdyrma bolsa, örän töwekgelçilikli bolup, defolt bolan halatlarynda gozgalmaýan emlägi satmakdan alnan girdeji ipoteka karzy boýunça bergini üzmäge hem ýetmeýär

Köp möçberlerde gozgalmaýan emläkler satylanda, olaryň bahasy defolt karzlary boýunça 50 göterimine çenli arzanladylýar. Ipoteka krizisiniň sebäpleriniň biri-de ABŞ-da ipoteka karzlarynyň LIBOR indeksine çatylan “üýtgeýän” göterim stawkalary bilen berilmegi bilen baglanşyklydyr. LIBOR banklaryň London bankara biržasynda başga banklaryň resurslaryny karz alanlarynda

ulanýan ortaça göterim stawkasydyr. Başgaça aýdylanda, LIBOR banklaryň bir-birine belli bir möhlede, köplenç halatda bir ýyl möhlet bilen karz berenlerinde ulanýan ortaça göterim stawkasydyr. Müşderi üçin LIBOR-iň kiçi stawkalary amatlydyr, ýöne LIBOR-iň belli bir derejede, mysal üçin 5 göterimde durmagynyň ähtimallygy örän pesdir. Sebäbi muňa dürli faktorlar, şol sanda dünýä bazaryndaky ykdysady ýagdaýlar hem täsir edýär. LIBOR stawkasy ýyllar boýunça düýpli üýtgeýär, mysal üçin, 1989-njy ýylda onuň möçberi 9 göterime barabar bolan bolsa, 1992-nji ýyla onuň möçberi peselip, 3,3 göterime deň boldy. 2000-nji ýylyň ahyryndan bolsa, aşaklamaýan tendensiýa agalyk etdi, 2004-nji ýylyň başyndan LIBOR stawkasy ýokarlanyp başlady hem-de 2006-njy ýylyň aýagyna onuň möçberi 4,29 göterime barabar boldy.

"Üýtgeýän" göterim stawkaly karzlar boýunça göterim stawkalarynyň ösmegi, her aýlyk tölegleriň artmagyna täsir etdi. Bu bolsa, amerikan karz alyjylarynyň karzlar boýunça tölegleri üpjün edip bilmezligine getirdi. Bilermenleriň çaklamalaryna görä, 2007-nji ýylyň aýagyna LIBOR USD 6-6,5 göterimine, LIBOR EUR 3,0-3 göterimine, barabar bolar diýip çak edilýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow 2007-nji ýylyň dekabr aýynda ýurdumyzyň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmak we ýokary amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlaryndan öýleri satyn alýan raýatlarymyzyň tölege ukyplylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen ýörite Karar kabul etdi.

Bu Karara laýyklykda “Prezidentbank” täjirçilik bankyna Türkmenistanyň raýatlaryna 2008-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-den Aşgabat şäherinde täze gurulýan we satylýan ýaşaýyş jaýlaryndan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin karzlary otuz ýyl möhlet bilen bermäge ygtyýar berildi. Karara laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlaryna gozgalmaýan emlägi satyn almak üçin berilýän karzlar boýunça göterim tölegini ýylda 1 göterim möçberde hem-de esasy bergini üzmek boýunça 5 ýyla çenli ýeňillikli döwür bellenildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2008-nji ýylyň 11-nji ýanwarynda geçiren Ministrler Kabinetiniň mejlisinde ýurdumyzyň raýatlaryna gozgalmaýan emlägi girewine alyp, karzlary bermek babatda möhüm Kararlary kabul etmegi halkyň ruhuny galkyndyrdy. Karara laýyklykda, Türkmenistanyň raýatlaryna hususy ýaşaýyş jaýlaryny gurmak üçin ýer bölünip berler. Geljekde jaýlaryň gurluşygyny maliýeleşdirmekde bank ulgamy örän wajyp rol oýnar.

Gozgalmaýan emlägi satyn almaga karzlaryň berilmegi ilat üçin örän amatlydyr. Hususan-da, gozgalmaýan emlägi satyn almaga karzyň şu artykmaçlyklary bardyr:

- gysga wagtda ýaşaýyş jaýynyň eýesi bolmaga we täze öýe göçmäge mümkinçilik döredýär;
- öýüň (inedördüliniň) bahasy gymmatlaýan ýagdaýynda-da, her aýlyk tölegleriň möçberi üýtgemeýän uzak möhlede karz pul almaga mümkinçilik döreýär;
- başga biriniň jaýyny kireýine alman, öz jaýyň bahasyny tölemäge mümkinçilik berýär, sebäbi

başga biriniň jaýynyň kireýi üçin töleg banka tölenjek göterimler bilen birmeňzeşräkdir;
- gozgalmaýan emläk üçin karz alan raýata we onuň maşgala agzalaryna alnan öýde hasaba durmaga mümkinçilik berýär;
- serişdeleri amatly ýerlemeklik, sebäbi gozgalmaýan emläge nyrhlar her ýylda 15-30 % möçberde durnukly ösmegini dowam edýär.

Türkmenistanda 1993-nji ýylda kabul edilen “Girew hakynda” kanunyna laýyklykda ipotekanyň anyk guralyna şu aşakdakylar degişlidir:

- ýer bölekleri, köp ýyllyk bag-bakjalar;
- kärhanalar, jaýlar, gurluşyklar, önümçilik desgalary, telekeçilik işinde ulanylýan gaýry gozgalmaýan emläk;
- öýler (kwartiralar), daçalar, garažlar, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylyklarynda gozgalmaýan emläk diýlip göz öňünde tutulan beýleki obýektler;
- ulag serişdeleri.

**Ipotekanyň guraly** girew goýujynyň eýeçiliginde bolmalydyr. Emläge bilelikde umumy eýeçilik edilýän we her bir tarapyň eýeçilikdäki paýy belli bolmadyk ýagdaýynda **ipoteka** anyklananda, eýeçilikdäki hemme taraplaryň hat üsti bilen beren razyçylygy bolmalydyr. Eger taraplaryň bilelikdäki eýeçilikdäki paýy belli bolsa, onda ol **ipoteka** öz paýyny bilelikdäki eýeçilikdäki beýleki taraplaryň razyçylygy bolmadyk ýagdaýynda hem goýup biler.

**Ipoteka maýa goýumlary** ulgamy serişde toplamalar mehanizmini we ýokary bolmadyk göterim bilen uzak

möhlede (ipoteka) karz bermekligi hem-de ol karzy uzak döwrüň içinde üzmekligi aňladýar. Häzirki wagtda ipoteka amallary bilen meşgul bolýan “Prezident” täjirçilik banky, “Türkmenbaşy” döwlet täjirçilik banky, 0,5 göterim bilen karz bermäge serişde alýar we 1,0 göterim töleg bilen müşderilere (esasan ýaşaýyş jaýlary satyn alýanlara) berýär. **Ipoteka karzlary** ýaşaýyş jaýlary, şeýle hem önümçilik desgalaryny, düýpli gurluşyklary gurdurmaga çykdajylary maliýeleşdirmek üçin ulanylýar. Ipoteka karzyny almaklygyň şertleri boýunça karz alyjynyň gozgalmaýan emlägiň eýesi bolmaklygy hökmanydyr. Netije-de, girew goýlan emläk berlen karzyň ygtybarly üpjünçiligini ýerine ýetirýär. Munuň özi girew goýlan emlägiň bahasy arzanlan ýagdaýynda hem amala aşyrylýar. Goragyň ygtybarlylygy häzirki zaman ipoteka ulgamynyň esasyny düzýän ýörelgeleriň doly berjaý edilen ýagdaýynda amala aşyrylýar. Bu ýörelgelere şu aşakdakylar degişlidir:

1. **Ýöritelik ýörelgesi** girew hukugyny anyk emläk bilen baglanyşdyrýar. Ýörelgäniň hususy aýratynlyklary we hukuk ýagdaýlary doly anyklanmasy bilen ipoteka kitabynda bellige alynýar.

2. **Öwrülmezlik ýörelgesi** ipoteka kitabynyň mazmuny boýunça girew alnan tarap hukuk meselesinde jedel edilmezligi berjaý edilmelidir.

3. **Jemagat öňünde ynanmaklyk ýörelgesi** bähbidi bolan taraplar üçin girew goýlan gozgalmaýan emläk barada kitapda bellenenlerden başga hiç-hili hukugyň we hukuk çäklendirmeleriň ýoklugyny üpjün edýär.

4. **Ulanylyp bilinmezlik ýörelgesi** bergini üzmekligiň ipoteka kitabyna ýazlan hukuklarynyň berjaý edilmegidir.

5. **Ululyk ýörelgesi** emläge dürli algydarlaryň nägileliklerini kanagatlandyrmak tertibini kesgitleýär.

Häzirki döwürde ipoteka karz ulgamynyň birnäçe görnüşi emele geldi. Olaryň biri işewür (täjir-kommersant) gurluşykçysy bolup, gurlan gozgalmaýan emläk olarda sarp ediş serişdesi bolman, eýsem haryt we peýdanyň çeşmesi hökmünde garalýar. Bu ulgam ipotekanyň guralyny we karzlary bermekligi täze gurulýan gurluşyklary girew almaklygyny resmileşdirmegi öz içine alýar.

Ýurdumyzda ulanylmagy has amatly bolan jaýlaryň gurulmagy Watanymyzyň täze eýýama gadam goýandygyny aňladýar. Türkmenistanyň Prezidentiniň 2003-nji ýylyň ýanwaryndaky 6101 belgili Kararyna laýyklykda, ýurdymyzyň her bir ýaşaýjysyna oňaýly ýaşaýyş jaýyny satyn almaklyk üçin zerur şertler işlenip düzüldi. Ýurdumyzyň raýatlaryna jaý satyn almaklygyň we gurmaklygyň bahasynyň bir bölegini tölemek üçin gysga we uzak möhletli karz serişdelerini bermeklik, hususy emläk hukugyna degişli gozgalmaýan emlägi girewe almaklyk şertleri banklar tarapyndan olaryň içki düzgünnamalaryna laýyklykda amala aşyrylýar. Amatlylygy has ýokary bolan jaýlary satyn almaklykda banklaryň ipoteka karzlary möhüm ähmiýete eýedir. Munuň özi şeýle jaýlary satyn alýan raýatlarymyz üçin hem örän amatlydyr. Sebäbi ýaşaýyş jaýyny satyn almaklyk üçin düzülen şertnamada göz öňünde tutulan bahasynyň belli bir möçberi (köplenç halatda jaýyň

bahasynyň 10 göterimini) tölenenden soň, jaýyň bahasynyň galan möçberi 30 ýylyň dowamynda bölekleýin üzmeklik göz öňüne tutulýar. Türkmenistanyň haryt çig mal biržasynyň gurduryp, satýan jaýlary satylanda bolsa, onuň bahasynyň 50 göterimini ilkibaşda tölemeklik göz öňüne tutulýar.

**Bankara karzy** bir bankda boş serişdeler emele gelende, beýlekide bolsa onuň ýetmezçiligi ýüze çykanda berilýär. Bellemeli ýagdaýlaryň biri bankara karzlaryň möçberiniň ululygydyr.

Ýene-de bir bellemeli ýagdaýlaryň biri, täjirçilik banklarynyň karz gatnaşyklaryny kadalaşdyrmak üçin Türkmenistanyň Merkezi bankynyň olara berýän merkezleşdirilen karzydyr.

Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň ykdysadyýetini has-da netijeli kadalaşdyrmak maksadyndan ugur alyp, bank karzlarynyň göterim derejelerini yzygiderli aşakladýar. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň maliýeleşdiriş derejesi 2000-nji ýylda 20 göterim bolanlygyndan, häzirki wagtda 5 göterime çenli aşakladyldy. Bu bolsa karzlaryň elýeterli bolmagyna oňyn täsir edýär.

**Hojalykara karzynda** karz gatnaşyklarynyň subýekti bolup biri-birine karz berýän kärhanalar we guramalar çykyş edýärler. Karzyň bu görnüşinde täjirçilik karzy bilen meňzeşlik bar. Ýöne, ondan tapawutlylykda hojalykara karzy, köplenç ýagdaýda pul görnüşinde berilýär. Şeýle karzlary kärhanalar wagtlaýyn maliýe kynçylyklaryna sezewar bolanlarynda özlerine degişli

ýokary guramalardan alyp bilyärler (mysal üçin, bilelikdäki önümçilik maksatnamalar ýerine ýetirilende).

**Halkara karzy** döwletleriň we halkara ykdysady guramalaryň arasyndaky ykdysady gatnaşyklary öz içine alýar. Ol hususy we döwlet häsiýetine eýe bolmak bilen, halkara ykdysady we walýuta-maliýe gatnaşyklarynda karz kapitalynyň hereketini aňladýar. Halkara karzy täjirçilik, şeýle hem bank karzy görnüşinde hereket edýär.

**Halkara karzyna gatnaşyjylaryň subýektlerine baglylykda, daşary söwdada ulanylýan karzlar:**

1. **Döwlet (hökümetara).**
2. **Bank (şol sanda halkara banklar).**
3. **Täjirçilik.**
4. **Maliýe**.

Halkara karzy düýpli maýa goýumlary (maýa goýum harytlaryň daşary ýurtlara çykarylyşy boýunça) we maýa goýum däl maksatlar üçin (çig malyň, ýangyjyň, materiallaryň, hyrydarlygy ödeýiş harytlaryň getirilişinde) ulanylýar.

Halkara karzy **haryt we pul** (walýuta) karzlaryna bölünýär.

Karz **gysga** (1 ýyla çenli), **orta** (1 ýyldan 5 ýyla çenli) we **uzak** (5 ýyldan ýokary) möhletlere berilýär.

**Raýatlyk karzy** karz geleşigine karz beriji hökmünde aýratyn raýatlaryň, şahsy taraplaryň gatnaşmagyna esaslanýar. Bu geleşigi käbir ýagdaýlarda karzyň hususy (şahsy) görnüşi diýip atlandyrýarlar. Karzyň raýatlyk (hususy, şahsy) görnüşi **pul,** şeýle hem **haryt** häsiýete eýe bolýar hem-de beýleki karz geleşigine

gatnaşyjylaryň ählisi bilen özara gatnaşykda ulanylyp bilinýär.

Şahsy taraplaryň özara gatnaşygynda karzyň bu görnüşi köplenç ýoldaşlyk häsiýete eýedir: karz göterimi banklara garanyňda pes derejede bellenilýär, käbir ýagdaýlarda bolsa göterimsiz berilýär, karz şertnamasy baglaşylmaýar, köplenç bergidarlyk dil haty ulanylýar, ýöne ol hem köp ýagdaýlarda hereket etmeýär. Ynam bu ýerde ýokary häsiýete eýe bolýar. Karzyň möhleti berk bellenilmeýär, ol şertleýin häsiýetde bolýar.

Karz gatnaşyklarynda karzyň täze görnüşleri ýüze çykýar. Olaryň arasynda **lizing karzy** aýratyn ähmiýete eýedir. Üpjünçiligiň obýekti bolup, diňe bir adaty gozgalmaýan emläk çykyş etmän, häzirki zaman tehnikalarynyň görnüşleri bolan täze harytlar (awtoulaglar, gymmat bahaly kompýuterler we ş.m.) çykyş edýärler. Şu nukdaý nazardan, täjirçilik banklary tarapyndan ownuk we orta möçberli telekeçiligi lizing hyzmatlary bilen üpjün etmeklik wajyp ähmiýete eýe bolýar.

Lizing amallary bütin dünýäde diňe bir uly möçberli kärhanalaryň maýa goýum harajatlaryny maliýeleşdirmegiň çeşmesi bolman, eýsem orta we ownuk möçberli kärhanalary maliýelesdirmegiň hem wajyp çeşmesi bolup çykyş edýärler.

### 11.3. Karzyň görnüşleri

**Karzyň görnüşi karzyň toparlanmagy üçin ulanylýan alamatlaryň guramaçylyk-ykdysady taýdan jikme-jik häsiýetnamasydyr.**

Karzy toparlamagyň ýeke-täk ülňüsi ýokdur. Her bir ýurduň öz aýratynlyklary bolýar.

Türkmenistanda karzlar aşakdaky ýagdaýlara baglylykda toparlara bölünýärler:

- karzyň hyzmat edýän üznüksiz önümçilik döwri;
- pudaklaýyn ugryna;
- karzlaşdyrmaklygyň obýekti;
- karzyň üpjünçiligi;
- karzyň möhleti;
- karzyň tölegliligi we başgalar.

Karz öň bellenilişi ýaly, alyş-çalyş guraly bolup hyzmat edýär. Haryt öndürijiler öz işlerini dowam etdirenlerinde, ýagny önümlerini ýerleşdirenlerinde, çig maly, enjamlary we dürli harytlary satyn alanlarynda töleg serişdelerine goşmaça hyrydarlyk döreýär. Karz möhüm töleg serişdesi bolmak bilen, karz alyjynyň dürli hyrydarlyklerini ýerine ýetirmek üçin ulanylýar. Bu hyrydarlykler töleg dolanyşygynyň üzňeliginiň ýüze çykýan ýeri bolan diňe bir **alyş-çalyşda** däl-de, eýsem **üznüksiz önümçiligiň beýleki döwürlerinde hem döreýärler**.

**Karz pudaklaýyn ugruna baglylykda** dürli görnüşlere (senagat, oba-hojalyk, söwda we beýlekiler) bölünýär. Karzyň bu alamatyna baglylykda karz serişdeleri paýlananda biziň ýurdumyzda öňi bilen ol ýa-da beýleki pudagyň ýurduň ykdysady ösüşindäki orny göz öňünde tutulýar. Şonuň üçin hem ýurduň ileri tutulýan ugurlaryna (nebit-gaz pudagy, dokma toplumy, oba-hojalygy we ş.m.) aýratyn üns berilýär.

Karzy toparlamak onuň **obýektlerine** hem baglydyr. Karz serişdeleriniň goýulýan ýeri onuň **obýektidir**. Köplenç, karz dürli harytlary (senagatda çig-mal, esasy we kömekçi materiallar, ýangyç, gap we beýlekiler, söwdada-dürli görnüşli harytlar, ilatda-uzak möhletleýin ulanylýan harytlar) satyn almak üçin peýdalanylýar. Käbir ýagdaýlarda karz önümçilikde sarp etmek üçin berilýär. Mysal üçin, oba-hojalygynda karzyň esasy bölegi ekerançylyga we maldarçylyga, senagatda möwsümleýin harajatlara we ş. m. sarp edilýär.

Karzlaşdyrmaklygyň obýekti maddy zat we maddy zat däl görnüşde hem bolup biler. Karz alyjynyň karz serişdelerini özüne zerur bolan haryt-maddy gymmatlyklara sarp etmekligi hökmany däldir.

Karz, köplenç ýagdaýlarda, töleg aýlanyşygynyň üzňeliginiň öwezini dolmak üçin alynýar. Kärhanalarda boş pul serişdeleri wagtlaýyn ýetmezçilik edýär, şol bir wagtyň özünde gündelik tölegler boýunça borçnamalar ýüze çykýar. Bu zerurlyklar zähmet hakynyň, dürli salgytlaryň we emläk ätiýaçlandyrmalaryň tölegleri bilen bagly bolýar. Bu ýagdaýda karz pul serisdeleriniň ýetmezçiliginiň ýa-da töleg aýlanyşygynyň üzňeliginiň üstüni ýapýar.

Görnüşleri boýunça karzy toparlamak **onuň üpjünçiligine** baglydyr. Adatça karzyň üpjünçiligi onuň häsiýeti, derejesi we görnüşleri boýunça tapawutlandyrylýar. **Häsiýeti boýunça** göni we gyýtaklaýyn üpjünçilikli karzlar bolýar. **Göni üpjünçilikli** karzlara, mysal üçin, anyk maddy obýektlere berlen

karzlar degişlidir. **Gyýtaklaýyn üpjünçilikli** karzlar töleg aýlanyşygynyň üzňeligini ýapmaklykda ulanylýar.

**Üpjünçilik derejesi** boýunça doly (ýeterlik), doly däl (ýeterlik däl) we üpjünçiliksiz bolýar. Üpjünçiliksiz karzlar bankyň müşderlerine ýeterlikli ynamy bolan ýagdaýynda berilýär.

**Karzyň üpjünçiliginiň görnüşleri:**

girewli, kepillikli, zamunlykly we ätiýaçlandyrylan bolup bilýärler.

**Karzlaşdyrma möhletine** baglylykda gysga, orta we uzak möhletli karzlara bölünýär. Gysga möhletli karzlar halkara ülňüne laýyklykda bir ýyldan geçmeýärler. Ýöne tejribede olaryň möhleti birmeňzeş däldir. Bu ýagdaý ykdysady şertlere, puluň hümmetsizlenmeginiň derejesine bagly bolýar.

Orta we uzak möhletli karzlar önümçiligi kämilleşdirmek, giňeltmek zerurlygy bilen şertlendirilendir. Olaryň möhletleri boýunça ýeke-täk halkara ülňi ýok. Mysal üçin, ABŞ-da orta möhletli karzlar 8 ýyla çenli, Germaniýada 6 ýyla çenli hasaplanylýar. Türkmenistanda orta möhletli karzlara 3 ýyllyk berilýän karzlar degişlidir.

Düzgün bolşy ýaly, gysga möhletli karzlar dolanyşyk serişdeleri, orta we uzak möhletli karzlar esasy serişdeleri emele getirmeklikde ulanylýar.

Gysga, orta we uzak möhletli karzlardan başga-da **aýratyn möhletli-onkol** karzy (iňlisçe, **money of call-** talap edilýänçä karz diýmekligi aňladýar). Ol islendik wagtda talap edilse üzülmäge degişlidir. Bu karz bank

tarapyndan araçyllara, dellallara we müşderlere berilýär, adatça birža geleşiklerinde ulanylýar.

**Karzyň tölegliligine** baglylykda tölegli we tölegsiz gymmat we arzan karzlar bolýarlar. Bu toparlara bölmekligiň esasy bolup, göterim hakynyň möçberi alynýar. Göterim hakynyň möçberine, esasan, karzyň möhleti, üpjünçilik derejesi, karz alyjynyň tölege ukyplylygy täsir edyär. Töleglilik ykdysady ýagdaýa (ykdysady ösüş, durgunlylyk, howply ýagdaýlaryň döremegi) baglylykda hem üýtgäp durýar.

Dünýä bank tejribesinde karzy toparlamaklygyň beýleki ölçegleri hem ulanylýar. Hususan-da, karzlar, milli we daşary ýurt walýutasynda, ýuridiki we şahsy taraplara berilýän karzlara bölünýärler.

**Testler:**

**1.** Karzyň wezipelerine nämeler girmeýär ?
   a) Önümçiligi giňeltmegiň üznüksizligini üpjün etmek
   b) Döwlet harajatlaryny maliýeleşdirmek
   c) Önümçilgiň netijeliligini höweslendirmek
   d) Pul serişdelerini maýa goýuma öwürmek

**2.** Harytlary tölegsiz bermek karzyň nähili görnüşine degişli ?
   a) Bank karzy.
   b) Ipoteka karzy
   c) Sarp edijileriň karzy
   d) Täjirçilik karzy

**3.** J.M.Ö. haýsy bir elementine göterim stawkalaryň derejesiniň artmagy öz täsirini ýetirýär ?

a) Sap edijileriň harajatlaryna
b) Inwestisiýalara
c) Döwlet harajatlaryna
d) Eksporta
e) Importa

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Pul we pul ulgamy barada düşünje.
2. Karz we karz ulgamy barada düşünje.
3. Ssuda maýa goýumlar we karzlar.
4. Karz bermegiň görnüşleri.
5. Karzlaryň wezipeleri.
6. Karz bermegiň ýörelgeleri.
7. Döwletiň pul-karz syýasty.
8. Pul karz syýasatynyň usullary.
9. Pul karz ulgamy düzgünleşdirmegiň esasy ugurlary.
10. Karz ýeňilllikleriň berilmegi.
11. Bank karzlarynyň mazmuny.
12. Täjir karzlarynyň mazmuny.
13. Ipoteka karzlaryň mazmuny.
14. Döwlet we halkara karzlaryň mazmuny.

## Türkmenistanyň bank ulgamy barada düşünje.

### 12.1. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýerine ýetirýän wezipeleri.

Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň bank ulgamynyň ykdysady kadalaşdyryjy bölegi bolup çykyş

edýär. Şonuň üçin Merkezi bankyň işi pul aýlanyşygyny berkitmek, milli pul birliginiň durnuklylygyny we goraglylygyny üpjün etmek, ýurduň bank ulgamyny ösdürmek we berkitmek, hasaplaşyklaryň netijeliligini we üznüksizligini üpjün etmek bilen baglanyşyklydyr.

Adatça Merkezi bankyň öňünde, esasy, bäş sany wezipe goýulýar. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- ýurduň emission merkezi bolmak, ýagny banknotlary dolanyşyga goýbermekligiň ýekemenlik hukugyndan peýdalanmak;
- banklaryň banky bolmak, ýagny amallary söwda-senagat müşderileri bilen däl-de, eýsem, esasan, ýurduň banklary bilen amala aşyrmaklyk, möçberleri kanun esasynda bellenilýän kassa ätiýaçlyklaryny saklamak, banklary karzlaşdyrmak (soňky karz beriji), milli karz ulgamynyň zerur bolan ülňüleşdirmek derejesini goldamak bilen gözegçiligi amala aşyrmak;
- hökümetiň bankiri bolmak. Merkezi bank döwletiň ykdysady maksatnamalaryna ýardam bermeli we döwletiň gymmatly kagyzlaryny ýerleşdirmeli, hökümet üçin karz bermeli we hasaplaşyk amallaryny ýerine ýetirmeli, altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny saklamaly;
- ýurduň esasy hasaplaşyk merkezi bolmak bilen Merkezi bank bankara nagt däl hasaplaşyklarda (garşylyklaýyn zaçýot talabyna we borçnamalaryna esaslanan) araçy bolmak;
- ykdysadyýeti kadalaşdyrmaklygyň guramasy hökmünde pul-karz usullaryny öwrenýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň özygtyýarlylygyny gazanandan soňra, TSSR-iň döwlet

bankynyň binýadynda ilki başda TSSR-iň döwlet banky görnüşinde döredildi. 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda kabul edilen "Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky" Kanuna laýyklykda, onuň ady üýtgedilip, ol Türkmenistanyň Merkezi banky diýlip atlandyryldy.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hukuk statusy, ýerine ýetirýän wezipeleri, guramaçylyk we iş ýörelgeleri Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, "Türkmenistanyň Merkezi bank hakyndaky" Kanunynda (08.10.1993ý.) kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň esaslyk maýasy we beýleki emlägi döwlet eýeçiligine degişlidir. Türkmenistanyň Merkezi banky döwlet banky bolmaklygyna garamazdan, ol işinde hökümete garaşly däldir. Türkmenistanyň Merkezi banky ýuridiki tarapdyr. Ol salgyt gullugynda bellige alynmaýar, ol öz çykdajylaryny hususy girdejileriniň hasabyna ýapýar, döwlet borçnamalary boýunça jogap bermeýär, döwlet bolsa bankyň borçnamalary boýunça jogapkärçilik çekmeýär. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň çap edýän kadalaşdyryjy aktlary, Türkmenistanyň döwlet häkimýet guramalary we olaryň subýektleri, ýerli hökümet dolandyryş guramalary, ähli ýuridiki we şahsy taraplar üçin ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň arasynda kadalaşdyryjy, gözegçilik we maglumatlaýyn-barlag wezipeleri esasydyr.

Merkezi bankyň **kadalaşdyryjy wezipesine** dolanyşykdaky puluň toplumyny düzgünleşdirmek degişlidir. Kadalaşdyrmaklyk nagt we nagt däl

emissiýanyň kemeldilmegi ýa-da artdyrylmagy we diskont syýasatyň, ätiýaçlyklaryň pes derejesiniň syýasatyny, açyk bazar hem-de walýuta syýasatlarynyň geçirilmegi bilen amala aşyrylýar.

Merkezi bankyň kadalaşdyryjy wezipesi bilen onuň **gözegçilik** wezipesi berk baglanyşyklydyr. Merkezi bank ätiýaçlyklaryň iň pes derejesiniň syýasaty geçirilende ol ýa-da beýleki bankyň ýagdaýy barada giňişleýin maglumat alýar. Gözegçilik wezipesi bank ulgamynyň hil taýdan düzümine bildirilen talaplara laýyk gelýändigini kesgitleýär, ýagny karz institutlarynyň milli bank bazarlaryna aralaşmagyna ygtyýarnamalaryň kanunalaýyklygy barlanylýar. Ondan başga-da, karz institutlary üçin zerur bolan ykdysady koeffisiýentler we kadalar işlenilip düzülýär we olara gözegçilik amala aşyrylýar.

Ähli Merkezi banklar üçin **maglumatlaýyn barlag** wezipesi mahsusdyr, ýagny bu ylmy-barlag, maglumatlaýyn-statistiki merkeziň wezipesidir. Bu wezipe köp ýurtlarda bolşy ýaly, Türkmenistanda hem kanunçylyk tertipde bellenilendir. Merkezi bank pul-karz sferasynyň ýagdaýy baradaky maglumatlary almak, seljermek, çap etmek bilen bagly çuňňur we ýüzleý ykdysady ýagdaýlara çalt täsir edip bilýär. Tutuş pul-karz syýasatynyň ugruny kesgitlemeklik maglumatlara dogry baha bermeklige baglydyr. Ýurduň ykdysady ýagdaýyna degişli seljerme geçirilenden soň, Merkezi bankyň emissiýa Müdiriligi goşmaça pul serişdelerini dolanyşyga goýbermek barada çözgüt kabul edýär. Zerur bolan halatlarda döwlet guramalarynyň işlerini utgaşdyrmak

barada hödürlemeler girizilýär. Merkezi bankyň maglumatlaýyn-barlag wezipesi maslahat beriş işini hem ýerine ýetirýär. Maglumatlar bilen tanyşmak, maslahat bermek maksady bilen Merkezi bank duşuşyklar, maslahatlar, şol sanda halkara derejesinde hem geçirip durýar. Merkezi bankyň wezipeleri, köplenç, biri-birine utgaşyp gidýärler, bir wezipeden beýleki wezipe gelip çykýar. Olaryň hereketi öňde goýlan maksatlara we wezipelere bagly bolýar.

## 12.2. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ykdysadyýetiň pul-karz sazlaşdyrmasyndaky orny.

Merkezi bank ykdysadyýeti pul-karz ulgamynyň üsti bilen kadalaşdyrýar. Karz institutlaryna täsir etmek bilen, Merkezi bank olar üçin belli bir şertleri döredýär.

Pul-karz kadalaşdyrmasynyň esasy ugurlary, Merkezi bank tarapyndan işlenip düzülýär we onuň Geňeşiniň ýygnagynda tassyklanylýar. Kadalaşdyrmagyň obýekti bolup, ähli pul toplumy, şol sanda nagt we nagt däl pullar çykyş edýär.

Pul toplumyny kadalaşdyrmaklygyň gözegçilik usullary we olary dolandyrmaklyk aşakdakylardan ybaratdyr:

- Merkezi bankyň amallary boýunça göterim haklaryny bellemeklik;
- Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenýän hökmany ätiýaçlyklaryň pes derejesiniň kadasy;
- açyk bazardaky amallar;

- banklary gaýtadan maliýeleşdirmek we hökümet karzlary;
- walýuta interwensiýalary;
- döwlet bergilerine hyzmat etmekligiň çäklerinde döwletiň gymmatly kagyzlary bilen geçirilýän amallar;
- pul toplumynyň ösüşiniň maksatlaýyn ugurlaryny bellemeklik;
- karzyň mukdar çäklendirmeleri.

Türkmenistanyň Merkezi banky amallaryň dürli görnüşleri boýunça bir ýa-da birnäçe resmi göterim haklaryny belläp bilýär ýa-da resmi göterim hakyny kesgitlemän göterim syýasatyny geçirip bilýär. Türkmenistanyň Merkezi banky özüniň göterim syýasatyny milli manady berkitmek, göterim hakynyň bazarda emele gelmegi üçin ulanylýar.

Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenýän hökmany ätiýaçlyklaryň möçberi, bankyň çekilen pul serişdeleriniň umumy jemine bolan göterim gatnaşygynda bellenilýär.

Merkezi bankyň pul-karz syýasatynyň esasy gurallary we esasy usullary bolup ***onuň täjirçilik banklar bilen geçirýän aşakdaky tertipnamalaýyn amallary*** çykyş edýär:

- banklary karzlaşdyrmak;
- habarçy-banklaryň hasaplaryny ýöretmek we olaryň hasaplaşyk-kassa hyzmatlaryny ýerine ýetirmek;
- bankyň üçünji tarap üçin kepil geçmegi;

- gymmatly kagyzlary, gymmat bahaly metallary we beýleki gymmatlyklary-daşary ýurt walýutasyny, töleg resminamalaryny satyn almak, satmak we saklamak;
- Merkezi bankyň wezipelerinden gelip çykýan gaýry amallary ýerine ýetirmek.

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň *buýjet bilen tertipnamalaýyn amallary:***

- döwletiň bergilerine hyzmat etmek: onuň hasabyny ýöretmek, gymmatly kagyzlary saklamak, döwlet zaýomlaryny ýerleşdirmek, olary üzmek we göterimlerini tölemek;
- Ykdysadyýet we ösüş ministrligini, Maliýe ministrligini gysga möhletleýin karzlaşdyrmaklyk;
- Döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almaklyk;
- Býujetleriň kassalaýyn ýerine ýetirilişi;
- Býujet we býujetden daşary gaznalaryň boş serişdelerini çekmek.

***Tertipnamalaýyn daşary ykdysady işler:***

- Kanun tarapyndan ykrar edilen daşary ýurt walýutasynda amallary ýerine ýetirmek;
- Milli manadyň hümmetini kadalaşdyrmak;
- Altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny dolandyrmak;
- Daşary ýurt banklarynyň Türkmenistanda hereket etmekligine ygtyýar bermek;
- Beýleki ýurtlaryň merkezi banklarynda, hyzmatdaşlyk edýän halkara guramalarynda Türkmenistanyň bähbitlerine wekilçilik etmek;

- Merkezi bankyň bankara walýuta bazarynda manadyň hümmetine täsiri güýçlendirmek maksady bilen, walýuta interwensiýalaryny geçirmek üçin iş alyp barmaklyk.

Türkmenistanyň Merkezi bankyna döwlet maýa goýum maksatnamalaryny uzak möhletleýin karzlaşdyrmak üçin depozitleri çekmeklige, obligasiýalary ýerleşdirmeklige hem hukuk berlendir. Bu amallary Merkezi bank bilen kärhanalaryň arasynda hem geçirmek gadagan edilen däldir.

## 12.3. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň aktiw we passiw amallary

Türknenistanyň Merkezi banky öz wezipelerini passiw we aktiw bank amallarynyň üsti bilen ýerine ýetirýär.

Bank resurslaryny emele getirýän amallara passiw amallar diýilýär. **Aktiw amallaryň** kömegi bilen resurslar ýerleşdirilýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň passiw amallarynyň esasylaryna banknotlaryň emissiýasy, täjirçilik banklarynyň we gaznaçylygyň goýumlaryny kabul etmek, hususy maýany döretmek boýunça ýerine ýetirilýän amallar degişlidir.

Merkezi bankyň resurslarynyň esasy çeşmesi bolup **banknotlaryň emissiýasy** çykyş edýär (onuň paýyna, takmynan,  40-85 göterime çenli düşýär). Häzirki döwürde banknotlaryň altyn üpjünçiligi ýokdur.

Banknotlaryň häzirki zaman emissiýasynyň guraly täjirçilik banklaryny karzlaşdyrmaklyga, döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almaklyga we altyn walýuta ätiýaçlyklaryny artdyrmaklyga esaslanýar. Bank karzlaşdyrmasyna esaslanýan banknotlaryň emissiýasy olaryň borçnamalary bilen üpjün edilýär. Döwletiň bergi-borçnamalary, altyn we daşary ýurt walýutasy satyn alnanda bolsa döwlet borçnamalary, altyn we daşary ýurt walýutasy bilen üpjün edilýär. Başgaça aýdylanda, banknot emissiýasynyň üpjünçiligi bolup, Merkezi bankyň aktiwleri hyzmat edýärler, onuň passiw we aktiw amallarynyň özara baglanyşygy ýüze çykýar. Merkezi bankyň ”Banknotlaryň emissiýasy” passiw amalynyň möçberleri onuň aktiw amallaryna, banklara berilýän karzlara, döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almaklyga, daşary ýurt walýutasyny we altyny satyn almaklyga baglydyr. Şu nukdaý nazardan, Merkezi bankyň aktiw amallary passiw amallara garanyňda ilkinjidirler.

Emma Merkezi bankyň karz ulgamyna ýa-da döwlete karz bermekligi hemişe täze banknotlary dolanyşyga goýbermekligi aňlatmaýar. Merkezi bankyň karzlary täjirçilik banklary we gaznaçylygyň hasaplaryna (Merkezi bankda açylan hasaplara) geçirilip bilner. Bu ýagdaýda banknot emissiýasy däl-de eýsem depozit emissiýasy bolup geçýär.

Merkezi bankyň resurs çeşmeleri bolup **gaznaçylygyň, täjirçilik banklarynyň goýumlary** hyzmat edýärler. Täjirçilik banklar özleriniň kassa, şol sanda hökmany ätiýaçlyklarynyň bir bölegini Merkezi

bankdaky göterimsiz hasaplara geçirip bilýärler. Merkezi bank täjirçilik banklar üçin berk bellenilen göterim hakly möhletli hasaplary hem açyp bilýär. Adatça, bankyň **hususy maýasyna** paýynyň passiwiniň 4%-den ýokary bolmadyk bölegi düşýär.

***Merkezi bankyň aktiw amallary***. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň aktiw amallary hasap-karz amallardan, gymmatly kagyzlara goýum goýmaklykdan, altyn we daşary ýurt walýutasyndaky hem-de beýleki amallardan ybaratdyr.

***Hasap-karz amallar*** hasap amallary we döwlete hem-de gysga möhlete berilýän karzlar diýen iki görnüşde bolýarlar.

Hasap amallary Merkezi bankyň döwletden we bankdan wekselleri satyn almagydyr. Täjirçilik banklardan wekselleri satyn almaklyk gaýtadan hasaba almaklyk diýlip atlandyrylýar. Sebäbi bu ýagdaýda ikilenç hasaba almaklyk bolýar, ýagny täjirçilik banklarynyň öz müşderilerinden satyn alan wekselleri Merkezi bankda ikinji gezek satylýar. Gaznaçylyk weksellerini hasaba almaklyk, köplenç, senagat taýdan ösen ýurtlarda döwleti gysga möhletli karzlaşdyrmagyň esasy guraly hökmünde ulanylýar (ýagny, döwlet býujetine gündelik gelýän girdejileriň we çykdajylaryň arasyndaky üzňeligiň üstüni ýapmak üçin).

Kassa üzňelikleriniň üstüni ýapmaklygyň beýleki bir usuly-hökümete berilýän göni bank karzlarydyr. Täjirçilik banklaryna gysga möhletli karzlar ýönekeý we geçirilýän wekselleri, gymmatly kagyzlary we gaýry

aktiwleri girewe almak bilen berilýär. Bu amallaryň görnüşleriniň biri lombard karzlarydyr.

**Gymmatly kagyzlara goýum goýmak** Merkezi bank tarapyndan dürli maksatlar üçin amala aşyrylyp bilner. **Birinjiden,** döwlet obligasiýalaryny satyn almak, býujet ýetmezçiliginiň üstüni ýapmak üçin hökümeti karzlaşdyrmagyň esasy görnüşi bolup hyzmat edýär.

**Ikinjiden,** döwlet obligasiýalaryny Merkezi bankyň satyn almagy bank ulgamynyň likwidliligini kadalaşdyrmak, pul toplumyny düzgünleşdirmek we pul--karz syýasaty geçirilende döwlet oblegasiýalarynyň hümmetini kadalaşdyrmak maksady bilen bolup biler. Täjirçilik banklarynyň resurslaryny artdyrmak üçin Merkezi banklar, hususan-da ***Repo*** görnüşli amallary ulanýarlar, ýagny banklardan döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almak bilen, şol bir wagtyň özünde Merkezi bank olary belli bir möhletden soň öňünden bellenilen baha boýunça yzyna satmaklyk borçnamasyny öz üstüne alýar.

Merkezi banklaryň wezipesi:

- Emissiýa wezipesi;
- kassa ätiýaçlyklaryny saklamak wezipesi;
- gyzyl pullary saklamak wezipesi;
- täjir banklara karz bermek wezipesi;
- döwlet guramalaryna karz bermek we hasaplaşyk amallary amala aşyrmak wezipesi.

Ýöriteleşdirilen karz guramalar.

Maýa goýum banklar – fond bazarlarynda gymmat kagyzlary ýerleşdirmek bilen girdeji alýar.

Ätýaçlandyryş kompaniýalary – ätýaçlandyryş guramalary öz içine almak ätýaçlandyryş amallary ýerine ýetirýär.

Pensiýa fondlary – inwestisiýa kompaniýalar.

Bank amallary 4 topara bölünýär:

1. Passiw.
2. Aktiw.
3. Bank hyzmatlary.
4. Banklaryň eýeçiligindäki amallar.

Passiw amallarr.

Depozit goýumlary. Depozit diýmek müşderileriň süýşürintgiler banklaryndan başga banklara goýan gyssagly we gyssagly däl goýumlary.

Gyssagly goýumlar 4 topara bölünýär: 30-89; 90-179; 180-359; 360 we ýokary

Aktiw amallar. Karz we gymmat kagyzlaryn amallaryna bölünýär.

Karz amallary häsiýetleri boýunça toparlara bölünýär:

- Üpjün etmegine baglylykda.
- Gaýtaryp bermek möhletine baglylykda.
- Gaýtaryp bermek häsiýetine baglylykda.
- Göterim almak usulyna baglylykda.
- Pul berýänleriň kategoriýalaryna baglylykda.

Bu topar 4 bölege bölünýär:

- täjir ssudalary – kärhanalarda wagtlaýyn pul ýetmezçiligini üpjün etmek üçin;
- fond biržalarynyň dellalary üçin ssudalar gymmat kagyzlar görnüşinde bolup birža amallarynda peýdalanylýar;

- oba hojalyk ssudalary;
- iň soňky gezek peýdalanmak üçin karzlar 3 görnüşde bolup biler:
    1) jaýlar gurmak üçin;
    2) harytlary satyn almak üçin;
    3) bir gezekde gaýtaryp bermek üçin berilýän ssuda.

Bank hyzmatlary.

Inkassa amallary – aralyk wezipeni ýerine ýetirip müşderileriň haýyşyna baglykda pul we haryt hasaplaşyk resminamalary alýar. Inkassa amallary wekselleri, gymmat kagyzlary, çekleri, daşary yurt walýutalary kabul edip bilýär.

Akkreditiw hyzmatlar - akkreditiw resminamalarda görkezilen şertleri ýerine ýetireni üçin hususy adamlara, kompaniýalara belli bir tölegleri tölemek. Pul we haryt akkreditiwler bolup biler.

Pul akkreditiw – bu ýörite resminama bolup banka goýulan puly başga bir bankdan, şäherden, daşary ýurtdan almak hukugy berýär.

Haryt akkreditiw – haryt berýänleriň we satyn alýanlaryň arasynda ulanylýar.

Geçirilýän amallar – banka goýulan pullary başga bir şähere geçirmek.

Pul-karz syýasatynyň usullary:

1. Hasaplaşyk syýasaty.
2. Açyk bazarlardaky amallar.
3. Ätiýaçlyk borçnamalarynyň normalaryny belgilemek.
4. Karzyň belli bir görnüşlerine gözegçilik etmek.

5. Bank amalary sazlamak.

**Testler :**

**1.** bank aktiw amallaryna näme degişli

a) Depozitleri çekmek
b) Merkezi bankdan karz almak
ç) Ilatyň artykmaç pullaryny kabul etmek
d) Karzlary bermek

**2.** Merkezi bankyň esasy maksady näme?

a) Peýda gazanmak
b) Kärhanalara karz bermek
ç) Wekselleri hasaba almak
d) Milli walýutanyň hümmetini saklamak

**3.** Şu görkezijileriň haýsy biri Merkezi bankyň wezipelerine degişli.

a) Kärhanalardan salgyt almak
b) Täjir banklara karz bermek
ç) Döwlet harajatlaryny maliýeleşdirmek
d) Ilatdan pul serişdeleri kabul etmek

**Gaýtalamak üçin soraglar :**

1. Türkmenistanyň bank ulgamynyň düzülişi.
2. Türkmenistanda banklaryň görnüşi.
3. Türkenistanyň bank ulgamynda geçirilýän amallar.
4. Banklaryň wezipeleri.
5. Banklarda geçirilýän amallar.
6. Bank hyzmatlarynyň görnüşleri.
7. Täjir banklary.
8. Türkmeistanyň merkezi banky we onuň wezipeleri.

9. Türkmenistanyň Prezidentiniň „Bank işini kämilleşdirmek“ baradaky kanuny.

## Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň wezipeleri we ýerine ýetirýän amallary.

### 13.1. Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň wezipeleri, olaryň guramaçylyk we dolandyryş düzümi

Türkmenistanyň täjirçilik banklary bank ulgamynyň ikinji derejesine degişlidirler. Olar karz resurslarynyň esasy bölegini özünde jemleýärler, ýuridiki we fiziki taraplar üçin giň göwrümli bank amallaryny we maliýe hyzmatlaryny ýerine ýetirýärler. Bu banklar paý esasynda döredilýärler we eýeçiligiň görnüşi boýunça döwlet, paýdarlar, kooperatiw banklara bölünýärler.

Täjirçilik banklarynyň esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

- wagtlaýyn boş pul serişdelerini ýygnamak we olary maýa öwürmek;
- kärhanalary, döwleti we ilaty karzlaşdyrmak;
- karz pullary dolanyşyga goýbermeklik;
- hojalykda hasaplaşyklary we tölegleri amala aşyrmak;
- emissiýa-dörediji wezipesi;
- maslahat bermek, ykdysady we maliýe maglumatlary hödürlemek.

***Wagtlaýyn boş pul serişdelerini ýygnamak we olar maýa ( kapitala) öwürmek*** wezipesinde banklar goýum görnüşinde pul girdejilerini we süýşürintgilerini toplaýarlar. Goýumçy göterim ýa-da bank hyzmaty görnüşinde höweslendirilýär. Goýumlarda jemlenen süýşürintgiler karz maýalaryna öwrülýärler, olar kärhanalary we telekeçileri karzlaşdyrmak üçin ulanylýar. Karz alyjylar serişdeleri önümçiligi giňeltmek, gozgalmaýan emlägi we hyrydarlyk ödeýiş harytlary satyn almak üçin sarp edýärler. Bankların kömegi bilen süýşürintgiler ahyrky netijede maýa öwrülýärler.

***Täjirçilik banklarynyň kärhanalary, döwleti, ilaty karzlaşdyrmak wezipesi*** wajyp ykdysady ähmiýete eýedir. Tejribede pul eýeleriniň karz alyjylary göni karzlaşdyrmaklygy kynçylyklara sezewar bolýar. Bank maliýe araçysy hökmünde çykyş edýär: pul serişdelerini ahyrky karz berijilerden alýar we iň soňky karz alyjylara berýär. Bank karzynyň hasabyna senagaty, oba hojalygyny, söwdany we giňeldilen üznüksiz önümçiligi, maliýeleşdirmekligi amala aşyrýar. Täjirçilik banklary sarp edijilere uzak möhletli ulanylýan harytlary satyn almak üçin karz berýärler, ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam edýärler. Haçan-da, döwlet çykdajylary onuň girdejileriniň hasabyna ýapylmadyk ýagdaýynda, banklar hökümetiň maliýe işlerini karzlaşdyrýarlar.

***Karz pullary dolanyşyga goýbermeklik*** täjirçilik banklarynyň özlerine mahsus wezipesidir. Bu wezipe banklary beýleki maliýe institutlaryndan tapawutlandyrýar. Täjirçilik banklary depozit-karz

emissiýasyny amala aşyrýarlar. Banklar öz müşderilerine karz berenlerinde pul toplumy artýar we karzlar yzyna gaýtarylanda kemelýär. Bu banklar dolanyşygyň karz gurallarynyň emmitentleri bolup çykyş edýärler. Müşderä berilýän karz onuň bankdaky hasabyna geçirilýär, ýagny bank depozit döredýär (talap edilýänça goýum). Şeýlelikde bankyň bergidarlyk borçnamalary artýar, depozitiň eýesi goýumyň möçberinde bankdan nagt pul alyp bilýär. Onuň netijesinde dolanyşykdaky puluň mukdary artýar. Bank karzlaryna hyrydarlygyň barlygy pul emissiýasyny giňeltmäge mümkinçilik berýär. Bu ýagdaý senagat taýdan ösen ýurtlarda pul toplumynyň artýanlygy bilen tassyklanýar. Şunuň bilen birlikde ykdysadyýet puluň çendenaşa mukdaryna däl-de, eýsem onuň diňe zerur bölegine mätäçdir. Şonuň üçin täjirçilik banklary Merkezi bank tarapyndan bellenilýän çäklendirmelere esaslanýar we olaryň kömegi bilen karzlaşdyrmak we pul emele getirmek işleri kadalaşdyrylýar.

Täjirçilik banklarynyň ýene-de bir wezipesi ***hasaplaşyk-töleg guralyny*** üpjün etmeklikdir. Banklar töleg işlerinde araçyl hökmünde çykyş etmek bilen öz müşderileri üçin hasaplaşyklary we tölegleri geçirmek bilen bagly bolan amallary ýerine ýetirýärler.

Täjirçilik banklarynyň ***emission-dörediji wezipesi*** gymmatly kagyzlary (paýnamalary, obligasiýalary) dolanyşyga goýbermek we ýerleşdirmek arkaly amala aşyrylýar. Bu wezipäni ýerine ýetirmek bilen banklar süýşürintgileri önümçilik maksatlaryna gönükdirýärler. Gymmatly kagyzlaryň bazary bank karzynyň üstüni dolýar

we onuň bilen bilelikde hereket edýär. Mysal üçin, täjirçilik banklary gymmatly kagyzlaryň bazarynyň dellallaryna (döredij̇i kompaniýalara) gymmatly kagyzlaryň täze goýberilişine ýazylmak üçin karz berýärler. Olar bolsa bölekleýin gaýtadan satmaklyk üçin banklara gymmatly kagyzlary satýarlar.

Täjirçilik banklarynyň ykdysady ýagdaýy hemişe gözegçilikde saklamaga mümkinçilikleri bolýarlar. Bu bolsa olaryň müşderilerine dürli ugurlar boýunça (täze maýa goýumlar hakynda, kärhanalary täzeden dikeltmek barasynda, ýyllyk hasabatlary düzmek boýunça we beýlekiler) maslahat bermäge şert döredýär. Häzirki wagtda müşderilere ykdysady we maliýe maglumatlaryny bermeklikde banklaryň orny has-da ýokarlandy.

Täjirçilik bankyň guramaçylyk we dolandyryş düzümi tertipnamasynda kesgitlenilýär. Onda bankyň dolandyryş guramalary, onuň düzümi, döredilmek tertibi we wezipeleri barada düzgünnamasy bolýar.

Paýdarlar täjirçilik bankynyň ýokary guramasy paýdarlaryň umumy ýygnagydyr. Ýygnak ýylda bir gezek tertipnamalaýyn we esaslyk maýanyň üýtgemegi, bankyň mejlisiniň agzalaryny saýlamak, ýyllyk iş netijelerini tassyklamak, bankyň girdejilerini paýlamak, bankyň şahamçalaryny döretmeklik we ýapmak ýaly soraglary çözmek üçin geçirilýär.

Bankyň Mejlisi bankyň işini ugrukdyrýar we ony sazlaşdyrýar, onuň agzalarynyň sany täk bolup, kada hökmünde üç adamdan az bolmadyk agzadan ybarat düzülýär. Mejlisiň agzalary bankyň paýdarlarynyň

(esaslandyryjylarynyň) umumy ýygnagynda azyndan üç ýyl möhlet bilen saýlanylýar.

Mejlisiň agzalary bankyň paýdarlary (esaslandyryjylary) bolup biler. Mejlisiň agzalary gaýtadan saýlanylyp bilner. Mejlisiň agzalarynyň göz haky diňe bankyň sap düşewündinden tölenilýär.

Belli bir iş bilen meşgullanmak ýa-da belli bir wezipäni eýelemek hukugyndan kazyýetiň karary bilen kesilen adam, Mejlisiň agzalygyna saýlanmazdan ozal, gös-göni Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriiýetiniň agzasy bolan ýa-da bolup durýan adam, bergä batan diýlip yglan edilen adam bankyň Mejlisiniň agzalygyna saýlanylyp bilinmez, eger saýlanan bolsa onda boşadylmalydyr.

Mejlisiň agzalary öz hukuklaryny we borçlaryny üçünji taraplara berip bilmeýärler.

Bankyň Müdiriiýeti ýerine ýetiriji gurama hasaplanylýar. Ol umumy banky esaslandyryjylaryň ýygnagynyň we bankyň Mejlisiniň kararlaryny ýerine ýetirýär hem-de bankyň Mejlisine hasabat berýär.

Müdiriýetiň agzalarynyň sany täk bolan adamlardan ybaratdyr. Müdiriýetiň agzalary paýdarlaryň (esaslandyryjylaryň) umumy ýygnagynda azyndan üç ýyl möhlet bilen saýlanylýar. Müdiriýetiň agzalary gaýtadan saýlanylyp bilner.

Müdiriiýetiň başlygy we agzalary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilip, şeýle hem bankyň tertipnamasy bilen tassyklanylyp bilner. Bankyň başlygy hem bankyň Müdiriýetiniň agzasydyr.

Müdiriýet umumy ýygnagyň we bank Mejlisiniň ygtyýarynda bolmadyk bank işlerine degişli ähli soraglary çözýär.

Umumy ýygnak öz ygtyýaryndaky hukuklaryň bir bölegini Müdiriiýetiň ygtyýaryna bermek baradaky karary çykaryp bilýär. Müdiriýet umumy ýygnagyň we bank mejlisiniň öňünde hasabat berýär we olaryň kararlaryny ýerine ýetirmekligi gurnaýar. Müdiriýet bankyň adyndan bankyň tertipnamayna we kanunyna laýyklykda hereket edýär.

Müdiriýetiň başlygy ynanç hatsyz bankyň adyndan hereket edip bilýär, ýagny ony hökümet dolandyryş guramalarynyň öňünde görkezip bilýär. Hereket edýän kanunyň çäklerinde bankyň serişdelerine ygtyýarlyk edip, şertnamalary baglaşyp we kazyýetde çykyş edip, esasy işleri boýunça buýruklary we görkezmeleri berip, wezipe ştatyna we çykdajy smetasyna degişlilikde wezipe aýlyklaryny belläp, bellenilen nomenklatura laýyklykda wezipä belläp we aýryp, tapawutlanan işgärleri höweslendirip ýa-da tertibe çagyryp, bankyň düzümleýin bölümleri baradaky düzgüni tassyklap, orunbasarlaryň arasynda borçlaryny paýlap we ş.m. edip bilýär.

Bankyň Müdiriýetinyň başlygy maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak işlerinde ýeke-täk syýasaty alyp barmaklygy üpjün etmelidir. Dolandyryşyň esasan ykdysady usullaryny ulanmalydyr. Zähmet köpçüliginiň başlangyçlarynyň we başarjaňlygynyň ýüze çykmagy üçin şertler döretmelidir.

Dolandyryşyň esasy maksady biri-biri bilen bäsleşýän bank edaralarynyň we şolar bilen birlikde ähli

hojalyk subýektleriniň netijeli we durnukly işlemekleri üçin şertler döretmekdir. Türkmenistanyň Mejlisiniň bank we bank işleri baradaky kabul eden kanuny aktlary bankyň işini reglamentirleýär, olaryň statusyny kesgitleýär we Türkmenistanyň Merkezi bankyna olaryň işini düzgünleşdirmäge hukuk berýär.

Döwlet guramalary tarapyndan täjirçilik banklaryny dolandyrmaklyk düzgüne salmak, höweslendirmek we gözegçilik görnüşinde alnyp barylýar.

Hereket edýän kanunyň çäklerinde bank ýolbaşçylary girdeýji almak maksady bilen banklaryň işini meýilleşdirýärler we guraýarlar. Bu ýerde dolandyryş obýektleri bolup işiň aýratyn taraplary däl-de, eýsem tutuş ulgam, gurama çykyş edýär. Dolandyryşyň esasy bolup täjirçilik banklarynyň aktiwleri we passiwleri çykyş edýärler.

## 13.2. Täjirçilik banklarynyň passiw we aktiw amallary

Bankyň boş pul serişdelerini toplaýan we olary yzyna gaýtarmak esasynda ýerleşdirýän edara hökmünde kesgitlenilmegi, onuň işinde passiw we aktiw amallary öňe çykarmaga mümkinçilik berýär.

Passiw amallaryň kömegi bilen banklar öz resurslaryny emele getirýärler. Olaryň manysy dürli görnüşli goýumlary çekmekden, başga banklardan karz almakdan, hususy gymmatly kagyzlaryň emissiýasyndan, şeýle hem bank resurslaryny artdyrýan gaýry amallaryň geçirilmeginden ybaratdyr.

Taryhy gelip çykyşy boýunça passiw amallar birinji orunda durýarlar, sebäbi aktiw amallary ýerine ýetirmek üçin, esasy şertleriň biri resurslaryň ýeterlikli bolmagydyr.

Passiw amallara aşakdakylar degişlidirler:

- goýumlary (depozitleri) kabul etmek;
- müşderileriň, şol sanda habarçy banklaryň hasaplaryny açmaklyk we alyp barmaklyk;
- hususy gymmatly kagyzlary dolanyşyga goýbermek (obligasiýalar, wekseller, depozit we süýşürintgi sertifikatlary);
- bankara karzlaryň, şol sanda merkezleşdirilen karz resurslarynyň alynmagy;
- repo amallary;
- ýewrowalýuta karzlary.

Bank serişdeleriniň aýratyn görnüşini bankyň hususy serişdeleri (kapitaly) emele getirýärler. Bankyň hususy kapitaly, anyk aňladylan hukuk esasyna we kesgitlenen wezipä eýe bolmak bilen, bankyň maliýe binýady bolup çykyş edýär. Ol zyýanlaryň we batyp galmaklygyň ýagdaýlary ýüze çykan halatynda goýumçylara we karz berijilere öwezini dolmak töleglerini amala aşyrmaga bankyň wezipelerine laýyklykda amallaryň göwrümlerine we görnüşlerine goldaw bermäge mümkinçilik döredýär.

Bankyň hususy serişdeleriniň düzüminde: tertipnamalaýyn, ätiýaçlyk we gaýry ýörite gaznalar, şeýle hem ýylyň dowamynda paýlanylmadyk peýda bolýar.

Bankyň hususy kapitalynyň esasy bölegi tertipnama (tertipnama) gaznasydyr. Bankyň guramaçylyk görnüşine

baglylykda onuň tertipnama gaznasy dürli görnüşde emele getirilýär. Eger-de bank paýdarlar jemgyýeti hökmünde döredilýän bolsa, onda onuň tertipnama gaznasy paýdarlaryň paýnamalary ýerleşdirmekden alan serişdeleriniň hasabyna emele getirilýär. Bank jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýet hökmünde döredilse, tertipnama gaznasy oňa gatnaşyjylaryň paý gatançlary esasynda emele gelýär. Bankyň guramaçylyk-hukuk görnüşine garamazdan onuň tertipnama gaznasy tutuşlygyna oňa gatnaşyjylaryň (fiziki we ýuridiki taraplaryň) goýumlarynyň hasabyna emele gelýär we olaryň borçnamalarynyň üpjünçiligi bolup hyzmat edýär.

Tertipnama gaznasynyň möçberi, onuň emele gelmeginiň tertibi we üýtgedilmegi bankyň tertipnamaynda kesgitlenilýär.Tertipnama (tertipnama) maýasynyň jemi kanun taýdan çäklendirilmeýär, ýöne bankyň durnuklylygyny üpjün etmek üçin Merkezi bank tarapyndan onuň iň pes möçberi bellenilýär. Tertipnama maýanyň artmagy paýdarlaryň serişdeleriniň, şeýle hem onuň hususy serişdeleriniň (ätiýaçlyk we ýörite maksatly gaznalaryň), diwidentleriň, peýdanyň hasabyna amala aşyrylyp bilinýär.

Ätiýaçlyk gaznasy bankyň geçirýän amallary boýunça ýüze çykaýjak zyýanlaryň üstüni ýapmaklyga gönükdirilýär. Onuň ululygy tertipnama gaznasyna bolan göterim gatnaşyklarynda bellenilýär. Ätiýaçlyk gaznasynyň emele gelmek çeşmesi bolup peýdadan geçirilýän serişdeler çykyş edýär.

Banklar başgada: ”Esasy serişdeleriň könelmesi”, ”Arzan bahaly tiz könelýän predmetleriň könelmesi” ýaly

amortizasion geçirimleriň hasabyna emele gelýän gaznalary, şeýle hem peýdanyň hasabyna döredilýän ykdysady höweslendiriş gaznalaryny emele getirýärler. Ýörite maksatly gaznalara bankalaryň esasy serişdeleri gaýtadan bahalandyrmaklykdan alnan serişdeleri, banklaryň paýnamalary olaryň ilkinji eýelerine nominal gymmatyndan ýokary satmaklyklaryndan alnan serişdeler hem goşulýarlar.

Täjirçilik banklarynyň resurslaýyn binýadynyň häzirki zaman düzümi, düzgün bolşy ýaly, hususy serişdeleriň ujypsyz paýy bilen häsiýetlendirilýär. Ösen bazar gatnaşykly ýurtlarda resurslaryň düzüminde hususy serişdeleriň paýy 15-20 göterime deňdir. Bu banklaryň durnuklylygyny ýeterlik üpjün edýär. Türkmenistanyň banklarynda bu görkeziji 10 göterimden ýokary däldir, şol bir wagtyň özünde bu görkeziji kärhanalarda 40-50 göterime barabardyr.

Banklaryň resurslarynyň esasy bölegini çekilen serişdeler emele getirýärler. Olar bankyň aktiw amallaryny ýerine ýetirmek üçin gerek bolan pul serişdeleriniň 80-90 göterimini düzýärler. Çekilen serişdeleriň iň ýokary möçberi bankyň hususy kapitalyna baglydyr. Dürli ýurtlarda hususy kapital bilen, çekilen serişdeleriň kadalaşdyryjy gatnaşygy tapawutlydyr. Bu kadalaşdyryjylar 1:10-dan tä 1:100 çenli bolan gatnaşyklarda üýtgäp durýarlar. Mysal üçin, Şweýsariýada bu gatnaşyk 1:12, Ýaponiýada bolsa 1:83-e deňdir.

Täjirçilik banky kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň, ilatyň we beýleki banklaryň serişdelerini özüne çekip bilýär. Bellenen möhlete görä çekilen

resurslar ***dolandyrylýan resurslara*** *we* ***gündelik passiwlere*** bölünýärler. Dolandyrylýan resurslar bank tarapyndan çekilen möhletli depozitleri we bankara karzlary öz içine alýarlar. Gündelik passiwler hasaplaşyk, gündelik we habarçy hasaplaryndaky galyndylardan emele gelýärler.

Goýum (depozit) pul serişdeleri bolup (nagt ýa-da nagt däl görnüşde, milli ýa-da daşary ýurt walýutasynda), olaryň eýeleri tarapyndan kesgitlenen şertlerde saklamaklyk üçin banka geçirilýär. Pul serişdelerini goýumlara çekmek bilen baglanyşykly amallara, ***depozit*** amallary diýilýär. Banklar üçin goýumlar olaryň passiw amallarynyň iň esasy görnüşidir, aktiw amallary geçirmeklik üçin bolsa iň esasy resursdyr.

Goýumlary toparlamagyň dürli almatlary bar. Goýumça baglylykda depozitler fiziki we ýuridiki taraplaryň depozitlerine bölünýärler. Möhletine baglylykda ***möhletli we talap edilýänça*** depozitler bolýarlar.

Talap edilýänça goýumlar müşderiler tarapyndan bankda açylýan dürli hasaplarda ýerleşdirilýär. Olar gündelik hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin niýetlenendir we islendik wagtda tutuşlygyna ýa-da bölekleýin talap edilip bilner. Goýumlary yzyna almaklyk ***nagt we nagt däl*** hasaplaşyk bilen amala aşyrylýar.

Müşderileriň gündelik hasaplarynda saklanylýan serişdeler yzygiderli ulanylsa hem olaryň belli bir möçberde peýdalanmadyk galyndylary bolýar. Müşderileriň hasaplaryndaky galyndylaryň bolmagy täjirçilik banklarynyň passiw hasaplaryna serişdeleriň

geçirilýändigi bilen baglydyr, serişdeleriň näçe wagtlap hasaplarda galjakdygyny kesgitlemek mümkin däl. Hasaplaşyk gündelik we býujet hasaplara degişlidir. Olarda maksatlaýyn serişdeler saklanylýar, şeýle hem gaýry banklar bilen hasaplaşyklar boýunça habarçy hasaplary, hasaplaşykdaky serişdeler hem aýdylanlara degişlidir. Bank öz müşderilerine hasaplary açmak bilen, hasaplar boýunça galyndylary aktiw karz amallaryny geçirmek üçin peýdalanýar.

Talap edilýänça goýumlar durnuksyzdyrlar, şonuň üçin täjirçilik banklar tarapyndan olaryň ulanylyşy çäklidir. Şu sebäpli hasaplaryň eýelerine göterim pes tölenýär ýa-da ol düýbünden tölenilmeýär. Goýumlary çekmeklikde bäsleşigiň ýokarlanýan şertlerinde täjirçilik banklary müşderileri özlerine çekmäge ymtylýarlar, hasaplaryň eýelerine goşmaça hyzmatlar hödürlenýär, şeýle hem hyzmatlaryň hili ýokarlandyrylýar.

***Möhletli goýumlar*** pul serişdeleridir. Olar depozit hasaplaryna geçirilýärler, möhleti berk bellenilýär we göterim tölenilýär. Olaryň töleg haklary goýumyň möçberine we möhletine bagly bolýar. Möhletli goýumyň eýesi öz serişdelerine bellenilen möhlet geçenden soň ygtyýarlyk edip bilýär, ýöne bu ýagdaý onuň serişdelerini möhletinden öň alyp bilmek mümkinçiligini aradan aýyrmaýar. Şeýle halatda müşderiniň göteriminiň möçberi peselýär. Bank üçin möhletli goýumlary çekmek bähbitli bolýar, çünki olar durnuklydyrlar we goýumçylaryň serişdelerini uzak wagtyň dowamynda ulanmaga mümkinçilik berýär.

Bank resurslaryny emele getirmekde ilatyň ***süýşürintgi goýumlary*** hem belli bir ähmiýete eýedirler. Hususan-da Türkmenistanyň “Halkbank” DTB-y tarapyndan öň ýurduň banklaryna belli bolan “Talap edilýänçä” we “Möhletli” goýumlardan başga-da, 1998-2004-nji ýyllar aralygynda birnäçe täze goýumlar girizildi. Olardan “Süýşürintgiler”, “Girdejisi öňünden berilýän” goýum, “Baýrakly” goýum, “Halk” goýumy, “Hemaýat” goýumy, “Amatly, Abadanlyk” goýumy, “Altyn asyryň nesilleri” atly çagalara niýetlenen goýum, “Eneler” goýumy, “3 aý we 6 aý möhletli depozit” goýumlary görkezmek bolar. Şeýle hem utuşly goýumlar bolan “Awtomobil utuşly” goýumy we “Garaşsyzlygyň 10 ýyllygyna” atly goýumlar ilata hödürlenildi.

Bank resurslarynyň möhüm çeşmeleriniň biri bankara karzlarydyr, ýagny beýleki banklardan alynýan karzlardyr. Häzirki zaman şertlerinde pul serişdelerini çalt çekmek üçin bankara karz bazarynyň mümkinçiliklerinden peýdalanýarlar, bazarda gaýry karz edaralary tarapyndan tölenilmeýän pul serişdeleriniň satuwy amala aşyrylýar. Karz bazarynda gysga möhletli bankara karzlar agdyklyk edýärler. Bankara guraly täjirçilik banklarynyň karz resurslarynyň esasy çeşmesi bolup hyzmat edýär. Ol düzgün bolşy ýaly habarçy hasaplaryň çäklerinde berilýär.

Täjirçilik banklary Merkezi bankdan hem karz alýarlar (wekselleri gaýtadan hasaba almak, gaýtadan maliýeleşdirmek we lombard karzlary).

Täjirçilik banklarynyň ***aktiw amallary bank resurslaryny ýerleşdirmek bilen baglydyr.*** Banklar toplan we hususy pul serişdelerini öz müşderilerini

karzlaşdyrmak hem-de bankyň telekeçilik işini amala aşyrmak üçin ulanýarlar.

Bank kanunçylygyna laýyklykda täjirçilik banklary iň bolmanda üç sany amaly ýerine ýetirenlerinde özüniň düýp manysyna doly gabat gelýärler. Bu amallar ***depozit, karz*** we ***hasaplaşyk*** diýen arassa bank amallarydyr.

Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň kanunçylygy kärhanalaryň, guramalaryň pul serişdelerini hökmany ýagdaýda bank hasaplarynda saklamaklygy göz öňünde tutýar. Banklar satyjy bilen alyjynyň, salgyt töleýiji bilen býujetiň we gaýry pul gatnaşyklarynyň subýektleriniň arasynda araçyl hökmünde çykyş edýärler. Banklar müşderileriň hasaplarynda buhgalterçilik ýazgylaryny geçirmek bilen hasaplaşyk wezipesini ýerine ýetirýärler. Bu düzgün öňi bilen kärhanalaryň ýerine ýetirýän hojalyk amallaryna döwlet gözegçiligini üpjün edýär, şeýle hem nagt däl hasaplaşyklaryň çäklerini giňeltmäge mümkinçilik berýär (nagt hasaplaşyklar bilen deňeşdirilende nagt däl hasaplaşyklara artykmaçlyk berilýär).

Bankara bäsleşiginiň güýçlenmeginiň täsiri bilen täjirçilik banklarynyň amallaryny giňeltmek häsiýeti ýüze çykýar. Bu amallara öňi bilen faktoring, lizing we trast amallary degişlidir.

Şeýlelik bilen, täjirçilik banklarynyň ***aktiw amallary*** - passiwleri dürli görnüşlerde ýerleşdirmekdir, ýagny karzlaşdyrmak, bankyň maýa goýumlary, gymmatly kagyzlary satyn almak, wekselleri hasaba almak, müşderileriň tabşyrygy boýunça hasaplaşyk

amallaryny geçirmek, maslahat bermek we müşderilere hyzmatlaryň adaty bolmadyk görnüşlerini hödürlemek.

Bu ýagdaýlara jikme-jik seredip geçeliň.

**Karzlaşdyrmak** bank işiniň wajyp ugurlarynyň biridir. Bankyň aktiw amallary karzlaşdyrmaklyga esaslanýar. Karzlaşdyrmak dürli görnüşlerde amala aşyrylýar. Üpjünçiligine baglylykda karz dürli möhletlere berilýär. Ähli karz amallary üçin karzlaşdyrmagyň esasy ýörelgeleri birmeňzeşdir: umumy we aýratyn ýörelgeler ulanylýar. ***Birinji ýörelgeler*** hojalyk subýektlerine daşary şertleriň täsirini hasaba alýarlar. ***Ikinji ýörelgeleri*** bolsa karz alyjynyň karz ukyplylygyny, karz serişdelerini we göterimleri öz wagtynda töläp bilijiligini göz öňünde tutýar.

Karzlaşdyrmak bank işiniň bir pudagy hökmünde örän giňden ýaýrandyr. Mysal üçin, Türkmenistanda beýleki köp ýurtlarda bolşy ýaly bank ulgamy karzlaryň aýratyn görnüşlerinde ýöriteleşýän inistitutlary öz içine alýarlar. Karz alyjylaryň görnüşleri boýunça hem olar tapawutlandyrylýar.

Karz geleşigini resmileşdirmek karz şertnamasyny baglaşmak bilen utgaşdyrylýar. Geleşigiň şertleri her bir anyk ýagdaýda tapawutlandyrylýar, köplenç, karzy yzyna gaýtarmaklygyň üpjünçilik çeşmelerinden ugur alynýar. Şertnamada karzy üzmekligiň tertibi, karzy yzyna gaýtarmaklygyň we göterimleri tölemekligiň möhletleri, möhleti uzaltmaklygyň mümkinçilikleri kesgitlenilýär.

Şertnama baglaşmak boýunça ylalaşylandan soňra müşderä karz hasap açylýar. Ol ýönekeý ýa-da ýörite

hasap bolup biler. Eger karz alyjy fiziki tarap bolsa, onda oňa nagt pul serişdeleri berlip bilinýär.

Bank edarasy karzyň berlen wagtyndan başlap, tä ol doly üzülýänçä (göterimleri bilen bilelikde) öz müşderisi bilen hemişe aragatnaşykda bolýar: müşderiniň maliýe we ykdysady şertleri seljerilýär, serişdeleriň maksadalaýyk ulanylşynyň monitoringi (derňewi) geçirilýär, peýdanyň emele gelşi we ulanylşy derňelýär, gaýry algydarlar we bergidarlar bilen özara gatnaşyklaryna baha berilýär. Her çärýekde (kä halatlarda her aýda ) bank karz alyjydan karz geleşiginiň şertlerini ýerine ýetirilişi baradaky hasabaty alýar.

***Bankyň maýa goýumlary*** bankyň uzak möhletli pul goýumlary babatyndaky işiniň bir görnüşidir. Goýumlar täze taslamalara (gurluşyk, ylmy-barlag işleri we ş.m.) ýa-da gymmatly kagyzlara goýulýar. ***Birinji ýagdaýda,*** maýa goýumlary ***hakyky*** diýip atlandyrylýar, sebäbi olaryň netijesinde maýanyň hakykatdan köpelmegi bolup geçýär, ***ikinji bolsa-maliýe*** maýa goýumlary diýip atlandyrylýar, bu ýagdaýda banklar diňe emitentleriň peýdasyna gatnaşýarlar.

Täjirçilik banklarynyň resurslaýyn binýadynyň berkemegi ykdysady ösüşiň depginleriniň ýokarlanmagynyň esasy şertleriniň biridir. Türkmenistanyň jemi içerki önüminiň, takmynan, 1/3 bölegi düýpli gurluşyklary alyp barmaklyga gönükdirilýär. Sebäbi düýpli maýa goýumlar ykdysady öşüşi herekete getirýän esasy gurallaryň biridir. Çünki, bir tarapdan, Türkmenistanda gazanylan ýokary depginli durmuş-ykdysady ösüş onuň pudaklaryny ösdürmeklige uly

möçberlerde düýpli maýa goýumlaryny gönükdirmeklige maddy esas bolup çykyş etse, beýleki bir tarapdan, düýpli maýa goýumlarynyň uly möçberlerde özleşdirilmegi we onuň netijesinde esasy serişdeleriň ýokary depginler bilen işe girizilmegi ykdysadyýetiň ösüş depginlerini has-da çaltlandyrýar.

***Gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallary*** diňe şertleýin bankyň aktiw amallarynyň hataryna goşup bolar. Sebäbi bu amallar aktiwleri gymmatly kagyzlara ýerleşdirmekden başga-da, bankyň resurslaýyn binýadynyň artmagynyň çeşmesi hem bolup bilýärler, ýagny bank gymmatly kagyzlary dolanyşyga goýberilende passiwleriň köpelmeginiň esasy bolup hyzmat edýärler.

Bank gymmatly kagyzlar bilen amallary geçirende, özüniň likwidliligine ýardam bermäge borçludyr. Düzgün bolşy ýaly, emitirlenýän gymmatly kagyzlar has amatlydyrlar. Olar töwekgelçiligiň birinji toparyna degişli bolup, aktiwleriň ýitirilmeginden nula deň bolan koeffisiýente eýedirler. Banklar öz aktiwlerini ýokary girdeýji getirýän paýnamalara hem ýerleşdirip bilýärler, ýöne bu örän töwekgelçilikli amaldyr. Mundan başga-da täjirçilik banklary öz serişdelerini maliýe kompaniýalarynyň paýnamalaryna we dürli banklara hem-de paýdarlar jemgyýetleriniň paýnamalaryna goýup bilýärler.

Täjirçilik banklary gymmatly kagyzlar bilen amallar geçirenlerinde şu şertlerden ugur almalydyrlar. ***Birnjiden***, kagyzlar bazarda örän işjeň aýlanýan bolmaly. ***Ikinjiden***, bahalaryň tapawudy örän ujypsyz bolmaly, şeýle ýagdaýda gymmatly kagyzlar ýitgisiz ýerlenilýär.

***Uçünjiden***, gymmatly kagyzlardan gelýän girdeji hümmetsizlenmegiň derejesinden ýokary bolmaly. ***Dördünjiden,*** emitent tarapyndan gymmatly kagyzlaryň üzülmezlik töwekgelçiligi nula çenli peseldilen bolmaly. Gymmatly kagyzlaryň bukjasy emele getirilende esasy şertleriň biri olaryň diwersifikasiýasydyr (dürli görnüşli gymmatly kagyzlaryň ulanylmagydyr). Ol öz gezeginde dürli şertleriň öwrenilmegini talap edýär:

- emitente degişli bolan kompaniýanyň girdejisi, tölenilýän diwidentleriň tertibi we möçberi, paýnamalaryň gündelik bahalary, kompaniýanyň dolandyrylyşy;
- gymmatly kagyzlaryň geografik taýdan paýlanylyşy;
- üzmekligiň möhletleri;
- göterim haklarynyň ösüşiniň çaklamalary we ş.m.

Türkmenistanyň täjirçilik banklarynda gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallar yzygiderli kämilleşdirilýär. Muňa mysal edip Türkmenistanyň ”Senagat” paýdarlar täjirçilik banky we Türkmenistanyň ”Garagum” halkara paýdarlar bankynyň geçirýän işlerini görkezmek bolar.

**Täjirçilik banklarynyň wekseller bilen geçirýän amallary** banklaryň ilkinji amallarydyrlar. Olar karzlaşdyrmak bilen kybapdaşdyrlar, ýöne gymmatly kagyzlaryň şu görnüşiniň üsti bilen amala aşyrylýarlar. Bu ýerde müşderiler bilen özara gatnaşygyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar. Olaryň **birinjisi,** wekseli satyn almaklyk bilen karzlaşdyrmaklygy aňladýar, soňra weksel

karzyň möhleti dolýança başga bir täjirçilik bankynda hem hasaba alnyp bilinýär. **Ikinjisi** kompaniýanyň wekselini möhletinden öň hasaba almakdyr. Bu ýagdaýda bank pul serişdelerini berende öz peýdasyna diskonty (öňünden alynýan göterim) alyp galýar, ol gysga möhletli karzlaşdyrmaklygyň we dürli ýygymlaryň möçberine, takmynan, gabat gelýär. Satyn alnan weksel töleg almak üçin görkezilip bilinýär, gaýry täjirçilik bankynda ýa-da MB-de gaýtadan hasaba alnyp bilinýär.

Gysga möhletli wekseller has amatly bolýarlar, sebäbi olar bazar ýagdaýynyň üýtgemekligine gaty bir bagly däldirler.

**Müşderileriň tabşyrygy boýunça hasaplaşyk-kassa amallary.** Bu amallar müşderileriň kassa ýüz tutmalary esasynda bankyň kassasyndan nagt pullaryň berilmegi ýa-da olaryň tabşyrygy boýunça hasaplaşyk hasaplaryndan býujetiň, býujetden daşary gaznalaryň, hyzmatdaşlaryň öňündäki borçnamalaryň tölegleri üçin serişdeleriň geçirilmegi bilen baglydyr. Bu amallary bankyň aktiw amallarynyň hataryna şertleýin goşýarlar, sebäbi kassa pul serişdeleriniň geçirilmegi ýa-da olaryň hasaplaşyk hasabyna ýazylmagy bankyň resurslarynyň köpelmegine ýardam berýär.

Hasaplaşyklar TMB-niň tassyklamagy we Türkmenistanyň raýatlyk Kodeksinde berkidilen düzgünler we kadalar esasynda, bellenilen resminamalardaky möhletleri we düzgünleri berjaý etmeklik bilen amala aşyrylýar.

**Maslahat bermek hyzmatlary** bankyň komission amallaryna degişlidir. Ol kompaniýalaryň maliýe

ýagdaýynyň seljermelerini, düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmekligiň usullaryny, maýa goýum taslamalaryny işläp düzmekligi, gymmatly kagyzlaryň bukjasyny emele getirmekligiň usullaryny, hyzmatdaşlary saýlamaklygyň ugurlaryny, kompaniýanyň dolandyrylyşyny kämilleşdirmek boýunça çäreleriň toplumyny işläp düzmekligiň esaslaryny, çykdajylary azaltmagyň, peýdany köpeltmegiň çeşmelerini gözläp tapmaklygy we ş.m. öz içine alýar. Bankyň bu işleri maslahat bermek baradaky şertnamany baglaşmak esasynda ýerine ýetirilen hyzmatlara tölegiň jemi kesgitlenip amala aşyrylýar.

**Täjirçilik banklaryň adaty däl işleri** bank düzümleriniň işine däp bolmadyk amallardyr. Bu amallar ýiti bäsleşigiň netijesinde banklaryň işine öwrüldi.

Häzirki wagtda lizing, faktoring we trast amallary has işjeň ulanylýar.

## 13.3. Täjirçilik banklarynyň maýa goýum işleri we syýasaty

Täjirçilik banklary töwekgelçiligi peseltmek we girdejileri köpeltmek maksady bilen aktiw amallary diwersifikasiýalaşdyrýarlar, ýagny aktiwleri dürli görnüşli amallaryň we maýa goýum obýektleriniň arasynda paýlaýarlar.

Banklar häzirki zaman karz ulgamynyň öňdebaryjy institutlary hökmünde maýa goýum işleri bilen işjeň meşgullanýarlar. Bazar ykdysadyýetiniň ösen ýurtlarynda maýa goýum işleriniň maliýe-karz

institutlarynyň arasynda bölünişigi häsiýetlidir. Maýa goýum işleri bilen meşgullanýan banklar bilen bir hatarda, şol banklaryň başga görnüşleri hem bar, olar maliýe bazarynda diňe gymmatly kagyzlar bilen amallary ýerine ýetirýärler. ***Ikinji*** görnüşli amallar bolsa bank maýa goýumlary diýlip atlandyrylýar.

Halkara bank tejribesinde maýa goýumlar (inwestisiýalar) uzak wagtyň dowamynda serişdeleriň gelmegini üpjün etmeklik maksady bilen bankyň gymmatly kagyzlara maýa goýmaklygydyr. Şeýle geleşikleriň başyny başlaýjy bolup müşderiler çykyş edýärler.

Maýa goýum işlerinde bankyň bähbidi serişdeleriň uzak möhletli saklanylmagyndan, olaryň diwersifikasiýasyndan hem-de girdejililigiň we likwidliligiň üpjün edilmeginden gelip çykýar.

Türkmenistanyň banklary üçin ýokarda agzalan bölünişik häsiýetli däldir. Maýa goýum amallaryny ýerine ýetirmeklik mümkinçilikleriniň nukdaý nazaryndan olar köp ugurlydyrlar.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde maýa goýum işleri banklaryň maliýe-karz institutlary hökmündäki işi bilen baglydyr, sebäbi karz özüniň tebigaty boýunça maýa goýum resursy görnüşinde şu sferanyň meselelerine has dogry gabat gelýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň bank ulgamynda maýa goýum karzyny bermekligiň aşakdaky ýaly umumy ýörelgeleri ulanylýar:

- karz taslamasy geljekde ýokary girdeji, şol sanda daşary yurt walýutasynda almaklygy üpjün etmelidir;
- karz alyjynyň hususy serişdeleri 30%-den ýokary bolmalydyr;
- taslama ekologiýa taýdan howpsuz bolmaly we ýurduň ykdysady ösüşiniň wezipelerine laýyk gelmeli.

Maýa goýum karzynyň mazmuny boýunça pul karzyndan aýratynlygy onuň ýetmezçilik edýän resurs hökmünde ulanylyp bilmeýänligidir. Onuň esasy wezipesi maýa goýum gurşawynda serişdeleriň aýlanyşygyny çaltlandyrmaga täsir etmekdir. Şonuň üçin karz üzmekligiň taslamanyň özüni ödemek möhletinden gyşarmasy diňe maýa goýumlardan gelýän pul akymlary taslamada göz öňünde tutulandan ýokary bolsa ýüze çykyp biler. Tersine bolan halatynda karz maýa goýum häsiýetini ýitirýär, ýagny ykdysady ösüşi höweslendirmekligi bes edýär.

Türkmenistanda hakyky (göni) maýa goýumlarynyň aýdyň mysaly hökmünde täjirçilik banklarynyň gurluşyk toplumyna goýýan serişdeleri çykyş edýärler.

Täjirçilik banklarynyň maýa goýum syýasatynyň ýene-de bir ähmiýetli ugry bukjalaýyn (maliýe) maýa goýumlarydyr, ýagny dürli görnüşli gymmatly kagyzlara maýa goýmaklykdyr. Bu maýa goýumlar kapitalyň hakyky ýokarlanmagyny häsiýetlendirmeýärler, sebäbi diňe eýeçiligiň tituly berkidilýär ýa-da eýeçiligiň titulynyň çalyşmagynyň kömegi bilen resurslar pudaklar boýunça

gaýtadan paýlanylýar. Şeýle ýagdaý resurslar ýeri we gozgalmaýan emlägi satyn almaklyga gönükdirilende hem ýüze çykýar.

Gymmatly kagyzlaryň bazarynda serişdeleri maýalaşdyrmagyň barşynda bank üçin ähmiýetli soraglaryň biri haýsysynyň girdejililik, likwidlilik ýa-da ygtybarlylyk ugurlarynyň ähmiýetlidigini ýüze çykarmakdyr.

Gymmatly kagyzlara goýulan ähli serişdeleriň jemi, bankyň maýa goýum bukjasyny emele getirýär.

Bankyň maýa goýum bukjasy bankyň gazna bazaryndaky goýumlarynyň jemidir.

Maýa goýumlaryň bukjasy diwersirlenen, ýagny birnäçe görnüşli gymmatly kagyzlaryň bolmagy, şeýle hem diwersirlenmedik, diňe bir görnüşdäki maliýe aktiwleriniň barlygy bilen häsiýetlendirilýär.

Banklaryň gymmatly kagyzlar bilen iş alyp barmaklygynyň özboluşly aýratynlygy bar. Ol bankyň maliýe instituty hökmündäki işleri bilen baglydyr.

***Birinjiden,*** täjirçilik banklary maliýe hyzmatlaryny has kadalaşdyrýan firmalar bolup çykyş edýärler. Şonuň üçin olar öz işlerinde ähli kanunçylyk çäklendirmeleri we kadalaşdyryjylary göz öňünde tutmaga borçludyrlar.

***Ikinjiden,*** bankyň resurslarynyň esasy bölegi tölegli häsiýete eýedir. Bu bolsa beýleki maýadarlara garanyňda göterim töwekgelçiliginiň bankyň peýdasyna we maliýe ýitgilerine täsiri uludyr.

***Üçünjiden,*** möhletli resurslar bankyň passiwlerinde möhletsizlerden has köpdür. Bu ýagdaý

likwidliligiň deňsizlik töwekgelçiligine banklaryň üns bermegini talap edýär.

Bukjany dolandyrmaklyk bankyň maýa goýum syýasatyny we strategiýasyny düzýär. Ol bankyň peýdasyny ýokarlandyrmaklyga, töwekgelçiligiň ýol berilýän derejesini saklamaklyga we aktiwleriň likwidliligini artdyrmaklyga gönükdirilýär.

Bank maýa goýumlaryna karz, bazar we göterim töwekgelçilikleri mahsusdyr.

**Karz töwekgelçiligi** emitentiň maliýe mümkinçilikleriniň peselmek ähtimallygy, onuň netijesinde bolsa maliýe borçnamalaryny ýerine ýetirip bilmezligi bilen baglydyr.

Bazar töwekgelçiligi ykdysadyýetde göz öňünde tutulmadyk üýtgeşmeleriň we gymmatly kagyzlar bazaryndaky bahalaryň üýtgemegi esasynda ýüze çykyp biler.

Aktiwler göterim haklarynyň üýtgemek töwekgelçiligine hem sezewar bolýarlar. Bu ýagdaýda olaryň bazar bahasynyň peselmek töwekgelçiliginiň ýüze çykmagy hem ähtimal.

Maýa goýumlarynyň girdejililik derejesi serişdeleri toplamaklygyň harajatlaryndan ýokary bolmalydyr. Eger kabul edilen maksatnama gaýry maýa goýumlardan gelýän peýdanyň ösmegine ýardam berýän bolsa, onda käbir ýagdaýlarda uly bolmadyk peýda hem ýeterlikli hasaplanylýar.

Täjirçilik banklary maýa goýumlarynyň bukjasynyň gymmatynyň peselmegini iň pes derejä ýetirmek üçin ähli güýçlerini gönükdirýärler. Sebäbi,

karzlar boýunça göterim haklarynyň ýokarlanýan döwründe, ol likwidliligiň esasy çeşmesi bolup hyzmat edýär.

Şeýlelik bilen, maýa goýum syýasatynyň aýgytlaýjy maksatlary bolup girdejililik we likwidlilik çykyş edýär.

Düzgün bolşy ýaly bankyň maýa goýum syýasaty ýazuw resminamasy bolup, onda maýa goýum bukjasynyň düzümine degişli bolan görkezmeler, gymmatly kagyzlaryň görnüşleri, olary satyn almak we satmak baradaky bankyň strategiýasy we ş. m. beýan edilýär. Ykdysady ýagdaýyň üýtgemegine baglylykda bankyň maýa goýum syýasaty hem üýtgeýär.

## Maliýe bazarlary.

### 14.1. Maliýe bazarlary barada düşünje.

Maliýe bazary diýip maýa goýumlar hyrydarlyklere we hödürlemelere baglylykda karz berýänleriň we alýanlaryň arasynda paýlamak mehanizmi diýmekdir. Maliýe bazarylarnyň funksiýasy hereket etmeýän pul serişdelerini ssuda maýa goýumlar öwürmekden ybaratdyr. Maliýe bazarlarynyň düzümi pul bazarlaryndan we maýa goýumlar bazarlaryndan ybaratdyr. Pul bazarlary - bu gysga wagtlaýyn aralygynda geçirilýän karz amallarydyr. Pul bazarlary şu aşakdaky şekilden ybarat.




1) Hasabat bazary - bu hazyna we täjir wekselleriniň gysga wagtlaýyn ulanylýan gymmat bahaly kagyzlaryň satylýan ýeridir.

2) Banklarara bazar - bu ssuda maýa goýumlaryň bir bölegi bolup karz kärhanalaryň arasynda wagtlaýyn erkin pul serişdeleriň banklarara depozitler görnüşinde hereket etmegi diýmekdir. Olaryň möhleti 1, 3, 6 aý we 1,2 ýyla çenli bolup biler.

3) Walýuta bazarlary - bu halkara töleg aýlanyşygynda ýuridiki we fiziki adamlaryň pul borçnamalaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşyklydyr. Maýa goýumlar bazary - bu orta we uzak möhletleýin gymmat bahaly kagyzlar hereket edip biler. Gymmat kagyzlar - bu satylýan we satyn alynýan maliýe dokumentleri bolup geljekde onuň eýelerine olary nagt pullar görnüşde almaga hukuk berip biler. Gymmat bahaly kagyzlar wekseller, çekler,

aksiýalar, obligasiýalar, depozit sertifikatlary we ş.m. mysal bolup biler.

## 14.2. Gymmat kagyzlar bazarynda geçirilýän amallaryň görnüşleri.

Gymmat kagyzlar jemlenen girdejiler görnüşinde bolup biler ýa-da bergidarlyk borçlary öbligasiýa, weksel, depozit sertifikatlary.

Obligasiýa - bu korporasiýalaryň bergidarlyk borçlary bolup uly mukdarda goýberilýär. Bu resminama olary goýberýän kompaniýalaryň wagtly - wagtynda obligasiýalary satyn alan adamlara göterimleri tölemek borçlarynyň şaýadydyr.

Depozit sertifikatlary - karz kärhanalary tarapyndan goýberilýän maliýe resminamalardyr. Bu pul serişdeleriniň tapşyrylandygyna şaýatlyk edýän resminamalardyr.

Döwletiň gymmat kagyzlary - bu döwletiň bergidarlyk borçlarydyr. Olar goýberilen ýyllary, üzmek möhleti we göterim stawkalary bilen tapawutlanýar.

Kesgitlenmedik girdejileriň gymmat kagyzlary: Aksiýalar. Aksioner jemgyýetleriň goýberen gymmat kagyzlary bolup diwidentlere olara gelen peýdanyň bir bölegini almak mümkinçiligini döredýär.

Ykdysady praktikada gymmat bahaly kagyzlaryň iki görnüşi giňden ýaýrandyr:

Obligasiýalar. Paýnamalar. Döwletiň çäginde obligasiýalar merkezi we ýerli guramalaryň tarapyndan

goýberilip bilner. Ýerli häkimiýetleriň goýberýän obligasiýalary munisipal obligasiýalar diýlip atlandyrylýar. Obligasiýalaryň beýleki giňden ýaýran şertleriniň biri kompaniýalaryň aksiýalary - bu obligasiýalaryň aksiýalardan tapawudy. Olar nominal bahalardan pes bahalarda satylyp bilner. (Emissiýa kurslarynda). Mysal 100 manadyň ýerine 98 manada. Bahalaryň şeýle peselmegine dizažio diýilýär. Mundan başgada haçanda obligasiýalaryň puly yzyna tölenende ýokary bahalarda tölenip bilner: 100 manadyň ýerine 103 manat. Obligasiýalaryň bahalarynyň şeýle artdyrylmagyna ažio diýilýär. (Ýagny gymmat bahaly kagyzlaryň bahalarynyň ýokarlanmagy we aşaklanmagy). Aksiýalar - ykdysadyýetde aksiýalaryň birnäçe görnüşleri ulanylýar.

1) Görkezilýän paýnamalar - haçanda aksiýalaryň eýeleri bolup aksioner guramalary çykyş edýär.
2) Atlandyrylan paýnamalar - olaryň eýesi bolup aksioner kitaplar registrasiýa edilen adamlar çykyş edip biler.
3) Ýeňillikli paýnamalar - bu aksiýalaryň eýeleri adaty aksiýalaryň eýelerinden käbir berlen ýeňillikler bilen tapawutlanýar.
4) Adaty paýnamalar - bu aksiýalaryň eýeleri aksioner hukuklaryň ähli görnüşini ulanyp bilýär.

Fond biržalary - bu gymmat bahaly kagyzlar satylýan bazarlaryň guramaçylykly bölegi bolup dellalçylyk edýän agzalaryň gatnaşmagynda satyn almak satmak amallary amala aşyrýar.

Fond gymmatlyklary - bu fond biržalarynda gymmat kagyzlary satmakda geçirilýän amallara berilýän

rugsatlardyr. Biržalar haryt biržalaryna (metal, nebit, däne) walýuta we fond biržalaryna bölünýär.

Fond biržalarynda geçirilýän amallar dürli görnüşlerde bolup biler. Ýöne kassalar we gyssagly amallar esasdyr. Kassa amallary esasan hem şertnamalar baglanyşandan soň, belli bir ylalaşyga gelenden soň geçirilýär.

Gyssagly amallar giňden ýaýran däldir we spekulýasiýa häsiýeti ýüze çykarýar. Kassalar operasiýalaryň esasy görnüşleri dört görnüşdedir.

1) Ylalaşyklary şu günki walýuta hümmetlerinde geçirmegi tabşyrmak.
2) Çäklenen (limitli) tabşyryklar.
3) Bosagaly tabşyryklar.
4) Brokerleriň seretmeginde amallary doly ýa-da bölekleýin geçirmek.

Ykdysady tejribede birža ylalaşyklary aksioner täjir banklaryň kömegi bilen amala aşyrylýar we olar dürli hilde bolup biler. Bu amallar kliring ( daşary söwda nagt pulsuz hasaplaşyk) üsti bilen amala aşyrylýar. Olar maglumatlary barlamak, biržalara geçirilýän gündelik ylalaşyklar bilen baglanyşykly.

Transfert boýunça agentler - banklar gymmat bahaly kagyzlaryň eýeleriniň üýtgemegine degişli täze sertifikatlary açmak baradaky meseleleri çözýär.

Hasaba alýan agentler - bu banklaryň umumy satylan aksiýalaryň hasabatyny ýöretmegi.

**Testler :**

**1.** Pul hyzmat edýär.

a) Dolanyşyk serişdesi
b) Gysagly uly goýumlar goýmak
ç) Karz kartoçkalary saklamak
d) Uly bolmadyk gyssagly goýumlary goýmak

**2.** Deňagramly göterim stawkalary aşak düşse
a) Real J.M.Ö azalýar
b) Harytlaryň bahalary artýar
ç) Harytlaryň bahasy kemelýär
d) Puluň hödürlenmegi artýar

**3.** Aşakdakylaryň haýsy biri gymmat kagyz
a) Real zähmet hak
b) Pul birlikleri
ç) Harytlaryň bahalary
d) Aksiýalar

**Mysal:**

Täjirçilik bankyň balansynyň passiwi şu aşakdakylardan durýar.

Dowostrebowaniýa goýumlar-500, gyssagly goýumlar-250, hususy maýa-100. Goýumlary ýapmak üçin bankyň ätiýaçlyklarynyň ätiýaçlyklarynyň normatiwi: Dowostrebowaniýa goýum üçin- 15%, gyssagly goýum üçin -10%

1. Egerde talap edilýänçä goýumlaryň ýarysyny gyssagly goýuma geçirilen ýagdaýynda bank özüniň karz berýän pullarynyň mukdaryny näçe artdyryp biler?

2. Egerde gyssagly goýumlaryň eýeleri özüniň artan depozitleriniň 40göterimden bankdan gymmat kagyzlary satyn alsa onda bankyň karz berýän pulunyň mukdary näçe artar?

Jogap:

1. Bankyň minimal ätiýaçlyklaryň başlangyç ululygynyň ýagdaýy şeýle:

500x0,15+250x0,1=100

Dowostrebowaniýa goýum gyssagly goýuma geçenden soň:

250x0,15+500x0,1=87,5. Bankyň karz pullarynyň ätiýaçlyklary 100-87,5=12,5 mln.manat

2. Egerde bankyň gyssagly depozitleri 40% azalýan bolsa 0,4x500=200 mln.manat, onda bankyň artykmaç ätiýaçlyklarynyň ösüşi 0,1x200=20 mln.manat bolar.

**Mysal-1:**

Geçen ýylda ýurdyň ykdysady görkezijileri şu aşakdakylardan ybarat bolupdyr.(pul birlikde). J.I.Önüm -500, hususy sektoryň sap maýa goýumlary-75, döwletiň harajatlary-250, göni salgytlardan döwlet býüjetine gelýän girdejiler-30, gyýtaklaýyn salgytlar-20, telekeçileriň subwensiýalary-25, eksport-150, import-110.

Kesgitlemeli:

a) öý hojalyklaryň ygtyýarlygyndaky girdejini.
b) Amortizasiýa fondy(D)
ç) Döwlet býüjetiň derejesini

Jogap:

a) Y= 250+75+80+150-110=445

Göni salgytlar 30-deň bolany üçin öý hojalyklaryň girdejisi y= 445-30=415

b) amortizasiýa fondy (D) JMÖ bilen SMÖ tapawudy:
SMÖ= 445+20-25=440 şeýlelikde D= 500-440=60

ç) Döwlet býüjetiniň derejesi döwletiň harajatlary bilen býüjetiniň girdejileriniň tapawudy bilen häsiýetlendirilýär.

Db= (80+20)- (30+20)=55

**Mysal-2:**

Telekeçilik sektory iki firmadan ybarat. Aşakdaky hasabatlardan peýdalanyp her bir firmanyň ýylyň dowamyndaky önümçiliginiň mukdaryny kesgitlemeli.

a) JMÖ
b) SMÖ
ç) M.G

Firma-1

| Debit | | Kredit | |
|---|---|---|---|
| Ikinji firmadan satyn alnan ýarym fabrikatlar | 250 | Firmany komplektasiýasy üçin. Ikinji firma üçin | 60 |
| Amortizasiýa | 15 | Ikinji firma üçin enjamlar | 100 |
| Gyýtaklaýyn salgyt | 55 | Ilatyň sarp edýän harytlary | 520 |
| Zähmet haky | 300 | | |
| Diwidentler | 20 | | |
| Paýlanmadyk peýda | 40 | | |
| | 680 | | 680 |

Firma-2

| Debit | | Kredit | |
|---|---|---|---|
| Ikinji firmadan satyn alnan ýarym fabrikatlar | 60 | Birinji firma üçin ýarym fabrikatlar | 250 |
| Amortizasiýa | 25 | Birinji firma üçin enjamlar | 400 |
| Gyýtaklaýyn salgyt | 70 | Döwletiň harajatlary | 160 |
| Zähmet haky | 430 | | |
| Diwidentler | 75 | | |
| Paýlanmadyk peýda | 150 | | |
| | 810 | | 810 |
| | | | |

Çözgüt:

a) JMÖ= SOP-P.P= (680+810)-(250+60)=1180

b) SMÖ= JMÖ-D= 1180-(15+25)=1140

ç) MG= SMÖ-Gsal= 1140-(55+70)=1015

**Gaýtalamak üçin soraglar :**

1. Maliýe bazarlary barada düşünje.
2. Maliýe bazarlarynyň düzmi.
3. Döwletiň maliýe bazarlary.
4. Pul we maýa goýumlar bazarlary.
5. Gymmat kagyzlar bazarlary we olarda geçirilýän amallar.
6. Gymmat kagyzlaryň görnüşleri.
7. Aksiýalar, obligasiýalar.

8. Fond biržalary barada düşünje.
9. Birža ulgamy we oňa gatnaşyjylar.
10. Gymmat kagyzlar bazarlaryndaky amallar.
11. Gymmat kagyzlary satyn almak satmak.
12. Gymmat kagyzlar bazarlaryndaky amallary döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek.

## Bazar ykdysadyỳetinde eỳeçiligiň görnüşleri.

### 15.1. Eỳeçiik barada düşünje.

Eỳeçiligiň görnüşlerinde doly göz ỳetirmek üçin onuň jemgyỳetde tutỳan ornunyny, rolyny kesgitlemek esasy meseleleriň biridir.

1. Birinjiden-eỳeçilik bu jemgyỳetçilik gatnaşyklar ulgamynyň hasylydyr. Şekilde görnüşi ỳaly eỳeçilik harytlaryň öndürilişine,çalşygynyň formalaryna baglydyr.

2. Önümçilik faktorlary ulanmak,ilaty dürli toparlara,gatlaklara,synplara bölmek eỳeçilige baglydyr.

3. Eỳeçilik taryhy ösüşiň netijesidir.Onuň görnüşleri önümçiligiň usulynyň üỳtgemegi bilen üỳtgeỳär.Üstesine-de bu üỳtgemäniň hereketlendiriji güỳji bolup, öndüriji güỳçler çykyş edỳär.

4. Eỳeçiligiň bir görnüşinden beỳleki bir görnüşine geçmek ewolỳusion usulda amala aşyrylỳandyr. Ýapyk bäsdeşikli görnüşleriň esasynda eỳeçiligiň bir görnüşi beỳleki görnüşini ỳuwaş-ỳuwaşdan gysyp çykarỳar.




Eỳeçiligiň meseleleri bilen ykdysady gyzyklandyrma kategoriỳa ỳakyn baglanşyklydyr.Bazar ykdysadyỳetine geçiş döwürinde ykdysady gyzyklandyrmalaryň düzümi çylşyrymlaşỳar: olar şu aşakdakylardan ybarat: indiwidual, köpçülikleýin,[kollektiwleýin] sebitleýin, umumy halk. Häzirki döwürde kärhanalaryň özbaşdaklygy ỳokarlandy. Olar önümçiligi işletmek, tehnikany täzelemek bilen gyzyklanỳar. Köpçuligi [kollektiwi] birinji nobatda zähmet hak we onuň stawkalary wagtynda tölenmegi gyzyklandyrỳar. Şeỳlelikde ilkinji ỳerde jemgyỳetiň gyzyklandyrmalary, ikinji köpçüligiň[ kollektiwiň] gyzyklabdyrmalary, üçunji indiwidual.

Bazar ykdysadyỳeti şertlerinde eỳeçiligiň hukugy ony gorap saklamak esasy meseleleriň biridir. Eỳçiligiň hukugy önümçilik serişdelerini netijeli peỳdalanmagy höweslendirmegiň netijelililgi bilen tapawutlanỳar. Dünỳäniň bäsdeşlikli bazar ulgamlarynda eỳeçiligiň üç obỳektini berkitmek esasy meselelerdir.

a) Gozgalmaỳan mülk(önümçilik we önümçilige degişli däl ỳollar,ulag desgalary). Yer resurslary gozgalmaỳan mülküň esasy subỳektidir. Bazar ykdysadyỳetinde ỳer resurslaryny hususy eỳeçilige bermek esasy mesele.

b) Gozgalỳan mülk- olar önümçilik amallarynda erkin hereket edip bilýän: maşynlar, enjamlar, instrumentler, mebel, gymmat kagyzlar.

c) Intelektual eỳecilik: (oỳlap tapmalar, elektron tehnikany maksatnamalar bilen üpjün etmek, el ỳazmalar, patentler, awtor hukuklary we eỳeçilige hukuk berỳän beỳleki resminamalar.

Eỳeçiligiň guramaçylyk formalary.

Bazar gatnaşyklary döretmekde döwlet eỳeçiligiň bölekleri ỳuwaş-ỳuwaşdan kesilỳär. Ýöne eỳeçiligiň indiwidual, kollektiwleỳin görnüşleri, indiwidual kärhanalar, ỳoldaşlyk bileleşikler, paýdarlar kompaniỳälaryň açyk we ỳapyk görnüşleri we ş.m.

Paýdarlar jemgyýet - fiziki we ýuridiki adamlaryň meýletin jemgyýeti bolup jemgyýetiň tertipnama fonduna belli bir goşantlar goşmalydyr. Paýdarlar her ýyldaky girdejiden dewidentlerden öz paýlaryny alyp biler. Kooperatiwlerde bu görkeziji soňky netijlere baglydyr. Fermer hojalyklar - bu indiwidual kärhana bolup oba

hojalyk kärhanalary bilen önümçilik we ykdysady gatnaşyklary saklaýar. Türkmenistanda döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmagyň nazarýet we tejribelik meseleleriniň biri bolup hususylaşdyrmagyň nusgalaryny anyklamak çykyş edýär. Döwlet eýeçiligini dargatmak esasy iki görnüşden ybaratdyr:

1) hususylaşdyrmak önümçiligiň netijeliligini, ýokary zähmet öndürjiligi ykdysady taraplaýyn höweslendirip biler;
2) şu ýörelgeniň netijesinde esasy fondlary umumy ilatyň arasynda ýa-da zähmet köpçüliginiň arasynda paýlamaly diýen sorag ýüze çykýar. Birinji ýörelge demokratiýa ýakynrak bolýar, ýöne diňe önümçilige gatnaşýanlar ykdysady taýdan höweslendirilýär.

Türkmenistanda hususylaşdyrmak üç wariantdan amala aşyrylýar:

1. zähmet köpçiligine [kollektiwine] tertipnama maýa goýumlaryň aksiýalarynyň 25göterimi gaýtargysyz müzdsiz berilýär. Tertipnama kapitalyň 10göterim aksiýalary zähmet köpçülige 80göterim ýeňillikler bilen satylýar;
2. zähmet köpçuligine [kollektiwine] tertipnama maýa goýumlaryň adaty aksiýalaryň 51göterimine çenli satyn almak rugsat edilýar. Bu ýagdaýda hiç hili ýeňillikler berilmeýär;
3. döwlet kärhanalaryny uzak wagtlaýyn kärende bermek we geljekde doly satyn almak hukugy bermek.

## 15.2. Eýeçiligiň guramaçylyk formalary hem-de Türkmenistanda döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermegiň aýratynlyklary.

Eýeçiligiň dürli formalaryny optimal utgaşdyrmagyň nusgasyny işläp taýýarlamak we döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermek barada Türkmenistanyň ykdysadyýetinde ýöredilýän syýasatyň işläp taýýarlamagy hem-de onuň durmuşa geçirilmegi Garaşsyz we Baky Bitarap Türkmenistan üçin ykdysady reformanyň aýgytlaýjy başlangyjy boldy.

Döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermegiň maksatnamasy başga birentek ýurtlarda-da işlenip düzülipdi we durmuşa geçirilipdi. Şol maksatnamalar esasy üç meseläni öz içine alýardy. Birinjiden, munuň özi döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermegiň kimiň inisiatiwasy boýunça we kim tarapyndan amala aşyryljakdygy baradaky meseledir. Ikinjiden, munuň özi haýsy kärhanalary, haýsy pudaklary başga eýeçilige bermegiň gerekdigi baradaky meseledir, galyberse-de,üçünjiden, munuň özi döwlet eýeçiligini kim we nähili bermelidigi baradaky meseledir.

Biziň göz önünde tutýan ýagdaýymyzda Türkmenistanyň Ministrler kabineti, zähmetkeşler köpçüligi [ kollektiwleri] we hususyýetçi adamlar döwlet eýeçiligini başga eýecilige bermegiň esasy inisiatory bolmaly bolsa gerek. Ikinji sowala jogap täze bazar şertlerinde ykdysadyýetiň dürli sektorlarynyň rasional mynasybetini tapmagy göz önünde tutýar.

Türkmenistanyň garyşyk ykdysadyýetiniň emele gelýän ulgamynda döwlet sektorynyň roly entek-entekler

uzak wagtlap esasy sektor bolup galsa gerek, munuň özi diňe bir sap ykdysady diller arkaly şertlendirilmek bilen çäklenmän,eýsem halkyň hojalyk baradaky pikirlenşiniň däp boýunça gelýän medeniýeti bilen,halkyň “önümçiligiň Aziýa usulyna” daýanýan mentaliteti bilen hem şertlendirilendir.

Biziň hasaplamalarymyza görä, täze bazar şertlerinde Türkmenistanyň ykdysadyýetinde döwlet sektorynyň oýnamaly roly 80-nji ýyllaryň ahyrlarynda döwlet eýeçiliginiň 87göterim bolanlygyndan azaldylyp 2007-nji ýyllaryň başlarynda (saglygy goraýşy, bilimi, ylmy, medeniýeti nazara alyp) 55göterim möçberinde bolmagy bilen kesgitlenipdir. Şeýlelik bilen, sebitde döwlet eýeçiliginiň üçden bir bölegi başga eýeçilige berilmäge degişlidir. Döwlet eýeçiligini hususy adamlara bermegiň birinji tapgyry 90-njy ýyllaryň ahyrlarynda tamamlandy. Bular, birinji nobatda, durmuş hyzmatynyň, söwdanyň, jemgyýetçilik iýimitiniň, şonuň ýaly-da ýäşaýyş jaý hojalygynyň,gurluşyk toplumlarynyň kärhanalarydyr. Şunda daşary ýurtlaryň tejribesinden ugur alnyp, döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermek işi geçirilende döwletiň sektory gowşaman, gaýtam, munuň tersine,döwlet eýeçiliginiň galan böleginiň hojalyk netijeliligini ýokarlandyrylmagyny üpjün eder ýaly edilip geçirmelidir, bu iş hojalyk taýdan sagdyn bolmagyna esaslandyrylmalydyr. Döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermek arkaly özi-de şunda döwletiň býüjet serişdeleri artdyrylmalydyr.

90-njy ýyllarda Türkmenistan döwletiniň bazar ykdysadyýetine kooperatiw sektorynyň we hususy sektoryň

paýyny kesgitlemek işi döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermek maksatnamasynyň üçünji meselesi- döwlet eýeçiligini kime we nädip berilmelidigi baradaky çözgüdi çözmek bilen aýrylmaz baglanşyklydyr.Ykdysady edebiýatda döwlet eyeçiligini başga eyeçilige bermegiň esasy iki ugry maslahat berilyär. Birinji ugry döwlet eyeçiligini başga eýeçilige bermegi döwlet eyeçiligini satmak arkaly amala aşyrylmagy göz öňüne tutýar. Bu halatda döwlet eyeçiligini başga eýeçilige bermegiň mehanizmi esasan üç zada daýanýar. Birinjiden kärhananyň aksiýalaryny isleýänleriň hemmesine fond biržasynyň üsti bilen satmak guralyar. Ikinji usul- munuň özi kapitalyň (mayanyň) bir bölegine hususy adama hususy kompaniýa satmakdyr. Bu usul döwlet eýeçiligini başga eýeçiligine bermek işe kärhananyň maliýe ýagdaýynyň çylşyrymly bolmagy sebäpli kynlaşan halatlarda we kärhananyň maýany [kapitaly] goýujyny gyzyklandyrmaýan bölegi satuwa hödürlenilýän halatlarda peýdalanylýar.Galybersede,döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermegiň üçünji usuly aksiýalary adamlaryň belli bir toparyna şol kärhananyň işgärlerine satmak bilen baglanşyklydyr.

Ikinji ugur döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermegi mugt bermek arkaly amala aşyrmagy göz öňünde tutýar.Bu halatda döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermek mehanizmi hem üç ýöl bilen amala aşyrylýar.

Birinji ýol- munuň özi “eýeçiligi zähmetkeşe bermekden”ybarat bolup, onuň esasy döwlet kärhanalaryny şol kärhanalaryň zähmetkeşler

köpçüliginiň ( kollektiwleriň) agzalaryna bermekdir hem-de kooperatiw esasda eýelik etmegiň we öz-özüňi dolandyrmagyň mehanizmlerini döretmekdir.Bu ýola köpçüliksiz (kollektewistik) ýol ýa-da öz-özüňi dolandyryş ýoly hem diýilýär.Ol ozalky Yugoslawiýada we häzirki Hytaýda iş ýüzünde synalyp görüldi.

Ikinji ýol- munuň özi başga eýeçilige berilýän döwlet eýeçiligini ýurdyň ähli ilatynyň arasynda paylanmakdyr.Bu ýoluň ilkibaşky ideýasy ykdysadyýet boýunça Nobel baýragynyň laureatlary, profesorlar M.Fridman we S.Britten tarapyndan hödürleme edildi. Russiýa hökümeti bu ýol bilen gidip, döwlet eýeçiliginiň bir bölegini ýörite sertifikatlaryň kömegi bilen ähli raýatlara mugt paýlady. Ŷöne sertifikatlaryň kime ýokary edilip satylmagynda bolşy ýaly netijelere getirse gerek,ýagny jemgyýetiň köp bölegniň eýeçiligi öz elinde jemlemegine getirer.

Döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermegiň üçünji ýoly döwlet holdinglerini döretmegi,olaryň çäklerinde bolsa birek-biregiň aksiýalaryna kärhanalaryň arkalaşykly eýelik etmegini göz önünde tutýar.

## 15.3. Türkmenistanda döwlet kärhanalaryny hususylaşdyrmak we onuň netijeleri.

Bazar reformasy çuňlaşdyrmagyň esasy ugurlarynyň biri bolup döwlet eýeçiligini başga eýeçiliklere bermegi ösdürmeklik çykyş edýär. Dünýä döwletleriniň aglabasynda ykdysadyýetiň 80göterimi hususy eýeçilige degişlidir. Hususy eýeçilige esaslanmak

ony ýurduň ykdysady kuwwatyny berkitmekde peýdalanmak ýer ýüzüniň ýurtlarynyň hem halklarynyň ýörelgesidir. Häzirki döwürde hususy eýeçilige jemi 100 müň gektardan gowrak ýer berlip, onda 28371 adam işleýär.2006-njy ýyllardan ozal döwlete dahylly bolan durmuş hyzmaty jemgyýetçilik iýmiti bolan kärhanalaryň ownuk söwda nokatlarynyň 2102-si hususy eýeçilige berildi. 2006-njy ýylda jemgyýetçilik iýmiti ownuk söwda nokatlary bilen birlikde ykdysadyýetiň dürli ugurlaryna dahylly uly bolmadyk kärhanalary 718-sini hususylaşdyryldy. Bu ugurdaky gazanylan tejribeler 2006-njy ýylda senagata, ulaga, oba hojalygyna dahylly iri kärhanalaryň hem ençemesini hususylaşdyrmaga girişilmegine itergi berdi.

Gök önüm larýoklary,gazet kiosklaryny hem hususy eýeçilige satmaklyk dowam edýär. Döwlet eýeçiligindäki kärhanalary hususy eýeçilige satmak iýmit senagatyna (et,süýt kombinatlary) eňil senagatyna degişli kiçeňräk kärhanalardan, dürli içgileri,gurluşyk materiallaryny taýýarlaýan zawodlardan başlanylar.

Eýeçiligi hususylaşdyrmak kanunlara ters gelmeýän beýleki görnüşlerde hem geçirilip bilner.

Eýeçiligiň bir bölegini döwletiň garamagyndan aýrylmagy netijesinde döwlet kärhanalaryň ep-esli bölegini gös-göni dolandyrmakdan başlaýar. Bu bolsa oňa önümçilige hyzmat edýän hojalyk pudaklaryny ösdürmäge, durmuş hyzmatlary gowulandyrmaga köp üns bermäge mümkinçilik berer.

Şeýlelik-de,ykdysasdyýetde döwletiň absolýut ýekemenligi ýeňilip geçiler we eýeçiligiň köp görnüşliligini real üpjün ediler. Bu bolsa bazar ykdysadyýetine geçmek üçin möhüm şertleriň biridir.

**Testler:**

**1**. Jemgyýetçilik eýeçiligiň esasy formalaryna aşakdakylaryň haýsy biri degişli

a) Döwlet we paýdarlar
b) Kooperatiw we munisipial
ç) Döwlet we munisipial
d) Paýdarlar we kooperatiw

**2.** Ykdysatçylar üçin eýeçilik baradaky düşünjäniň esasy mazmuny näme?

a) Maddy baýlyklara eýeçilik etmek we peýdalanmak
b) Maddy baýlyklary elde saklamak we dolandyrmak
ç) Girdeji almak
d) Peýda gazanmak

**3.** Aksiýalaryň bazar bahalary näme bagly?

a) Göýberilen aksiýalaryň sanyna
b) Paýdarlaryň sanyna
ç) Diwidentleriň derejesine we banklaryň göterimine
d) Paýdarlar jemgyýetiniň maýa goýumlarynyň bahasyna

**Gaýtalamak üçin soraglar.**

1. Eýeçilik diýip näme düşünýärsiňiz ?
2. Eýeçiligiň nähili görnüşleri bar.
3. Eýeçiligiň nähili guramaçylyk formalary bar.

4. Hususy eýeçiligiň ykdysady netijeliligi nämeden ybarat.
5. Döwlet eýeçiligi bolanda näme bolýar ?
6. Ykdysadyýet üçin eýeçiligiň haýsy görnüşi gowy.
7. Munisipial eýeçilik näme ?
8. Garyşyk eýeçilik näme ?
9. Türkmenistanda döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak nähili amala aşyrylýar.
10. Paýdarlar jemgyýeti näme ?

## Türkmenistanyň erkin ykdysady zolaklary.

### 16.1. Erkin ykdysady zolaklaryň mazmuny, wezipeleri, görnüşleri we ähmiýeti.

Dünýä hojalygynda XX asyryň ikinji ýarymynda ýüze çykan iň görnükli wakalaryň biri – ol hem erkin ykdysady zolaklaryň döredilmegidir. Erkin ykdysady zolaklar dünýäniň köp döwletlerine ýaýrandyr.

Erkin ykdysady zolaklar name üçin döredilýär? Açyk ykdysadyýet ýörelgesini ulanmagynyň esasy düzüm bölekleriniň biri bolmak bilen erkin ykdysady zolaklarda daşarky we içerki maýa goýumlar üçin amatly gümrük, salgyt we maýa goýum tertipleri döredilýär. Erkin ykdysady zolaklaryň döredilmegi bilen walýuta çekmek, täze iş ýerlerini döretmek, täze hojalyk usullaryny ornaşdyrmak amala aşyrylýar.

Eýsem erkin ykdysady zolak name?

***Erkin ykdysady zolaklar(EYZ)*** – munuň özi daşary ýurt we milli telekeçiler üçin aýratyn ýeňillikli ykdysady şertler hereket edýän çäklendirilen territoriýalardyr.

Bu döredilýan zolaklaryň ählisi üçin umumy alamatlaryň biri - şeýle zolaklarda aýratyn gümrük düzgünininiň ýola goýulýandygydyr . Dünýäde has ykrar edilen kesgitleme erkin telekeçiligiň ykdysady zolagydyr . Şoňa laýyklykda erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary diýlip ýurduň kesgitli territoriýasyna düşünilýär . Ol territoriýadaky harytlar gümrük territoriýasynyň daşyndaky obýektler diýlip hasap edilýär. Şol sebäpden hem olar adaty gümrük gözegçiligine we salgyt salmaklyga çekilmeýär. Beýleki şertler babatynda aýdylanda bolsa olary zolagyň gönüşi kesgitleýär.

Ykdysatçylar bu zolaklary maliýe we maddy-tehniki resurslary, häzirkizaman tehnologiýalary çekmegiň , öňdebaryjy tejribesini öwrenmegiň serişdesi hökmünde kabul edýärler. Olaryň döredilmegi ýurduň eksport bazasyny ösdürmegi, walýutanyň gelşini höweslendirmegi, goşmaça iş ýerlerini döretmegi hem-de tehniki we dolandyryş kadrlaryny taýýarlamagy üpjün edýär .

Erkin telekeçiligiň zolaklaryny döretmekligiň maksady her bir ýurduň ykdysady, durmuş-ýaşaýyş , käbir halatlarda bolsa syýasy şertlerine bagly bolýar. Olary umumylaşdyrylan görnüşde aşakdaky ýaly göz öňune getirmek bolýar :

1. Öňdebaryjy tehnologiýany çekmek ;

2. Daşary ýurt sermaýasyny çekmek bilen ykdysadyýeti işjeňleşdirmek ;
3. Walýuta girdejierini almak we walýuta gorlaryny artdyrmak;
4. Içerki sarp ediş bazaryny doldurmak;
5. Ilatyň iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak we işçi güýjüniň hil derejesini ýokarlandyrmak.
6. Ykdysadyýeti, halkara telekeçiligi , häzirkizaman bazar ykdysadyýetini dolandyrmakda dünýä tejribesini öwrenmek.
7. Häzirki zaman bazar infrastrukturasyny döretmek .

Erkin ykdysady zolaklar aýratyn gümrük we salgyt kanunlary hereket edýän, doly özbaşdaklyga eýe bolan territoriýalardyr. Olar daşary ýurtlaryň önümçilik we söwda tejribesini ulanmak arkaly önümçiligi ilerletmäge, hojalyk inisiatiwasyny ösdürmäge ýardam edýär. Şeýle zolaklaryň döredilmegi köp ýurtlaryň ösüşine goltgy bolup durýandygyny käbir ýurtlaryň mysalyndan aňmak kyn däl.

Dünýä ykdysadyýetinde erkin ykdysady zolaklar ulgamy 30 ýyldan gowrak wagtdan biri dowam edýär. Dünýäde erkin ykdysady zolaklaryň 25-den gowrak görnüşi hereket edip, olaryň umumy sany 2000-e golaýdyr. Olara: erkin gümrük zolaklary, paçsyz zolaklary, daşary ýurtlara haryt çykarmak boýunça erkin önümçilik zolaklary, erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary, ykdysady-tehniki ösüş zolaklary, ylmy-senagat parklaryny (tehnoparklary) we birnäçe beýleki erkin ykdysady zolaklaryň görnüşlerini mysal getirip bolar. Halkara tejribesinde erkin ykdysady zolaklar örän giňden

ulanylýar. Mysal üçin, erkin gümrük zolaklarynda önümçiligi ösdürmäge amatly şertler döretmek üçin söwda erkinligi berilyär. Bu bolsa, ýurduň eksport mümkinçiliklerini giňeldýär. Şeýle ýagdaý Wengriýada has meşhurlyk gazandy, bu ýerde 2000-nji ýylda şeýle zolaklaryň 126 sanysy hasaba alyndy.

Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekde Hytaý Halk Respublikasynyň tejribesi has uly üstünlik gazandy. Bu respublikada maýa goýujylara giň meýdanlar we 50 ýyllyk möhlet bilen zolaklar ulanmaga berilýär. Şu ýagdaýda daşary ýurt we ýerli maýa goýujylar işini giňeltmäge, uzak möhletiň dowamynda peýda almaga we ykdysady zolaga köp möçberde serişdeleri gönükdirmäge mümkinçilik gazanýarlar.

Erkin ykdysady zolaklary diňe ykdysadyýetiň ýokary derejede ösen ýurtlaryna degişli diýip hasap etmek bolmaz. Olara ABŞ, Fransiýa we Beýik Britaniýa ýaly ykdysadyýeti ösen ýurtlar bilen bir hatarda Afrika we Arap ýurtlarynda hem duş gelmek bolýar. Meselem, diňe ABŞ-nyň territoriýasynda 200-e golaý erkin ykdysady zolak bar. Türkiýede erkin ykdysady zolaklary döretmek işi 1927-nji ýylda başlanypdy. Häzir olaryň 9 sanysyndan 5-si üstünlikli hereket edýär. erkin ykdysady zolaklar Hytaýda 1978-nji ýyldan soň kemala gelip başlady. 6 sany ýörite ykdysady zolak, 14 sany deňizýaka açyk şäher Hytaý ykdysadyýetiniň “gapysyny” daşary dünýä üçin giňden açdy. Tehniki-ykdysady taýdan özleşdiriş zolaklary, salgytsyz zolaklar hem şu çäreleriň toplumyna girýär.

Daşary syýasatda öňler üzňelik meýline eýeren Eýran hem bu gün “dünýä penjire açýar”. Eýranda erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynyň ilkinjisiniň açylmagy olaryň Türkmenistan bilen serhetýaka söwdasyny giňeltmäge mümkinçilik berdi.

Erkin ykdysady zolaklaryň sanynyň barha köpelmegi dünýä ykdysady ösüşiň häzirki tapgyrynyň häsiýetli alamatlarynyň biridir.

Çäklerinde amala aşyrylýan işleriň görnüşlerine laýyklykda erkin ykdysady zolaklaryň birnäçe görnüşleri tapawutlandyrylýar. Olara mysal edip “Ýörite ykdysady zolaklary”, “Bilelikdäki telekeçilik zolaklaryny”, “Erkin söwda zolaklaryny”, “Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklaryny” görkezmek bolar.

Şeýle zolaklar ýurtlaryň sosial-ykdysady ösüş depginini çaltlaşdyrmak, onuň tebigy resurslaryny özleşdirmek, infrastrukturany döretmek esasynda döwletiň eksport mümkinçiligini ösdürmek maksady bilen ykdysady-geografiki taýdan amatly çäklerde döredilýär. Beýle zolaklar daşary söwda, umumy ykdysady, durmuş-ýaşaýyş, sebitleýin we ylmy-tehniki meseleleri çözmek maksady bilen döredilýär we ösdürilýär.

Ýokarda bellenilişi ýaly, erkin ykdysady zolak dürli görnüşde hereket edip biler. Şertleýin erkin ykdysady zolaklaryň şu aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrmak bolar:

1. ***Erkin söwda zolaklary, erkin portlar, tranzit zolaklar, paçsyz gümrük zolaklar.***

Erkin ykdysady zolaklaryň bu görnüşine erkin söwda aeroportlarynyň, deňiz portlaryň zolaklary degişlidir.

Bulara deňiz gümrük giňişliginde portuň çäklendirilen bölekleri, aeroportlar ýa-da milli gümrük giňişliginden çykarylan bölek çäkler degişli bolup biler. Bu zolaklarda harytlary saklamak, sortlaşdyrmak, gaplamak we beýleki çäreler geçirilip bilner.

Daşary söwda zolagy-erkin söwda zolaklaryň (Foriegn Trade zones)bir görnüşi bolmak bilen, olar 1934-nji ýylda ABŞ-nyň daşary söwdasynyň güýçlenmegi netijesinde döredildi. Bu zolakdaky kompaniýalar öz önümçiligi bilen baglanyşykly tölegleriň töleniş möhletini yza çekip, zolakdan geçýän harytlarynyň paçlaryny azaldyp bilýärler we başga-da birnäçe mümkinçiliklere eýedirler.

Erkin söwda zolaklaryň ýene-de bir görnüşi bolup eksport-önümçilik zolaklary çykyş edyär. Bu zolaklarda hiç hili gümrük paçlary ýokdur. Ilkinji gezek ol Irlandiýanyň Şenon aeroportynda döredildi. Sebäbi bu aeroport girdejisi ýoklugy sebäpli ýapyljak bolup durdy. Soňra ol aeroportda senagata, söwda, syýahatçylyga daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek bilen baglanyşykly hemme paçlary ýatyrdylar. Bu iş örän oňat netije berdi. Soňra Aziýanyň ösüp gelýän ýurtlary hem Şenon aeroportynyň tejrbesinden peýdalandylar.

***2. Eksport senagat zolaklary.***

Beýle zolaklar diňe bir ýeňilleşdirilen söwda we gümrük tertibini peýdalanmaklyga esaslanman, eýsem ýeňillikli maliýeleşdirme we salgyt tertibine hem esaslanandyr. Ozaly bilen bu zolaklar eksport önümini ösdürmek üçin niýetlenendir.

### 3. *Tehnologiýa zolaklary(tehno parklar, tehnopolisler).*

Bu zolaklar dürli ýeňillikler esasynda milli we daşary ýurt kärhanalaryň kömegi bilen häzirki zaman tehnologiýasyny işläp düzmegi we ony önümçilige ornaşdyrmagy üpjün edýärler.

Soňky wagtlarda erkin ykdysady zolaklaryň ylmy-tehnologiki görnüşi has giň ýaýrady. Köp ýurtlarda olar tehnoparklar, tehnopolisler, innowasion merkezler diýip atlandyrylýar. Bu görnüşli zolaklar hemişe uly ylmy merkezleriň ýanynda döredilýär. Olar önümçilige täze tehnologiýany girizmäge mümkinilik berýär. Meselem, ABŞ-daky Santa-Klara şäherinde Stefort uniwersitetiniň ýanyndaky Silikom Welli ylmy-tehnologiki zolak. Oňa dünýädäki ähli öndürilýän hasaplaýyş tehnikalaryň 20% degişlidir.

### 4. *Toplumlaýyn zolaklar. (erkin, ýa-da "açyk" şäherler, aýratyn etraplar).*

Dünýä hojalygynda toplumlaýyn erkin ykdysady zolak görnüşi hem giň ýaýrandyr, onuň giň ýaýramagynyň sebäbi ol birnäçe pudaklar üçin niýetlenen we ähli beýleki görnüşdäki zolaklaryň häsýetlerini özünde jemleýär. Meselem: Braziliýadaky Monaus erkin ykdysady zolakda 30 pudagyň 600-e golaý önümçilik kärhanalary bar.

70-nji ýyllarda dünýäniň birnäçe sebitlerinde hyzmat edýän zolaklar peýda boldy. Bu zolaklarda maliýe we maliýe däl hyzmatlar üçin yeňillikler berilýär. Hyzmat ediji zolaklarda ilkinji nobatda kompaniýalaryň girdejileriniň erkin çykarylmagy, gümrük paçlaryň, walýuta çäklendirmeleriň aradan aýrylmagy bilen bagly

bolan ýeňillikler berilýär. 70-80-nji ýyllarda Hytaýda ýörite açylan etraplar ady bilen çykyş edýän erkin ykdysady zolaklar giň gerim aldy. 1978-nji ýylda ýokary partiýa derejesinde 14 sany kenarýaka etraplara erkin ykdysady zolak derejesini bermek hakyndaky çözgüdi kabul etdiler. Bu çäkler ýurduň ähli kenarýaka etraplaryny öz içine alýar. Olar umumy hojalyk düzgüninden tapawutlylykda ýeňilliklerden peýdalanýarlar. Bu açylan etraplarda eksporta gönükdirilen kärhanalar, söwda kärhanalary döredildi.

Birnäçe erkin ykdysady zolaklar diňe bir pudagy-bank, oba hojalyk, ekologiýa, syýahatçylyk ýaly ulgamlary ösdürmäge ýöriteleşýär. Olar bir görnüşli pudak zolagy diýlip atlandyrylýar. Meselem, Telawiwde döredilen zolakda diňe almaz söwdasy edilýär.

Olar toplumlaýyn erkin ykdysady zolaklara meňzeşdir. Hytaý hökümeti bu etraplary guramak üçin her gektara 15-17 mln. dollar çykdajy etdi. Resmi maglumatlara görä Hytaýyň söwda dolanşygynyň 2/3 bölegi bu zolaklaryň üstünden geçýär.

Erkin ykdysady zolaklarda daşary ykdysady faktorlar has işjeň peýdalanylýar. Olara ozaly bilen eksport-import we walýuta amallaryny erkinleşdirmek we daşary ýurt telekeçilerine dürli ýeňillikleri bermek degişlidir.

## 16.2. Türkmenistandaky erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary. Zolaklary ösdürmegiň meseleleri.

Garaşsyzlyk alnandan soň ýurdumyzda erkin ykdysady zolaklary döretmek hakyndaky meselä ilkinji gezek 1992-nji ýylyň 14-nji dekabrynda Halk maslahatyň mejlisinde erkin ykdysady zolaklaryň 7 sanysyny döretmek hakynda karar kabul edildi. Olar :Çeleken – Ekerem, Baharly – Serdar, Aşgabat – Abadan, Aşgabat – Änew, Mary – Baýramaly, Daşoguz – Aeroport, Türkmenabat – Seýdi. Şeýle-de 1995-nji ýylyň 5-nji martynda "Halkara Aeroport", 1995-nji ýylyň 14-nji iýunynda "Güneşli Türkmenistan", 1996-njy ýylyň maýynda "Ahal welaýatynyň Sarahs etraby" erkin ykdysady zolaklary döretmek hakynda Türkmenistanyň kararlary kabul edildi. Ýokarda agzalanlar bilen birlikde Türkmenistanyň 1995-nji ýylyň 16-njy maýyndaky "Türkmenistanyň dokma senagaty Ministrliginiň meseleleri" hakyndaky kararyna laýyklykda Türkmenistanyň käbir dokma kärhanalaryna erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy diýlen status berildi. Şeýle-de täze Galkynyşlar we beỳik özgertmeler eỳỳamynda syỳahatçylygy ösdürmek maksady bilen hormatly Prezidentimiz – Reformator Gurbanguly Berdimuhammedowyň 2007-nji ỳylyň iỳun aỳynda "Awaza" milli syỳahatçylyk zolagyny döretmek barada karar kabul etdi. Taslama laýyklykda bu syýahatçylyk zolagyň umumy uzynlygy 16 km. bolup onuň umumy gurluşygyny 3 tapgyrda amala aşyrmak maksat edildi. "Awaza" milli syýahatçylyk zolagyň gurluşygyna dünýäniň ady belli Buig, Graniti koza, Sehil, Içkale, Engin, Itera, Pars Enerji, Polimeks ýaly gurluşyk kompaniýalary gatnaşýarlar. Bu taslamany durmuşa

geçirmek üçin jemi 4 milliard ABŞ dollar möçberinde maýa goýum goýmaklyk göz önünde tutulýar.

Bu zolaklaryň döredilmegi daşary ýurt maýasyny çekmäge we Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmäge mümkinçilik berýär. Türkmenistanda erkin ykdysady zolaklary döretmek maksady bilen bölünip berlen ýerleriň umumy meýdany 600 müň ga. (“Awaza” milli syýahatçylyk zolagyny hasaba almazdan)barabardyr. Bu zolaklaryň ykdysady geografiki şertleri telekeçilere önümçiligiň dürli görnüşlerini ösdürmäge doly mümkinçilik berýär. Ol zolaklar demir we magistral ýollara, suwa, ýel energiýasyna, işçi güýjüniň köp ýerlerine, ykdysady merkezlere ýakyn ýerlerde ýerleşdirildi .

1993-njy ýylyň 19-njy maýynda “Daşary ykdysady iş hakyndaky” , “Türkmenistanda dasary ýurt inwestisiýalary hakyndaky”, 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda “Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary hakyndaky” kanunlaryň kabul edilmegi bu işiň hukuk bazasyny berkitdi we her bir ykdysady zolagy ösdürmegiň maksatlaryny kesgitlemäge mümkinçilik berdi.

Türkmenistanyň territoriýasynda “Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary hakyndaky” kanun boýunça erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynda döredilýän amatly şertler eýsem, esasan nämelerden ybarat?

1. Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynyň (ETYZ)territoriýalarynda hereket edýän aýratyn salgyt düzgünine laýyklykda Türkmenistanyň ETYZ-larynyň çäklerinde işleýän kärhanalary peýda getirip

başlan iş döwrüniň ilkinji 3 ýyly peýda salynýan salgytdan doly boşadylýar, soňky 3 ýyly daşary ýurt tarapyň tertipnamalaýyn fonddaky paýy 30 %-den köp bolan halatynda peýda salynýan salgyt 50%, soňky 10 ýylyň dowamynda 30 % azaldylýar. Zolagyň çaklerinde iş alyp barýän kärhanalar iş döwrüniň ilkinji 5 ýyly emläk üçin salynýan salgyt 50% azaldylýar, fraht boýunça girdejiler hem 50% azaldylýar. Eksport üçin niýetlenen önümleri öndürýän we öňdebaryjy tehnologiýalar ornaşdyrylan obýektlere reinwestirlenen peýda salgytdan doly boşadylýar. Ýeri kärendä almak boýunça tölenýän salgytlar hem ýeňillikli tölenýär, kärhana iş döwrüniň ilkinji 3 ýyly ýeri kärendä almakdan doly boşadylýar, soňky 3 ýyly daşary ýurt tarapyň tertipnamalaýyn fonddaky paýy 30 %-den köp bolan halatynda 50%, Türkmenistanyň ýuridiki we fiziki taraplaryndan 20% azaldylýar.

2. Daşary ýurt maýa goýumly kärhanalaryň hukuklary goralýar.
3. Eksport – import amallary amala aşyrmakda hem ETYZ-larda ýönekeýleşdirilen tertip ulanylýar. Mysal üçin, ykdysady zolagyň harytlarynyň (hyzmatlarynyň)importy kwotirlenmesiz we lisenzirlenmesiz amala aşyrylýar.
4. ETYZ-laryň işlemegi öz-özüňi maliýeleşdirmek, şol sanda walýuta bilen maliýeleşdirmek esasynda amala aşyrylýar .
5. Zolagyň banklarynyň Türkmenistanyň we dasary ýurt döwletleriň ýuridiki we fiziki taraplaryna manat we walýuta hasaplaryny açmaga hukugy bardyr.

6. Harytlaryň we hyzmatlaryň ähli görnüşleri üçin zolagyň çaklerinde erkin nyrh kesmek düzgüni hereket edýär .
7. Ýurdumyzyň dürli sebitleriniň kärhanalarynyň we guramalarynyň işçileri we hünärmenleri öz islegleri boýunça ETYZ-laryň kärhanalarynda we guramalarynda şertnama esasynda işläp bilerler.

Bu zolaklarda telekeçilige we daşary ýurt maýasyny çekmeklige giň ýol açylýar. Erkin ykdysady zolaklarda dürli görnüşdäki kärhanalara kanun taýdan gadagan edilmedik hojalyk işiniň islendik görnüşi bilen meşgul bolmaga hukuk berilýär. Bu zolaklarda tutuşlygyna daşary ýurt maýadarlaryna degişli kärhanalary gurmaga-da mümkinçilik döredilýär. Işiň tiz ýola düşüp gitmegi üçin kärhanalary açmakda, hojalyk işlerini amala aşyrmakda döwlet tarapyndan ýeňillikler berilýär. Kärhanalar, telekeçiler 3 ýyla çenli suwy, elektrik energiýasyny, gazy ýeňillikli bahadan satyn alýarlar.

Erkin ykdysady zolaklary döretmek maksatnamasynyň çäklerinde kiçi biznese hem ýardam etmek bellenildi. Oňa laýyklykda bolsa sebitleýin ösüşiň döwlet-täjirçilik gaznalary özleriniň işini guramak isleýän şahsy taraplara, paýdarlar toparlaryna karzlary berýär. Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynda ýerleşýän kärhanalaryň alyp barjak hojalyk gatnaşyklary şertnama esasynda gurulýar.

Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagynyň çäklerinde aýratyn gümrük düzgüni hereket edýär. Bu düzgün zolagyň çäklerine getirilýän we harytlary we emläkleri we zolagyň çäklerinden çykarylýan harytlary we emläkleri

gümrük paçlaryny tölemekden boşatmagy göz öňünde tutýar.

Erkin telekeçiligiň zolaklarynyň ösüş strategiýasy kesgitlenilende ähli yagdaýlarda esasy mesele- daşary ýurt sermaýasyny çekmekde we bilelikdäki kärhanalary döretmekde daşary ýurt kärhanalaryny höweslendirmegiň usullary bilen bagly bolup durýar. Dürli ýurtlarda bu ugurda hukuk, ykdysady, administratiw häsiýetli çäreler toplumy peýdalanylyar. Hukuk çäreleri babatynda aýdylanda bolsa olar daşary ýurt maýa goýumlaryň hukuk kepilnamasyny üpjün etmelidirler. Köp ýurtlarda bu mesele konstitusion derejede çözülýär. Daşary ýurt maýa goýumlaryň goraglylygynyň döwlet kepilnamasy Türkmenistanyň "Türkmenistanda daşary ýurt inwestisiýalary hakyndaky" kanunda berkidilendir .

Daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmekligiň ykdysady çarelerine aşakdakylary degişli etmek bolar:

- import edilýän enjamlary , çig maly we önümçiligiň beýleki komponentlerini gümrük paçlaryndan doly ýa-da bölekleýin boşatmak;
- peýda salynýan salgydy ýeňletmek. Bu babatda Hytaýyň tejribesi örän gyzyklydyr. Ol ýerde bilelikdäki we daşary ýurt kärhanalary birnäçe ýeňilliklerden peýdalanýarlar. Döwlet kärhanalary bilen deňeşdireniňde bilelikdäki kärhanalardan has az salgyt alynýar. Eger-de daşary ýurt kärhanasy aýratyn ykdysady territoriýada ýerleşen bolsa ondan bary-ýogy 15 % salgyt alynýar .

- girdeji salgydyndan doly ýa-da bölekleýin boşatmak;
- erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklaryna ýurduň beýleki sebitlerinden getirilen ähli enjamlara, çig mallara eksport ýeňillikleri we höweslendirmeleri girizmek;
- eksportyň ýeňillikli şertlerini döretmek;
- ýerli salgytlardan boşatmak ya-da ýeňillikli salgyt salmak ;
- daşary ýurt maýa goýumlarynyň islendik görnüşine rugsat bermek ;
- ýeňillikli eksport we import lisenzirlenmesi ;
- peýdanyň erkin alnyp gidilmegi-daşary ýurt sermaýasynyň kadaly hereket etmeginiň möhüm şertidir;
- milli walýutanyň doly ýa-da bölekleýin konwertasiya edilmegini üpjün edýän aýratyn walýuta düzgünini girizmek;
- çaltlaşdyrylan amortizasiýa;
- häzirki zaman bazar infrastrkturasyny döretmek ;
- daşary ýurt we gatyşyk kärhanalara döwlet karzlaryny bermek;

Geliň, indi ýurdumyzdaky barbolan erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklaryna her haýsysyna aýratynlykda seredop geçeliň:

1. ***Aşgabat-Abadan eksport-senagat zolagy*** – Aşgabat-Abadan demir ýol liniýasynyň demirgazygyndaky ýoluň bölegi (ini 5 km., uzynlygy 30 km.). Ösdürilýän pudaklar: gurluşyk senagaty, agrosenagat önümlerini gaýtadan

işlemek, ylym we energiýa siňňitli önümçilik, ilatyň sarp edýän önümlerini öndürmek;

2. ***Mary-Baýramaly ykdysady zolagy*** – Baýramaly we Mary şäherleriniň arasyndaky awtomagistral bölegi(ini 5 km., uzynlygy-25 km.). Ösdürilýän pudaklar: agrosenagat önümlerini gaýtadan işlemek, oba-hojalyk maşyn gurluşygy, energiýa siňňitli önümçilik, ilatyň sarp edýän önümlerini öndürmek;
3. ***Hazar-Ekerem zolagy*** – Çeleken ýarymada, Çelekenden Ekereme çenli Hazar deňziniň kenarýakasy (ini kesgitlenmedik, deňziň kenarýakasynyň boýy boýunça uzynlygy-150 km.). Ösdürilýän pudaklar: Nebit-himiýa senagaty, balyk tutmak we gaýtadan işlemek, dynç alyş we syýahatçylyk industriýasy;
4. ***Daşoguz-Aeraport*** – Daşoguz şäherinden Daşoguz aeroportyna çenli ýoluň ini 5 km., uzynlygy 12 km. bolan zolagy. Ösdürilýän pudaklar: oba hojalyk önümlerini öndürmek we gaýtadan işlemek, zähmet siňňitli senagat önümçiligi, halkyň sarp edýän önümlerini öndürmek, syýahatçylyk;
5. ***Seýdi-Türkmenabat*** – Seýdi-Türkmenabat awtomagistralynyň ini 1 km., uzynlygy 105 km. zolagy. Ösdürilýän pudaklar: ýeňil we azyk senagaty, pribor gurluşygy we maşyn gurluşygy;
6. ***Baharly-Serdar*** – Baharly-Serdar ýolunyň boýuna demirgazykdan we günortadan ini 3 km, uzynlygy 125 km. zolagy. Ösdürilýän pudaklar: agrosenagat önümlerini gaýtadan işlemek, gurluşyk

industriýasy, rekreasiýa, milli hünärmentçilik, ilatyň sarp edýän önümlerini öndürmek;

7. ***Aşgabat-Änew*** – Awtomagistralyň Aşgabatdan Änewe çenli ini 5 km deň bolan demirýoldan demirgazykda ýerleşýän zolak. Ösdürilýän pudaklar: agrosenagat önümlerini gaýtadan işlemek, ylym, energiýa siňňitli önümçilik, ilatyň sarp edýän önümlerini öndürmek;
8. ***Aşgabat-aeroport***– S.Türkmenbaşy adynky halkara aeroportyň territoriýasy. Ösdürilýän pudaklar: syýahatçylyk, söwda, dürli hyzmatlary ýerine ýetirmek.
9. ***Güneşli Türkmenistan*** – Ak bugdaý etrabynyň Magtymguly adyndaky daýhan birleşiginiň uzak möhletleýn peýdalanylýan ýeriniň 5 ga. meýdany;
10. ***Ahal welaýatynyň Sarahs etrabynyň zolagy.*** Sarahs etrabynyň Türkmenistanyň Eýran Yslam Respublikasy bilen döwlet serhediniň uzboýuna 2 km. zolagy.
11. ***Awaza milli syýahatçylyk zolagy.*** Awaza – Türkmenbaşy şäherinden 20 kilometrlikde, Hazar deňziniň demirgazyk-gündogar kenarynda ýerleşýän şäherçe. Häzirki wagtda Awazanyň meýdany 1,700 gektar möçberinde kesgitlenildi. Şeýle hem ilkinji nobatda gurluşygy alnyp barylmaly 90 sany ýer ülüşleriň sanawy we möçberi tassyklanyldy. Ösdürilýän pudaklar: syýahatçylyk, dürli hyzmatlary ýerine ýetirmek.

Ahal welaýatynyň çäklerinde 3-sany erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy-Aşgabat-Abadan, Aşgabat-Änew,

Serdar-Baharly ykdysady zolagyň Baharly bölegi ýerleşýär.

**Aşgabat-Abadan.** Bu erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy sowma awtomobil ýolunyň Aşgabat şäherinden Abadan şäherine çenli bölegini öž içine alyp, onuň ini Aşgabat-Abadan aralygyndaky demir ýoldan demirgazyga tarap 5 km. çenli uzalyp gidýär.

**Aşgabat-Änew.** Bu erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy awtomobil ýolunyň Aşgabat şäherinden Änew şäherine çenli bölegini öz içine alyp, onuň ini Aşgabat-Änew aralygyndaky demir ýoldan demirgazyga tarap 5 km. uzalýar.

Aşgabat-Abadan we Aşgabat-Änew ykdysady zolaklaryň geografik taýdan artykmaçlyklarynyň biri-de, Türkmenistanyň paýtagty Aşgabat şäherine ýanaşyk ýerleşmegi, şeýle-de beýleki ykdysady zolaklara garanyňda has ösen ulag hojalygynyň bolmagydyr.

Bu iki zolakda esasy üns berlip ösdürilýän pudaklaryň hataryna senagat toplumynyň önümlerini gaýtadan işlemek, gurluşyk industriýasy, ylmy we elektrik energiýasyny has köp sarp edýän harytlary öndürýän pudaklar degişlidir.

**Serdar-Baharly** erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy awtomobil ýolunyň Baharlydan Serdar şäherine çenli bölegini öz içine alyp, onuň ini ýoluň demirgazyk we günorta taraplarynyň her birinden 3 km. çenli uzaýar.

Zolagyň Baharly böleginde, esasan, rekreasiýa, däp bolan senetçiligi we halkyň köp sarp edýän harytlaryny öndürmek ýaly pudaklary ösdürmeklik göz öňünde tutulýar.

Lebap welaýatynyň çäklerinde **Türkmenabat-Seýdi** erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy döredildi. Türkmenabat-Seýdi erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy awtomobil ýolunyň Türkmenabat şäherinden Seýdi şäherine çenli aralygyny öz içine alýar. Onuň ini 1 km. barabardyr.

Bu zolak ykdysady-geografik taýdan örän amatly ýerde ýerleşendir. Türkmenabat şäheri ulagyň köp görnüşleriniň demir ýol, awtomobil, howa ýollarynyň, derýa gämiçiliginiň möhüm çatrygydyr. Gaz çykarmak, himiýa, agrosenagat toplumy zolagyň tebigy-ykdysady mümkinçilikleriniň esasy ugurlarydyr. Pribor we maşyn gurluşygy pudaklary ösdürmek meýilleşdirlýär.

“Türkmenabat-Seýdi” erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy öz içine 3 etrabyň çäklerini alyp, onuň umumy meýdany 7,650 ga. deňdir. Berlen zolaklarda 7 hususy kärhana hereket edýär. Olaryň esasy işi halkyň sarp edýän harytlaryny öndürmekden ybarat. Mundan başga-da Türkmenabat şäherinde erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy statusy berlen “Itnit” ýerli senagat ministrligi bilen bilelikdäki kärhana hereket edýär.

Mary welaýatynyň çäklerinde **Mary-Baýramaly** erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy döredildi. Welaýatda döredilen erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy awtomobil ýoluň Mary şäherinden Baýramaly şäherine çenli uzap, uzynlygy 25 km. ini 5 km. barabardyr.

Işe girizilen Tejen-Sarahs-Maşat demir ýolunyň Mary-Baýramaly erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy üçin aýratyn ähmiýeti bardyr. Zolagyň çäklerinden geçýän

Garagum derýasy bu ýerde ähli tebigy baýlyklary özleşdirmegiň mümkinçiliklerini çaltlandyrýar.

Zolakda has üns berlip ösdürilýän pudaklar: agrosenagat toplumynyň önümlerini gaýtadan işlemek, oba hojalyk maşyn gurluşygy, halkyň köp sarp edýän harytlaryny öndürmekden ybaratdyr.

“Mary-Baýramaly” erkin telekeçiligiň ykdysady zolagynyň umumy meýdany 10,7 ga. deň bolan 3 etrabyň (Wekilbazar, Murgap we Baýramaly)çäklerini öz içine alýar.

Balkan welaýatynyň çäklerinde iki sany erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy ýerleşýär. Olara: Hazar-Ekerem, Serdar-Baharly ykdysady zolagyň Serdar bölegi degişlidir. Hazar-Ekerem erkin telekeçiligiň ykdysady zolagynyň umumy meýdany 281,9 ga. barabardyr. Hazar-Ekerem zolagy Hazar ýarym adasyny we Hazar deňziniň Ekereme çenli kenar ýakasyny öz içine alýar.

Bu zolak ulag-geografik taýdan diýseň amatly, nebit hem rekreasion baýlyklaryna baýdyr.

Zolakda has ösdürilýän pudaklar- nebit-himiýa senagaty, balyk senagaty, dynç alyş we syýahat industriýasydyr. Welaýatyň çäklerinde Türkmenistan-Eýran gaz geçirijisi işleýär.

“Hazar-Ekerem” erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy öz içine 225 ga. deň bolan uly çägi öz içine alýar. Meýdanyň uly bölegini çägelik ýerler tutýar we olaryň abadanlaşdyrmagy köp düýpli çykdaýjylary talap edýär.

Türkmenistan öz Garaşsyzlygyny alandan soň, Daşoguz welaýatynyň çäklerinde Daşoguz-Aeroport erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy döredildi hem-de Lebap-

Köneürgenç-Kerneý aralygyna täze demir ýol liniýasy çekildi.

Daşoguz-Aeroport erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy Daşoguz şäheri bilen aeroport aralygyndaky awtomobil ýoluny öz içine alýar. Zolagyň ini 5 km. barabardyr.

Zolakda has üns berlip ösdürilýän padaklar oba hojalyk önümlerini öndürmek we gaýtadan işlemek, zähmeti köp talap edýän önümçilik, halk senetçiligi, syýahatçylyk.

Türkmenistanyň dokma senagatynyň 12 sany bilelikdäki kärhanasyna erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary statusy berildi.

Umuman alnanda erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynyň ösüşi haýal barýar, önümçilik we sosial infrastrukturanyň zolakiçre we döwlet dolandyryş organlary. ýeterlik derejede kämilleşdirilmedik.

Türkmenistanyň erkin telekeçiliginiň ykdysady zolaklarynyň işjeň hereket etmegi üçin isleg we teklip ýaly wajyp kategoriýalar hökmandyr. Bu kategoriýalaryň ýoklugy düzgüne görä zolaklaryň ykdysadyýetini durgunlylyk ýagdaýyna salyp olaryň ösüşini haýalladýar.

Erkin telekeçiliginiň ykdysady zolaklarynyň içinde diňe Ahal welaýatynyň “Aşgabat-Abadan” zolagynda görnetin ösüş duýulýar. “Aşgabat-Anew” erkin telekeçiliginiň ykdysady zolagynda iş haýal ýöreýär. Dürli obýektiw we subýektiw sebäplere laýyklykda Aşgabat şäheriniň “Halkara aeroport”, “Sarahs” we “Güneşli Türkmenistan” erkin telekeçiliginiň ykdysady zolaklarynda ykdysady iş togtadyldy.

Şeýlelikde, Türkmenistanyň erkin ykdysady zolaklary hem ösüşini haýalladýan birnäçe kynçylyklar duş gelýär.

Häzirki wagtda erkin telekeçiliginiň ykdysady zolaklary Türkmenistanyň bazar gatnaşyklary bilen bagly reformalarynda esasy hereket ediji gural bolup bilmändigini boýun almaly, bölünip berlen çäkleriň özleşdirilişi örän haýal bolup, gyradeň depginde gitmedi. Uly göwrümli we durnukly maýa goyumlary üpjün edip biljek, ýokary ykdysady ösüşi, senagat, söwda sermaýasynyň ösüşini, dolandyryş ulgamyny kepillendirjek zolaklary döretmek we ösdürmek boýunça bir bütewi tejribe ulgam görnüşindäki ykdysady mehanizm entek doly işlenip düzülmedik.

Kanunçylyk esasynyň(aýry-aýrylykda zolaklaryň kanunçylyk esaslary düzülmedik) doly kämil däldigi duýulýar, dolandyryş düzgünleri, ýerli telekeçileriň şeýle-de hususy we döwlet düzümleriň hojalyk işini alyp barmaklary üçin effektiw şertler ýok.

Zolaklarda amala aşyrylýan işleriň işjeňleşmegi şu esasy kanunçylyk mehanizmleriň kämilleşdirlimegi bilen baglanyşykly:

- erkin ykdysady zolaklaryň döredilmeginiň we ýatyrylmagynyň mehanizmleriniň kesgitlenilmegi;
- hereket edýän kanunçylyga erkin ykdysady zolaklary öz emlägini hususy ýa-da gatyşyk maliýeleşdirilen prinsiplerdäki kesgitli kärhanalara berýän ýa-da özbaşdak taslama, gurluşyk işlerini we ulanylyşy amala aşyrýan hojalyk subýekti hökmünde hasaba almagyň tertibiniň goşulmagy;
- harytlaryň Türkmenistanyň çäklerinden zolaga we yzyna geçirilen wagty eksport-import amallary we gümrük düzgünleri amala aşyrylanda, harytlaryň

Türkmenistanyň bir ykdysady zolagyndan beýleki ykdysady zolaga geçirilen ýagdaýynda şeýle-de haryt akymlarynyň beýleki görnüşlerinde aýratynlyklaryň göz öňünde tutulmagyny berkitmek;

- ilatyň ýaşamaklygy rugsat edilen her bir kesgitli zolaklar üçin wiza düzgünini ulanmak;
- hojalyk işiniň rugsat edilen ugurlaryny, ulagy, jaýlary, gurluşyklary, dürli aragatnaşyk ulgamlaryny ulanmaklygyň şertlerini, erkin ykdysady zolaklaryň döwlet düzümleri, ýerli hökümet organlary bilen özara ykdysady we guramaçylyk gatnaşyklaryny düzgünleşdirmek meselelerini aýdyňlaşdyrýän zolakiçre normatiw aktlary işläp düzmek;

Zolaklaryň özleşdirilişine global çemeleşmä täzeden seretmek gerek. Zolaklara örän uly çäkler 50 inedördül km-den 125 inedördül km-e çenli (dünýä tejribesinde erkin ykdysady zolaklaryň ortaça ululygy 24 inedördül km.) bölünip berlen. Bu bolsa köp maýa goýumlary talap edýär. ETYZ-yň serhetlerinde özleşdirmek üçin boş ýerler ýok diýen ýaly, ol ýerlerde esasan daýhan birleşikleriň sürümli ýerleri, ýolugur kommunikasiýalaryň goralýan zolaklary ýerleşýär.

Tejribede çäkleriň lokal özleşdirme usulyny ulanmaly, sebitde ýerli we daşary ýurt telekeçileriniň maýalyk işjeňligini üpjün edip biljek ýeterlik infrastruktura eýe bolan 3-5 sany erkin ykdysady zolaklaryň döredilmeginde ünsüňi jemlemeli. Şonuň ücin welaýatlaryň ykdysady ösüşiniň täze talaplaryny we potensial maýadarlaryň

isleglerini nazara almak bilen käbir erkin ykdysady zolaklaryň ýerleşýän çäklerine we alyp barýan işleriniň ugurlaryna täzeden seretmek wajyp bolup durýar. Daşary ýurt we ýerli maýadarlaryň biznes obýektiniň ýerleşjek ýerini saýlap almaga mümkinçiligi bolmalydyr. Önümçilik we ulag harajatlary, önümi ýerlemekligiň ugurlary we ýollary, dolandyryş ulgamynyň ygtybarlylygy we ýonekeýligi-ýer saýlap almakda kesgitleýji faktorlar bolup çykyş edýärler.

Erkin ykdysady zolaklaryň ýerlerini taýýarlamak üçin gerek bolan infrastruktura taslamalar gatyşyk maliýeleşdirilen prinsipdäki daşary ýurt we döwlet býujetiniň çeşmeleriniň hasabyna maliýeleşdirilip bilner. Başdaky çykdyjylary öz üstüne alýan döwlet býujetiniň ýitgileriniň öwezi adatça ilkinji 3-5 ýylyň dowamynda dolunýar.

Dünýä tejribesinde erkin ykdysady zolaklaryň işini gurnamakda, ösdürmekde, dolandyrmakda we düzgünleşdirmekde standart düzgünler hereket edýär. Bu düzgünleri berjaý etmek Türkmenistana şeýle düzüm bölekleriň hereket edişiniň položitel tejribesini milli we dünýä ykdysadyýetine hiç-hili kynçylyksyz ornaşdyrmaga, döwletiň ösüşine ykdysady we sosial taýdan peýda getirmäge mümkinçilik berer.

## 16.3.“Awaza” milli syýahatçylyk zolagy-erkin telekeçiligiň ykdysady zolagyny ösdürmegiň häzirkizaman aýnasydyr.

Täze Galkynyşlar we beỳik özgertmeler eỳỳamynda syỳahatçylygy ösdürmek üçin uly göwrümli çäreler amala aşyrylỳar. Hormatly Prezidentimiz – Reformator Gurbanguly Berdimuhammedowyň ýolbaşçylygynda geçirilýän reformalarynyň netijesinde syýahatçylyk ýurduň daşary ýurt maýa goýumlarynyň işjeň goýulýan pudagyna öwrüldi. 2007-nji ỳylyň iỳun aỳynda "Awaza" milli syỳahatçylyk zolagyny döretmek baradaky Hormatly Prezidentimiziň kabul eden karary hem munyň aỳdyň mysaly bolup durỳar. Taslama laýyklykda bu syýahatçylyk zolagyň umumy uzynlygy 16 km. bolup onuň umumy gurluşygyny 3 tapgyrda amala aşyrmak maksat edildi. Şeýle hem ilkinji nobatda gurluşygy alnyp barylmaly 90 sany ýer ülüşleriniň sanawy we möçberi tassyklanyldy. Olaryň arasynda täze howa menziller toplumyny, «Awazany» howa menzili bilen birikdirýän awtomagistraly, kuwwatly gaz turbina elektrobekedini, suw süýjediji we arassalaýyş desgalary, suw geçiriji ulgamy gurmak ýaly işler bar. Şeýle hem iş meýilnama laýyklykda, Türkmenbaşy şäherinde suw üpjünçilik we lagym sorujy bekedini döwrebaplaşdyrmak işleri alnyp barylýar. Bir söz bilen aýdanyňda uzak möhletleýin ösüşe niýetlenen häzirki zaman inženerçilik-kommunikasiýa infrastrukturasyna degişli ähli zatlar göz öňünde tutuldy.

Dürli sosiak-ykdysady obýektleriň gurluşygyna we hyzmat ediş sferasyna maýa goýýan daşary ýurt maýadarlaryň iş alyp barmaklary üçin döredilýän şertler toplumyna Hazarda dynç almak isleýän syýahatçylara we şol ýerde işleýän daşary ýurt hünärmenlere wiza düzgünleriniň ýeňilleşdirilmegi, "Awaza" milli

syýahatçylyk zolagynda öz işini amala aşyrýän firmalara, kompaniýalara şeýle-de beýleki subýektlere dürli salgyt we beýleki ýeňillikler degişlidir. Ýeňillikler syýahatçylyk zolakdaky obýektleri gurmak we ulanmaga bermek maksady bilen Türkmenistana getirilýän harytlaryň gümrük ýygymlaryň, ylalaşyklaryň hasaba alynmagy bilen bagly birža ýygymlaryň, enjamlary we materiallary sertifikasiýalaşdyrmak boýunça ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň töleglerinden doly boşadylmagyny göz öňünde tutýar. Şeýle-de ýeňilliklere şular bilen bir hatarda lisenziýa töleginden, ylalaşykda bellenilen syýahatçylyk industriýa we infrastruktura üçin bölünip berlen obýektleriň gurulýan we ulanylýan döwri ýer üçin salynýän salgytlardan we ýer bölekleri üçin kärende salgytlaryndan, Türkmenistanyň oba hojalygy ösdürmek boýunça Döwlet fonduna peýdadan alynýän salgytlardan doly boşadylmak hem degişlidir.

Salgytlar tölenenden, ähli halkara we milli kanunçylyk normalar berjaý edilenden soň daşary ýurt maýadarlaryna walýutany erkin konwertasiýa etmäge, öz gazanan maliýer serişdelerini serhetden erkin geçirmäge hukuk berip, döwlet ýeke-täk berk şertiň berjaý edilmegini talap edýär, ýagny bu şert daşary ýurt maýadarlary tarapyndan syýahatçylyk zolagyň çäklerinde obýektleriň taslamalaryny ýerine ýetirenlerinde, gurmak,täzeden abatlamak we ulanmak işlerini amala aşyranlarynda ekologiýa howpsuzlygyny we daş-töweregi goramak boýunça ähli talaplaryň berjaý edilmeginden ybarat.

2007-nji ýylyň oktýabr aýynda Türkmenistanyň Prezidenti “Türkmenistanyň käbir kanunçylyk aktlaryna

üýtgeşmeler we goşmaçalar girizmek” hakyndaky Kanuna gol çekdi. Bu Kanuna laýyklykda “Syýahatçylyk hakyndaky”, “Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary hakyndaky”, “Türkmenistanyň daşary ýurt maýa goýumlary hakyndaky” kanunlara, Türkmenistanyň “Ýer hakyndaky”, “Salgytlar” Kodekslerine üýtgeşmeler we goşmaçalar girizildi.

Türkmenistanyň “Syýahatçylyk hakyndaky” Kanunyna laýyklykda milli syýahatçylyk zolak Prezidentiň çözgüdine laýyklykda salgyt we gümrük düzgüni takyk kesgitlenen administratiw-çäkleýin serhetli aýratyn hukuk berlen ýörite bölünip çäkdir. Kanuna şeýle-de onuň hereket etmeginiň düzgüni hem girizilendir. Oňä laýyklykda syýahatçylyk zolaklaryň subýektleri babatynda telekeçilik işini alyp barmak boýunça ýörite hukuk düzgünlerini ulanmak, salgyt, gümrük we beýleki ýeňillikleri bermek göz öňünde tutulýar.

Türkmenistanyň “Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary hakyndaky” Kanuna erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynda kärhanalary döretmek we ýatyrmak, hojalyk subýektleriniň hukuklaryny we bähbitlerini kepillendirmek bilen bagly üýşmeler, şeýle-de olaryň işleriniň esasy prinsiplerini, gümrük düzgünleriniň pul we walýuta aýlanyşgynyň aýratynlyklaryny, bahany emele getirmekligiň meslelerini we ş.m. özünde jemleýän üýtgeşmeler girizildi. Kanunda daşary ýurt maýa goýumly kärhanalary babatynda hiç-hili diskriminasion ýagdaýlar ýüze çykmaz ýaly Türkmenistan ETYZ-da hojalyk ediji subýektleriň ähli hukuklarynyň we kanunçylyk

bähbitleriniň berjaý edilmegini kepillendirmek berk kesgitlenendir.

Türkmenistanyň “Daşary ýurt maýa goýumlar hakyndaky” kanunyň normalaryna laýyklykda erkin ykdysady zolaklaryň çäklerinde öz işini amala aşyrýan daşary ýurt maýadarlara, daasry ýurt maýa goýumly kärhanalara işlemek üçin amatly hukuk düzgünler berilýär. Syýahatçylyk industriýasynyň obýektleriniň döredilmegi we syýahatçylyk zolagyň infrastrukturasynyň ösüşi Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda daşary ýurt maýa goýumlaryny we ylalaşyga laýyklykda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň döwlete degişli däl sektorynyň maýa goýumlarynyň çekilmegi esasynda amala aşyrylýändygyny nazara alyp Türkmenistanyň “Maýa goýumlar hakyndaky” Kanunynda gümrük ýeňillikleri we maýä goýumlary höweslendirýän beýleki çäreleri özünde jemleýän ýörite bölümler göz öňünde tutulandyr.

Erkin ykdysady zolaklaryň çäklerinde öz işini amala aşyrýan daşary ýurt maýadarlar we daşary ýurt maýa goýumly kärhanalar Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen düzgüne görä, maýa goýum taslamalaryň özüni ödeýşiniň möhletine baglylykda ýer böleklerini kärendä almaga hukuklary bardyr. Olar şeýle-de maslahat beriş we hasaba alyş ýygymlaryň, ylalaşyklaryň hasaba alyş birža ýygymlaryň, lisenziýa almak we ony täzeden hasaba almak boýunça döwlet ýygymlaryň, Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan düzgünlere we şertlere görä ýer bölekleriň töleglerinden, Türkmenistanyň kanunçylygynda

kesgitlenen döwlet býujetine degişli däl fondlara peýdadan alynýan ýygymlaryň tölegden boşadylýar.

Syýahatçylyk zolagynyň çäklerinde hereket edýän daşary ýurt maýadarlara salgyt ýygymlaryny tölänlerinden soň öz gazanan daşary ýurt walýutasyny serhetden geçirmäge hukuk berilýär.

Üýtgeşmeler we goşmaçalar girizilen “Salgyt” Kodeksine laýyklykda milli syýahatçylyk zolagynda syýahatçylary kabul etmek üçin niýetlenen obýektleri galdyrmak bilen baglanyşykly gurluşyk we gurluşyk-montaž işlerini amala aşyrýan subýektleiň işi goşmaça gymmata salynýan salgytdan boşadylýar. Peýda boýunça salgytda ýeňillikler göz öňünde tutuldy. Ýagny, degişli obýektleriň ulanyşa goýberilen gününden başlap ilkinji 15 ýylyň dowamynda milli syýahatçylyk zolagyň subýektleriniň salgyt salynmaga degişli bolan peýdasyndan syýahatçylary kabul etmek(olary ýerlemek, jemgyýetçilik iýmiti bilen üpjün etmek, indiwidual hojalyk we bejeriş-sagaldyş hyzmatlaryny ýerine ýetirmek, dynç alyşy gurnama işlerini(oýun biznesi muňa degişli däl) alyp barmak) boýunça hyzmatlary ýerine ýetirmekden alan girdejisiniň gymmaty aýrylýar.

Milli syýahatçylyk zolagyň çäklerindäkiýer bölekjleri Türkmenistanyň “Yer hakyndaky” Kodeksine laýyklykda 40 ýyllyk möhlet bilen kärendä berilýär. Kodeksde ýer böleklerini ulanmagyň, ýeri daşary ýurt raýatlara we ýuridiki taraplara, şeýle-de daşäry ýurtlara we halkara guramalara kärendä bermegiň görnüşleri, subkärendäniň meseleleri, ýer üçin tölegler we daşary ýurt

maýadarlary gyzyklandyrýan beýleki wajyp düzgünler öz beýanyny tapdy.

Şu ýerde obýektleriň ýerleme, taslama, gurma we ulanyşa goýberme işleri ýerine ýetirilende ekologiki talaplaryň berk berjaý edilmeginiň Kodeksiň normalarynda berkidilendigini aýratyn belläp geçmek örän wajypdyr.

Ýokarda görkezilen we beýleki kanunçylyk normalar iri daşary ýurt kompaniýalarynyň "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynyň obýektleriniň gurluşygyna gatnaşmaga bolan isleglerini has ýokarlandyrdy. Goýlan daşary ýurt maýa goýumlaryň saklanyşynyň berk kepillendirmegi, ýurduň kanunçylyk bazasynyň halkara ülňülerine laýyk getieilmegi daşary ýurtlaryň we halkara kompaniýalaryň ýurdumyzda maýa goýumlyk işini alyp barmak bilen baglanyşykly gyzyklanmasyny has-da güýçlendirdi.

"Awaza" milli syýahatçylyk zolagyň gurluşygyna dünýäniň ady belli Buig, Graniti Koza, Sehil, Içkale, Engin, Itera, Pars Enerji, Polimeks ýaly gurluşyk kompaniýalary gatnaşýarlar. Bu taslamany durmuşa geçirmek üçin jemi 4 milliard ABŞ dollar möçberinde maýa goýum goýmaklyk göz öňünde tutulýar.

"Awaza" milli syýahatçylyk zolagyny gurmaklyk netijesinde dünýä ykdysadyýetiniň möhüm pudaklarynyň biri bolan syýahatçylygy özgertmegiň we ösdürmegiň netijesinde milli ykdysadyýetimiziň diwersifikasiýasyny gazanmaklyk; syỳahatçylyk hyzmatlarynyň, şol sanda myhmanhana hyzmatlarynyň we işiň oňa ugurdaş görnüşleriniň hilini ỳokarlandyrmak baradaky wezipeleri

toplumlaỳyn çözmek, Hazarýaka sebitinde tilsimat, ulag we sosial infrastrukturalary kämilleşdirmek; ilatymyzy täze iş ýerleri bilen üpjün etmek; raýatlarymyzyň we daşary ýurt syýahatçylarynyň saglygyny berkitmek; Hazaryň türkmen bölegindäki ägirt uly tebigy baýlyklary ýerlikli ulanmak; ekologiýa howupsuzlygyny üpjün etmek; deňziň biologiýa dürlüligini saklamak maksat edilýär.

Hormatly Prezidentimiziň "Awaza" milli syỳahatçylyk zolagy baradaky kabul eden kararyndan köp wagt geçmänkä, ỳagny 2009-njy ỳylyň 15-nji iỳunynda milli ykdysadyỳetimiziň köpugurlylygyny hem-de giň halkara hyzmatlaryny üpjün etjek "Awaza" milli syỳahatçylyk zolagynda "Hazyna", "Watançy", "Çarlak"myhmanhanalarynyň dabaraly açylyşy, ikinji nobatdakysyna degişli binalaryň taslamalary bilen tanyşdyryş çäreleriniň geçirilmegi, şeỳle-de 2009-njy ỳylyň 9-njy oktỳabrynda "Nebitçi", "Kuwwat", "Kerwen" atly ỳene-de täze üç sany myhmanhananyň açylmagy dünỳä ykdysadyỳetinde uly ähmiỳete eỳe bolan syỳahatçylygyň ỳurdumyzda örän güỳçli depginde ösỳändigini dünỳä äşgär etdi. Bu bolsa Türkmenistanyň ỳakyn gekjekde diňe bir ägirt uly energiỳa mümkinçilikleri bilen däl-de, Hazar deňziniň ekologiỳa taỳdan örän arassa Awazasy bilen hem tanaljakdygyna güwä geçỳär.

Hormatly Prezidentimiziň ỳöredỳän ykdysady syỳasatynda ỳurdumyzy düỳpli özgertmek, önümçiligiň ỳokary depginlerde guralmagyna badalga bermek bilen birlikde, ỳurduň daşary ykdysady gatnaşyklaryny

pugtalandyrmaga, daşary ỳurt maỳa goỳumlaryny ykdysadyỳetimize çekmäge täze ugur alyndy.

Geçen iki ỳyldan gowrak wagtyň “Awaza” milli syỳahatçylyk zolagy baradaky habarlar dünỳä doldy. Dünỳäniň köp ỳurtlaryndan iri maỳadarlar bu zolakda uly syỳahatçylyk maksatly desgalaryň gurluşygynda hyzmatdaşlyk etmäge höwes bildirdiler. Daşary ỳurt kompaniỳalarynyň birnäçesi hut öz hasabyna bu ỳerde iri sport we syỳahatçylyk merkezini gurmaga girişdiler. “Awaza” desgalary gurmagyň tapgyrynda daşary ỳurt maỳadarlary, döwlet pudak edaralary, ỳurdumyzyň telekeçileri tarapyndan aỳry-aỳry desgalaryň gurluşygynyň bir wagtyň özünde amala aşyrylmagy taslamanyň gysga wagtyň dowamynda durmuşa geçirilmegine şert döredỳär.

Ýurdumyzyň syỳahatçylyk zolagynda badalga berilỳän uly göwrümli maỳa goỳum işlerine daşary ỳurt maỳadarlarynyň öz serişdelerini gönükdirmekleri bu zolagyň maỳa goỳum taỳdan amatlydygyna şaỳatlyk edỳän görkezijileriň biridir. Şebitiň tebigy syỳahatçylyk mümkinçilikleri hem-de döwlet tarapyndan döredilỳän şertler bu syỳahatçylyk zolagynyň netijeli işlemegi, şol sanda daşary ỳurt maỳa goỳumlaryny çekmek we syỳahatçylar üçin amatly mümkinçilikleri döredýär.

Türkmenistan barha kämilleşỳän maỳa goỳum syỳasaty bilen daşary ỳurt maỳadarlarynyň ünsüni özüne çekỳär. Maỳadarlar, indi diňe bir nebit-gaz senagatyna däl, eỳsem ỳurduň beỳleki pudaklary bilen bilelikde syỳahatçylyk pudagyna hem gyzyklanma bildirmäge başladylar. Bulara mysal edip, “Awaza” milli

syỳahatçylyk zolagynyň ilkinji desgalarynyň açylşyna dabaraly ỳagdaỳda badalga berlen maỳa goỳum taslamalaryny aỳdyp bileris. Olara Tatarystan Respublikasynyň (Russiỳa) hökümetiniň howandarlygynda “Ker-Holding” kompaniỳasy tarapyndan amala aşyrylýan “Goller Sui” şypahana saglyk toplumyny we Russiỳa Federasiỳasynyň “Finansowaỳa Inwestisionnaỳa Kompaniỳa AAA” açyk paỳdarlar jemgyỳeti tarapyndan amala aşyrylýan söwda toplumy we dynç alyş merkezleri bolan ỳokary derejeli myhmanhanalar şaýatlyk edýär. Şunda Türkmenistan bilelikdäki taslamalaryň ykdysady taỳdan iki tarapa-da bähbitli peỳdaly netije bermegini gazanmak ỳörelgesine eỳerỳar we milli syỳahatçylyk zolagynda amala aşyrylỳan taslamalaryň ekologiki taỳdan howpsuz bolmagyny hökmany şert edip goỳỳar. Guwandyrỳan wakalaryň biri-de Türkmenistanyň işwürleriniň hem öz serişdeleriniň hasabyna maỳa goỳum taslamasyna gatnaşmagydyr. Bu bolsa, ỳurdumyzda hususy telekeçiligiň ösỳändigine güwä geçỳär.

Syỳahatçylyk pudagynda telekeçiligi geljekde ösdürmegiň meỳilnamasyndaky çäreleriň ulgamyna şu aşakdakylar girỳär:

- syỳahatçylyk baỳlyklarymyzy ulanmaklyk boỳunça hukuk kadalarynyň, syỳahat hyzmatlaryny satmak düzgüniniň, salgyt ỳeňilllikleriniň berilmegi boỳunça çäreleriniň göz öňünde tutulmagyny;
- syỳahatçylyk hyzmatlarynyň dolandyrmagyny kämilleşdirmegi, şol sanda syỳahat

hyzmatlaryna şertnamanyň berilmegi, daşary ýurt telekeçileri bilen gatnaşygy giňeltmegi;

- syýahatçylyk pudagynyň maddy enjam bazasynyň berkemegini we gurluşyga hem-de abatlaýyş işlerine maýa goýumlarynyň goýulmagyny;
- mahabat maglumat boýunça hyzmat etmegi:
- ylym taýdan we işgär boýunça üpjünçiligi ýokarlandyrmagy we ş.m.

“Awaza” milli syýahatçylyk zolagy ýakyn geljekde syýahatçylygyň dürli görnüşleriniň özleşdirilmegi netijesinde ýylyň dowamynda syýahatçylary kabul edip, syýahatçylyk, dynç alyş ulgamy bilen birlikde taryhy, medeni, saglyk, sport, halkara maslahatlar we duşuşyklar ýaly ulgamlaryň we çareleriň giň gerimde ýaýbaňlandyrylmagyny üpjün eder. Syýahatçylaryň ünsüni özüne çekjek täsin ýerler, taryhy we medeni gymmatlyklar biziň ýurdumyzda örän köp. Meselem, UNESKO-nyň “Bütindünýä medeni mirasynyň” sanawyna goşulan Nusaý, gadymy Merw, Könürgenç ýaly ýadygärlikler- sỳyahatçylygyň taryhy ulgamynyň ösmegine täsir edip biljek medeni gymmatlyklardyr. Türkmenistanyň Birleşen milletler guramasy tarapyndan Bitarap döwlet hökmünde ykrar edilmegi, geografiki ýerleşişi, goňşular we sebitdäki ýurtlar bilen dostluk gatnaşyklarynyň ösmegi, ýurtda agzybirligiň we asudalygyň hüküm sürmegi ýurdumyzy halkara duşuşyklaryň we maslahatlaryň geçýän ýerine öwürýär. Bu bolsa, Türkmenistanda syýahatçylygyň kongres, halkara ýygnaklar we maslahatlar ulgamynyň ösmegine

getirer. Türkmenistanyň howa ỳagdaỳy bolsa, dürli halkara sport oỳunlarynyň, medeni çareleriň, festiwallaryň geçirilmegi üçin amatlydyr. Awazanyň jana ýakymly suwy, ajaỳyp howasy- sỳahatçylygyň saglyk ulgamynyň ösmegine ỳardam eder. Mundan başga-da Türkmenbaşy halkara deňiz menziliniň döwrebaplaşdyrylmagy, täze halkara howa menziliniň gurulmagy, ỳokary hilli Farap-Türkmenbaşy gara ỳolunyň ulanylmaga berilmegi, Demirgazyk-Günorta halkara demir ỳolunyň hereket edip başlamagy netijesinde Türkmenbaşy şäheri Günbatar-Gündogar şeỳle hem Demirgazyk-Günorta ugur boỳunça üstaşyr geçỳän halkara ulag ỳolunyň iň uly merkezleriň biri bolar. Bu bolsa, milli syỳahatçylyk zolagynda maỳa goỳum taslamalaryny amala aşyrmaga, syỳahatçylygyň dürli ulgamlary bilen bilelikde halkara söwdanyň hem ösmegine amatly täsir eder. Merkezi Aziỳanyň "deňiz derwezesiniň" Türkmenbaşy şäheriniň binagärlik keşbiniň üỳtgemegi, şaheriň günorta-gündogarynda oňaỳly, belent ỳaşaỳyş jaỳlary, mekdepleri, çagalar baglary, medeni we söwda merkezleri, köp sanly suw çüwdürimleri, seỳilgähleri we seỳil baglary, beỳik binalary bolan täze, owadan we häzirkizaman megapolisiň emele gelmegi bolsa- Hazar deňziniň gündogar kenar ỳakasynda dünỳäniň iň arzyly täze syỳahatçylyk merkezleriniň döreỳändigine şaỳatlyk edỳär.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 24-nji iýulynda çykaran 8855-nji kararyna laýyklykda syýahatçylyk zolagyny döretmegiň we ösdürmegiň döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilişini çaltlandyrmak,

şeýle hem syýahatçylyk zolagynda ilkinji nobatda ulanylmaga beriljek şypahanalary, myhmanhanalar toplumyny gurşap alýan meýdanda medeni-dynç alyş seýilgähleriniň gurluşygyny ýaýbaňlandyryp, ildeşlerimiz we daşary ýurtly jahankeşdeler üçin ýokary derejeli dynç alyş şertlerini döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy baradaky komitet «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň çäginde teatrlaşdyrylan interaktiw deňiz çüwdürimler toplumyny, amfiteatry, çagalaryň attraksionly oýun meýdançalaryny, kafeleri, awtoduralgalary, gök zolaklary, tehniki binalary öz içine alýan, umumy meýdany 83 600 inedördül metr bolan seýilgähiň we gurluşyk işleriniň buýrujysynyň wezipelerini, «Türkmennebitgazgurluşyk» döwlet konserni bolsa baş potratçynyň wezipelerini ýerine ýetirmeli. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy baradaky komitete seýilgähiň taslamasyny düzmek hem-de teatrlaşdyrylan interaktiw deňiz çüwdürimler toplumynyň gurluşyk-gurnama işlerini ýerine ýetirmek barada kömekçi potratçy hökmünde Birleşen Arap Emirlikleriniň «Fountains International Trading LLC» kompaniýasy bilen goşulan baha üçin salgyt hasaba alynmanda umumy bahasy 27,086,843 amerikan dollary bolan şertnamany baglaşmaga ygtyýar berildi. Gurluşyga 2009-njy ýylyň iýun aýynda başlamak we ony 2010-njy ýylyň iýun aýynda ulanmaga tabşyrmak bellenildi.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 24-nji iýulynda çykaran 8855-nji Kararyny ýerine ýetirmek,

şeýle hem «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda berkarar Türkmenistan döwletimiziň raýatlarynyň medeniýetli dynç almagy üçin has oňaýly şertleri döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi. Oňa laýyklykda Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligine: Türkmenistanyň Dokma senagaty we söwda pudagyna degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň adyndan baş buýrujy hökmünde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda 250 orunlyk otelli dynç - alyş merkeziniň taslamasyny düzmek we ony ulanmaga doly taýýar edip gurmak barada «Çizgi Muhendislik Mumessillik Taahut Tijaret San. Paz. Ltd. Şti.» türk kompaniýasy bilen goşulan baha üçin salgyt hasaba alnanda umumy bahasy 34,877,839 amerikan dollary bolan şertnamany baglaşmaga, otelli dynç alyş merkezini gurmak işlerini Türkmenistanyň dokma senagaty we söwda pudagyna degişli ministrlikleriň we pudak edaralarynyň özara ylalaşygy boýunça deň paýlarda olaryň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirmäge ygtyýar berildi. Gurluşyga 2009-njy ýylyň iýul aýynda başlamak we binany 2011-nji ýylyň ýanwar aýynda ulanmaga tabşyrmak bellenildi.

Ýurdumyzyň syýahatçylyk zolaklaryny döretmegiň we ösdürmegiň döwlet maksatnamasynyň durmuşa geçirilişini çaltlandyrmak, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda köçeleriň ähli inžener ulgamlaryny we desgalaryny ýanaşyk ýerler bilen abadanlaşdyryp, ýokary derejede gurmak hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 20-nji ýanwarynda çykaran 10195-nji kararyny ýerine ýetirmek maksady bilen, Türkmenistanyň

Prezidenti Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy baradaky komitete «Sehil Inşaat Endustri we Tijaret Limited Şirketi» türk kompaniýasy bilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda aşakda görkezilen desgalaryň taslamalaryny düzmek, gurluşyk-gurnama we abatlaýyş işlerini ýerine ýetirmek barada goşulan baha üçin salgyt hasaba alynmanda umumy bahasy 94,103,472 amerikan dollary bolan şertnamalary, şol sanda:bir awtomobil ýolunyň köprüsini gurmak barada, köçeleriň gök zolaklarynda agaç nahallaryny we dürli ösümlikleri ekmek hem-de suwaryş ulgamyny gurmak barada, köçeleri yşyklandyryş ulgamlary bilen enjamlaşdyrmak barada, köçeleri abadanlaşdyrmak barada şertnamalary baglaşmaga ygtyýar berildi. Gurluşyga 2009-njy ýylyň iýun aýynda başlamaly we desgalary 2010-njy ýylyň iýun aýynda ulanmaga tabşyrmaly.

«Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 24-nji iýulynda çykaran 8855-nji Kararyny ýerine ýetirmek, şeýle hem «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda maýadarlaryň serişdeleriniň hasabyna gurluşyk-gurnama işlerini alyp barmak üçin oňaýly şertleri döretmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti birnäçe Buýruga gol çekdi. Resminamalara laýyklykda: Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesine dynç alyş öýlerini gurmak üçin, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda 5 gektar ýer bölegi; Russiýa Federasiýasynyň «Finansowaýa Inwestisionnaýa Kompaniýa AAA» açyk paýdarlar jemgyýetine ýokary

derejeli myhmanhanany gurmak üçin, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda 12,5 gektar ýer bölegi; Tatarystan Respublikasynyň (Russiýa Federasiýasy) «KER-Holding» inžiniring kompaniýasyna «Lyžaly-sport» toplumyny gurmak üçin, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda 18 gektar ýer bölegi kärendä berildi.

Syỳahatçylygyň netijeli ösdürilmegi Türkmenistana daşary ỳurt syỳahatçylaryň we walỳuta gowuşmalarynyň akymynyň artmagyna mümkinçilik berer, şeỳle hem jemgyỳetiň durmuşynyň ähli tarapyna syỳahatçylygyň täsirini göz öňünde tutup, ykdysadyỳetiň garyşyk pudaklarynyň ösmegine we ilatyň iş bilen üpjünçiliginiň ỳokarlanmagyna ỳardam berer.

Türkmenistan Beỳik Ýüpek ỳolunyň ugrunda ỳerleşmegi bilen, gadym döwürden bäri dünỳä ỳüzüne giňden meşhurdyr. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda, Türkmenistanyň halkara derejesindäki abraỳy barha artỳar. Ýurt baştutanymyzyň başlangyjy bilen “Awaza” milli syỳahatçylyk zolagynyň döremegi we muňa halkara jemgyỳetçiliginde uly gyzyklanma bildirmegi bolsa Watanymyzyň ajaỳyp geljegine uly ynam döredỳär.

Geljekde bu syýahatçylyk zolakda dynç almaga isleg bildiren syýahatçylar we bu ýerde işleýän daşary ýurt hünärmenler üçin ýeňillikli wiza düzgüni giriziler. Şeýle-de bu zolakda öz işini amala aşyrýan kompaniýalara köp salgyt we beýleki ýeňillikler berler.

**Testler:**

**1**. Erkin ykdysady zolaklaryň alamatlary
a) Haryt dolanşygyny ýola goýmak
b) Ykdysady gatnaşyklary güýçlendirmek
ç) Gümrük paçlary salmak
d) Daşary söwda çykmak

**2.** Erkin gatnawlar näçenji asyrda döräpdir
a) XIX-asyryň başlarynda
b) XX-asyryň ahyrlarynda
ç) XVIII-asyda
d) XIX-asyryň ahyrynda XX asyryň başlarynda

**3.** Erkin ykdysady zolaklar güýçlendirýär
a) Ykdysadyýetiň ösüşini
b) Esasy serişdeleriň netijeligini
ç) Pul dolanyşygyny
d) Ykdysady resurslaryň ulanylyşyny

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Erkin ykdysady zolak diýip näme düşünýärsiňiz ?
2. Erkin ykdysady zolak ilkinji nirede döredi ?
3. Erkin ykdysady zolaklaryň nähili taryhy görnüşleri bar?
4. Daşary ýurtlarda hereket edýän erkin ykdysady zolaklaryň nähili görnüşleri bar ?
5. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde erkin ykdysady zolaklaryň nähili ähmiýeti bar?
6. Türkmenistan nähili erkin ykdysady zolaklara bölünýär ?

7. Aşgabat-Aeroport erkin ykdysady zolak nireleri öz içine alýar ?
8. Türkmenistanda näçe erkin ykdysady zolak bar ?

## Bazar ykdysadyýetine geçmekde telekeçiligi ösdürmegiň ähmiýeti.

17.1. Bazar ykdysadyýetine geçmekde telekeçiligiň ähmiýeti.

Hormatly Prezidentimiziň türkmen ykdysadyýetiniň ösüş konsepsiýasynyň meselelerine Ministrler kabinetiniň mejlislerinde yzyiderli seredip durmagy ýurtda bazar ykdysadyýetine geçmegiň esasy ugurlarynyň biri hökmünde telekeçiligi aýratyn üns berýändigini 2008-nji ýylyň mart aýynyň 17-ne geçiren Ministrler kabinetiniň mejlisinde ýene-de bir gezek subut etdi. Şol gün hormatly Prezidentimiz telekeçilik ulgamynda bar bolan meselelere, olary çözmegiň ýollaryna seredip hem-de geljekde telekeçilik ulgamyny ösdürmek syýasatyny işläp düzmegi ara alyp maslahatlaşaryş diýip hormatly Prezidentimiz aýdyp geçdi.

Şol mejlisde ýurdyň ykdysadyýetiniň ösýändigine şaýatlyk edýän esasy görkezijileri beýan edip umumy öndürilýän önümiň 40 göterime golaýynyň hususy sektora degişlidigini, galybersede bu görkezijini 70 göterime ýetirmek üçin ähli mümkinçilikleriň bardygyny belledi. Söwda, hyzmat ediş, oba hojalyk azyk önümlerini

öndürmek boýunça telekeçiligiň sazlaşykly depginde ösýändigi aýdyldy. Şeýle hem şu çykyşynda hormatly Prezidentimiz ýurdumyzda telekeçilgi ösdürmek üçin örän oňaýly şertleriň döredilýändigini, şol sanda banklarda daşary ýurt walýutasynyň erkin çalşyrylýandygyny we walýutanyň ýeke-täk hümmetine geçilmeginiň göz öňünde tutulýandygyny, salgyt syýasatnyň ýeňillişdirilýändigini, döwlet tarapyndan ýeňillikli karzlary beriljekdigini belledi.Elbet-de 2010 njy ýylyň 1-nji ýanwaryna çenli puluň dinominasiýasynyň doly geçirilip tamamlanmagy öňde goýulan meseleleriň çözgüdiniň başlagyjy boldy.

Hormatly Prezidentimiz dünýäniň ähli ýerlerinde telekeçilik ulgamynyň ykdysadyýetiň möhüm bölegi bolup durýandygyny, ýurtda amala aşyrylýan uly özgertmeleriň esasy hereketlendirijisidigini şeýle hem döwleti durnukly we yzygiderli ösdürmegiň özboluşly tebigy şertdigini, onuň bolsa ilatyň iş bilen üpjün edilişine, onuň girdejisiniň ösüşine, netijede bolsa islendik ýurdyň ilatynyň ýaşaýyş derejesini görkezijisi hasaplanýan orta gatlagyň ösmegine we giňelmegine giň mümkinçilik açýandygyny belledi.

Bazar gatnaşyklaryna geçilmegi aýry-aýry düşünjelere bolan öňki garaýyşlaryň düýpgöter üýtgedilmegini talap edýär. Şeýle düşünjeleriň biri hem telekeçilikdir. "Telekeçi", "telekeçilik", "işewürlik" ýaly düşünjeler biziň şu günki ykdysady durmuşymyzyň iň ýörgünli sözlerdir.

Telekeçiligi häsiýetlendirýän birnäçe alamaty tapawutlandyrmak gerek. Olaryň düzümine täzelikçilik, çeýelik, töwekgelçilik we beýleki alamatlar girýärler.

Alnyp barylýan her bir işde telekeçi täzeligiň gözleginde bolmaly, ol bolup geçýän üýtgeşmeleri, emele gelen ýagdaýa görä çeýe hereket etmegi başarmaly. Telekeçilik işini töwekgelçiliksiz asla göz öňüne getirmek mümkin däldir. Her bir täze işe baş goşulmagy telekeçiden töwekgelçiligi talap edýär. Bularyň üsti hojalyk işinde özbaşdaklyk we garaşsyzlyk ýaly alamatlar bilen doldurylýar.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde telekeçilik kärhanasy aşakdaky şekil boýunça hereket edýär




Blok 1 - Kärhananyň esasy maksaty resurslary üýtgetmekdir.

Blok 2 – girelge resurslary işçi, maddy we maliýe
Blok 3 – çykalga resurslar – taýýar önüm, önümçiligiň galyndysy peýda, pul serişdeleri
Blok 4 – durmuş sreda – kärhananyň aragatnaşyk edýän hökümet, munisipal guramalar, kanunlar
Blok 5 – tebigy sreda – tebigy resurslaryň, erasty baýlyklaryň, howanyň, suwuň sarp edilmegi
Blok 6 – bazar bilen aragatnaşyk, marketing. Bu blok girelgede, çykalgada aragatnaşyk edýär
Blok 7 – girelgedäki resurslaryň, çykalgadaky bilen gatnaşygy kärhananyň ykdysadyýetidir

Eger-de telekeçiligiň tebigaty barada aýdylsa, onda bu roly dürli subýektler ýerine ýetirýär. Işçi hem, kärendeçi-de, dolandyryjy hem, kärhananyň eýesi we beýlekilerem telekeçi bolup biler.

Şol sanda telekeçilik işini aýratynlykda ýa-da toparlaýyn görnüşinde gurnamak bolar. Birinji ýagdaýda aýratyn bir adamyň hususy işi, ikinji ýagdaýda bolsa olaryň toparyny alyp barýan işi göz öňünde tutulýar.

Telekeçiligiň ösmegi adamlaryň işe, eýeçilige bolan garaýşyna düýpli üýtgedýär. Olarda öz eýeçiliginde bar bolan serişdeleri diňe bir aýawly saklamak dälde olary yzygiderli artdyrmak meýilleri has hem güýçlenýär. Şu ýerde bir ýagdaýa üns bermek gerek. Telekeçilik işi bilen serişdeleriň eýesiniň özi ýa-da başga bir ygtyýar berlen adam meşgul bolýar. Ownuk telekeçilik şertlerinde serişdeleriň eýesi bolmak we telekeçi wezipesi bir adamda jemlenýär. Iri önümçilik barasynda muny aýtmak bolmaz. Köplenç şeýle halatda önümçilikde kärhananyň eýesi we

telekeçi bir-den tapawutlanýarlar. Bu ýerde telekeçiniň wezipesini kärhananyň eýesi, ýolbaşçysy ýerine ýetirýär.

Ýöne onuň kärhanaň eýesi bolmazlygy hem mümkin. Muňa kärhanalaryň aksioner, döwlet, hususy eýeçilige esaslanýan formalary aýdyň mysal bolup biler.

Telekeçilik işiniň ýaýbanlanmagy üçin birnäçe wezipeleriň çözülmegi möhümdir. Hojalyk subýektleriniň eýeçiligini goramaklyga kepil geçmek, millileşdirmek mümkinçiligini aradan aýyrmak, döwlet dolandyryş organlarynyň telekeçileriniň hojalyk işine gatnaşmagyna ýol bermežlik telekeçiligi höweslendirmegiň esasy şertidir.

Bazar gatnaşyklaryna geçmekde ownuk telekeçilige aýratyn orun degişli. Kiçi kärhanalaryň ösmegi ykdysadyýetde kadaly bäsdeşlikli bazar gatnaşyklarynyň we düzümleýin özgermeleri amala aşyrmaga şert döredýär. Şonuň üçin hem häzirki döwürde kiçi kärhanalary döretmeklige uly ähmiýet berilýär. Özi hem bu kärhanalar eýeçiligiň islendik formasynda döräp biler.

Ownuk işewürligiň emele gelmeginiň ýollary köpeler. Olara kärhanalary saklamak we täze kiçi kärhanalar döretmek degişlidir.

Türkmenistanda bazar gatnaşyklaryny döretmäge gönükdirilen ykdysady reforma diňe bir iri kärhanalary we gutulgysyz suratda diýen ýaly ýekemenleşdirilen kärhanalary döretmek bilen utgaşykly bolman, eýsem kiçi we orta kärhanalar döretmek bilen hem utgaşmalydyr. Häzirki zamanyň daşary ýurt tejribesiniň geçmişi ýaly hut şol kiçi we orta görňüşdäki kärhanalar ykdysadyýeti düzüm taýdan üýtgedip gurmaga has oňat uýgunlaşyp

bilýär. Ykdysadyýeti ösdürmegi höweslendirmäge, iş orunlarynyň sanyny köpeltmäge we işsizligi azaltmaga ukyplydyr. Telekeçiligi ösdürmek munuň özi bazar baradaky özgerşikleri amala aşyrmagyň iň bir wajyp faktorlarynyň biridir.

Kiçi kärhanalar ykdysadyýetiň şeýle bir bölegi bolup, şol ýerde hojalyk özbaşdaklygyň we öz özüni dolandyrmagyň ýörelgeleri has yzygiderli berjaý edilýär, haryt - pul gatnaşyklaryny güýçlendirmegiň has düýpli ýollary özleşdirilýär. Kärhananyň esasy baýlygyň onuň çeýeliginden, özüniň içeri we daşary işini guramakdaky erkinliginden ybaratdygyny aýtmak bolar. Bu bolsa bazary döretmek ýa-da dikeltmek, şu amal bilen baglanşykly bolan bir entek amallary ösdürmek diýmek şu günki gün kiçi kärhanalaryň esasy ýerini ýetirmeli wezipeleri diýildigidir. Yokarda görnüşi ýaly häzirki zaman ykdysadyýetinde telekeçi kärhanalaryň ýerine ýetirmeli işleri iňňän dürli görnüşlidir. Türkmenistanyň halk hojalygynda kiçi we orta görnüşdäki kärhanalar sektorynyň gelejeginiň bardygy diňe bir hut kiçi kärhanalarynyň senagatynyň birentek pudaklardaky dinamiki binýady düzümleriniň esasy bolup biljekdigi, resurslary has netijeli peýdalanyş sferasyna maýa goýumlaryň köp gelmegini üpjün edip biljekdigi, şeýlelik bilen bolsa gurluş syýasaty we bazary döretmek baradaky amallary birleşdirip biljekdigi bilen şertlendirilmän, eýsem zähmet guralşynyň üýtgeşikler, ylmy - tehniki amallaryň (resurslary tygşytlaýan ylmy tehniki amallaryň) netijeliligini üzül-kesil ýokarlandyrmak, ykdysadyýetiň durmuş taýdan şertlendirilendigi şübhesizdir. Kiçi we orta

görnüşdäki kärhanalar sektory jemgyýetçilik önümçiliginiň täze durmuş ykdysady düzüminiň hususanda, şol düzümlerde eýeçiligiň dürli görnüşlerini: hususy eýeçiligini, kärende eýeçiligini, kooperatiw, munisipal, döwlet, döwlet kapitalistik eýeçiligini birleşdirýän bütewi ownuk haryt hojalygyny (ukladyny) döretmegiň esasy hereketlendiriji güýçleriniň birine öwrülendir. Ownuk haryt hojalygy (uklady), bir tarapdan, önümçiligiň işlemeginiň aýratyn maddy we zat şertleri bilen häsiýetlendirilýär. Bu ýerden bolsa hakujy (awanslandyrylan) maýany ösdürmekde kiçi we orta görnüşdäki kärhanalaryň şübhesiz artykmaçlyklary görnüp dur: maýanyň ýokary çaltlyk bilen aýlanmagy passiw bölek üçin we önümçilik infrastrukturasy üçin harajatlary pes bolmagy: janly zähmetiň we enjamlaryň has doly işledilmegi hem-de ýokary öndürjilikli bolmagy; ulagy dolandyryş üçin we beýleki zatlar üçin udel harajatlaryň az bolmagy. Şoňa göräde döwletiň şertlerinde (kiçi we orta gündäki kärhanalary) telekeçiligi ösdürmek munuň özi resurslary tygşytlaýan ykdysady ösüşiň düýp esaslaryny döredýän bazar gatnaşyklaryna tarap barýan has uly ýoldur. Çünki resurslaryň ýokary çaltlyk bilen aýlanmagy bazar konýukturasynyň üýtgemeginiň täsiri astynda önümçilik kararyny kabul etmekdäki ykjamlylyk, çig malyň taýýar önümiň, iş wagtyň has az ýitirilmegi sarp ediş bazarynyň meselelerini çalt çözmäge mümkinçilik berýär, ýagny durmuş taýdan netijeli ykdysady ösüşi üpjün edýär.

Aslyýetine garanyňda ozal hakykat ýüzüne hiç mahal hususy kapitalistik gatnaşyklar bolmadyk döwletde

şunuň ýaly ýagdaýy döretmek işi sebitdäki durmuş ykdysady ýagdaý bilen kesgitlenilýär.

Telekeçilik bilen meşgullanýanlaryň düzümi biçak dürli dürlidir.

Ýokarda görkezilen seljermeden telekeçilik mundan beýläk jemgyýetçilik önümçiligiň, onuň düzümini umuman sazlaşdyrmak we rejelemek, öndürjileriň, ýekemenleriň roluny we häsiýetini hem-de jemgyýetçilik önümçiliginde olaryň ornuny üýtgetmek ylmy tehniki amallary ösdürmekde hil taýdan öňe gitmek we şol ylmy - tehniki amalyň netijelerini iňňän giňden ýaýratmakda öňe gidişlik etmek, işçi güýjiniň hilini we düzümini üýtgetmek we ş.m. ýaly ägirt uly jemgyýetçilik wezipelerini mundan beýläkde çözüp biler diýen ýaly netijäni çykarmak mümkin.

Türkmenistanda bazar ykdysadyýetine geçiş döwrüniň "10 ýyl abadançylyk" diýen ady alan maksatnamanyň durmuşa geçirilmegi geçen 10 ýylyň dowamynda ýurdy dünýäniň ösen döwletleriň derejesine çykarmagy göz öňünde tutýar, ol bazar ykdysady etapma-etap gidilmelidigini belleýär. Şonda birinji nobatda telekeçilik sektory bazar gatnaşyklary esasynda özgerýär. Jemgyýet ykdysady taýdan-da, syýasy taýdan-da ykdysadyýetiň hut şu sferasyndaky düýpli özgerşilikleri has ynjamak amala aşyryp bilse gerek. Kiçi kärhanalar bazar ykdysadyýetine geçmegiň bazar infrastrukturasyny döretmek ýaly esasy wezipäniň çözülmegine hem ýardam edip biler.

Hojalyk formalarynyň ulgamynda kiçi önümçilikleriň rolunyň bazar ykdysadyýetini döretmekde

uly ähmiýetiniň bardygy bilen kesgitleýändigini nygtap geçeliň. Hojalygyň haýsyda bolsa bir aýratyn formasy bolmagy dalaş etmän, telekeçilik hojalygyň ähli formalarynyň kemala gelmegine gös-göni we (eýeçilik gatnaşyklaryny bütin köp görnüşligi peýdalanmak arkaly ösmek bilen) gytaklaýyn (bazar gatnaşyklaryny ösdürmek bilen) işeňňir täsir edýär. Kiçi kärhanalar özleriniň tebigy ösüşiniň barşynda binýat (baza) görnüşinde "ýaşaýyş" sredasyny we üznüksiz önümçiligi bazar gatnaşyklarynyň ulgamyny döredýär diýip aýtmak bolar. Bazar bolsa eýeçiligiň we hojalygyň formalarynyň dürli görnüşi we birentek özboluşlylygy bolup durýar.

Emma kiçi kärhanalaryň ösüp bilmegi we özlerine mahsus bolan jemgyýetçilik wezipelerini ýerine ýetirip bilmegi üçin degişli şertler döredilmelidir. Öndürjiler üçin tehniki mümkinçilikleriň we önümçilik mümkinçilikleriň artdyrylmagyny üpjün edýän kämilleşdirilen özboluşly maglumatlar ulgamy döredilmelidir.

### 17.2. Türkmenistanda bazar ykdysadyýetine geçmegiň esasy ugurlary.

Bazar gatnaşyklaryna geçmek munuň özi täze ykdysadyýetiň kemala gelmeginiň aýrylmaz bölegidir, halk hojalygynyň sferasynda, durmuş syýasatda häzirki döwürdäki gatnaşyklary düýpgöter özgermek şu esasyň özenidir. Bazar ykdysadyýetiniň möhüm maksady ylmy - tehniki progresiň gazanan üstünliklerine, adamlaryň hyrydarlyga çalt uýgunlaşyp bilýän özi-de önümçilik üçin däl-de eýsem adamlar üçin niýetlenen çeýe, ýokary netijeli

hojalygy döretmekden we ýöretmekden ybaratdyr. Şol bir wagtyň özünde bolsa bazar ykdysadyýetiň döredilmegi eýeçiligiň haýsyda bolsa bir formasynyň ýekemenlik agalygyny aňlatmaýar, gaýtam munuň tersine, erkin telekeçiligi, ykdysady gatnaşyklarda sagdyn bäsdeşlik, eýeçiligiň köp görnüşli formalarynyň we önümçilik sferasynda dolandyryşyň sazlaýjy formalarynyň bolmagyny göz öňünde tutýar. Bu barada Türkmenistanda ykdysadyýetde şonuň ýaly reformany geçirmäge möhüm ädim ädildi. Munuň şeýledigini hususanda geçiş döwrüniň wezipelerini amala aşyrmagyň hukuk mehanizmlerini döretmäge gönükdirilen kanun çykaryjylyk tejribesi görkezýär.

Türkmenistanyň mejlisi eýeçilik hakynda, telekeçilik işi hakyndaky, kärhanalar hakyndaky, Merkezi banky hakyndaky, täjirçilik banklary we bank işi hakyndaky, walýutany düzgünleşdirmek we şulara meňzeş hakyndaky kanunlary kabul etdi. Şonuň bilen bir wagtyň özünde bolsa bazar gatnaşyklarynyň kanun taýdan düzgünleşdirilmegi ykdysadyýet pudagyna döwletiň gatyşmagyny maksat edýär, ol degişli düzgünleşdiriji çäreleriň üsti bilen salgyt syýasaty, döwlet kontraktlary (zakazlary), telekeçiligi goldamak, raýatlaryň durmuş taýdan goralmagyny üpjün etmek, kärhanalaryň özbaşdaklygynyň hukuk kepillikdirmelerini bellemek, ykdysady we durmuş taýdan ösüşiniň döwlet möçberindäki toplumlaýyn maksatnamalaryny maliýeleşdirmek we ş.m. arkaly hojalygy ýöretmegiň umumy başlangyçlaryny bellemegi maksat edýär.

Türkmenistany ykdysady taýdan ösdürmegiň bazar gatnaşyklaryna geçilmegi bilen häsiýetlendirilýän häzirki zaman döwri ýokarda aýdylyp geçilen döwürden tapawutlanyp, ýörelge taýdan täze meýilnamalary we maksatnamalary bilen tapawutlanýar, hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen kiçi kärhanalar milli yktysadyýetimizi ösdürmegiň esasy mehanizme öwrüldi. Elbetde munuň sebäbi köp: muňa Beýik Galkynyşlar zamanasynda ykdysadyýeti ösdürmekdäki geçirilýän reformalar, kanunlaryň ýerine ýetirilişi we şulara meňzeşler täsir edýär. Bulardan başgada Türkmenistanda beýleki GDA döwletlerindäki ýaly kiçi kärhanalaryň kemala gelmeginiň we ösmeginiň ýolundaky düýpli päsgelçilikler, hünärli kadrlaryň ýetmezçilik etmeginden material-tehniki üpjünçiliginiň degişli ulgamynyň, daşary ykdysady iş üçin şertleriň doly ýeterlikdiginden ybaratdyr. Häzirliki döwürde kiçi telekeçiligi ösdürmek barada : guramaçylyk-hukuk häsiýetindäki, maliýe häsiýetindäki çäreleri, kiçi kärhanalaryň daşarky bazarlara çykmagyna ýardam berýän we şulara meňzeşleri göz öňünde tutýan kararlar kabul edildi.

Telekeçilik işi hakynda 1993 ýylyň 1-nji oktýabryndaky kanun eýeçiligiň ähli görnüşleriň düzgünini durmuşa geçirmek, graždanlary öz emläginde özleriniň erkin erk edip, haýsy ugurdaky işde işlejekdigini, özleriniň erkin saýlap bilmegi esasynda olaryň iş bitirijiligini hem-de ugur tapyjylygyny giňden ýüze çykarmak üçin şert döretmäge gönükdirlendir.

Türkmenistanyň hem-de beýleki döwletleriň fiziki taraplary (graždanlary) we ýuridiki taraplary, şeýle hem

belli raýatlygy bolan adamlar telekeçiligiň subýektleridir. Telekeçiligiň her hili formalary göz öňünde tutulýar. Mysal üçin, telekeçiligiň hakyna tutma zähmeti ulanmaýan we ýuridiki taraplary döretmeýän formasynda bolup biler. Mundan başgada kanunda telekeçiligiň hukuklary we borçlary bellenilýär, olaryň jogapkärçiligi kesgitlenilýär. Telekeçilik işi döwlet tarapyndan goldanylýar, ýagny kanunda şeýle görkezilýär. Türkmenistan telekeçiler hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň berjaý edilmegini kepillendirýär, olara bäsdeşligi üçin şert döredýär, maddy, maliýe, zähmet, maglumat, tebigy resurslar we gaýry resurslar elýeterli bolar ýaly olara goldaw hem deň mümkinçilikler berýär, emlägiň we telekeçiniň eýeçilik hukugynyň goralmagyny üpjün edýär. Telekeçilik işi kärhana bilen baglanyşyklydyr.

Türkmenistanyň ykdysady syýasatyna ýene-de bir wajyp üýtgeşiklik girizildi. 1992 ýylyň 14-nji dekabrynda Halk Maslahaty erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklaryny belledi. Şonuň esasynda 1993-nji ýylyň 8 oktýäbrynda Mejlis bu mesele boýunça ýörite kanun kabul etdi. Erkin telekeçiligiň ykdysady zonasy – munuň özi administratiw araçäkleri anyk kesgitlenen we aýratyn hukuk düzgüni bellenilip ýörite bölünip bermek territoriýadyr. Türkmenistanda şu zolaklar kesgitlenendir: Aşgabat – Büzmeýin, Aşgabat-Änew, Çeleken-Kerem, Daşoguz-Aeroport, Türkmenabat-Seýdi, Mary-Baýramaly, Bäherden-Gyzylarbat. Bu zolaklaryň esasy maksady daşary ýurt maýa goýumlaryny Türkmenistanyň ykdysadyýetine çekmekdir. Erkin telekeçilik baradaky

ykdysady zonada ýerleşen kärhanalar şertnama esasynda gurulýar. Erkin telekeçilik baradaky ykdysady zonadaky önümçilik maksatnamalaryny düzerler we öndürýän önümi ýerleşdirerler. Erkin telekeçilik ykdysady zonada eksport import operasiýalarynyň sadalaşdyrylan tertibi hereket etmelidir. Erkin telekeçilik baradaky ykdysady zonanyň territoriýasynda aýratyn gümrük düzgüni hereket eder, bu düzgün erkin telekeçilik ykdysady zonada territoriýasynda getirilýän harytlar we beýleki emläkler barada gümrük töleglerde boşatmagy. Erkin telekeçilik ykdysady zonadan eksport edilýän harytlary we daşary ýurtlara äkidilýän başga zatlar gümrük poşlinasyny tölemekden boşatmagy göz öňünde tutýar. Erkin telekeçilik barada ykdysady zonanyň territoriýasynda salgyt düzgüni şu aşakdakylary göz öňünde tutýar. Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň erkin telekeçilik ykdysady zonada işleýän kärhanalary peýda alyp başlaýan ilkinji üç ýylyň dowamynda alynýaan peýda salynýaan salgydy tölemekden boşadylýar. Daşary ýurt maýa goýumlary esasynda döredilen we özleriniň tertipnamalaýyn fonduna gatnaşýan daşary ýurtlaryň paýy 30 %-den geçýän kärhanalara alynýan peýda salynýan salgyt peýda görüp başlan işiniň ilkinji 3 ýylyň dowamynda zat alynmak soňky 3 ýylda 50 % kemeldilen stawka boýunça salgyt salynýar: işläp başlan soňraky 10 ýylyň dowamynda bolsa 30 % kemeldilen stawka bilen salgyt salynýar; işläp başlan möhleti 5 ýyldan bärde bolan kärhanalar peýda alyp başlan işiniň ilkinji 3 ýylynyň dowamynda alynýan peýda salynýan salgytdan boşadylyp, muňa salgyt karzyny bermegiň formasy hökmünde garalar

we bolmak bilen baglanyşykly bolmadyk esaslarda kärhana ýapylan mahalynda şol salgyt karz yzyna tölenilýär.

2008-nji ýyllyň mart aýyndan başlap hormatly Prezidentimiz tarapyndan telekeçilik işini güýçlendirmegi gönükdirilen ykdysady syýasatyň biri hususy sektory ýa-da telekeçilik işi bilen meşgullanýan işewür adamlara salgyt salmakda ýeňillikleriň berilmegi bu sferada esasy höweslendiriji itergileriň biri boldy.

2007-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndaky ýagdaýa görä, tutuş Türkmenistan boýunça telekeçilik işiniň ösüşiniň seljermesi göz öňünde tutulan taraplar boýunça telekeçilik işini amala aşyrýan kärhanalaryň guramalaryň 6606 sanyndan köprägininiň işländigini görkezýär. Olaryň arasynda kooperatiwler, kiçi kärhanalar, hususy kärhanalar we beýlekiler bar. Olarda özleriniň esasy işinden daşary işleýän adamlary hasap edeniňde 59245 gowrak adam işleýär. 2006-njy ýylda bu kärhanalar we guramalar 2725515 müň manatlyk işleri ýerine ýetiripdir, dürli hyzmatlar edilipdir. Bu bolsa Türkmenistanyň jemi jemgyýetçilik önüminde 3,9 % bolýar. Öndürilen önümiň we edilen hyzmatlaryň düzüminde (strukturasynda) gurluşyk montaž işleri (29 %), üpjünçilik ýerleýşi işleri, hyzmatlary (14 %) halkyň sarp edýän harytlaryny öndürmek (8,3 %) ýagdyklyk edýär.

Telekeçilik işine amala aşyrýan kärhanalaryň we guramalaryň arasynda gurluşyk guramalary has uly orun tutýar. Kooperatiwleriň her ikinjisi we kiçi kärhanalaryň her üçünjisi gurluşyk kooperatiwidir we kärhanasydyr.

Häzirki wagtda oba hojalyk fermerçilik kärhanalary görnükli rol oýnaýar. Olaryň öndüren önümleriniň möçberi ýerine ýetirilen işleriň we hyzmatlaryň 7 % deň boldy. Bu kärhanalaryň ýöriteleşdirilişini esasy görnüşleri mal, guş ýetişdirmekden we şulara meňzeşlerden ybaratdyr.

Resurslaryň gytçylyk etmegi kölegeli lomaý söwda bazarynyň ýüze çykmagyna getirýär, şular ýaly kölegeli bazarlar bolsa biziň goraýan meselämizde diňe bir kiçi ykdysadyýetiň hasabyna däl-de eýsem GDA-daky ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklaryň bozulmagy bilen baglanşyklykda resmi ykdysadyýetiň ýetmezlik etmeginiň artmagynyň hasabyna hem ýaşaýar.

Şunuň ýaly ýagdaýda ýurdumyzyň halk hojalygy goşa zyýan çekýär: birinjiden, telekeçiligiň ösmegi bökdelýär, bu bolsa telekeçiligiň işi bilen bagly bolan ähli halk hojalyk problemalarynyň çözülmegini hem bökdeýär diýildigidir; ikinjiden kölegeli kapitaly (maýany) çekmekden girýän ähli girdeji hut şol kölegeli maýanyň eýelerine düşýär, döwlet bolsa boş çykýar.

Ýerli häkimetler hem birentek wagtlarda ýerli býujetlere kärhanalaryň otçisleniýalaryň derejesi azalar öýdüp asla ynjalyksyzlanmaýarlar. Olar köplenç etrabyň ösüş perspektiwalaryny telekeçilik bilen baglaşdyrmak islemeýärler.

Türkmenistanda bazar gatnaşyklarynyň ösüşi özleriniň aslyýeti boýunça hojalygyň kiçi formalaryny talap edýän sferalarda – söwdada, durmuş hyzmatynda, jemgyýetçilik iýmitinde, industriýanyň hyzmat ediş pudaklarynda oba hojalygynyň fermerçilik ugurlarynda

innowasion biznesde beýlekilere garanda çalt gidip biler. Emma jemi sosial-ykdysady şertler diňe üpjün edilen mahalynda (şonuň ýaly şertlere ozaly bilen eýeçilik gatnaşyklary we jemgyýetçilik önümçiligini düzgünleşdirmegiň haryt-pul formalary degişli edilýär önümçiligiň kiçi we orta gündäki formalarynyň ykdysadyýetiň ösüşini janlandyryp biler.

Bu prosesde eýeçilik gatnaşyklaryny kämilleşdirmek we şol eýeçiligiň formalaryny giňeltmek aýratyn rol oýnaýar. Hojalyk mehanizmi dolandyryşyň ykdysady metodlaryny gönükdirmek, bazar kanunlarynyň, haryt pul gatnaşyklarynyň hereket edişini güýçlendirmäge gönükdirilen ýol Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň guramaçylyk düzümi barasynda dowam edýän talaplara garanda bütünleý başgaça talaplary ýüze çykarýar. Şunuň bilen baglanşyklykda Türkmenistanda döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermek we ony başga eýeçilige salmak işini durmuşa geçirmekde kiçi kärhanalaryň oýnajak roly ýüze çykýar. Döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermegiň ähli umumy prosesiniň barşynda ykdysady aragatnaşyklaryň düzümini (strukturasyny) we häsiýetini progresiw esasda üýtgemekden başgada köpçülikleýin hususly telekeçiligi ösdürmek üçin berilýän mümkinçilik ilatyň uly bölegini bazar ykdysadyýetini kemala getirmek prosesine çekmek we önümçiligi düzüm taýdan üýtgedip gurmak hem möhümdir.

Türkmenistanyň halk hojalygynyň häzirki zaman ýagdaýy onuň ykdysady syýasatynda belli bir maksatly iki sany esasy ugry şertlendirýär. Birinjiden, munuň özi halk hojalygyny düzüm taýdan täzeden guramakdyr, ikinjiden

bolsa garyşyk ykdysadyýet ulgamyny ösdürmekdir. Türkmenistanda telekeçiligiň aýratynlygy ykdysadyýetiň bu sektoryny ösdürmegiň, bir tarapdan ýurdumyzyň täze halk hojalyk toplumlaýyn bazasynyň döretmäge mümkinçilik berjekdiginden, beýleki tarapdan bolsa sebitinde önümçiligiň intensifikasiýalaş-dyrylyşynyň derejesini üýtgejekdiginden ybaratdyr. Şeýlelik bilen, biznesiň we telekeçiligiň bitirýän işi sebitdäki bazar özgerişikleriniň özeni we hökmany şerti bolýar.

Türkmenistanda hususy telekeçilik işiniň seljermei 1993-nji ýyla çenli hususy telekeçilik işi üçin ýetirmek däl-de hukuk şertleriniň döredilendigini görkezýär, ýöne telekeçiligiň özi entek Türkmenistanyň, ýagny hakykat ýüzünde ozal hiç nahaçan hususy kapitalistik gatnaşyklaryň hereket etmedik ýurdunyň ykdysadyýetiniň aýrylmak häsiýetine heniz öwrülip bilenok. Telekeçilik heniz ýurdy sosial-ykdysady taýdan ösdürmegiň wezipeleri bilen şonuň bilen bir wagtyň özünde-de durnukly wezipeleri bilen ýeterlik utgaşdyrylanok. Gözden geçirilýän bu işiň çykarýan esasy netijesi regionda telekeçilik işi barasynda synalyp görlen döwlet syýasaty ýöredilen mahalynda ösdürip boljakdygyndan ybaratdyr. Bu ýerde ykdysadyýeti düzgünleşdirmegiň administratiw we ykdysady metodlaryny birleşdirýän hem-de telekeçiligiň ýokary göterilmegini üpjün edýän kompleksleýin çemeleşik sistemaly çemeleşik zerurdyr. Telekeçiligi we kiçi biznesi döwletiň goldamagynyň uly ähmiýeti bardyr. Şonuň bilen bir wagtyň özünde kiçi biznesiň we telekeçiligiň işlemegi üçin sredany adamlaryň döredijilik we iş ukyplaryny ösdürmegi göz öňünde tutýan

degişli sredany döretmek zerurdyr. Hojalyk mehanizminiň dolandyryşdaky ykdysady metodlara gözükligi bazar kanunlarynyň, haryt-pul gatnaşyklarynyň işleýşini güýçlendirmäge gönükdirilen ýol Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň guramaçylyk düzümi barada dowam edip gelýän talaplardan bütinleý başga talaplary öňe sürýär. Şunuň bilen baglanşyklykda Türkmenistanda döwlet eýeçiliginiň başga eýeçilige satmagy we döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermegi amala aşyrmakda kiçi kärhanalaryň oýnamaly boljak aýratyn roly ýüze çykýar. Döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermek baradaky ähli umumy prosesiň başynda ilatyň köp bölegini bar gatnaşyklaryny kemala getirmek proseslerine çekmek üçin şertler döretmek möhümdir. Türkmenistanyň şertlerinde ykdysady işiň milli-medeni motiwasiýalarynyň ähli baýlyklaryny herekete getirmek, umuman diňe telekeçiligi däl, eýsem onuň taryhy taýdan emele gelen formalaryny hem ornaşdyrmak möhümdir.

Ýurdumyzda oba hojalygynda geçirilýän reformanyň we telekeçiligi ösdürmegiň düýp manysy administratiwlemän we ýokardan zor salmak, daýhan hojalyklaryny kem-kemden ewolýusion esasda döretmekden ybaratdyr. Şonda regionlaryň we pudaklaryň aýratynlyklary, daýhanlaryň, territoriýalaryň we tutuş döwletiň bähbitleri nazara alynmalydyr. Bu proses maddy şertleri döretmek esasynda we şol prosesi ykdysady metodlar arkaly döwletiň düzgünleşdirmegi esasynda alnyp barylmalydyr. Şol prosesi döwletiň düzgünleşdirmegi baradaky sfera diňe bir fermer hojalyklaryny däl eýsem bir-biriniň üstüni ýetirýän iri

önümçiligi hem döwletiň hökmany suratda goldamagy ýaly möhüm wezipe hem girýär, munuň özi geljekde resurs potensialynyň hemmesiniň netijeli peýdalanyllagyny üpjün etmäge mümkinçilik berýär.

**Testler:**

**1.** Telekeçiligi häsiýetlendirýän alamatlar

a) Töwekgelçilik
b) Girdejini paýlamak
ç) Kärende tölegleri ýygnamak
d) Aýlanyşyk serişdeleri ulanmak

**2.** Telekeçileriň girdejileri bu:

a) Işçileriň zähmet haky
b) Öý hojalyklaryň girdejileri
ç) Telekeçileriň guramaçylyk ukyplygyndan gazanýan girdejileri
d) Telekeçileriň transfert tölegleri

**3.** Türkmenistanyň Prezidentiniň telekeçiligi ösdürmek baradaky kararynyň güýje giren senesi

a) 2007-nji ýyl Mart aýynyň 31-i
b) 2007-nji ýyl Mart aýynyň 18-i
ç) 2008-nji ýyl Mart aýynyň 18-i
d) 2009-nji ýyl Fewral aýynyň 14-i

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Telekeçilik diýip näme düşünýärsiňiz ?

2. Bazar ykdysadyýetinde telekeçilgiň nähili ähmiýeti bar ?
3. Telekeçileriň girdeýjisi näme ?
4. Türkmenistanda telekeçiligiň nähili görnüşleri bar?
5. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde telekeçilik nähili udel agramy tutýar ?
6. Daýhan hojalyklary telekeçilige girýärmi ?
7. Telekeçileriň ukyplylygy näme ?
8. Türkmenistanda geljekde telekeçilik nähili ugurlar boýunça ösdürler ?
9. Türkmenistanyň „Telekeçilik işi hakynda“ kanuny haçan kabul edildi?

## Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlary ulanmagyň ähmiýeti.

### 18.1. Türkmenistanyň Prezidentiniň maya goýumlary barada syýasaty

Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň esasy syýasatlarynyň biri ilatyň hal-ýagdaýyny dünýä derejesindäki infrastruktura deňeşdirmek bilen baglanşyklydyr. Muňa mysal edip hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýetde geçirýän düýpli özgertmeleri gönüden-göni ilatyň hal-ýagdaýyny gowylandyrmak, ykdysadyýetiň ähli pudaklarynda ýokary derejedäki ösüşi gazanmagy gönükdirilendir. Bumeseleleri çözmekde milli ykdysadyýetimizde içerki we daşarky maýa goýumlar esasy roly oýnaýar. Şu ýerde hormatly

Preezidentimiz tarapyndan amala aşyrylýan ykdysady syýasatyň netijesinde Beýik Galkynyşlar täze özgertmeler zamanasynda maýa goýumlaryň Trkmenistanyň ykdysadyýetindäki ösüşi yzygiderli şertlerde artýar. 2007-nji ýylda 2006-njy ýyl bilen deňeşdirelinende maýa goýumalayň ösüş depgini 13,1 göterim artypdyr ýagny 23 tril. manada deň bolupdyr.

Maýa goýumlaryň umumy möçberiniň 45 göterimi kärhanalaryň, guramalaryň hususy serişdeleriň paýyna düşýar, 15,6 göterimi daşary ýurt maýalarynyň paýyna düşýär. Ýurdumyzda 2007-nji ýylda ulanylan maýa goýumlaryň 71,5 göterimi ö nümçilik sferasynda ulanylypdyr.

2007-nji ýylda özleşdirilen jemi maýa goýumlaryň nebit çykarýan pudakda 36,4 göterimi, gazda 30,2 göterim, elektro-energetikada 14,7 göterim, ýeňil senagatda 6,8 göterim, nebiti täzeden işlemekde 5,4 göterimi özleşdirilipdir. 2008-nji ýylyň 1-nji ýanwar aýyna çenli Türkmenistanda Maýa goýumalry özleşdirmekde dünýäniň 25 döwletinden 88 firma gatnaşypdyr.

2008-nji ýylyň mart aýynyň 18-de “Daşary ýurt maýa goýumlar hakyndaky” hem-de “Türkmenistanyň salgyt kodeksine girizilen” üýtgetmeler we goşmaçalar Türkmenistanda hususy telekeçiligiň ösmegine hem-de olaryň daşary ýurt hyzmatdaşlary (portnýorlar) bilen aragatnaşyk etmek mümkinçiligini döretdi.

Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan döredilen maýa goýum şertleri ýurdumyzda telekeçilgi, önümçilik we hyzmatlar ulgamyndaky özgertmeleri, ykdysadyýetiň

diwersifikasiýalaşdyrmagy amala aşyrmakda esasy roly oýnaýar.

Ykdysady tejribede maýa goýumlar içerki we daşarky görnüşlerde bolup biler. Maýa goýumlat bilen baglanşykly düşünjelere seredip geçsek ýerlikli bolar.

***Maýa goýum işi***- bu girdeji almak maksady bilen maýa goýum obýektlerine serişdeleriň goýulmagy.

***Maýa goýumlaryň görnüşleri:***

1. ***Real maýa goýumlar*** – maddy we maddy däl aktiwlere serişdeleriň goýulmagy.

2. ***Portfel maýa goýumlar*** – maliýe aktiwlerine ýagny, gymmat bahalay kagyzlara we ş.m. serişdeleriň goýulmagy

Maýa goýumlaryň ***göni*** we ***göni däl*** görnüşleri hem tapawutlandyrylýar.

***Düýpli maýa goýumlaryň esasy maksatlary:***

- Üznüksiz önümçiligiň we kärhananyň esasy serişdeleriniň yzygiderli täzelenmegi;
- Önümçiligiň düzümleýin üýtgedilip gurulmagy we ykdysadyýetiň ähli pudaklarynyň deňagramly ösüşini üpjün etmek;
- Senagatyň çig mal binýadyny döretmek;
- Ylmy-tehniki progresi çaltlandyrmak we önümiň hilini ýokarlandyrmak;
- Dürli maksatly gatnaşyklary amala aşyrmak , saglygy goraýşy , ýokary we orta mekdepleri ösdürmek;
- Tebigy gurşawy goramak we beýleki maksatlary gazanmak.

***Düýpli maýa goýumlaryň alamatlary boýunça tapawutlandyrylyşy:***

- ❑ Geljekki obýektleriň belli bir maksada niýetlenmegi boýunça
- ❑ Maliýeleşdirmegiň çeşmeleri boýunça
- ❑ Tehnologik alamatlary boýunça

***Düýpli maýa goýumlaryň gurluşy:***

- Tehnologik;
- üznüksiz öndürmek;
- pudaklaýyn;
- territorial

**Düýpli maýa goýumlaryny maliýeleşdirmekligiň çeşmeleri:**

- Merkezleşdirilen
- Merkezleşdirilmedik

***Türkmenistanda maýa goýum syýasatynyň görkezijileri***

Häzirki döwürde ýurdumyzda maýa goýumlaryň hasabyna, bahasy 15 milliard amerikan dollaryna barabar bolan dürli binalaryň we desgalaryň 1437-siniň gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýar.

Türkmenistan-Hytaý gaz geçirijisiniň gurluşygy tamamlanandan soň,onuň üstünden 30 milliard metr.kub gaz geçirmek göz öňünde tutulýar.

Ýurdumyzda her ýyl 10 million tonna gowrak nebit, 70-80 milliard metr.kub töweregi gaz çykarylýar.

Türkmenbaşynyň nebiti gaýtadan işleýän zawodynda täze tehnika we tehnologiýalary ornaşdyrmak maksady bilen, 1 milliard 500 million amerikan dollary möçberinde maýa goýumlar gönükdirildi. Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň

aýry-aýry pudaklarynda edaralarynda özleşdirilýän maýa goýumlar şu aşakdaky şekilde görkezilendir.

**Ýanwar-noýabr aýlarynda Türkmenistanyň aýry-aýry ministrlikleri we pudak edaralary tarapyndan özleşdirilen maýa goýumlarynyň möçberi**

| Ministrlikler we pudak edaralary | 2008 ýyl | | 2009 ýyl | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | mln. manat | Jemine görä %-de | mln. manat | Jemine görä %-de | Ösüş depgini, %-de |
| **Hemmesi** | 7468,3 | 100,0 | 15376,6 | 100,0 | 2,1 |
| şolardan: | | | | | |
| welaýatlaryň we Aşgabat | | | | | |
| şäheriniň häkimlikleri | 754,7 | 10,1 | 2179,3 | 14,2 | 2,9 e. |
| | | | | | |
| “Türkmennebitgaz gurluşyk” DK | 297,2 | 4,0 | 443,8 | 2,9 | 149,3 |
| “Türkmengaz” DK | 574,8 | 7,7 | 2843,4 | 18,5 | 4,9 e. |
| “Türkmennebit” DK | 686,8 | 9,2 | 874,4 | 5,7 | 127,3 |
| | | | | | |
| Türkmenbaşydaky nebiti | | | | | |
| gaýtadan işleýän zawodlar | | | | | |
| toplumy | 631,8 | 8,5 | 458,1 | 3,0 | 72,5 |
| | | | | | |
| Nebitgaz senagaty we | | | | | |
| Mineral serişdeler ministrligi | 43,8 | 0,6 | 26,1 | 0,2 | 59,6 |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| “Türkmengeologiýa” DK | 411,7 | 5,5 | 392,8 | 2,6 | 95,4 |
| Demir ýol ulaglary ministrligi | 254,8 | 3,4 | 664,6 | 4,3 | 2,6 e. |
| Awtomobil ulaglary ministrligi | 50,1 | 0,7 | 184,7 | 1,2 | 3,7 e. |
| “Türkmenawtoýollary” DK | 334,2 | 4,5 | 393,9 | 2,6 | 117,9 |
| “Türkmenhowaýollary” DMG | 588,1 | 7,9 | 645,7 | 4,2 | 109,8 |
| Aragatnaşyk ministrligi | 78,6 | 1,1 | 176,1 | 1,1 | 2,2 e. |
| Suw hojalyk ministrligi | 144,5 | 1,9 | 153,7 | 1,0 | 106,4 |
| “Türkmenobahyzmat” | | | | | |
| assosiasiýasy | 259,4 | 3,5 | 394,4 | 2,6 | 152,0 |
| | | | | | |
| Oba hojalyk ministrligi | 243,7 | 3,3 | 288,6 | 1,9 | 118,4 |
| | | | | | |
| Energetika we senagat | | | | | |
| Ministrligi | 108,4 | 1,5 | 751,0 | 4,9 | 6,9 e. |
| | | | | | |
| Dokma senagaty ministrligi | 77,3 | 1,0 | 538,3 | 3,5 | 7,0 e. |
| Gurluşyk ministrligi | 67,4 | 0,9 | 85,0 | 0,6 | 26,1 |
| Bilim ministrligi | 107,7 | 1,4 | 9,0 | 0,1 | 8,4 |
| Merkezi bank | 245,1 | 3,3 | 100,9 | 0,7 | 41,2 |

Tablisadan görnüşi ýaly 2009-njy ýylyň on bir aýynda Türkmenistanyň ministrlikleri we pudak edaralary tarapyndan jemi 15376,6 mln. manatlyk maýa goýumlary özleşdirildi (maýa goýumlarynyň umumy möçberinden 69,4%), munuň özi 2008-nji ýylyň degişli döwrüniň derejesinden 2,1 esse ýokarydyr.

ähli maliýeleşdiriş çeşmeleriniň hasabyna önümçilik we sosial-medeni maksatly desgalar boýunça jemi 6542,4 mln. manatlyk esasy serişdeler işe girizildi, munuň özi 2008-nji ýylyň degişli döwrüniň derejesinden 1,7 esse köpdür.

**2009 ýylyň ýanwar-noýabr aýlarynda esasy serişdelere düýpli maýa goýumlarynyň maliýeleşdiriş çeşmeleri boýunça düzümi**

| Maliýeleşdiriş çeşmeleri | Möçberi, mln. manat | Jemine görä%-de |
|---|---|---|
| **Esasy serişdelere düýpli maýa goýumlarunyň** | | |
| **hemmesi** | **22149,6** | **100,0** |
| şol sanda: | | |
| kärhanalaryň we guramalaryň serişdeleriniň | | |
| hasabyna | 6092,6 | 27,5 |
| | | |
| ilatyň serişdeleriniň hasabyna | 243,6 | 1,1 |
| | | |
| merkezleşdirilen we ýerli býujetleriň | | |
| hasabyna | 2177,0 | 9,8 |
| | | |
| karz serişdeleriniň hasabyna | 2246,7 | 10,2 |
| daşary ýurt maýa goýumlarynyň | | |
| hasabyna | 6141,8 | 27,7 |
| beýleki serişdeleriň hasabyna | 5247,6 | 23,7 |

Tablisadan görnüşi ýaly maýa goýumlaryň maliýeleşdirmegiň esasy çeşmeleri kärhanalaryň we guramalaryň serişdeleriniň hasabyna, ýagny maýa goýumlarynyň umumy möçberinden 27,5% we daşarky ýurt maýa goýumlarynyň hasabyna, ýagny maýa goýumlarynyň umumy möçberinden 27,7%.

## 18.2. Bilelikdäki kärhanalar daşary ýurt maýa goýumlary çekmegiň esasy formasydyr.

Türkmenistan Garaşsyz döwlet bolanyndan soň daşary ýurt inwestorlar (maýa goýumçylar) gurluşyk, dokma, nebitgaz senagata köp maýa goýum goýdular. Bilelikdäki eýeçilik eýeçiligiň bir formasydyr. Bilelikdäki kärhanalar iki tarapyň bileleşmegidir. Bu bileleşme belli bir maksat bilen döredilýär. Häzirki wagtda Türkmenistanda daşary ykdysady iş söwda, ykdysady we inwestision gatnaşyklaryň täze modeli emele getirilýär. Türkmenistanda bilelikdäki kärhanalaryň jemi 1999-nji ýylda 900 sany bolan bolsa, 2007-njy ýylda 1200-den gowurak boldy. Olar esasan önümçilik, hyzmat we söwda işleri amala aşyrýarlar. Bilelikdäki kärhanalar munuň özi ykdysady hyzmatdaşlygyň täze progressiw formasydyr. Ykdysady hyzmatdaşlygyň bu formasynda belli bir döwletiň çäklerinde hyzmatdaşlar (partnýorlar) tarapyndan haýsy-da bolsa bir kärhananyň döredilmegi ýüze çykýar. Şol partnýorlaryň biri şol ýurda degişlidir, beýlekisi bolsa daşary ýurtly partnýor bolýar. Häzirki wagtda Türkiýäniň, Eýranyň, Argentinanyň, Gollandiýanyň, Russiýanyň we

beýleki ýurtlaryň firmalary bilen bilelikdaki kärhanalary döretmäge uly ähmiýet berilýär. Biziň döwletimizde bilelikdaki kärhanalaryň sany ýyl-ýyldan köpelýär. Häzirki wagtda daşary ýurt döwletleriň firmalary we kompaniýalary bilen, bilelikdäki kärhanalar bilen döredilen mahalynda Türkmenistanda ylmy-tehniki progresi çaltlandyrmaga, durmuş ykdysady wezipeleri çözmäge, eksporty ösdürmäge, eksportyň düzümini gowulandyrmaga kömek edýär.

Esasy ýurtlar bilen döredilen bilelikdäki kärhanalar:

| № | Döwletler | Bilelikdäki kärhanalar | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | önümçilik | hyzmat | söwda | jemi |
| 1. | Owganystan | 4 | 3 | 5 | 12 |
| 2. | ABŞ | 1 | 1 | 1 | 3 |
| 3. | Germaniýa | 1 | 1 | 2 | 4 |
| 4. | Eýran | 6 | 4 | 4 | 14 |
| 5. | Russiýa | 5 | 11 | 4 | 20 |
| 6. | Türkiýe | 5 | 3 | 9 | 17 |

Bilelikdäki kärhanany döretmekligiň maksady-dürli ýurtlaryň firmalarynyň mümkiçiliklerini birleşdirmek arkaly peýda almakdyr. Şu görnüşli kärhanalarda köpdürli tehniki, guramaçylyk hem-de ykdysady meseleleri çalt (operatiw) we kompetentli çözmeklige mümkinçilik döredýär. Bilelikdäki kärhanalary döretmeklik çylşyrymly amaldyr. Kärhanalaryň döredilmezinden ozal ähli

artykmaçlyklar we garaşylýan ýetmezçilikler hemme taraplaýyn öwrenilmelidir we ölçenip görülmelidir.

Bilelikdäki kärhanany döretmegiň iň möhüm pursaty partnýoryňy ýa-da partnýorlaryňy saýlap almakdyr. Bilelikdäki kärhanany döretmegiň hökmany şerti belli bir tehniki we işjeň maglumatlary alyşmakdyr. Şeýle alyş-çalyş taraplaryň ýagdaýyny kesgitlemäge mümkinçilik berýär.

Türkmenistanda daşary ykdysady işi amala aşyrýan hususy firmalaryň sany ýyl-ýyldan artýar. Daşary ýurt hyzmatdaşlygy bilen söwda we önümçilik aragatnaşyklary ösdürilýär. Hususy haryt öndürijileriň daşary bazara eksport ibermeleriň möçberi artýar. 1998-nji ýyldaky hususy firmalaryň daşary söwda dolanşygynyň 1,5 esse, garaşsyzlyk ýyllar içinde hususy daşary ýurt kärhanalaryň sany 10 esse artdy. Daşary ýurt firmalaryň senagat önümlerini öndürmek, söwda we dürli görnüşdäki hyzmatlary etmek bilen meşgullanýarlar, gurluşyk montaž işlerini amala aşyrýarlar. Häzirki wagtda saglygy goraýyş, durmuş taýdan hyzmat etmek, aragatnaşyk, bank hem-de ätiýaçlandyrma hyzmatlary, şeýle hem myhmanhana toplumlary tarapyndan hyzmat etmek ugurlarynyň möçberleri artýar. Bilelikdäki kärhanalarda hödürlenýän iş orunlary artýar.

Türkmenistanyň ykdysadyýetini geljekde özgertmekde maýa goýumlaryny çekmek, eksportyň möçberini artdyrmak, pudaklary zähmetiň halkara bölünşigininiň işine çekmek arkaly içerki ykdysadyýeti düzgünleşdirmek barada erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynyň uly ähmiýeti bar.

Häzirki günde erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynda kärhanalaryň 100-den gowüragy bellige alyndy.

Eýeçiligiň görnüşleri boýunça kärhanalaryň klassifikasiýasy: (göterim hasabynda)

1) Hususy - 70%
2) Döwlet - 18%
3) Kooperatiw - 2%
4) Jemgyýetçilik birleşikleri - 3%
5) Garyşyk - 4%
6) Daşary ýurtly - 1%
7) Beýlekiler - 2%

Jemi 100% bolýar.

Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagynda iş alyp barýan daşary ýurt maýa goýujylaryna olaryň öz gazanan daşary ýurt walýutasyna salgytlary töländen soň daşary ýürda iberip bilerler. Gümrük düzgüniň aýratynlyklary erkin telekeçilgiň ykdysady zolagynyň çägine import edilýän harytlar gümrük pajyny tölemekden boşadylýar. Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagynyň çägine getirilýän hem-de şondan çykarylýan harytlar hökmany suratda deklarirlenmelidir. Erkin telekeçilgiň ykdysady zolaklarynyň döredilmegi daşary ýurt maýasyny çekmeklige we Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmeklige mümkinçilik berýär. Türkmenistanda erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklarynyň döredilmegi Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň dünýä hojalyk ulgamyna integrirlenmeginde uly rol oýnaýar. Türkmenistanda erkin ykdysady zolaklaryny döretmek maksady bilen bölünip berlen ýerleriň umumy möçberi 592 müň gektara

barabardyr. Bu zolaklaryň ykdysady geografiki şertlerinde telekeçilere önümçiligiň dürli görnüşlerini ösdürmäge doly mümkinçilik döredýär.

2. Beýik Galkynyşlar zamanasynda Türkmenistanyň maýa goýum syýasatynyň esasy düzgünleri Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenýär we tassyklanýar. Maýa goýum syýsatynyň esasy maksatlary şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- senagatyň esasy pudaklarynyň ösüşine maýa goýumlaryny çekmek üçin amatly maýa goýujylyk şertleri döretmek we ýurduň resurs we ykdysady kuwwatlylygyny (potensialyny) ýüze çykarmak;
- Türkmenistanyň durmuş - ykdysady ösüşiniň ähmiýetli wezipelerini ýerine ýetirmek üçin deň hukukly we özara bähbitli daşary ýurt maýa goýumlaryň iň amatlylaryny çekmek;
- Bilelikdäki maýa goýujylyk maksatnamalary we taslamalary ýerine ýetirmek, halkara hojalyk ulgamyny mundan beýläkde ýakynlaşdyrmak (integrasiýalaşdyrmak) maksady bilen bilelikdäki kärhanalary döretmek;
- Maýa goýumlary ýerine ýetirmekde erkin saýlap alyş, maýa goýumlardan we maýa goýujylykdan alynýan girdejileriň yzyna dolanyşynyň hukuk goragyny hökmany şertlerde üpjün etmek.

Türkmenistanyň maýa goýum syýasatynyň ýakyn geljek üçin strategiki maksatlary ykdysady maliýe garaşlylygy kem-kemden azaltmakdan, taslamalary maliýeleşdirmäge göni daşary ýurt maýa goýumlaryna geçmekden ybaratdyr. Bu maksat önümçiligiň

medenýetini ýokarlandyrmaga, önümçiligi guramagyň we dolandyrmagyň täze tilsimatlaryny tapmaga häzirki zaman usullaryny çekmäge, senagaty, oba hojalygyny, eksport üçin niýetlenen we importyň ornuny tutýan harytlaryň önümçiligini, Türkmenistanyň pagta we beýleki çig mallary satýan ugrundan ýokary tehniki senagat we oba hojalyk önümlerini eksport edýän ugra geçmäge ýardam etmelidir.

Ykydysadyýetiň ýagdaýy köplenç ýagdaýda onuň inwestision işjeňligi bilen ölçenýär. Türkmenistanyň inwestision mümkinçiliginiň artýandygyna ykdysadyýetiň has durnukly ösüşinde şaýatlyk edýär.

Ykdysadyýet özüniň täze döredilen gymmatlyklarynyň köp bölegini girdejä gönükdirýär. Bu durnuklylyk bolsa daşary ýurt maýa goýujylaryň ünsüni özüne çekýär. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Beýik Galkynyşlar zamanasynda Türkmenstanyň maýa goýum işjeňligi gazanmak üçin hökmany şertler döredildi.

2009-nji ýylda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna maýa goýumlaryň möçberi 6,4 trillion manada barabar boldy. Ol ýurduň umumy içerki önümi bilen bolan gatnaşykda 48% deňdir. Soňky üç ýylyň içinde maýa goýumlaryň ýyllyk derejesi durnuklylygy bilen tapawutlanýar, ol, 1,1-1,3 milliard ABŞ-nyň dollary aralygynda boldy. Diňe soňky 1999-njy ýylyň netijeleri boýunça täze gurluşyklara 7,7 trillion manat ya-da 1,48 milliard ABŞ-nyň dollary goýberiler.

Ykdysadyýetde bolan öňe gidişlikler esasy maýa goýumyna maýa goýumlaryň emele geliş çeşmelerini

üýtgetdi. maýa goýumlaryn netijeliligi hormatly Prezidentimiziň ykdysady syýasatynda aýdyň görünýär.

Maýa goýumlaryň çeşmeleriniň düzümini kämilleşdirmek boýunça esasy wezipeler kesgitlendi: kärhanalaryň öz serişdeleriň paýy, gös-göni gelýän daşary ýurt maýa goýumlary, şeýle hem ilatyň serişdeleri artdyrylar.

Beýik Galkynyşlar zamanasyna mahsus bolan häsiýetleriň biride maýa goýumlaryň agramly böleginiň önümçilik däl sfera gönükdirilmegidir. 2007-nji we 2008-nji ýyllarda maýa goýumlaryň umumy möçberinde önümçilik däl sferanyň udel agramy degişlilikde 23% we 47% boldy. Şonuň netijesinde ýurduň infrastrukturasynda ýaşaýyş - jaý we jemagat hojalyklaryň, saglygy saklaýyşyň, medeniýetiň we sungatyň onlarça täze desgalary peýda boldy.

2009-njy ýylda maýa goýumlaryň umumy möçberinde önümçilik däl sferanyň paýy birneme durnuklaşdy, özem öňküsi ýaly ýokary bolmagynda galdy. Soňky ýyllarda önümçilik we önümçilik däl sferada maýa ýumlaryň udel agramy deňleşip başlady.

Täze gurluşyklaryň artmagy maýa goýumlaryň umumy möçberinde gurluşyk gurnama (montaž) işleriniň udel agramynyň yzygiderli artmagyna, başga tarapdan bolsa, enjamlar, gurallar we inwentarlar almak üçin edilýan harajatyň udel agramynyň artmagyna getirdi.

Ykdysadyýetiň düzüminde gaz we nebit senagatyň agdyklyk etmegi maýa goýumlarynyň däp bolan ýokary derejesini şertlendirýär. Ýurduň ýer astyny geologiýa taýdan öwrenmek, önümçiligiň möçberini ýokarlandyrmak

boýunça täze hödürlemelerine laýyklykda ýokarda ady agzalan pudaklarda şeýle ýagdaý saklanyp galar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde inwestisiýanyň pudaklaýyn gurluşynda hem düýpli öňe gidişlikler boldy.

Türkmenistanyň garaşsyzlygynyň ilkinji ýyllaryna dünýä ykdysady ulgamyna tarap üstünlikli integrasiýalar mahsusdyr. Infrastrukturalaryň - transportyň, aragatnaşygyň, myhmanhana komplekisleriniň işewür merkezleriň we beýlekileriň ösüşine köp mukdarda serişdeler goýuldy. Azyk garaşsyzlygyny gazanmak üçin oba hojalyk önümçiligini goldamaklyk işjeň häsiýete geçdi.

Inwestisiýanyň pudaklaýyn düzüminde senagatyň paýynyň artmagy dowam edýär. Nebit- gaz, ýeňil senagaty, iýmit senagaty, şeýle-de elektroenergetika boýunça ähmiýetli ösüşler gazanyldy.

Häzirki wagtda Seýdiniň nebiti gaýtadan işleýän zawodynda alnyp barylýan rekonstruksiýa täzeden işlemegiň täze tehnologiýasynyň önümçilige ornaşdyrylmagy ýokary hilli reňkli nebit önümlerini almaga mümkinçilik berer.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde ýeňil senagata 800 million ABŞ dollary möçberinde serişde goýuldy, ol ähli inwestisiýanyň 10,5% barabardyr. Şertnama bahasy 500 million ABŞ dollaryndan hem gowrak bolan 18 kärhana işe girizildi. Olaryň gymmatynyň dörtden birine golaýy daşary ýurt firmalarynyň gös-göni maýa goýmagynda maliýeleşdirildi.

.

Testler :

**1.** Türkmenistanda ykdysadyýetinde ýokary derejede daşary ýurt maýa goýumlaryny ulanýan pudak

a) Senagat
b) Nebit-gaz
ç) Oba hojalygy
d) Aragatnaşyk

**2.** Bilelikdäki kärhanalary döretmegiň esasy maksady

a) Önümçilikde hereket edýän esasy serişdeleriň durkuny täzelemek
b) Göterim stawkalardan peýda görmek
ç) Dürli ýurtlaryň firmalarynyň mümkinçilikleri birikdirip peýda gazanmak
d) Söwda işleriň amala aşyrmak

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Daşary ýurt maýa goýumlary diýip näme düşünýäňiz ?
2. Bilelikdäki kärhana diýip näme düşünýäňiz ?
3. Daşary ýurt maýa goýumlaryň nähili görnüşleri bar ?
4. Göni maýa goýum diýip näme düşünýäňiz ?
5. Daşary ýurt maýa goýumlaryň Türkmenistanyň ykdysadyýetinde tutýan orny.
6. Maýa goýum töwekgelçiligi näme ?
7. Göni we portfel maýa goýum diýip näme düşünýäňiz ?
8. Türkmenistana maýa goýumlary çekmekligiň aýratynlyklary nämeden ybarat ?

## Halkara walýuta ulgamy.

### 19.1.Walýuta gatnaşyklary we walýuta ulgamy

Milli walýuta ulgamy - pul aragatnaşyklaryň gurulşynyň görnüşi, ol diňe içerki pul hereketini tutman, ondan başgada ýurduň halkara hasaplaşyk sferasyny tutýar. Halkara ykdysady aragatnaşyklaryň ösmegi bilen milli ulgamy döreýär.

Halkara hasaplaşyklar - bu ýurtlaryň, kärhanalaryň, firmalaryň we dürli ýurtlarda ýerleşýän raýatlaryň arasyndaky hasaplaşyklar.

Halkara hasaplaşyklar sferasynda iki sany düýpli meseleler emele gelýär:

1. milli pul birligini daşary ýurtlaryňka alyşmakda gatnaşygyny nähili guramaly we düzgünleşdirmeli;

2. milli ykdysadyýetiň daşarky dünýä bilen hasaplaşyklarnyň deň gelmeýändigini nähili çözmeli;

Dünýä hojalyk gatnaşyklarynyň çuňlaşmagy bilen walýuta we maliýe akymlarynyň hereketiniň globallaşmagy ýurduň ykdysadyýetine has düýpli täsir etdi. Dürli döwletleriň ýuridiki we fiziki taraplarynyň pul borçnamalarynyň tölegi bilen baglanyşykly halkara töleg aýlanyşygynyň internasionallaşmak şertlerinde hemişelik ösüşi milli hojalyklara we pul, maliýe maýalarynyň ýurtlaryň arasyndaky hereketine hyzmat edýär.

Her bir ýurduň, şol sanda Türkmenistanyň hem, integrirlenmek derejesi onuň milli pulunyň daşary ýurt walýutasyna we daşary ýurt walýutasynyň milli walýuta

çalyşmagynda ýüze çykýar. Şunlukda her bir ýurtda onuň kanuny töleg serişdesi hökmünde milli pullar ulanylýar. Halkara ykdysady gatnaşyklarda ulanylýan pullar bolsa walýutadyr.

Haçan-da ýurtlaryň arasynda işjeň gatnaşyklar ýola goýlanda halkara walýuta gatnaşyklary ýüze çykýar. Olar döwletleriň arasynda halkara walýuta hasaplaşyk we karz-maliýe amallarynyň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň jemini aňladýar.

Daşary ykdysady gatnaşyklaryň ösmegi bilen milli kanunçylyk we döwletara ylalaşyklar esasynda kadalaşdyrylýan walýuta gatnaşyklaryny guramaklygyň bir görnüşi hökmünde dünýä walýuta ulgamy emele gelýär.

Dünýä walýuta ulgamynyň aýratynlyklary we ony guramagyň ýörelgeleri dünýä hojalygynyň düzümi hem-de öňdebaryjy ýurtlaryň bähbitleri bilen berk baglanyşyklydyr.

Dünýä walýuta ulgamynyň ewolýusiýasynda onuň esasy düzüm bölekleri görnüşini üýtgedýärler:

- dünýä pulunyň hereket etmek görnüşi (altyn, ätiýaçlyk walýutalar, halkara hasap birlikleri);
- walýutalaryň özara öwrülmek şertleri;
- walýuta karzlarynyň we walýuta deňliginiň tertibi;
-walýuta kadalaşdyrmasynyň we walýuta çäklendirmeleriniň möçberiniň derejesi;
-halkara karz serişdeleriniň aýlanyşygynyň (wekselleriň, çekleriň) we halkara hasaplaşyklarynyň görnüşleriniň düzgünleriniň bir nusga getirilmegi kämilleşýär.

**Walýuta ulgamy milli, dünýä we sebitara ulgamlaryna bölünýär**.

**Milli walýuta ulgamlary** ykdysady gatnaşyklaryň jemini, olaryň kömegi bilen amala aşyrylýan halkara töleg aýlanyşygyny, walýuta serişdeleriniň emele gelmegini we ulanylmagyny öz içine alýar.

**Dünýä walýuta ulgamy** halkara karz-maliýe institutlaryny we walýuta guramalarynyň hereketini üpjün edýän halkara-şertnamalarynyň hem-de döwlet-hukuk maddalarynyň toplumyny öz içine alýar.

**Sebitara walýuta** ulgamy dünýä walýuta ulgamynyň çäklerinde senagat taýdan ösen ýurtlaryň derejesinde döredilýär. (Mysal üçin, Ýewropa walýuta ulgamy. Ol Ýewropa Bileleşigine girýän birnäçe ýurtlaryň walýuta sferasynda hereket edýän guramaçylyk – ykdysady ulgam görnüşinde döredildi).

**Birinji dünýä walýuta ulgamy** altyn moneta ülňünde **1867-nji** ýylda öňde baryjy ýurtlaryň **Pariž konferensiýasynda** döwletara ylalaşygy esasynda hukuk taýdan resmileşdirildi.

Birinji Jahan urşy we ondan soňky döwürde walýuta çökgünliginiň (krizisiniň) çuňlaşmagy ikinji walýuta ulgamynyň döremegine getirdi. Bu ulgam **Genuýa Halkara ykdysady konferensiýasyna** gatnaşan döwletleriň ylalaşygy esasynda **(1922ý.)** resmileşdirildi. Genuýa walýuta ulgamy 30 ýurduň pul ulgamy ýaly altyn-dewiz ülňüsinde esaslanýardy. Dewizler-islendik görnüşdäki daşary ýurt walýutasydyr. XX asyryň 20-nji ýyllaryndan başlap milli karz pullar halkara töleg-ätiýaçlyk serişdeleri hökmünde ulanylyp başlanyldy.

Bretton-Wuds ulgamyna çenli uruşlaryň arasyndaky döwürde ätiýaçlyk walýutasynyň derejesi, konwentirlenýän walýutanyň aýratyn topary hökmünde resmi taýdan hiç-bir walýuta bilen berkidilmedi. Iňlis funt sterlingi we amerikan dollary bolsa ýiti bäsleşikde birinjiligi almak barasynda jedelleşýärdiler.

**Üçünji dünýä walýuta ulgamy** 1944-nji ýylyň 22-nji iýunynda ABŞ-da **Bretton-Wuds şäherinde** resmileşdirilýär, bu ulgam hem altyn-dewiz ülňüsinde esaslanýar. Ätiýaçlyk walýutasynyň derejesi ilkinji gezek dollara we funt sterlinge berkidilýär.

**Bretton-Wuds ulgamynyň düzümleýin ýörelgeleri:**

- dollaryň we funt sterlingiň ätiýaçlyk walýuta hökmünde derejesi;
- walýutalaryň berk bellenilen altyn pariteti we hümmetleri (olar ± 1% çäginde, Günbatar Ýewropada bolsa ± 0,75göterim üýtgäp bilýärler);
- daşary ýurt Merkezi banklarynyň dollar ätiýaçlyklarynyň resmi bahadan Amerikan gaznaçylygynyň üsti bilen altyna öwrülmegi;
- altynyň resmi taýdan peseldilen bahasy ( 1 troýa unsiýa = 35 dollara barabar ýa-da 31,1 gram arassa altyn = 35 dollar, 1934-1974-nji ýyllar aralygynda)

Amerikanyň Birleşen Ştatlary “dollar ülňüni” berkitmek bilen bu ýörelgeleri bütin dünýäde öz ornuny güýçlendirmek üçin ulanýardy. Bretton-Wuds walýuta ulgamynyň gapma-garşylygy, öňi bilen dollaryň we funt sterlingiň milli häsiýetiniň hem-de olaryň halkara töleg serişdesi hökmünde ulanylyşynyň arasyndaky

garşylykdyr. Bu garşylyk kem-kemden **üçünji** walýuta ulgamynyň yraň atmagyna getirdi. Günbatar Ýewropa bilen Ýaponiýanyň orny berkedi. Geçen asyryň 60-njy ýyllarynyň ahyrynda **üçünji** walýuta ulgamynyň çökgünligi (krizisi) güýçlendi we 1971-1976-njy ýyllarda onuň kem-kemden dargamagyna getirdi.

**Dördünji** ( häzirki wagtda hereket edýän) dünýä walýuta ulgamy Halkara Walýuta Gaznasyna agza döwletleriň ylalaşygy esasynda **Kingstonda (Ýamaýka, 1976-njy ýylyň ýanwar aýy)** resmileşdirildi we 1978-nji ýylyň aprel aýynda güýje girizildi. Halkara walýuta Gaznasynyň üýtgedilen düzgünnamasy Ýamaýka walýuta ulgamynyň düzümleýin ýörelgelerini kesgitledi.

**Birinjiden,** altyn-dewiz ülüňi SDR ülüňine çalşyldy. SDR resmi ýagdaýda walýuta paritetleriniň we walýuta hümmetleriniň esasy diýlip yglan edildi. Ýöne 30 ýyla golaý wagtyň dowamynda (SDR 1970-nji ýyldan soň dolanyşyga girizildi) olar gymmatyň ölçegi we esasy halkara töleg serişdesi bolup bilmediler. Olar dünýä pullaryndan örän daşdylar. SDR-de "berkidilen" walýutalaryň mukdary azalýar (1980-nji ýylda 15 walýutadan ybarat bolan bolsa, 1993-nji ýylda 4 walýuta deň bolupdyr). Halkara walýuta Gaznasynyň amallary esasynda SDR-iň ulanylýan gurşawy çäklendirilýär. Resmi taýdan dollar ätiýäçlyk walýutasynyň statusyny ýitiren hem bolsa iş ýüzünde dollar ülüňi saklanyp galýar. Walýuta sebediniň 40 göterimi dollaryň paýyna düşýär. Dollara 38 walýuta berkidildi, bu san barha peselýär. Ýöne dollar öňküsi ýaly halkara töleg we ätiýäçlyk serisdesinde öňdebaryjylygy eýeleýär. SDR ülüňi

hakykatda köp walýutaly ülüňe geçýär. Bu ülüň amerikan dollaryna, nemes markasyna we ýapon iýenasyna esaslanýar.

**Ikinjiden,** Ýamaýka walýuta ulgamynyň çäklerinde altynyň demonetizasiýasy, olaryň pul wezipesiniň aradan aýrylmagy kanunlaşdyrylýar. Halkara wal-ýuta Gaznasynyň üýtgedilen düzgünnamasyna baglylykda altyn gymmat ölçegi hökmünde we walýuta hümmetlerini hasaplamagyň başlangyç nokady hökmünde ulanylmaýar. Şunuň bilen birlikde, altyn paritetleriň, altynyň resmi bahasynyň we dollaryň amerikan gaznaçylygy tarapyndan altyna öwrülmeginiň aradan aýrylmagy kanunlaşdyrylýar. Ýöne walýuta metaly hökmünde altyn kanun esasynda Ýamaýka ulgamyndan çykarylan hem bolsa, düýpli üýtgeşmelere eýe bolmak bilen, altynyň pul wezipeleri doly ýitip gitmeýär. Altyn hakyky gymmata eýe bolanlygy sebäpli, adatdan daşary dünýä puly we has ygtybarly ätiýaçlyk aktiwi bolmagynda galýar.

**Üçünjiden,** Ýamaýka walýuta ulgamy ýurtlara islendik walýuta hümmetiniň tertibini saýlamaklyga hukuk berýär. Şonuň bilen birlikde walýuta hümmetiniň üýtgeýän tertibi kanunlaşdyrylýar. Bu tertibe ýurtlar 1973-nji ýylyň martynda geçdiler. Bu tertip bellenilen walýuta hümmetlerinden has çeýedir, ýöne garaşylan ynamy ödemedi we hümmet gatnaşyklarynyň durnuklylygyny üpjün etmedi. Tersine Merkezi banklaryň walýuta interwensiýasyny geçirmeklik üçin harajatlary artdy (Merkezi bank walýuta bazaryndaky amallara goşuldy).

**Dördünjiden,** Bretton-Wuds ulgamyndan saklanyp galan Halkara walýuta Gaznasy döwletara walýuta kadalaşdyrmasyny güýçlendirmäge, agza ýurtlaryň has ýakyn hyzmatdaşlygyny üpjün etmäge, walýuta çäklendirmelerini aradan aýyrmak ýoly bilen bütin dünýäde walýuta durnuklylygyny gazanmaklyga gönükdirildi.

Ýamaýka walýuta ulgamy Bretton-Wuds walýuta ulgamyna garanyňda töleg balanslarynyň we walýuta hümmetiniň durnuksyzlygyna has çeýe uýgunlaşdy. Şunuň bilen birlikde onuň hereket etmegi birnäçe çylşyrymly meseleleri, ýagny SDR-iň netijesiz ülňüni, altynyň hukuk taýdan aradan aýrylmagynyň, iş ýüzünde bolsa onuň adatdan daşary dünýä pullary hökmündäki derejesiniň arasyndaky garşylygy, üýtgeýän walýuta hümmetiniň tertibiniň kämil däldigini we ş.m. ýüze çykardy. Ondan başga-da ösüp barýan ýurtlar dünýä walýuta ulgamynda özleriniň garaşly ýagdaýlary bilen ylalaşmaýarlar hem-de olaryň bähbitlerini göz öňünde tutmak bilen bu ulgamyň reformirlenmegini talap edýärler.

Bu meseleleri çözmek üçin Ýamaýka walýuta ulgamyny kämilleşdirmek ýollarynyň gözlegi dowam edýär. Günbatar Ýewropanyň ykdysady integrasiýasynyň dowamynda 1979-njy ýylyň martynda sebitleýin walýuta ulagamynyň döredilendigi yglan edildi.

***Ýewropa walýuta ulgamy*** (ÝWU) milli walýutanyň hümmetini durnuklaşdyrmak maksady bilen olaryň dollara bolan gatnaşygyny utgaşdyrmaklygy göz oňünde tutýardy. Günbatar Ýewropa döwletleriniň integrirlemek aýratynlyklary ÝWU-nyň ýörelgelerini

kesgitledi. Bu ýörelgeler Ýamaýka ulgamyndan tapawutlanýarlar we aşakdakylary öz içine alýarlar:

- SDR-iň ýerine EKÝU-nyň Ýewropa walýuta birliginiň ülüňi girizilýär. EKÝU-nyň walýuta sebedi 12 sany Günbatar Ýewropa döwletiniň walýutasyndan ybarat. Onuň esasy bölegini nemes markasy (30%) tutýardy. EKÝU-nyň ulanylýan gurşawy SDR-iň ulanylşyndan ep-esli giňdir we diňe bir döwlet bölüminde däl-de hususy bölümde, şol sanda goýum-karz amallarynda, hususy şereketleriň halkara hasaplaşyklarynda hem ulanylýar. EKÝU kem-kemden dünýä walýutasynyň häsiýetlerine eýe bolup başlaýar, ýöne entäk doly oňa öwrülmeýär.
- Ýamaýka ulgamynda altynyň resmi taýdan aradan aýrylmagynyň tersine ÝWU-da bu metal bilen amallary ýerine ýetirmek täzelenýär. Altyn we dollar EKÝU-nyň emissiýasynyň mehanizmine goşulýar, Ýewropa Bileleşigine agza ýurtlaryň altyn-dollar ätiýaçlyklarynyň 20%-i birleşdirilýär. Bu ýurtlaryň merkezi banklary 2,3 müň tonna altyny Ýewropa walýuta institutyna geçirdiler. Olaryň ýerine EKÝU dolanyşyga goýberildi we degişli Merkezi banklaryň hasabyna geçirildi. Altynyň tabşyrylmagy üç aýlyk täzelenip durýan “SWOP” geleşikleri bilen resmileşdirilýär. Bu geleşik altynyň EKÝU-nyň nagt satylmagy we üç aýdan soň garşylyklaýyn geleşigiň utgaşdyrylmagy bilen esaslandyrylýar.
- Ýewropa walýuta ulgamynyň agza ýurtlarynyň walýutalarynyň bilelikdäki üýtgeýän hümmetleriniň tertibi garşylyklaýyn üýtgeşmeleriň çäklerini göz öňünde tutýar (±2.25%, 1993-nji ýylyň

awgustyndan başlap ±15%). Şuňa meňzeş walýuta hümmetiniň köpçülikleýin üýtgemek tertibi “Ýewropa walýuta ýylany” diýlip atlandyrylýar, çünki bu üýtgeşmeleriň şekiliniň görnüşi ýylanyň hereketine meňzeşdir. Eger-de walýutanyň hümmeti bellenilen çäklerden çyksa, onda Merkezi bank esasan nemes markalarynda walýuta interwensiýasyny geçirmäge borçludyr. Ýewropa Bileleşiginiň walýutalarynyň köpçülikleýin üýtgeýän hümmeti olaryň belli bir derejede durnuklylygyny üpjün etdi, emma wagtal-wagtal resmi dewolwasiýalar (hümmetiň peseldilmegi) we rewoliwasiýa (hümmetiň ýokarlandyrylmagy) geçirilýär. Bu 1979-1993-nji ýyllar aralygynda 16 gezek geçirildi. Bu ýagdaý Ýewropa walýuta ulgamyna gatnaşyjylaryň arasyndaky garşylygy ýitileşdirýär. Durnuksyz walýutalaryň hümmeti (Irlandiýa, Italiýa, Belgiýa, Daniýa we beýlekiler) adatça peselýär, “berk” walýutalaryň hümmeti (FRG, Niderlandlar we beýlekiler) ýokarlanýardy, bu bolsa öz gezeginde agzalan garşylygy döredýärdi.

Ýewropa walýuta ulgamyna agza ýurtlar Halkara walýuta Gaznasyna garşy durýan döwletara walýuta kadalaşdyrmasynyň guramasyny-Walýuta hyzmatdaşlygynyň Ýewropa gaznasyny döretdiler. Ol bolsa Ýewropa Bileleşigini döretmek baradaky ylalaşyga laýyklykda 1994-nji ýylda Ýewropa walýuta instituty diýlip atlandyryldy.

Ýewropa walýuta ulgamy Ýamaýka ulgamyndan has durnuklydyr, sebäbi onda walýuta hümmetleriniň üýtgemeginiň derejesi pesdir. Ol ykdysady we walýuta

interwensiýasynyň güýjeýän ösüşi, özygtyýarly kanunlaryň bir böleginiň milli guramalara geçirilmegi, anyk maksatnamalardan ugur alynmagy, walýuta gatnaşyklaryny kadalaşdyrmaklygyň ugurlaryny we usullaryny saýlamaklygyň çeýeligi, çözgütleri kabul etmekligiň we ýerine ýetirmekligiň mehanizminiň işlenilip düzülmegi.

Ýöne Ýewropa walýuta ulgamy hem onuň agza ýurtlarynyň arasyndaky garşylyklar bilen baglanyşykly kynçylyklara duş gelýär. Ulgamyň kynçylyklary ykdysadyýetiň derejesiniň we ösüş depgininiň dürlüligi, hümmetsizlenmek, işsizlik, töleg balansynyň ýagdaýy hem-de agza ýurtlaryň altyn walýuta ätiýaçlyklarynyň deň däldigi bilen düşündirilýär. Birnäçe ýurtlar (Irlandiýa, Gresiýa, Portugaliýa we beýlekiler) özleriniň yzagalak etraplaryny tijendirmek üçin Ýewropa Bileleşiginiň (ÝB) umumy býujetinden dotasiýalary köpeltmegi talap edýärler. Daşary şertler (esasan hem dollaryň hümmetiniň üýtgäp durmagy) Ýewropa walýuta ulgamynyň hereket etmegini çylşyrymlaşdyrýardy. Onuň netijesinde Ýewropa ýurtlarynyň walýuta gatnaşyklarynyň täze tapgyryna geçilýär. Ol Ykdysady we walýuta Bileleşiginiň döredilmegi bilen häsiýetlendirilýär. Bu Bileleşik ýeke-täk pul syýasatyny, ýeke-täk Merkezi banky döretmekligi we ýeke-täk walýutanyň (Ýewronyň) girizilmegini göz öňünde tutýar. Bu çäreleri geçirmeklik üç tapgyra bölünýär:

- Birinji tapgyr, 1990-njy ýylyň iýulynda ähli walýuta çäklendirmeleriniň aradan aýrylmagy bilen başlandy. Ol Ýewropa bileleşiginiň çäklerinde

hümmetsizlenmegiň depginleriniň peselmegini we býujet ýetmezçiliginiň azaldylmagyny göz öňünde tutýar;

- Ikinji tapgyr, 1994-nji ýylyň ýanwarynda başlandy we ýewro adyna eýe bolan ýeke-täk Ýewropa walýutasyny döretmeklige girişildi;
- Üçünji tapgyr, 1997-nji ýylyň ýanwaryndan başlandy we Ýewropa Bileleşiginiň azyndan 7 döwletiniň ykdysadyýetiniň öňünden bellenilen çäklere ýetmegi we ýeke-täk walýutanyň girizilmegi meýilleşdirildi.

Ýeke-täk walýuta tapgyrlaýyn geçilmek syýasaty Ýewropa walýuta ulgamyna gatnaşyjy ýurtlaryň ykdysadyýetiniň ýagdaýy bilen özara baglanyşdyrylýar. Bu ýurtlar özleriniň ykdyasady ösüşini aşakdaky sebitleýin ölçeglere tabyn etdiler:

- hümmetsizlenmegiň derejesi 1,5 %- inden ýokary bolmaly däl;
- döwlet býujetiniň ýetmezçiligi jemi içerki önümiň 3 %-den köp bolmaly däl;
- döwlet bergisi jemi içerki önümiň 60%-inden geçmeli däl;
- nyrhlaryň her ýyldaky ösüşi hümmetsizlenmegiň orta derejesinden 1,5 % -inden ýokary bolmaly däl;
- uzak möhletli göterim haklarynyň ortaça möçberi ýurtlar üçin bellenilen ortaça derejesinden - 2 %-inden ýokary bolmaly däl;
- özara walýuta hümmetleriniň üýtgemek çäkleri ±15-e deň bolmaly.

1999-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan Ýewropa walýuta ulgamynyň ösüşiniň täze eýýamy başlandy. Nagt

däl hasaplaşyklar täze Ýewropa walýutasynda-ýewroda amala aşyrylyp ugrady. Ýewropa walýuta ulgamyna girmeýän ýurtlaryň walýutalarynyň ýewro bolan gatnaşygyny (bahasyny) Ýewropanyň Merkezi banky kesgitleýär. 2002-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan ýewro-walýuta hasaplaşygynyň nagt görnüşinde ulanylyp başlandy. Ýarym ýyldan soň ýewro banknotalar we ýewro monetalar Ýewropa Bileleşigine girýän döwletler üçin ýeke-täk kanuny töleg serişdesine öwrüldi.

Ýurduň walýuta gatnaşyklarynyň milli kanunçylyga berkidilen guramaçylyk görnüşi ***milli walýuta ulgamyny*** emele getirýär.

***Türkmenistanyň walýuta ulgamy*** bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde Ýamaýka walýuta ulgamynyň ýörelgelerine eýermek bilen emele geldi. Türkmenistan 1992-nji ýylda 75 million dollar töläp Halkara walýuta Gaznasynyň agzasy boldy. Şondan bäri ýokarda agzalan ýörelgeleri ýerine ýetirip başlaýar.

Türkmenistanyň milli walýuta ulgamynyň esasy bolup 1993-nji ýylyň 1-nji noýabrynda ”Pul birligi hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň we Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanynyň esasynda dolanyşyga girizilen **manat** çykyş edýär. Ol ”Türkmenistanyň milli walýutasy” baradaky Kanunyň 1-nji maddasyna laýyklykda manat adyny aldy. Bu Kanunyň 3-nji maddasyna laýyklykda Türkmenistanyň çäklerinde töleg serişdesi hökmünde manat çykyş edýär. Bu Türkmenistanyň çäklerinde ähli hasaplaşyklar milli pulda amala aşyrylýar diýildigidir. Bu düzgün

”Türkmenistanda walýuta kadalaşdyrylyşy hakyndaky” Kanunda berkidilendir.

Türkmenistanyň walýuta ulgamy ýapyk, konwertirlenmeýän, bazar ykdysadyýetine geçirilen ulgama degişlidir.

Walýuta bazarynyň hereket etmek tertibi, oňa gatnaşyjylaryň düzümi (bankara walýuta biržasy, täjirçilik banklary, araçy-brokerler) we walýuta amallarynyň düzgüni Kanun taýdan berkidilendir. Walýuta kadalaşdyrmasyny amala aşyrýan guramalaryň statusy kesgitlenen.

Walýuta gatnaşyklary töleg balansynda görkezilýän halkara ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklaryna hyzmat edýärler.

## 19.2.Walýuta hümmeti – ykdysady adalgadyr

Halkara ykdysady gatnaşyklaryna girýän döwletler öňi bilen iki sany düýpli meseläni çözmelidirler:

a) milli walýutanyň daşary ýurt walýutasyna bolan gatnaşygyny **nähili bellemeli we kadalaşdyrmaly?;**
b) milli ykdysadyýetiň daşary döwletler bilen hasaplaşyklarynyň deňsizlik meselesini nähili çözmeli?.

Walýuta gatnaşyklarynyň ähli meseleleri ýokarda aýdylanlardan gelip çykýar.

**Halkara walýuta gatnaşyklarynyň esasy bölekleriniň biri-walýutalaryň gymmat mazmunynyň ölçeýjisi hökmünde çykyş edýän walýuta hümmetidir.**

Iki pul birliginiň çalyşmasynyň gatnaşygyna ýa-da bir pul birliginiň bahasynyň başga döwletiň pul birliginde aňladylmagyna **walýuta hümmeti diýilýär.**

Milli pul birliginiň hümmetiniň daşary ýurt pul birliginde bellenilmegi walýuta **kotirowkasydyr.** Walýuta kotirowkasy **göni we tersleýin** görnüşde kesgitlenilýär.

**Göni kotirowka** has giň ýaýrady, onda gaýry walýutanyň hümmeti milli walýutada aňladylýar. Tersleýin kotirowkada milli walýuta birlik hökmünde kabul edilmeýär, onuň hümmeti gaýry pul birlikleriniň kesgitlenen mukdarynda aňladylýar. Kotirowkalaryň dürli usulynyň ykdysady aýratynlygy ýokdyr, sebäbi walýuta hümmetiniň manysy birdir. Walýutalaryň öwrülip bilijilik ukyby şertlerinde olaryň kotirowkalary banklar tarapyndan amala aşyrylýar. Walýuta çäklendirmeleri şertlerinde olaryň hümmeti hökümet guramasy tarapyndan bellenilýär.

Walýuta bazaryna gatnaşýan hünärmenler üçin ýöne bir ”walýuta hümmeti” ýokdur. Bu düşünje alyjynyň we satyjynyň hümmetleri diýen iki hümmete bölünýär.

**Alyjynyň hümmeti** rezident bankyň milli walýuta daşary ýurt walýutasyny satyn alýan hümmetidir. 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap ýurdumyzda geçirilýän türkmen manadynyň denominasiýasy netijesinde walýutanyň alyş-çalyş nokatlarynda amallar iki pul birliginde ýagny, denominirlenmedik we denominirlenen görnüşlerde amala aşyrylýar.

**Satyjynyň hümmeti** banklaryň daşary ýurt walýutasyny milli walýuta çalyşýan hümmetidir.

**Göni kotirowkada** satyjynyň hümmeti, alyjynyň hümmetinden has ýokary bolýar.

Iki hümetiň arasyndaky tapawut **marža** diýlip atlandyrylýar. Ol bankyň walýuta amallary boýunça çykdaýjylaryň üstüni ýapýar we peýdany emele getirýär.

Walýuta hümmeti ***iň pes (nominal) we hakyky*** diýen iki görnüşde kesgitlenilýär.

***Walýutanyň nominal hümmeti*** milli walýutanyň daşary ýurt walýutasyna çalşylanda ýa-da daşary ýurt walýutasynyň milli walýuta çalşylanda emele gelýän kesgitli ”bahasydyr”. Metbugatda çap edilýän walýutalaryň hümmetleri (eger aýratyn bellik edilmedik bolsa) nominal hümmetleridir.

***Hakyky walýuta hümmeti*** nominal hümmetiň iki ýurtdaky bahalaryň derejesiniň gatnaşygyna köpeltmek bilen hasaplanylýar. Hakyky walýuta hümmetini söwda hyzmatdaşlygyna girýän ýurtlarda hereket edýän orta bahalaryň esasynda kesgitläp bolýar. Bu ýagdaýda hakyky walýuta hümmeti belli bir derejede milli harytlaryň import harytlaryna bolan bäsleşik ukybynyň görkezijisi hökmünde çykyş edýär.

**Beýan 13.3**

**Türkmen manadynyň ABŞ – nyň dollaryna alyş-çalyş hümmeti[1]**

| | Türkmen manadynyň | |
|---|---|---|
| | denominirlenmedik görnüşine, manat | denominirlenen görnüşine, manat |
| 1 amerikan dollarynyň resmi hümmeti | 14250.00 | 2.85 |
| 1 amerikan dollarynyň satyn alyş hümmeti | 14215.00 | 2.8430 |
| 1 amerikan dollarynyň satylyş hümmeti | 14321.00 | 2.8642 |

Walýuta hümmeti halkara ykdysady gatnaşykalaryna uly täsir edýär. Birinjiden, walýuta hümmeti haryt öndürijileriň önümçilik çykdajylaryny dünýä bazaryndaky harytlaryň bahalary bilen deňeşdirmäge mümkinçilik berýär. Şonuň bilen birlikde ýurduň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň maliýe netijelerini çaklamaga şert döredýär. Ikinjiden, walýuta hümmetiniň derejesi ýurduň ykdysady ýagdaýyna gönüden-göni täsir edýär we onuň töleg balansynyň ýagdaýynda ýüze çykýar. Üçunjiden, walýuta hümmeti dünýäniň jemi önüminiň ýurtlaryň arasynda gaýtadan paýlanylmagyna täsir edýär.

Şonuň üçin-de bu gurşawda dürli ýurtlaryň bähbitleri çaknyşýarlar we wagtal--wagtal dawalar ýüze çykýar. Bu ýagdaý döwlet we döwletara derejesinde

gapma-garşylyklaryň we dawalaryň ýitiligini aradan aýyrmaklyga gönükdirilen degişli çözgütleri kabul etmekligi talap edýär.

Walýutanyň **spot we forward** hümmetleri walýuta geleşiginiň görnüşine baglylykda tapawutlandyrylýar. **Spot** hümmeti nagt (kassa) geleşiklerinde ulanylýar we walýuta haýal edilmän (iki iş gününiň dowamynda) tabşyrylýar. **Forward** hümmeti möhletli geleşiklerde ulanylýar we

aýdyň kesgitlenen döwürden soň walýutanyň hakyky tabşyrylmagy amala aşyrylýar.

Spot we forward hümmetleriniň aýratynlyklaryny seljermeklik, walýuta hümmetleriniň ösüşini kesgitleýän esasy şertlere çalt düşünmeklige mümkinçilik berýär.

**Spot hümmeti** walýuta bazarynyň binýatlaýyn hümmetidir. Bu hümmet boýunça gündelik söwda we söwda däl amallary maddalaşdyrylýar.

Forward hümmeti walýuta geleşigine gatnaşyjy tarapyndan bellenilýär. Ol kesgitli wagt geçenden soň bellenilen senede amala aşyrylýar.

---

**[1]Türkmenistanyň ygtyýarly banklarynyň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň bellenen resmi hümmetiniň esasynda daşary ýurt puluny satyn alanda 0.25 göterim arzan alyp, satanda 0.5 göterimden gymmat bolmadyk hümmet bilen alyş-çalyş nokatlarda amallar geçirmäge ygtyýary bar.**

Forward hümmetleri ahyrky netijede walýuta ýa-da göterim orbitražynyň amallary bilen baglydyr. Bu amallar şol bir walýutanyň dürli walýuta bazarlarynda emele gelýän hümmetleriniň aratapawutlaryndan peýda gazanmak maksady bilen amala aşyrylýar.Walýuta bazaryna gatnaşyjylar bu amallary peýda gazanmak ýa-da walýuta töwekgelçiligini ätiýaçlandyrmak üçin amala aşyrýarlar. Özi hem töwekgelçiligi ätiýaçlandyryjylaryň we alyp-satarlaryň maksatlary biri-birine garşylyklydyr.

**Walýuta töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyrmak,** hümmetleriniň üýtgemegi bilen şertlendirilendir we sap aktiwleriň, şeýle hem sap passiwleriň aradan aýrylmagyna gönükdirilendir. Maliýe düşünjelerinde bu hereket daşary ýurt walýutasyndaky açyk pozisiýalaryň aradan aýrylmagyny aňladýar.

Açyk pozisiýalar”uzyn” (daşary ýurt walýutasyndaky netto-aktiwler, ýagny talap borçnamalardan artyk gelýär) we ”gysga” (netto-passiwler, ýagny borçnamalaryň talaplaryndan artyk gelmegi) diýen iki görnüşde bolýar.

Gaýtadan ätiýaçlandyrmak kadaly amal hasaplanmaýar, sebäbi eksportýorlaryň we importýorlaryň walýuta ýitgileriniň töwekgelçiligine sezewar bolmagy aradan aýrylýar we olaryň geleşigiň hereket edýän döwründe haýsy hem bolsa, belli bir hümmetlerden ugur almaklaryna mümkinçilik döreýär.

**Walýuta bazarynda alyp-satarlyk** (spekulýasiýa) sözüň doly manysynda daşary ýurt walýutasynda **”uzyn”** ýa-da **”gysga”** pozisiýalaryň açylmagyna gönükdirilen hereketi aňladýar. Bu ýagdaýda walýuta bazaryna

gatnaşyjylaryň işi aň-düşünjeli hasaplara esaslanýar we goşmaça peýda gazanmak üçin walýuta hümmetiniň derejesindäki ösüşini bahalandyrmak göz öňünde tutulýar.

Daşary ýurt walýutasynda alyp-satarlyk amallarynyň düşewüntliligi, bir tarapdan milli walýutadaky depozitler(goýumlar) boýunça göterim haklarynyň arasyndaky tapawutdan milli walýutanyň hümmetiniň peselmegi, beýleki tarapdan bolsa, şu ýagdaýlaryň daşary ýurt walýutasynda ýüze çykmagy bilen baglydyr.

Walýutanyň kross-kurs düşünjesi hereket edýär, ol iki daşary ýurt walýutasynyň kotirowkasyny aňladýar, olaryň hiç haýsysy hem geleşige gatnaşyjynyň milli walýutasy däldir, mysal üçin, Germaniýanyň Merkezi bankynyň (Dentsche Bundesbank) bellän dollaryň iýena bolan hümmeti, iş ýüzünde iki walýutanýň hümmetleriniň esasynda üçünji walýutanyň hümmetini hasaplamak kross-kurslary emele getirýär. Dürli milli walýuta bazarlarynda kross-kurslaryň kotirowkalary biri-birinden tapawutlanyp biler, bu bolsa walýuta orbitražy üçin şert döredýär.

Häzirki wagtda walýuta hümmetleri halkara ykdysady gatnaşyklarynyň ähli ulgamynyň kesgitleýji ugurlarynyň birine öwrülýär. Ol ýa-da beýleki ýurduň ykdysady ösüşini üpjün edýän içerki we daşarky şertleriň (uzak möhletli ykdysady şertlerden başlap syýasy we psihologik şertlere çenli) tutuş toplumy bolsa walýuta hümmetiniň ösüşine täsir edýär.

Walýuta çalşygynyň esasyny düzýän ýörelgeleriň we walýuta hümmetleriniň ösüşini kesgitleýän şertleriň seljerilmesi walýuta gatnaşyklarynyň ulgamynyň üsti

bilen dünýä hojalyk ulgamynda milli ykdysadyýetiň ösüşiniň deňagramlylygyny gazanylandygyny görkezýär.

Bu deňagramlylygy kadalaşdyrmagyň guraly hökmünde döwletiň walýuta syýasatynyň emele gelmegi köp babatda walýuta hümmetleriniň bellenilen tertibine baglydyr. Ol ýa-da beýleki ýurtda **berk bellenilen ýa-da üýtgeýän** walýuta hümmetleriniň hereket etmegine baglylykda, bozulan deňagramlylygy dikeltmegiň dürli ykdysady gurallary ulanylýar.

Berk bellenilen walýuta hümmetlerinde daşarky deňsizligi aradan aýyrmak üçin içerki ykdysadyýetde üýtgeşmeleri amala aşyrmaly bolýar. Mysal üçin, töleg balansynyň ýetmezçiliginde walýuta ätiýaçlyklaryny satmaklyk bilen pul toplumyny kemeltmeli we milli walýuta bolan hyrydarlyk tä öňki derejesine ýetýänçä pul-karz syýasatyny pugtalandyrmaly.

Üýtgeýän walýuta hümmetinde başga ýagdaýyň bolmagy-da mümkin. Gysga möhletli şertleriň täsiri esasynda walýuta hümmeti ykdysadyýetiň makroykdysady deňsizligini artykmaç bahalandyryp biler. Bu bolsa gerekmejek düzümleýin üýtgeşmelere getirer.

Ykdysady ösüşiň makroykdysady görkezijilerine täsir etmek maksady bilen walýuta bazarlarynda Merkezi banklaryň maýä goýum we dürli pul-karz gurallarynyň ulanylmagy häzirki wagtda walýuta hümmetleriniň hiç birisiniň hem arassa görnüşinde hereket etmeýändigine şaýatlyk edýär. Emma halkara walýuta ulgamynyň tutuşlygyna öwrülişigi berk bellenilen walýuta hümmetlerinden üýtgeýän hümmetleri tarap gönükdirilendir.

**Testler :**

**1.** Eger-de erkin üýtgeýän (plawaýuşşih) hümmetlerde ABŞ-de J.M.Ö derejesi kemelse:

a) Import kemeler, dollaryň bahasy artar
b) Import, dollarynyň bahasy ABŞ-da kemeler
ç) Import, dollarynyň bahasy ABŞ-da artar
d) Import artar, dollaryň bahasy kemeler

**2.** Eger-de fiksirowannyh walýuta hümmetlerinde Türkmenistanda puluň hümmetsizlenmäginiň derejesi beýleki ýurtlardan ýokary bolsa onda:

a) Türkmenistanda eksport we import kemeler
b) Türkmenistanda eksport we import artar
ç) Türkmenistanda eksport artar, import kemeler
d) Türkmenistanda eksport kemeler, import artar

**3.** Eger-de milli walýutanyň rewolwasiýasy geçse onda gaýry deň şertlerde

a) Import çig mallary satyn alýan pudak zyýan çekýär
b) Eksport edýän pudak zyýan çekýär
ç) Jemi içerki önümiň mukdary artar
d) Ýurtda işsizligiň derejesi artar

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Walýuta diýip näme düşünýärsiňiz ?
2. Walýuta bazary diýmek näme ?
3. Pul birliklerini konwertirlemek näme ?
4. Pul birlikleriniň nähili görnüşleri bar ?
5. Walýuta hümmeti diýmek näme ?

6. Walýuta hümmetlerini kesgitleýän faktorlara näme degişli ?
7. Walýuta hümmetleriniň dinamikasy näme ?
8. Türkmenistanda walýuta bazary nähili kämilleşdirilýär

## Töleg balansy.

### 20.1.Töleg balansy baradaky düşünjeler we onuň esasy maddalary

Her bir ýurtda onuň daşary ykdysady gatnaşyklarynyň ýagdaýyny görkezýän döwürleýin statistiki maglumat gerek. Şunuň ýaly maglumatlar **töleg balansynda** görkezilýär. Bu statistiki resminama, ýurduň belli bir döwürdäki daşary ykdysady amallarynyň balansyny şöhlelendirýär. Halkara walýuta Gaznasynyň kesgitlemesine görä t**öleg balansy,** ýagny belli bir döwürdäki statistiki hasabat bolmak bilen şu aşakdalylary görkezýär:

a) haýsy hem bolsa bir döwletiň beýleki döwletler bilen harytlar, hyzmatlar we girdejiler babatynda ýerine ýetiren amallaryny;

b) bir döwletiň altyn şaýlyklaryna (monetalaryna), SDR-lerine, şeýle hem maliýe borçnamalaryna eýeçiliginiň üýtgemegini;

ç) hasap manysynda biri-birini ýapmaýan amallaryň we üýtgeşmeleriň deňagramlylygyny gazanmak üçin birtaraplaýyn geçirimlerini we öwezini dolmak ýazgylaryny görkezýär.

Töleg balansyny düzmeklik 2 ýörelgä esaslanýar.

Töleg balansyny düzmekligiň **birinji ýörelgesi-** bu ýurduň kesgitli döwürde (aý, çärýek, ýyl) ähli daşary ykdysady amallaryny gurşap almaklykdyr. Daşary ykdysady gatnaşyklardan içerki ykdysady gatnaşyklary tapawutlandyrmak üçin Halkara walýuta Gaznasy birinji agzalan gatnaşyklara ýurduň rezidentleriniň we rezident dälleriň arasyndaky amallar diýip düşünmegi hödürleme edýär.

**Ikinji ýörelge**-amallaryň ikitaraplaýyn buhgalterçilik ýazgysy (karz ahyrky netijede debete deň gelmeli). Onuň netijesinde bir madda boýunça emele gelýän deňsizlik beýleki madda bilen deňlenilýär.

Töleg balansy diňe tölegleri öz içine alýar diýen düşünje ýalňyşdyr. Hakykatda bolsa bu resminama, özüniň adyna garamazdan dürli, şol sanda tölegler bilen bagly bolmadyk amallary öz içine alýar. Tölegler bilen bagly bolmadyk amallara birtaraplaýyn geçirimler (ýagny birtaraplaýyn esasda öwezini dolmazlyk); halkara walýuta gaznasyndan aýry-aýry döwletlere SDR-iň berilmegi; altynyň monetizasiýasy ýa-da demonetizasiýasy (ýurduň altynynyň bir bölegini onuň altyn ätiýaçlygyna geçirmeklik ýa-da tersine degişlidir). Altynyň dünýa nyrhynyň we walýuta hümmetleriniň üýtgemekligi sebäpli altyn we walýuta ätiýaçlyklarynyň gaýtadan bahalandyrylmagy tölegleri däl-de, (şol sanda tölegler bilen baglanşykly) amallary öz içine alýar.

***Töleg balanslary*** belli bir döwür (aý, çärýek, ýyl) we kesgitlenen sene üçin düzülýär. Belli bir döwürdäki töleg balansy şol döwürdäki tölegleriň we gelimleriň

gatnaşygyny görkezýär hem-de ýurduň halkara ykdysady gatnaşyklaryndaky üýtgeşmelerini, onuň ykdysadyýetiniň ýagdaýyny we ösüşini ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär.

Eger walýuta gelimleri töleglerden ýokary bolsa, onda töleg balansy aktiwdir, tersine bolan ýagdaýynda töleg balansy passiwdir.

Töleg balansy hasaplaşyk balansyndan tapawutlydyr, ýagny:

- hasaplaşyk balansy ýurduň daşary ýurda bolan talaplaryny we borçnamalaryny, şol sanda üzülmediklerini öz içine alýar. Töleg balansy bolsa diňe hakyky amala aşyrylan gelimleri we tölegleri görkezýär;
- hasaplaşyk balansynyň alnan we berlen karzlaryň ählisi, şol sanda üzülmedikleri hem goşulýar, töleg balansy soňkulary öz içine almaýar;
- töleg we hasaplaşýk balanslarynyň ahyrky galyndysy aktiw bolsa--da, passiw bolsa-da gabat gelmeýär we olar adatça biri-birine garşy gelýärler, sebäbi karz beriji ýurtlar (ABŞ, GFR, Ýaponiýa we beýlekiler) adatça aktiwdirler, olaryň töleg balanslary bolsa, esasan hem gündelik amallary boýunça döwürleýin passiwdirler. Bergidar ýurtlaryň passiw hasaplaşyk balanslary kähalatlarda aktiw töleg balansy bilen utgaşýarlar.
- töleg balansyna eksportyň we importyň diňe tölenilen bölegi goşulýar, hasaplaşyk balansynda bolsa haryt dolanyşygynyň tölenilmedik karzyna satylan bölegi hem görkezilýär.

Şeýlelik bilen, töleg we hasaplaşyk balanslarynyň aratapawudy, esasan, halkara karz gatnaşyklarynyň ösüşi

bilen kesgitlenilýär. Amallaryň häsiýetine baglylykda çap edilýän töleg balanslary esasan iki bölümden ybaratdyr:

**I bölüm.** Gündelik amallar boýunça töleg bolan: a) daşary söwda amallary boýunça tölegler we gelimler ýa-da söwda balansy; b) hyzmatlaryň (halkara ýük daşamaklyk, gämide daşalýan ýük üçin berilýän kreý, ätiýaçlandyrma we beýlekiler) we täjirçilik däl amallaryň (patentler boýunça hasaplaşyklar, tehniki kömekler) balansy, maýa goýumlar boýunça girdejiler we tölegler.

**II bölüm.** Kapitalyň hereketiniň (gysga we uzak möhletli amallar) we karzlaryň balansy. Kapitalyň hereketiniň we karzlaryň balansyna ”ýalňyşlyklar we goýbermeler” maddasy goşulýar. Ol madda gysga möhletli kapitalyň hasaba alynmadyk hereketini görkezýär. Walýuta ätiýaçlyklarynyň üýtgemegi töleg balansyny deňeşdirmek we milli walýuta ýardam bermek bilen baglanşykly Merkezi banklaryň halkara walýuta amallaryny aňladýar.

Töleg balansynyň galyndysy (saldo) kesgitlenende onuň maddalary ***esasylara we sazlaşdyryjylara*** bölünýär. **Esasy maddalara** töleg balansynyň galyndysyna täsir edýän we degişli özbaşdaklygy bar bolan maddalar ýagny, gündelik amallar we kapitalyň uzak möhletli hereketi goşulýar. **Sazlaşdyryjy maddalara** özbaşdak bolmadyk ýa-da özbaşdaklygy çäklendirilen amallar degişlidir. Bu maddalar töleg balansynyň galyndysyny üzmekligiň usullaryny we çeşmelerini häsiýetlendirmek bilen walýuta ätiýaçlyklarynyň hereketini, gysga möhletli aktiwleriň üýtgemegini, daşary ýurt kömeginiň aýratyn görnüşlerini, daşary döwlet bergilerini, halkara walýuta karz

guramalarynyň karzlaryny we ş.m. öz içine alýarlar. Esasy we sazlaşdyryjy maddalaryň jemleýji görkezijileri özara biri-birini ýapýarlar, ýagny töleg balansy resmi taýdan deňleşýär. Eger tölegler esasy maddalar boýunça gelýän gelimlerden ýokary bolsa, onda sazlaşdyryjy maddalaryň hasabyna ýetmezçiligi üzmeklik meselesi ýüze çykýar. Däp bolşy ýaly bu ýerde karzlar we telekeçilik kapitaly ulanylýar. Bu usul töleg balansyny karzlaşdyrmagyň **wagtlaýyn usulydyr**, sebäbi bergidar ýurtlar karzy gaýtarmaga, şeýle hem göterimleri we diwidentleri tölemäge borçly bolýarlar.

Balansyň passiw galyndysyny ýapmaklygyň täze usuly Merkezi banklaryň milli walýutada, SWOP geleşigi boýunça özara berilýän gysga möhletli karzlarydyr.

Töleg balansynyň wagtlaýyn ýetmezçiliginiň üstüni ýapmak üçin Halkara  walýuta Gaznasy özüniň agza ýurtlaryna ätiýaçlyk (şertsiz) karzlary (kwotanyň 25%-i çäginde) berýär.

Senagat taýdan ösen ýurtlar töleg balansynyň ýetmezçiligini ýapmak üçin karz kapitalynyň dünýä bazarynyň serişdelerini ýygnaýarlar( bank konsorsiumlarynyň karzlary, obligasiýa karzlary).

Töleg balansynyň wagtlaýyn ýetmezçiliginiň üstüni ýapmak üçin daşary ýurt ”kömegi” görnüşinde ýeňillikli karzlar hem ulanylýar.

Töleg balansyny sazlaşdyrmagyň gutarnykly usuly hökmünde ýurduň altyn walýuta ätiýaçlyklarynyň ulanylmagy çykyş edýär. Töleg balansyny gutarnykly sazlaşdyrmagyň esasy serişdesi bolup, konwertirlenýän daşary ýurt walýutasynyň ätiýaçlyklary hyzmat edýär.

Töleg balansyny sazlaşdyrmagyň **kömekçi serişdesi** bolup, daşary ýurt we milli gymmatly kagyzlaryň daşary ýurt walýutasyna çalşylmagy çykyş edýär.

***Halkara walýuta Gaznasynyň usulyýeti boýunça töleg balansynyň maddalarynyň toparlanylyşy.***

***A.*** Gündelik amallar

1. Harytlar.
2. Hyzmatlar.
3. Maýa goýumlardan gelýän girdejiler.
4. Gaýry hyzmatlar we girdejiler.
5. Birtaraplaýyn hususy geçirimler.
6. Birtaraplaýyn döwlet geçirimler.

**Jemi: A.** Gündelik amallaryň balansy.

**B.** Göni maýa goýumlar we uzak möhletli kapital

1. Göni maýa goýumlar.
2. Bukjalaýyn maýa goýumlar.
3. Gaýry uzak möhletli kapital.

**Jemi: A+B.** (ABŞ-nyň binýatlaýyn balansynyň taglymatyna laýyk gelýär)

1976-njy ýyldan başlap resmi taýdan töleg balansyny diňe gündelik amallar boýunça çap etmeklik kabul edildi.

**Ç.** Gaýry uzak möhletli kapital.

**D.** Ýalňyşlyklar we goýbermeler.

**Jemi:** A+B+Ç+D (ABŞ-daky likwitlilik taglymatyna laýyk gelýär)

**E.** Sazlaşdyryjy maddalar.

Altyn walýuta ätiýaçlyklaryny gaýtadan bahalandyrmak, SDR-i paýlamak we ulanmak.

Altyn walýuta ätiýaçlygynyň hereketi.

**Ä.** Galyndyny ýapmaklygyň adatdan daşary çeşmeleri.

**F.** Daşary ýurt resmi guramalarynyň walýuta ätiýaçlyklaryny emele getirýän borçnamalary.

**Jemi:** A+B+Ç+D+E+Ä+F(ABŞ-daky resmi hasaplaşyklaryň taglymatyna laýyk gelýär)

**H.** Ätiýaçlyklaryň jemleýji üýtgemeleri:

1. Altyn.
2. SDR.
3. Halkara walýuta Gaznasynyň ätiýaçlyk nukdaý nazary.
4. Daşary ýurt walýutasy.
5. Gaýry talaplar.
6. HWG-niň karzlary.

**Milli we döwletara töleg balansynyň kadalaşdyrylyşy.** Töleg balansyny döwlet kadalaşdyrmasy esasy obýekt bolup çykyş edýär. Töleg balanslary öz häsiýeti boýunça hemişe aktiw ýa-da passiw bolup bilmeýärler. Olaryň bu ýagdaýy walýuta hümmetleriniň we kapitalyň hereketiniň durnuksyzlygyny güýçlendirýär, pul dolanyşygyna oňaýsyz täsir edýär we ahyrky netijede ykdysadyýete zyýan ýetirýär. Şunlukda töleg balansyny deňleşdirmegiň özakymlaýyn mehanizmi (baha sazlaşdyrmasyny ulanmak bilen) örän gowşak hereket edýär. Şonuň üçin halkara hasaplaşyklarynýň deňagramlylygyny dikeltmeklik maksadalaýyk döwlet

çärelerini talap edýär. Ykdysady ösüş depginlerini üpjün etmeklik, hümmetsizlenmä we işsizlige garşy göreş çäreleri bilen bir hatarda halkara hasaplaşyklarynyň balansyny deňagramlaşdyrmak meselesi döwletiň ykdysady syýasatynyň biridir.

Töleg balansynyň döwlet kadalaşdyrmasy töleg balansynyň esasy maddalaryny emele getirmeklige gönükdirilen ykdysady, şol sanda walýuta, maliýe, pul-karz çäreleriniň jemidir. Ýurduň walýuta-ykdysady we halkara hasaplaşyklarynyň ýagdaýyna baglylykda, daşary-ykdysady amallary höweslendirmeklige ýa-da çäklendirmeklige gönükdirilen töleg balansyny kadalaşdyrmaklygyň usulynyň köpdürli görnüşleri bar.

Töleg balansynyň ýetmezçiligi bar bolan ýurtlarda eksporty höweslendirmek, harytlaryň importyny saklamak, daşary ýurt kapitallaryny çekmek, kapitalyň daşary ýurtlara çykarylmagyny çäklendirmek üçin,

- hümmetsizlenmeklige garşy syýasat;
- dewolwasiýa;
- walýuta çäklendirmeleri;
- maliýe we pul-karz syýasaty;
- töleg balansynyň maddalarynyň emele gelýän döwründe ýörite täsir ediş çäreleri ulanylýar.

Aktiw töleg balansynda ony kadalaşdyrmaklyk has artykmaç aktiw galyndyny aradan aýyrmaklyga gönükdirilýär. Şu maksat bilen ýokarda görkezilen maliýe, karz, walýuta, şeýle hem walýutanyň rewolwasiýasynyň usullary, importy giňeltmek we harytlaryň eksportyny saklamak, kapitalyň eksportyny artdyrmak (şol sanda

karzlary we kömekleri we olaryň importyny çäklendirmeklik üçin) ulanylýar. Töleg balansynyň aktiw galyndysy ýurduň daşary ýurt bergilerini üzmeklik, daşary döwletlere karz bermeklik hem-de altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny artdyrmaklyk üçin ulanylýar.

Töleg balansyny kadalaşdyrmagyň döwletara serişdelerine:

- eksport karzlarynyň şertlerini ylalaşmak;
- SWOP ylalaşygy boýunça milli walýutada Merkezi banklaryň özara gysga möhletli karzlaşdyrmalary we ikitaraplaýyn hökümet karzlary;
- halkara karz, öňi bilen Halkara walýuta Gaznasynyň walýuta-karz we maliýe guramalarynyň karzlary degişlidir.

Şeýlelik bilen töleg balansyny kadalaşdyrmaklyk örän çylşyrymlaşdy, onuň gurallary bolsa giňeldi. Ol ykdysady syýasatyň beýleki ugurlary bilen utgaşýar we yzygiderli häsiýete eýe bolmaýar.

**Türkmenistanyň töleg balansy.**

SSSR döwründe töleg balansynyň ýagdaýy hakyndaky maglumat ýönekeý hasaplanylýardy. Türkmenistanyň Döwlet banky her ýyl ýurduň walýuta meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi barada hasabat taýýarlaýardy, ýöne ony töleg balansy diýip dolandyrmak kyndy.

Türkmenistanyň Halkara walýuta Gaznasynyň agzasy (1992-nji ýyl) bolanlygy üçin töleg balansy baradaky statistiki maglumatlary bermeklige borçly bolýar. Bu maglumatlar esasynda söwda däl amallarynyň

bergiler barasyndaky tölegleriň we walýuta ätiýaçlyklaryň ösüşiniň balansyny düzmäge mümkinçilik gazanyldy.

Türkmenistanyň Garaşsyzlyga eýe bolmagy we GDA döwletleriniň emele gelmegi ýurduň töleg balansyny hasaplamakda mesele ýüze çykardy. Sebäbi Türkmenistan GDA-nyň agza ýurtlary we beýleki ozalky soýuz respublikalary bilen ykdysady gatnaşykalaryny hasaba almalydy. Ol maglumatlary hasaba almazdan Türkmenistanyň töleg balansyny doly hasaplap bolmaýar. Ýöne Türkmenistanyň töleg balansyna GDA döwletleri we gaýry daşary ýurtlar bilen ykdysady gatnaşyklaryny goşmak üçin köp sanly usulyýet, nazaryýet we guramaçylyk meseleleriniň çözgüdi talap edilýär.

**Beýan 13.2**

**TÜRKMENISTANYŇ TÖLEG BALANSYNYŇ MADDALARY**

***Analitik garaýyş***

*(ABŞ-nyň mln. dollary)*

| |
|---|
| **A.Gündelik amallaryň hasaby** |
| **Harytlar** |
| **1.1 Eksport f.o.b.** |
| Tebigy gaz |
| Nebit we nebit önümleri |
| Pagta süými |
| Dokma önümler |
| Elektrik energiýasy |
| Beýleki harytlar |
| **1.2 Import f.o.b.** |
| **Hyzmatlar** |
| **Kredit** |
| Ulaglar |
| Beýlekiler |
| **Debet** |
| Ulaglar |
| Gatnawlar |
| Beýlekiler |

| |
|---|
| **Girdeji** |
| Karz |
| Alynmaga degişli we alnan göterimler |
| Alynmaga degişli we alynmadyk göterimler |
| Beýlekiler |
| Debet |
| Tölenmäge degişli we tölenilen göterimler |
| Göterimler boýunça berilen göterimler |
| Beýlekiler |
| **Gündelik transfertler** |
| |
| **B.Maýa goýum amallarynyň hasaby** |
| Maýa goýum transfertleri |
| Beýlekiler |
| |
| **Ç. Maliýe amallarynyň hasaby** |
| Daşary ýurtlara göni maýa goýumlary |
| Türkmenistana göni maýa goýumlary |
| Gurluşyk |
| Beýlekiler |
| Portfel maýa goýumlary – aktiwler |
| Portfel maýa goýumlary – borçlar |
| **Beýleki maýa goýumlary** |
| **Aktiwler** |
| **Söwda karzlary** |
| Mejbury söwda karzlary |

| | |
|---|---|
| | Mejbury söwda karzlary üzmeklik |
| | Beýleki söwda karzlary |
| | Karzlar |
| | Üzmeklik |
| | Tölenmeli, emma tölenmedik karzlar |
| | Tölenilmänligi üçin ýüze çykýan şikaýatlar |
| | Karzlara täzeden seretmeklik |
| | Beýleki aktiwler |
| **Passiwler** | |
| | Peýdalanylan söwda karzlary |
| | Tölenilen söwda karzlary |
| | Peýdalanylan karzlar |
| | Tölenilen karzlar |
| | Beýleki borçlar |
| Jemi A-dan Ç çenli | |
| *D. ÝALŇYŞLYKLAR WE HATALAR* | |
| | |
| | Jemi A-dan D çenli |
| | Jemi E + F |
| | |
| **E.Aýratyn maýa goýumlary** | |
| **Göterimler** | |
| | Bergiler (arassa) |
| | Düzümini üýtgetmeklik |
| **Söwda kreditleri we karzlar** | |
| | Bergiler |
| | Düzümini üýtgetmeklik |

| | |
|---|---|
| **Möhleti geçen bergileriň tölegi** | |
| **Töleg balansyny sazlamak maksady bilen alnan karzlar** | |
| | |
| **F. Ätiýäçlyk aktiwleri** | |
| | Altyn |
| | Kabul edip almaklygyň ýörite hukuklary |
| | HDÝPG-däki ätiýäçlyk orny |
| | Merkezi bankyň daşary ýurt puly |
| | Beýleki talaplar |

Häzirki wagtda Türkmenistanyň töleg balansy aktiwdir, ýagny ýurdumyzyň eksporty importdan ýokarydyr. Diňe 2008-nji ýylda eksport 11.9 mlrd. amerikan dollaryna deň boldy, önümleriň import edilişi bolsa 5.7 mlrd. amerikan dollaryna barabardyr. Şeýlelikde onuň oňyn tapawudy 6.2 mlrd. dollara deňdir. Bu öz gezeginde Türkmen döwletiniň halkara ykdysady-söwda gatnaşyklarynyň amatly guralandygyny, töleg balansynyň bolsa aktiwdigini görkezýär.

Testler :

**1.** Eger-de döwletiň çäginde töleg balansyň aktiw saldosy artsa:

a) Real göterim stawkalar kemelýär
b) Inflýasiýanyň depgini artýar
ç) Ykdysady ösüşiň ösüş depgini artýar

d) Ýokarda görkezilenleriň biri hem bolmaýar

**2.** Döwletiň töleg balansynyň esasy bölümine şu ýylky tölegleriň haýsy biri girmeýär

a) Harytlary eksport etmek

b) Inwestisiýadan sap girdeji

ç) Daşary ýurtlara transport tölegleri

d) Daşary ýurtlarda döwletiň aktiwleriniň üýtgemegi

**3.** Eger-de Türkmenistanyň korporasiýasy daşary ýurt raýatlaryna ýokary diwedentleri töleseler onda ( dollarda )

a) Dollaryň hümmetini peselder

b) Dollaryň hümmetini artdyrar

ç) Importyň mukdary artar

d) Eksportyň mukdary artar

**Gaýtalamak üçin soraglar :**

1. Töleg balansy diýip näme düşünýärsiňiz ?
2. Töleg balansyny düzmegiň nähili usullary bar ?
3. Töleg balansynyň nähili hasabatlary bar ?
4. Töleg balansynyň hasabatynyň özara baglanyşygy nämeden ybarat ?
5. Töleg balansyny düzgünleşdirmegiň nähili ugurlary bar ?
6. Töleg balansyň içerki ykdysadyýete edýän täsiri näme ?
7. Töleg balansynyň nähili bölümleri bar ?
8. Türkmenistanyň ykdysadyýetinde töleg balansynyň tutýan orny.

## Maýa goýumlaryň halkara hereketi.

21.1. Maýa goýumlaryň halkara hereketiniň formalary barada düşünje.

Maýa goýumlaryň halkara hereketi – ol bir ýurtdan başga ýurtlara karzlaryň we borçlaryň maliýe akymlarynyň hereketi. Maýa goýumlaryň hereketi telekeçilik görnüşde-de bolup bilýär (dürli pudaklaryň kärhanalaryna wezipeli we göni maýa goýumlar) hem-de ssuda görnüşinde (zaýom hökmünde). Halkara bäsdeşlige ukyplylyk tilsimatlyk (tehnologik) üýtgemeleri çalt taýýarlamaklyk we işe girizmeklik bilen kesgitlenmegi sebäpli maýa goýumlarynyň hereketiniň ähmiýeti has-da ýokarlanýar.

Maýa goýumlaryň hereketiniň köp formalary – göni hususy maýa goýumlar, döwlet zaýomlar, halkara maliýe guramalarynyň karzlary dünýä hojalyk işleriniň aragatnaşygyny ösdürýän ähmiýetli hereket ediji güýç bolup durýar.

Şeýlelikde, maýa goýumlaryň halkara hereketi – maýa goýumlarynyň mukdarynyň öz-özüniň ösmegi maksady bilen daşary ýurtda ýerleşdirilmegi we hereket etmekligi. Daşary ýurtda düýpli maýa goýumlaryny ýerleşdirip, goýumlar daşary ýurt maýa goýumlaryny hereket etdirýär.

Maýa goýumlarynyň halkara hereketiniň görnüşleriniň klassifikasiýasy bu amalyň (prosesiň) dürli talaplaryny görkezýär. Maýa goýumlar daşary ýurda

çykarylýar, ol ýerde hereket edip daşary ýurtdan pul görnüşlerde getirilýär:

1. Düýpli maýa goýumlarynyň hususy görnüşinde we döwlet görnüşinde.

Bu hususy ýa-da döwlet guramalary we kompaniýalary tarapyndan çykarylmagyna bagly bolup durýar. Düýpli maýa goýumlaryň halkara guramalary tarapyndan hereket etdirilmegi köplenç özbaşdak bir görnüşi emele getirýär. Takmynan baha berilmegine görä, 2006-njy ýylda Orsýetden maýa goýumlarynyň çykarylmagy 147 mlrd. dollara barabar bolupdyr, şol sanda döwlet maýa goýumlary 456 mln. dollar, galanlary – hususy maýa goýumlar görnüşinde bolupdyr.

2. Pul we haryt görnüşleri.

Aýdalyň, maşynlaryň we enjamlaryň, potentleriň we nou-haularyň daşary ýurda çykarylmagy düýpli maýa goýumlarynyň çykarylmagy bolup biler. Başga mysal hökmünde haryt karzy bolup biler.

3. Gysga möhletleýin (köplenç möhleti bir ýyla çenli) we uzak möhletleýin görnüşleri (surat 1). Türkmenistanyň hormatly Prezidentiniň gol çeken kararlarynyň we kanunlarynyň esasynda Türkmenistandan çykarylýan düýpli maýa goýumlarynyň ýarsyndan gowragy gysga möhletleýin görnüşe düşýär. Olaryň aglabasy eksport karzlaryň hasabyna amala aşyrylýar.

Şekil 1.
Düýpli maýa goýumlarynyň getirilmeginiň we çykarylmagynyň gysga möhletleýin we uzak möhletleýin görnüşlerine bölünmegi.




Banklaryň depozitleri we özge maliýe institutlarynyň hasabyndaky serişdeler bir ýyldan gowrak möhletli ýerleşdirilen hem bolsa, olary däp boýunça gysga möhletli maýa goýumlarynyň hataryna degişli edýärler. Göni we wezipeli maýa goýumlary barada aşakda gürrüň ediljek.

Ssuda we telekeçilik görnüşleri (surat 2).

**Surat 2.**

Düýpli maýa goýumlarynyň getirilmeginiň we çykarylmagynyň ssuda we telekeçilik görnüşlere bölünmegi.

Ssudda görnüşindäki maýa goýumlary (ssuda maýa goýumlary) öz eýesine girdeýjini esasanam goýumlar, karzlar we karzlar boýunça göterimler görnüşinde telekeçilik görnüşindäki maýa goýumlary (telekeçilik maýa goýumlary) bolsa köplenç nagt düşewünt görnüşinde getirýär.



## 21.2. Göni we wezipeli maýa goýumlar we olaryň modelleri.

Telekeçilik maýa goýumlary göni we wezipeli maýa goýumlary öz içine alýar. Göni maýa goýumlarynyň halkara walýuta fondunyň kesgitlemesine görä häsiýetli alamaty maýa goýujynyň maýa goýumlaryny eden obýektiň (kärhanaň) üstünden dolandyryş gözegçiligini amala aşyryp bilmegi. Wezipeli maýa goýumlary beýle gözegçilik etmäge hukuk berilmeýär. Olar köplenç firmanyň öz maýa goýumlarynyň 10-20göterimini tutýan aksiýalarynyň paketi (ýa-da aýratyn aksiýalar), şeýle hem obligasiýalar we başga gymmat kagyzlar arkaly özlerini aňladýarlar. Dürli ýurtlarda göni we wezipeli maýa goýumlarynyň arasyndaky formal araçägi her dürli edip belleýärler, emma köplenç görkezilen çäklerden çykylmaýar. Umuman alanymyzda, göni we wezipeli maýa goýumlarynyň arasyndaky araçägiň şertleýindigini göz öňüne tutmalydyr. Köplenç ýagdaýda dolandyryş gözegçilik etmek mümkinçiligi firmanyň aksiýalarynyň (paýynyň) örän az mukdardaky paketini berip bilýär. Eger-de firmanyň maýa goýumlary köp eýeleriň arasynda paýlanan bolsa ýa-da maýa goýumlarynyň az böleginiň paýy eýesiniň elinde firma üçin wajyp tilsimaty (tehnologiýa) bar bolsa, onda bu ýagdaý has ýitileşýär.

Käbir ýagdaýlarda telekeçilik we ssuda maýa goýumlarynyň arasyndaky araçäkde hem nätakyklyklar ýüze çykýar. Mysal üçin, göni maýa goýumlara ata-ene firmalaryň öz daşary ýurt firmalaryna berýän karzlary hem degişli diýip hasap edilýär.

Göni maýa goýumlary çykarmagyň üsti bilen maýa goýujylar (inwestorlar) daşary ýurtda täze firmany (özbaşdak ýa-da ýerli partnýor bilen) döredýär; daşary ýurtda ozal hereket edip gelýän firmanyň ep-esli paýyny satyn alýarlar; bu firmany bütinleýin satyn alýarlar ("ýuwudýarlar"). Daşary ýurtlarda şular ýaly firmalary köplenç ata-ene kompaniýalaryň daşary ýurt firmalary diýip atlandyrýarlar. Biziň ýurdumyzda filial diýlende köplenç Günbatarda bölüm diýlip atlandyrylýan zat göz öňüne tutulýar. Öz gezeginde bu filiallar bölümlere, gyz we birleşdirilen kompaniýalara bölünýärler. Bölüm daşary ýurtda hasaba alynýan hem bolsa, öz balansy bolan özbaşdak kompaniýa bolmaýar we bütünleý (100%) ata-ene firmanyň zady bolýar, şonuň üçin ýuridiki tarap bolup bilmeýär. Gyz kompaniýa daşary ýurtda öz balansy bolan özbaşdak kompaniýa hökmünde hasaba alynýar (ýagny ýuridiki tarap bolup çykyş edýär), ýöne onuň üstünden gözegçiligi ata-ene firmasy alyp barýar, çünki ol gyz kompaniýanyň aksiýalarynyň (paýynyň) esasy bölegine ýa-da bar maýa goýumlaryna eýelik edýär. Birleşdirilen kompaniýanyň gyz kompaniýasyndan tapawudy onuň ata-ene firmanyň gözegçiliginde däl-de, diňe onuň täsiriniň astyndalygy, sebäbi ata-ene firma aksiýalaryň (paýyň) köp (ýöne esasy däl) bölegi degişli bolýar.

Biziň ýurdumyzda gyz we birleşdirilen kompaniýalara filial, gyz we garaşly jemgyýetler degişli bolup durýar.

Birleşdirilen kompaniýalaryň görnüşleri bolup bileleşik kompaniýalaryň, bileleşik kärhanalaryň köpüsi

şol görnüşlere degişli bolup bilýärler. Olar iki ýa-da birnäçe milli firmalaryň paýy esasynda döredilýär.

Öndürilýän önümiň görnüşleriniň azlygy, az möhletiň dowamynda işlemegi, daşary ýurtlaryň gatnaşmagynyň hökman däldigi – öz "bilelikdäki kärhana" diýen düşünjesiniň günbataryň mazmunynyň biziňkiden tapawutlylygy.

Daşary ýurt filiallara käwagt ata-ene kompaniýasyna ýekeje-de aksiýanyň (paýyň) degişli däl kärhanalar hem girýär. Bu ýagdaýda dolandyryş gözegçiligi ata-ene kompaniýa ylalaşyk baglamagyň üsti bilen amala aşyrylýar, mysal üçin, bu kärhanany dolandyrmak baradaky kontrakt (esasan hem bu myhmanhanalara degişli), ýerli partnýora degişli kärhananyň çäginde bilelikdäki önümçilik baradaky ylalaşyk (kontrakt) (çig mal, tilsimatlary we ş.m. getirmek arkaly), bilelikde çig-mal gazyp almak baradaky ylalaşyk (kontrakt).

Şu ýagdaýda bu filiallaryň emlägine eýelik etmek kesgitleýji bolman, eýsem kooperasiýanyň esasynda ylalaşyk (kontrakt) gatnaşyklarynyň bolmagy. Bu gatnaşyklara degişli edip, "kooperasion ylalaşyklary" diýen düşünjäni ulanýarlar. Eger-de kooperasion ylalaşyklary hem, şeýle hem bilelikdäki kärhanalary hem göz öňüne tutsak, onda "strategik bileleşikler" diýen düşünje ulanylýar.

21.3. Göni maýa goýumlaryň mehanizmi. Maýa goýum klimat we töwekgelçilik.

Göni maýa goýumlaryny taýýarlamak we amala aşyrmak taslama derňewinde esaslanýar. Şonuň üçin durmuş üpjünçilik sferasyna göni maýa goýumlaryň amala aşyrmagyň taslamasyna mahsus bolan käbir aýratynlyklarynyň üstünde durup geçeliň.

Köplenç ýagdaýda daşary ýurtda Türkmenistanyň maýa goýumlary bilen firmalaryň döredilmegi Türkmenistanyň önümini sarp edýän ýa-da biziň ýurdumyzda öz önümini getirýän daşary ýurt bazarlarynyň özleşdirilmegine tarap logiki ädim bolup çykyş edýär. Agzalan firmalary döredenler bu ädimi olaryň ulanýan harytlaryny we hyzmatlarynyň eksportyny we importyny guramaklygynyň görnüşleriniň daşary ýurt bazarlarynda işlemek üçin ähli bar bolan mümkinçilikleri ulanmaga ýol bermeýänligine doly göz ýetirip bildiler.

Göni maýa goýumlaryny amala aşyrmagynyň taslamasynyň taýýarlanmagy öz içine bir näçe amallary alýar. Ol daşary ýurt bazarlaryny öwrenmekden, şol sanda ýerli harytlaryň we hyzmatlaryň nomenklaturasyny derňemekden we bu nomenklatura boýunça daşary ýurt bazaryň göwrümini kesgitlemekden başlanýar. Eger firmanyň ýerli harytlary biziň ýurdumyza satmak meýili bar bolsa, onda Türkmenistan boýunça hem degişli derňew alynyp barylýar.

Şonuň esasynda döredilen firmanyň üsti bilen harytlaryň we hyzmatlaryň satyljak möçberiniň çaklamasy düzülýär. Postawkalary taýýarlamagyň usuly barada gürleşýärler: almak-satmak şertnamasy görnüşinde (taýýar önümlere mahsus) ýa-da komissiýa şertnamasy (çig-mal üçin häsiýetli).

Şonuň esasynda esasy we dolandyryş fondlara maýa goýumlaryň möçberine baha berilýär: ofisiň ýerleşdirlmegine, ulaga we ambarlara edilýän çykdajylar; zähmet haka, harytlary satyn almaga we saklamaga, gümrükhana, ätiýaçlandyryş we ş.m. bolan harajatlar. Hasaplaşyklar manatda ýa-da daşary ýurt walýutasynda birnäçe ýylyň dowamynda amala aşyrylýar.

Döredilýän firmanyň işine göni ýa-da gytaklaýyn degişli bolan ýerli we umumy ýurduň möçberinde hereket etjek kanunlaryň üstünde işlenýär: maýa goýumlary çykarmaklyga we getirmeklige çäklendirmeler, gümrükhana barada kanun, salgyt barada kanunlar, immigrasion düzgün, formal däl çäklendirmeler we ş.m.

Döredilýän firmanyň guramaçylyk-hukuk görnüşleri kesgitlenýär we bolup biläýjek daşary ýurt döredijiler saýlanýar. Gerek bolsa olar ýokarda agzalan meseleleriň üstünde işlemeklige çekilýär.

Ondan soňra döredilýän firmanyň ykdysady netijeliligine baha berilýär. Bu ýerde söwda üpjünçilik kompaniýalarynyň girdejileriniň ýokary derejä ýetirmek meselesi hemişe esas bolup durmaýar, sebäbi döredijilere köplenç ýagdaýda düşewündi firma edilen düýpli maýa goýumlardan düşen diwidendiň üstünden däl-de, eýsem firmanyň ondan satyn alýan ýa-da oňa satýan harytlarynyň nyrhynyň üstünden almak has amatly. Çünki daşary ýurtda döredilen firmalar, olaryň ýerli döredijileri we ýerli kärhanalar satyjylar (alyjylar) biri-biri bilen arabaglanşykly gatnaşyjylaryň toplumyny emele getirýärler.

Olaryň arasyndaky hasaplamalara şeýle çemeleşme biri bilen arabaglanşykly firmalaryň, şol sanda önümçilik, söwda-üpjünçilik we başga baş kompaniýa (köplenç ýagdaýda holding görnüşinde) tarapyndan dolandyrylýan toplumyndan ybarat bolan iri günbatar transmilli kompaniýalaryň toplan uly tejribesinde doly synagdan geçdi.

Holding görnüşinde telekeçiligi guramagyň mysaly bolup daşary ykdysady Paýdarlar Jemgyýeti Orsýetde ýerleşýän “Awtotraktoroeksport” (ATEKS) çykyş edýär. Ol ýüzlerçe ýerli öndürijilerden, sarp edijilerden, banklardan, ylmy-barlag institutlardan, ätiýaçlandyryş jemgyýetlerden, onlarça Orsýediň düýpli maýa goýumlary bolan daşary ýurt firmalardan we olaryň ençeme bölümlerinden, şeýle hem “Awtowaz” tarapyndan döredilen daşary ýurt holding topary “Lada internasional” ybaratdyr.

Firmany döretmegiň (satyn almagyň) ahyrky sepgidi dörediji dokumentleri (şertnama, tertipnama we başgalar) taýýarlamagy we kabul etmegi öz içine alýar; döredilýän firma döwletiň degişli guramalaryndan rugsat alynmagy hökman, eger gerek bolsa daşary ýurduň gerekli guramasyndan hem rugsat alynmaly; firmany daşary ýurtda hasaba almagy we döwletiň gatnaşmagynda döredilýän daşary ýurt kärhanalarynyň Döwlet reýestre girizilmeli.

Daşary ýurduň ykdysadyýetine öz düýpli maýa goýumlaryny goýýan telekeçileriň nukdaý nazaryndan seredilende maýa goýum klimata – ykdysady ýagdaý diýilýär. Bu klimat köp sanly elementlerden durýar

(töwekgelçilik faktorlardan), olary indiki toparlara birikdirip bolýar:

1) ýurtda durmuş we syýasat ýagdaýlary we olaryň geljegi.
2) içki ykdysady ýagdaý we onuň geljekki ösüşi.
3)daşary ykdysady hereket we onuň geljegi.

Her töwekgelçilik faktoryň öz paýy bar, ol hem ball boýunça bahalanýar. Şonuň üçin maýa goýum klimat tutuşlugyna hem-de töwekgelçilik faktoryň aýry toparlaryny hem san ölçegde ölçäp bolýar.

Maýa goýum töwekgelçilik we onuň bahalandyrylmagy. Ýokarda agzalan töwekgelçilikleriň faktorynyň toparlarynyň maýa goýum ýagdaýlary kesgitlemegini üpjün edýär.

Mysal üçin, maýa goýum goýjak taraplaryň şol döwletiň ýagdaýlaryny öwrenmek zerur. Daşary ýurt telekeçiligiň nukdaý nazaryndan faktorlar dürli töwekgelçiligiň görnüşlerini aňladýar. Başgaça aýdylanda, töwekgelçilik bu goýlan maýa goýum serişdelerini ýitirmek ähtimallygydyr.

Durmuş syýasy töwekgelçilik ol döwletiň durmuş syýasy durnuklylygyna görä bahalandyrylýar. Mysal üçin, maýa goýum goýujynyň döwlet işindäki syýasatynyň üýtgedilmegi bilen uly ýitgi etmegi mümkin. Şuňa laýyklykda içerki we daşarky töwekgelçiligi hem kesgitläp bolýar, ony üç sany topara bölüp:

1) Syýasy töwekgelçilik.
2) Maliýe töwekgelçilik, bu töwekgelçilik iş geçirilýän döwletiň töleg ukyplylygy bilen düşündirilýär. Şol

sanda döwletiň ssuda maýalaryny (kapitalyny) bermeklik ukyby kesgitlenýär.

3) Operasion töwekgelçilik, ol hem öz içinde:
   a) daşary ykdysady söwda işeňliginiň töwekgelçiligi;
   b) önümçilik işeňliginiň töwekçelçiligi

Bu töwekgelçiligi bahalandyrmak her bir maýa goýujy üçin möhümdir. Ýöne daşary ýurtlar üçin has ähmiýetlidir, sebäbi ol nätanyş gurşawa düşýär. Şonuň üçin maýa goýum maýanyň (kapitalyň) bahalamak ulgamynyň artykmaçlyklaryny we ýetmezçiliklerini doly öwrenmelidir. Mundan başga-da – töwekgelçilik faktorlary toplamak we onuň ol ulgamda paýyny kesgitlemek gerek. Töwekgelçiligiň bahasyny dürli ulgamda deňeşdirmeli.

Töwekgelçilik faktorlary seljerilende maýa goýujynyň has köp iş çalyşjagyna has üns bermeli. Ýokarda agzalan usullar töwekgelçilige baha bermegiň gaty bir takyk we ýöriteleşen görnüşi däldir.

Töwekgelçilikleriň hasaby. Töwekgelçilikleri bahalandyrmak ulgamlary, maýa goýujylaryň maýa goýum taslamasynyň başlangyç döwrüne kömek bermeklige gönükdirilendir. Mysal üçin, daşary ýurtda firma açmak, haýsy döwletde düýpli maýa goýumlary goýulsa, bazara girmek, önümçiligi giňeltmek, bazardan çykmak ýaly işleriň töwekgelçiligini kesgitlemäge ýardam edýär.

Töwekgelçiligi peseltmegiň dürli usullary bar:

1) Töwekgelçilik üçin goşmaça baha; tutuş taslamanyň bahasyna goşulmaly. Mysal üçin, maýa goýum töwekgelçilik 100 ballyk ulgamda 90-100 ball bolsa oňa

hiç zat goşulanok. Eger-de ol baha 80-89 ball bolsa, diskontyň hakyky stawkasyny üç göterime ýokarlandyrýarlar. Eger bahanyň derejesi 60 balldan kiçi bolsa 11 göterim goşulýar. Ol goşmaklygy başlangyç düýpli maýa goýuma ýa-da içerki peýdalylyga goşýarlar.
2) Firmada ätiýaçlyklar fonduny döretmek we ony giňeltmek. Ol ätiýaçlandyrma hökmünde hyzmat edýär.
3) Maýa goýujy maýa goýum goýýan ýurduna laýyklykda taslamasyny saýlap almaly.

Bulardan başga-da töwekgelçiligi peseltmek üçin usullar bar, ýöne iň amatly we giňden ulanylýan usul, haçan-da maýa goýujylar töwekgel ýurtlardan we taslamalardan ýönekeý saklanyp galýarlar.

**Gaýtalamak üçin soraglar :**

1. Düýpli maýa goýumlaryň halkara hereketi diýip näme düşünýärsiňiz?
2. Düýpli maýa goýumlaryň nähili görnüşleri bar ?
3. Düýpli maýa goýumlaryň geografiýasy diýip näme düşünýäňiz ?
4. Wezipeli maýa goýum diýip näme düşünýäňiz ?
5. Göni maýa goýum diýip näme düşünýäňiz ?
6. Göni we wezipeli maýa goýumlaryň nähili nusgalary bar ?
7. Maýa goýumlaryň halkara hereketinde töwekgelçiligiň nähili orny bar ?
8. Türkmenistan düýpli maýa goýumlaryň hereketinde nähili orny eýeleýär ?

## Halkara ykdysady integrasiýa.

22.1. Halkara ykdysady integrasiýanyň mazmuny we görnüşleri. Integrasion amallary kesgitleýän faktorlar.

Halkara ykdysady integrasiýa - bu dürli milli hojalyklaryň arasynda iş paýlanşygyň esasynda, çuňňur durnukly aragatnaşygyň esasynda ýurtlaryň hojalyk-syýasy bileleşmesidir.

Mikro derejede bu amal ýakyn ýerleşen ýurtlaryň aýry hojalyk subýektlarynyň maýalarynyň aragatnaşygy görnüşinde amala aşyrylýar.

Halkara derejedäki integrasiýa döwletleriň ykdysady bileleşmeleriň döredilmeginiň esasynda we milli syýasatlaryň ylalaşdyrmagyň esasynda amala aşyrylýar.

Firmalaryň arasyndaky aragatnaşyklaryň ýokary depginde ösmegi sebäpli döwletara düzgünleşdirme zerurlygy ýüze çykardy.

Esasanam, belli bir sebitleriň çäginde harytlaryň, hyzmatlaryň, maýanyň, işçi güýjiň erkin hereket etmegine ýardam edýän taslamalary durmuşa geçirmelidir. Netijede bolsa, bir walýutaly, infrastrukturaly, umumy ykdysady bölejikleri (proporsiýalary) bilen, maliýe fondlary bilen, umumy döwletara dolandyryş guramaly sebitleýin hojalyk tolumlary döredilýär.

Ykdysady integrasiýanyň iň ýönekeý görnüşi - bu söwdanyň erkin ykdysady zolaklarydyr. Onuň çäginde, ýurt agzalary arasynda dürli söwda çäklenmeler aýrylýar, esasanam gümrük tölegleri.

Ykdysady integrasiýanyň başga görnüşi - ol gümrük bileleşmesidir. Ol erkin ykdysady zolaklar bilen bilelikde birmeňzeş daşary söwda tariflaryny kesgitlemekligini girizýär we beýleki ýurtlar bilen aragatnaşyklarynda birmeňzeş daşary söwda syýasatyny geçirmekden ybaratdyr.

Bu şertleriň ikisinde-de döwletara gatnaşyklary diňe alyş-çalyş edarasyna degişli bolup durýar. Ýagny olar ýurt - gatnaşyklar üçin özara söwda we maliýe hasaplaşygy üçin deň mümkinçilikleri döretmegine ýardam edýär.

Ykdysady integrasiýanyň çylşyrymly görnüşi umumy bazar bolup durýar. Ol ýurt gatnaşyklara özara erkin söwda aragatnaşygy, bir meňzeş daşky tariflar, maýanyň, işçi güýjiň erkin hereketi üpjün etmekligiň daşynda, ykdysady syýasatlaryň ylalaşyklygyna şert döredýär.

Ykdysady integrasiýa hemme dahylly taraplaryna, birnäçe amatly şertleri döredýär.

Birinjiden, integrasion hyzmatdaşlyk hojalyk subýektler üçin dürli resurslary almaklygyna giňişleýin mümkinçilikleri döredýär, ýagny maliýe, maddy, zähmet, tilsimatlar, şol sanda hem, ol önüm öndürijä uly göwrümli bazara çykmaklygyna ýagdaýy bolýar.

Ikinjiden, sebitler çäginde ýurtlaryň ykdysady bileleşmegi, şol ýurtlaryň firmalary üçin ýeňillikli ýagdaýlary döredýär we belli derejede beýleki ýurtlaryň bäsdeşikliginden goraýar.

Üçünjiden, integrasion aragatnaşyk onuň gatnaşyjylaryna ýiti durmuş meselelerini çözmegine

mümkinçilik berýär, ol hem, aýry yza galan sebitleriň şertlerini deňeşdirmeklik; zähmet bazaryň ýagdaýny gowylandyrmak; pes üpjünçilikli ilat toparlary üçin durmuş ýeňillendirmeleri bilen üpjün etmek; saglyk saklaýyş, zähmet goramagyň, durmuş üpjünçilik ulgamlaryny ösdürmek.

Integrasion amallary emele getirýän faktorlary: ykdysady integrasiýänyň obýektiw faktorlaryna baglydyr, olaryň iň esaslaryň käbirleri aşakda seredilýär:

1. hojalyk durmuşynyň integrasionalizasiýanyň ýokarlanmagy;

2. zähmetiň milletara paýlanşmagynyň çuňlaşmagy;

3. ylmy-tehniki rewolýusiýanyň umumy dünýä häsiýeti;

4. milli ykdysadyýetleriň agdyklygynyň derejesiniň ýokarlanmagy.

Integrasionalizasiýa - bu ýurtlaryň arasynda durnukly ykdysady aragatnaşyklaryň ösmekligiň amallrdyr (esasanam zähmetiň milletara paýlanşyga görnüşinde) we üznüksiz önümçilik amallarynyň milli hojalygyň çäginden çykmagyny aňlatýar.

Integrasionalizasiýa esasanam transmilli kompaniýalar ýardam edýär.

Integrasion amalyň beýleki faktory - halkara iş paýlanşygyň çuňňur üýtgemegidir. Halkara iş paýlanşygy termini, bir tarapyndan, meşgul bolşy ýaly milletleriň arasynda önümçilik borçlaryň özakymlygyny aňlatýar, aýry ýurtlaryň önümiň belli bir görnüşinde ýöriteleşdirmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Başga tarapdan bolsa, önümçilik jogapkärçilikler firmanyň içinde we firmalaryň arasynda paýlanşylýar. Şeýlelik bilen pudak içindäki ýöriteleşmä görnüşi giňden ýaýraýar.

Ylmy-tehniki rewolýusiýanyň şu wagytly tapgyry bazaryň we önümçiligiň integrasionalizasiýasyny täze ösüş derejä çykarýar. Ylmy-tehniki rewolýusiýa jemgyýetçilik giňeltmeleriň önümçilik amallarynda, daşary ykdysady aragatnaşyklaryň artmagynyň baş sebäbi bolup durýar.

Halkara ykdysady integrasionalizasiýanyň iň aýdyň mysallaryň biri ol hem täze industrial ýurtlaryň ösüş aýratynlyklarydyr.

Täze industrial ýurtlarda ösüşiň baş sebäpleriň biri ol hem örän ýokary daşary ýurt maýa goýumlarydyr.

Ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynyň biri bu hem işläp taýýarlaýan senagat bolup durýar. Bu pudakda beýlekilere garanda iş öndürijiligi has ýokary. Köp ylymy-tutumly önümiň mukdary barabar artýar.

Daşary ýurt gatnaşyklaryň ösmegi sebäpli bütindünýä hojalygyndaTäzein dustrial yurtlaryň ähmiýeti ýokarlandy. Sebäbi bu ýurtlarda eksport we import kwotasy örän ýokary. Eksportyň gymmatyna görä täze industrial ýurtlar köp, ösýän ýurtlardan öňde barýar.

Eksportyň esasy bölegi işläp taýýarlaýan senagatyň önümidir. Täze industral ýurtlaryň aýakgaby, geýimleri, elektronika önümleri ýokary bäsdeşlik ukyplygy bilen tapawutlanýar.

Şu wagt täze industrial ýurtlaryň önümi we mayalaryny (kapitaly) konsentrirlemeklik, bank we

senagat maýalarynyň birikmegiň amallary gidip çykýar. Őnümiň eksporty bilen tölenen maýa hem daşary ýurtlara çykarylýar.

Täze industrial ýurtlaryň aktiw industrializasiýa amallary ýüze çykýar. Bu ýurtlarda industrializasiýany 3 tapgyra bölüp bolýar:

1. importyň ýerini tutýan pudaklaryň ösüşi;
2. esasy pudaklaryň döretmegi we eksport kuwwatlylygyň artdyrmagy;
3. ylmy tutumly pudaklaryň ösüşi.

50-nji ýyllaryň arasynda importdan gelýän önümleriň ornuny tutup biljek önümçilikleri ösdürmek maksaty goýalypdy. Bu maksatyň amala aşyrmmagy köp walýuta serişdeleriň tygşytlamagyna, içerki bazary zerur bolan önümleri bilen doldyrmagyna mümkinçilik döredýärdi. Latyn Amerikanyň täze industrial ýurtlar bu amala Aziýa ýurtlaryndan öňüräk başlandy, ýöne soňkylary eýýäm 60-njy ýyllarda maksatyna ýetipdi.

Industrirlemegiň ikinji tapgyryny 60-njy ýyllaryň ahyrynda başlandy. Ol ösen kapitalistik ýurtlaryň ykdysadyýetiniň düzüminiň üýtgemegi bilen gawat geldi.

Aziýa we Latyn Amerika ýurtlarynda eksporta gönükdirilen syýasatlary düýbinden tapawutlanýardy. Aziýanyň täze industrial ýurtlarynda esasanam köp işçi güýji talap edýän sarp edijilik önümçilikler ösdürilýärdi. Latyn Amerikaň ýurtlary bolsa köp maýa talap edýän, ýokary tehnologik esasanam gaýtadan işleýän, ýerasty baýlyklaryny gazyp alýan pudaklara esasy üns edipdir. Emma soňky hojalyk ösüşiň netijeleri Aziýaň ykdysady nusgasynyň netijeliligini subut edipdi.

Şonuň üçin edil şu wagtam täze industrial ýurtlaryň köpüsi dünýä bazaryna esasanam sarp ediji önümlerini çykarýar.

Üçünji etapda ylmy tutumly pudaklaryň we öz ylmy-barlag esaslary döredilip başlady (70-nji ýyllaryň ahyry - 80-nji ýyllar). Bu etapyň esasy aýratynlygy bu ylmy-barlag we tejribe-konstruktor işlerine gönükdirilýän goýumlaryň artmagydyr. Täze industrial ýurtlarda "Ylmy park" diýen zolaklar döredilip başlady. Olaryň düýp manysy ylmy tutumly eksport önümlerini öndürmeklik üçin ýörite ýerli we daşary ýurt firmalar üçin ýeňilleşdirilen şertler döredilýär. Bu döwürde elektron, awtomobil, aerokosmos, himiýa senagatlary ösýär. Belli dereje sarp edijiden ýokary tehnologiki önümçiligine geçirilýär.

Täze industrial ýurtlaryň aýratynlyklarynyň biri ol hem daşary ýurt maýa goýumlaryň aktiw rolydyr. Ssuda maýasynyň ekspansiýasyna belli bir kanunalaýyk ýüze çykýar. Başda ol döwlet tarapyndan ykdysady ösüşine kömek görnüşinde iberilýär, ýagny uly maýa goýujylyk taslamalary amala aşyrmaklyk üçin, eksport karzlary, netijede bolsa daşky bergileri ýapmaklyk üçin berilýän karzlar.

Ýagny täze alynýan karzlar hakykatda ykdysady ösüşine gulluk etmegi, maliýe oligarhiýaň ähmiýetlerini goraýar. Esasy karz berýän çeşmesi bu ABŞ, Ýaponiýa, Beýik Britaniýadyr.

Täze industrial ýurtlaryň milli statistikasynyň maglumatlaryna görä 1990-nji ýyllaryň ortasynda daşary ýurt maýa goýumlaryň toplamasy 100 mlrd. dollardan

köpräkdi. Onuň 50göterimden gowragy Latyn Amerika ýurtlarynyň paýyna düşýär, galany Aziýaň täze industrial ýurtlaryna degişlidir.

Şeýlelik bilen täze industrial ýurtlarda industrializasiýabnyň aýratynlygy bu hem daşary ýurt maýa goýumlaryň aktiw roly.

Täze industrial ýurtlaryň ýokary depginli ösüşi önümçiligiň we maýanyň ýygnalmagyndan bilen baglanyşyklydyr. Ýagny ýekemenlik maýany döreýär.

Belli bolşy ýaly önümçiligiň konsentrasiýasy iki ugur bilen gidip barýar - birinji - aýra önümçilik birlikleriň derejesinde; ikinji - aýra firmalaryň, kompaniýalaryň, korporasiýalaryň derejesinde.

Őnümçiligiň kärhana derejesinde konsentrirlemegi onuň önümçilik kuwwatlygynyň ösmegi bilen, köp sanly işçi güýçleriň aýra önümçilikde gönükdirilmegi bilen häsiýetlendirilýär.

Statistiki maglumatlaryna görä täze industrial ýurtlarda iki amal gabat gelip dur. Birinji - bu kärhanalaryň sanynyň we olaryň ölçeginiň artmagy. Mysaly 70-nji ýyllaryň başynda Günorta Koreýada, Taýwanda 100 adamdan gowrak kärhana uly hasaplanýardy, indi bolsa 300 gowragy.

Mysaly, 1960 ýylyň. başynda günorta Koreýada 141 uly kärhanalar bolsa, ortaça bir kärhanaň 99 işgärli. Eýsem 1980-nji ýylyň ahyrynda olaryň sany 1128 kärhana ýetdi, ortaça işgärleriň sany bolsa 977 adama ýetdi.

Ikinji aýratynlygy - bu önümçiligiň esasy bölegi şol uly kärhanalarda jemlenýärdi.

Mysaly 1980-nji ýyllarda günorta Koreýada uly kärhanalaryň agramy 3göterime barabardy, emma olar senagat önümçiligiň 65göterimini öndürýärdi.

Őnümiň we maýanyň (käpitalyň) birikmegiň esasynda aýra kompaniýalar onlarça kärhanalaryň eýesi bolup durýar. Mysal üçin günorta Koreýa kompaniýasy "Lacky Goldstar" - 53 firmalaryň, "Tepu" - 42 firmalaryň eýesi bolup durýardy. Şol ýurtda 15 sany uly kompaniýalar senagat önümçiligiň 60göterimine gözegçilik edip dur.

Aziýaň täze industrial ýurtlarynda ylmy tutumly pudaklar ýekemenleşdirildi. Sebäbi uly kompaniýalarda ylmy-barlag işlerini, ösen tehnika we tilsimatlaryny döretmegine mümkinçiliklerini giňräk. Günorta Koreýada 3 kompaniýa telewizorlaryň 95göterimini öndürýär, 85göterimi - wideomagnitofonlary. Günorta Koreýada 15 esasy elektronik kompaniýalar pudagyň 73göterimine gözegçilik edýär. Emma Taýwanda edil şol sanly kompaniýalara diňe 21göterimini durýar.

Täze industrial ýurtlarda bank pudagyň konsentrirlemäň amaly gidip dur. Dünýäde iň abraýly 500 banklar içinde täze industrial ýurtlarynda 39 hasaplanýar.

Şeýlelik bilen täze industrial ýurtlarda giňden ýekemenlik düzümler döräp başlady. Bu ýerde daşary ýurtlaryň gönümel maýa goýumlarynyň roly örän ýokary. Sebäbi olar paýdar maýalara gatnaşyp belli derejede şol ýurtlaryň önümçiligini gözegçilik edýär.

Mysal üçin Malaziýada paýdarlar maýasynyň umumy jemi 76 mlrd. ring., onuň 42göterimden gowragy daşary ýurt maýa goýujylarydyr.

Milli transkompaniýalar täze industrial ýurtlarynyň köpüsiniň maýalaryna giňden gatnaşýarlar. Köplenç olar birleşen kompaniýalary görnüşinde, ýa-da daşary ýurt kompaniýalaryň filiallary bolup durýar.

Şonuň üçin şol täze industrial ýurtlarda önümçiligi guramaklyk daşary ýurtlaryň tejribesini giňden ulanýar. Mysal üçin Singapur, günorta Koreýa, Taýland, Ýaponiýa köp görnüsli harytlaryny satýan (uniwersal) söwda öýlerini ("soga sesýa") guramaklygyny giňden ulanýarlar. Munyň ýaly kompaniýalar täze önümi satmagy bilen we önümçilik çig mallary almagyna gönükdirilen önümçilikdir.

Günorta Koreýa şol görnüşli öýleriň 13 sanyny döredipdi - "TEWU", "Samsung", "Lacky Goldstar " we başgalar. Şol kompaniýalar dünýäň iň abraýly kompaniýalaryň taslamasyna girýärler.

Ýöne "sago-sesýa" Singapurda onuň ýaly giň ýaýramady.

Täze industrial ýurtlarynda hususylaşdyrmak amaly gidip dur. Döwlet özüniň aksiýalaryny hususy eýeçiligi satylýar. Singapurda 41 döwlet kärhanalary hususy eýeçilige geçiripdi. Günorta Koreýada 12 sany.

Aziýaň täze industrial ýurtlarynyň ykdysadyýetine Hytaý obşinalar (Huasýao) uly täsir edýär. Ýagny Hytaý illeşleriň birleşigi (bany) biri birne ykdysady, maliýe kömek edýär. Huasýao obşinalarda berk iýerarhih garaşlyk ulgamy bar. Bu ýerde kommersiýa maglumatlary ýygnamagynyň we ony çalyşmaň takyk ulgamy ulanylýar.

## 22.2. Halkara önümçilik bileleşigi.

Őnümçilik hyzmatlaryň tapgyrlary we faktorlary.

Őnümçilik hyzmatlygynyň birnäçe tapgyrlara bölmek mümkin. Birinji tapgyr milletara ýurtlaryň ýöriteleşdirilmegi bilen baglydyr. Esasan hem zähmetiň umumy baglanşygynyň esasynda ýagny haçanda bir pudagyň önümi beýleki pudagyň önümi bilen çalşyrylýar.

Ikinji tapgyr pudagara ýöriteleşdirme bilen häsiýetlendirýär. Ol maddy önümçiligiň pudaklaýyn düzüminiň çalşyrymlaşmagy bilen baglydyr. Ýagny senagat pudaklaryň differensiýasy bilen. Bu tapgyrda halkara ýöriteleşdirilen pudaklar we önümçilikler döreýär. Bu önüm bilen bolsa ýurt dünýä bazaryna çykyp bilýär.

Üçünji tapgyr milletara pudak içi ýöriteleşdirilýän çuňlaşmagy bilen häsiýetlendirilýär. Bärde önümiň aýry-aýry bölekleri özbaşdak öndürilýär. Bu bolsa köpçilikleýin önümçilige ýetmekligine täze tehnika we tilsimatlaryň (tehnologiýanyň) esasynda işiň öndürjiliginiň ýokarlanmagyna önümçilik çykdajylarynyň peselmegine ýardam edýär. Elbetde bu ýöriteleşddirme ahyrky önüm öndürmek üçin giňişleýin kooperasion aragatnaşyklary talap edýär. Őnümçilik hyzmatdaşlygyň esasy düşünjeleri milletara ýöriteleşdirme we önümçiligiň kooperasiýasy biri-biri bilen örän baglanşyklydyr. Halkara önümçilik hyzmatdaşlygyň esasy görnüşleri:

- ýöriteleşdirmäniň we kooperirlenmäniň esasynda önümçiligi we ýerleşdirmekligiň düzgünleşdirmekligi;
- kärhananyň bilelikdäki eýeçiligi;
- potratçylyk gurluşygy;
- ylmy tehniki hyzmatdaşlyk.

Emma bu görnüşler sap görnüşinde durmuşda köplenç ýüze çykmaýar. Őnümçilik hyzmatdaşlygyň häsiýetlendiriji alamatlary aşakdakylardan ybaratdyr:

- uzak möhletleýin durnuklylyk we ykdysady gatnaşyjylaryň üznüksizligi;
- önümçilik kooperasiýanyň subýektleri hökmünde dürli ýurtlaryň kärhanalarynyň çykyş etmegi;
- ylalaşykly meýilnamalaryň esasynda partnýorlaryň arasynda işleriň paýlanşygy.
- halkara ylmy tehniki hyzmatdaşlyk.

Halkara ylmy tehniki hyzmatdaşlygyň iň gowy we netijeli görnüşlerini ulanmak:

- umumy ylmy barlag merkezleri laboratoriýalary döretmeklik;
- hereket edýän tehnikanyň we tilsimatlary kämilleşdirmek maksady bilen firmanyň ykdysady tehniki görkezijilerini gowylandyrmak üçin bileleşik eksperimentleri geçirmek;
- ýokary derejeli derňew personalary taýýarlamaklyk.

Ylmy netijeleriň netijeliligi birnäçe taraplaýyn seljermek:

1. Nazarýet gymmatlygy.
2. Tehniki gymmatlygy.
3. Amaly gymmatlygy.
4. Geljekki gymmatlygy.
5. Işleriň çaklanýan gymmatlygy.
6. Işleri taýýarlamagygyň wagty.
7. Işläp taýýarlamagyň durmuşa geçirmegiň mümkinçiligi.

8. Ylmy tehniki netijeleriň ornaşdyrmagyň ykdysady netijeliligi.

22.3. Halkara bileleşigiň käbir görnüşleri (Ýewropa bileleşigi, GDA - ýurtlaryň bileleşigi).

Ýewropa bileleşiginiň häsiýetnamasy.

Integrasion amallary öňden bäri ýagny XX asyryň ikinji ýarym ýyllygynda Gübatar Ýewropada has tapgyrrak ýüze çykdy. Bu ýerde integrasiýa özüniň iň bir kämil görnüşlerine ýetdi. Olaryň biri hem Ýewropa bileleşigidir.

1993-nji ýylyň 1-nji noýabryna çenli Günbatar Ýewropanyň toplumy Ýewropa arkadaşlygy diýlip atlandyrylýardy. Şu wagt bolsa, onuň resmi ady Ýewropa Bileleşigidi (Soýuzy). Ýewropa Bileleşiginiň höküm düzümi ministrler maslahatyndan (sowetinden) we Ýewropa arkadaşlygynyň komissiýasyndan, Ýewropa parlamentinden we Ýewropa arkadaşlaryň kazyýetinden ybaratdyr. Ýewropa Bileleşigiň hukuk esasy döwletara ylalaşyklary bolup durýar. Ikinjilik kanun döredijilik bolsa reglament bilen buýruklar, çözgütler, görkezmelerden we pikirlerden ybaratdyr.

Ýewropa Bileleşiginiň özbaşdak maliýe serişdeleri bardyr. Ýewropa Bileleşiginiň gaznasynyň girdeji bölegi öz serişdelerinden ybarat (gümrükhana tölegleri goşmaça gymmatdan alynýan tölegler we beýleki serişdeler).

Onuň ikinji çeşmesi şol bileleşige girýän ýurtlar umumy içerki önümiň 1,2-1,3göterimini geçirýärler.

Ýewropa Bileleşiginiň gaznasynyň çykdajylary aşakdaky çärelere gönükdirilýär:

- Administratiw hojalyk çärelerine. Aşakdaky syýasatlary geçirmek üçin:

1. birmeňzeş oba hojalyk syýasaty üçin;

2. sebitleýin;

3. durmuş;

4. energetik;

5. senagat;

6. ylmy-tehniki;

7. maglumat ulgamynda we daşky gurşawy goramaklygyna;

8. ösüp barýan ýurtlara kömek etmekden

- Ýewropa ýurtlaryň konsepsiýasynyň tölegleri.

Őňki soýuz respublikalarynyň arasynda ykdysady integrasiýa Garassyz Döwletleriň Arkalaşygynyň esasynda amala aşyrýar. Bu ýurtlaryň iň bir güýçli integrasion faktorlary ol hem köp ýylyň dowamynda döredilen infrastruktura medeni we dil birligi ylmy barlag sferanyň birligi we ýurtlaryň biri-birine garaşlylygydyr. Őňki Sowet Soýuz respublikalaryň arasyndaky integrasion nusga aşakdaky şertlere gabat gelmelidir:

- netijeli hojalyk we kooperasion gatnaşyklary saklamaklyk;

- pul karz syýasatynyň düzgünleşdirilmegi;

- salgyt we býujet syýasatynyň düzgünleşdirilmegi;

- senagat we býujet syýasatynyň düzgünleşdirilmegi;

- harydyň we hyzmatlaryň özara söwdasynda hemme içki päsgelçilikleri aýyrmaklyk.

Ýöne GDA çägenden her bir aýry ýurduň ähmiýeti aradan aýrylmaly däldir.

Ýurtda alnyp barylýan "Açyk gapylar" syýasaty ýurdumyzy dünýä bazaryna ornaşmagyna mümkinçiligi döredip başga ýurtlary hem örän amatly şertleri bilen özüne çekmelidir.Täze Galkynyşlar Beýik Özgertmeler zamanasynda hormatly Prezidentimiziň yolbaşçylygynda Türkmenistanyň halkara guramalarda eýeleýän orny has-da güýçlendi.Yurdumyzda geçirilýän halkara ylmy maslahatlar, halkara sergiler onuň aýdyň şaýadydyr.

Testler :

**1.** Halkara önümçiligiň esasy görnüşleri
a) Kärhananyň bilelikdäki eýeçiligi
b) Göni maýa goýumlaryň mukdary
ç) Dolandyryş hojalyk çäreleri
d) Ylmy netijeliligiň netijeleri

**2.** Türkmenistan şu aşakdaky integrasion toparlaryň haýsy birine girýär?
a) Ýewropa bileleşigi
b) Ýuwaş uman birleşigi
ç) GDA döwletleriň arkalaşygy
d) Jogaplaryň ählisi nädogry

**3.** Halkara ykdysady integrasiýanyň ýönekeý görnüşine şu aşakdakylaryň haýsy biri degişli:
a) Erkin söwda zolagy
b) Halkara walýuta ulgamy
ç) Maýa goýumlaryň netijeligi
d) Firmalaryň arasyndaky gatnaşyklar

**Gaýtalamak üçin soraglar:**

1. Ykdysady integrasiýa diýip näme düşünýäňiz ?
2. Ykdysady integrasiýanyň nähili görnüşleri bar ?
3. Halkara ykdysady integrasiýanyň kuwwatlylygyny kesgitleýän faktorlara nämeler degişli ?
4. Halkara ykdysady integrasiýanyň nazarýeti diýip näme düşünýäňiz ?
5. Dünýäde nähili integrasion toparlar bar ?
6. Türkmenistan nähili integrasion toparlara girýär ?
7. GDA-döwletleriniň ykdysady gatnaşyklary halkara ykdysady integrasiýa degişli bolup bilermi ?
8. Halkara guramalaryň hereketi nähili maliýeleşdirilýär ?

**M a z m u n y**

**Giriş** ..........................................................................03
“Makroykdysadyýet” dersi barada düşünje…….. ....04
1.1. Ykdysadyýetiň düýp mazmuny……… .... .. ....04
1.2. Makroykdysadyýetiň esasy maksatlary……… .06
Milli hasapçylyk ulgamy………… …………........09
2.1Jemi içerki önümiň ölçeniş usullary.....................09
2.2Milli hasapçylyk ulgamynyň görkezijileriniň özara gatnaşyklary......---------------------------......................13
Umumy hyrydarlyk we umumy hödürleme……................……………………..............16
3.1. Umumy hyrydarlyk we hödürleme barada düşünje…………………...................…..........16
3.2. Umumy hyrydarlyga we hödürleme täsir edýän faktorlar...................................................................20
Makroykdysady durnuksyzlyk: işsizlik barada düşünje……...................................……………23
4.1. Işsizligiň görnüşleri barada düşünje...................23
4.2. Türkmenistanda zähmet bazarlaryny sazlamak....................................................24
Makroykdysady durnuksyzlyk: puluň hümmetsizlenmegi barada düşünje we onuň subýektleri.................................................................
5.1. Puluň hümmetsizlenmeginiň manysy, ýüze çykmagynyň sebäpleri we görnüşleri. Puluň hümmetsizlenmeginiň durmuş-ykdysady netijeleri...........................................................26
5.2. Puluň hümmetsilenmägine garşy syýasatyň görnüşleri we usullary..................................................

5.3. Türkmenistanda puluň hümmetsizlenmäginiň aýratynlyklary we ony ýeňip geçmekligiň ýollary..................................................................................
Ilatyň pul girdejileri we durmuş syýasaty...........................................................
6.1. Ilatyň pul girdejileri we onuň ölçegleri…………………………………………33
6.2. Döwletiň girdejiler baradaky syýasaty……………………………………….34
6.3. Ykdysadyýetiň durmuş ugurlarynyň problemasy..........................................................35
Türkmenistanyň döwlet býujeti we salgyt ulgamy..................................................................38
7.1. Döwlet býujeti we salgyt ulgamy barada düşünje..........................................................38
7.2. Türkmenistanyň 2009-njy ýyl üçin Döwlet býujeti hakynda........................................................42
Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň derejesi................48
8.1.Türkmenistanyň ykdysady ösüşi barada düşünje...........................................................48
8.2. Türkmenistanyñ ykdysady ösüşiniñ düzminiñ üýtgemegi...........................................................49
Ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan sazlanmagy......52
9.1. Ykdysadyýetiň döwlet tarapyndan sazlanmagynyň aýratynlyklary..................................52
Bazar ykdysadyýetine geçmegiň konsepsiýalary........54
Döwletiň pul karz syýasaty.................................57
11.1. Pul we pul ulgamlary barada düşünje. Karz ulgamy barada düşünje…………………..………57
11.2.Karzyň formalary we olaryň aýratynlyklary..59

11.3. Karzyň görnüşleri........................................64
Türkmenistanyň bank ulgamy barada düşünje...............................................................66
12.1. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýerine ýetirýän wezipeleri.....................................................66
12.2. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ykdysadyýetiň pul-karz sazlaşdyrmasyndaky orny........67
12.3. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň aktiw we passiw amallary..........................................................68
Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň wezipeleri we ýerine ýetirýän amallary.............................................71
13.1. Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň wezipeleri, olaryň guramaçylyk we dolandyryş düzümi...................................................................71
13.2. Täjirçilik banklarynyň passiw we aktiw amallary…….............…………………………73
13.3. Täjirçilik banklarynyň maýa goýum işleri we syýasaty...............................................................78
Maliýe bazarlary................................................80
14.1. Maliýe bazarlary barada düşünje..................80
14.2. Gymmat kagyzlar bazarynda geçirilýän amallaryň görnüşleri..................................................80
Bazar ykdysadyỳetinde eỳeçiligiň görnüşleri.....84
15.1. Eỳeçiik barada düşünje..........................84
15.2. Eýeçiligiň guramaçylyk formalary hem-de Türkmenistanda döwlet eýeçiligini başga eýeçilige bermegiň aýratynlyklary............................................85
15.3. Türkmenistanda döwlet kärhanalaryny hususylaşdyrmak we onuň netijeleri.......................86

. Türkmenistanyň erkin ykdysady zolaklara bölünmeginiň ähmiýeti we aýratynlyklary.........88
16.1. Erkin ykdysady zolaklaryň taryhy görnüşleri.....................................................................88
16.2. Daşary ýurtlarda hereket edýän ykdysady zolaklar.......................................................................90
16.3.“Awaza” milli syýahatçylyk zolagy-erkin telekeçiligiň ykdysady zolagyny ösdürmegiň häzirkizaman aýnasydyr.......................................................................96
Bazar ykdysadyýetine geçmekde telekeçiligi ösdürmegiň ähmiýeti.......................................................................101
17.1. Bazar ykdysadyýetine geçmekde telekeçiligiň ähmiýeti.......................................................................101
17.2. Türkmenistanda bazar ykdysadyýetine geçmegiň esasy ugurlary..............................................104
. Türkmenistanda daşary ýurt maýa goýumlary ulanmagyň ähmiýeti..................................................108
18.1. Tütkmenitanyň Prezidentiniň maya goýumlary barada syýasaty.........................................108
18.2. Bilelikdäki kärhanalar daşary ýurt maýa goýumlary çekmegiň esasy formasydyr.....111
Halkara walýuta ulgamy.....................................115
19.1.Walýuta gatnaşyklary we walýuta ulgamy.......................................................................115
19.2.Walýuta hümmeti – ykdysady adalgadyr..119
Töleg balansy…………..……………………..122
20.1.Töleg balansy baradaky düşünjeler we onuň esasy maddalary…………………………….……..122
Maýa goýumlaryň halkara hereketi..................129

21.1. Maýa goýumlaryň halkara hereketiniň formalary barada düşünje.................129
21.2. Göni we wezipeli maýa goýumlar we olaryň nusgalary……………………131
21.3. Göni maýa goýumlaryň mehanizmi. Maýa goýum klimat we töwekgelçilik……………….132
Halkara ykdysady integrasiýa..............................135
22.1. Halkara ykdysady integrasiýanyň mazmuny we görnüşleri Integrasion amallary kesgitleýän faktorlar...........................................................135
22.2. Halkara önümçilik bileleşigi....................138
22.3. Halkara bileleşigiň käbir görnüşleri (Ýewropa bileleşigi, GDA - ýurtlaryň bileleşigi).......139
**Edebiýatlar**........................................................143

## EDEBIÝATLAR


1. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow „Ösüşiň täze belentliklerine tarap“ Aşgabat, 2008. 1-nji kitap
2. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow „Ösüşiň täze belentliklerine tarap“ Aşgabat, 2009. 2-nji kitap
3. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow. Gysgaça terjimehal. Aşgabat, 2007.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan-sagdynlygyň we ruhybelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. „Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry“ Milli Maksatnamasy- „Türkmenistan“, 2003-nji ýylyň Awgust aýynyň 27-si.
7. „Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy“. Aşgabat, 2007.
8. Türkmenistanda nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin baş ugry Milli Maksatnamasy. Aşgabat, 2006.

9. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatynyň mejlisi. „Türkmenistan“, 2007-nji ýylyň Mart aýynyň 31-i.
10. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
11. Türkmenistanyň kanuny. Eýeçilik hakynda. „Türkmenistan“, 1993-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 22-si.
12. Türkmenistanyň kanuny. Eýeçiligiň döwletiň garamagyndan aýyrmak we hususylaşdyrmak hakynda (täze redaksiýada). „Türkmenistan“, 1997-nji ýylyň Iýun aýynyň 30-y.
13. Türkmenistanyň kanuny. Telekeçilik işi hakynda.“Türkmenistan“, 1993-nji ýylyň Noýabr aýynyň 2-si.
14. Türkmenistanyň kanuny. Erkin telekeçiligiň ykdysady zolagy hakynda. „Türkmenistan“, 1993-nji ýylyň Noýabr aýynyň 4-i.
15. Türkmenistanyň kanuny. Walýuta operasiýalaryny düzgünleşdirmek hakynda. „Türkmenistan“, 1993-nji ýylyň Oktýabr aýynyň 30-y.
16. Türkmenistanyň kanuny. Býujet ulgamy hakynda. „Türkmenistan“, 1996-njy ýylyň Iýul aýynyň 11-i.
17. Türkmenistanyň kanuny. Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda. „Türkmenistan“, 1993-nji ýylyň Noýabr aýynyň 19-y.
18. Türkmenistanyň kanuny. Daýhan hojalygy hakynda (rejelelen görnüşi) „Türkmenistan“, 2007- ýylyň Mart aýynyň 31-i.
19. „Salgytlar hakynda“ Türkmenistanyň Bütewi Kanuny. „Türkmenistan“, 2008-nji ýylyň Mart aýynyň 17-si.

20. Türkmenistanyň kanuny. Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda (täze redaksiýada). „Türkmenistan“, 2008-nji ýylyň Mart aýynyň 18-i.
21. Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary. „Awaza“ milli syýahatçylyk zolagy hakynda. „Türkmenistanyň“, 2007-nji ýylyň Iýul aýynyň 23-i.
22. Milli ykdysadyýetiň modelini döretmegiň strategiýasy boýunça wezipeler kesgitlenildi. „Türkmenistan“, 2008-nji ýylyň Fewral aýynyň 9-y.
23. Türkmenistanyň Prezidentiniň täze galkynyş we Beýik özgertmeler syýasaty. „Türkmenistan“, 2007-nji ýylyň Iýun aýynyň 27-si.
24. Türkmenistanyň ylmy özgertmelere we ösüşe hyzmat edýär. „Türkmenistan“, 2007-nji ýylyň Iýun aýynyň 13-i.
25. Taýharow B., Hajygurbanow H. Pul, karz, banklar, dersinden umumy sapak toplumy.
26. Halow N. Beýik Galkynyşyň býujet maliýe syýasaty. Diýar № 12009-njy ýyl
27. Türkmenistanyň ykdysadyýeti. Aşgabat, 2001.
28. Ýyllyk hasabat neşiri, 2000-2006. Aşgabat, 2007.
29. „Makroykdysadyýet“. Okuw kitaby. Aşgabat, 2001.
30. „Altyn Asyryň ykdysadyýeti“ žurnaly. Aşgabat, 2000-2004.
31. Кемпбел Макконэлл, Стенли Брю «Экономикс». Москва, 1993.
32. Булатов А. «Экономикс». Москва, 1997.
33. Дж. Долан «Макроэкономика» Санкт-Петербург, 1999.
34. Менкью Н.Г. «Макроэкономика». Москва, 1999.